«Güýçli, pygamberlik ediji we ylham beriji kitap».
**Kristin Keýn**, «A21» kompaniýany we
«Hereketli zenan gullugyny» esaslandyryjy

Özüňi ýeke-täk we gaýtalanmaýan
hökmünde kabul et,
başagaýlyk we çalym etme
döwründe maksadyňy ýerine ýetir.

# BÄSDEŞSIZ

## LIZA BIWER

“Ýolbarsyň oýanmagy” we “Gylyçly gyzlar”
atly iň köp satylan kitaplaryň awtory

Gadyrdan jora,

Siz güýçli hem maksada okgunly zenan bolmak üçin Hudaý tarapyndan aýratyn edilip ýaradyldyňyz. Şeýle-de bolsa, biziň köpimiz bulaşyk pikirlerde we ynamsyzlykda juda köp wagtymyzy geçidrik. Biz özümizi başgalar bilen deňeşdirip, rahatlygymyzy we şatlygymyzy ýitirdik.

Ýerimizden turup, owadan, güýçli, mertebeli we täsirli bolup ýaşap başlamagyň wagty geldi. Umyt bilen öwşün atýan, gullukda wepaly bolan we edýän zatlarynyň hemmesinde söýgüsi bolan zenan bolup, Mesihde özüňiziň hakyky meňzeşligiňizi tapyň.

Bu habar ähli ýaşdaky zenanlar üçindir, şonuň üçin hem, bu kitapda size, jorama hem uýama ak pata berme mümkinçiligine eýe bolmak meniň üçin uly hormatdyr. Bu materialy tanaýanlaryňyzyň hemmesi bilen batyrgaý paýlaşyň. Bu meniň size sowgadymdyr!

Batyrgaý hem söýgi, mertlik hem yhlas bilen ýaşaň!

Siziň ak göwünliňiz,



Liza Biwer
LisaBevere@ymail.com

MessengerX

Messenger INTERNATIONAL

«Güýçli, pygamberlik ediji we ylham beriji kitap».
**Kristin Keýn**, «A21» kompaniýany we
«Hereketli zenan gullugyny» esaslandyryjy

Özüňi ýeke-täk we gaýtalanmaýan
hökmünde kabul et,
başagaýlyk we çalym etme
döwründe maksadyňy ýerine ýetir.

# BÄSDEŞSIZ

## LIZA BIWER

“Ýolbarsyň oýanmagy” we “Gylyçly gyzlar”
atly iň köp satylan kitaplaryň awtory

**Without Rival,** by Lisa Bevere, Turkmen
© 2025 Messenger International
MessengerInternational.org
Originally published in English as Without Rival

Additional resources in Turkmen are available
for free download and video streaming at
**MessengerX.com** and on the **MessengerX** App
To contact the Author: LisaBevere@ymail.com

This book is a gift from Messenger International and is
NOT FOR SALE

**Bäsdeşsiz**, Türkmen dilinde, awtory Liza Biwer
© 2025 Messenger International
MessengerInternational.org
Asyl nusgasy iňlis dilinde Without Rival ady bilen neşir edildi.

Jon bilen Liza Biweriň türkmen dilindäki goşmaça resurslary
mugt indermek we wideolary görmek üçin **MessengerX.com**
saýtyna we **MessengerX** App-e giriň.
Habarlaşmak üçin: LisaBevere@ymail.com

Bu kitap Messenjer Internesenldan sowgat we SATUWA DEGIŞLI DÄL

Ýüklemek App Store    Almak Google Play

App Store Apple Inc-iň söwda belgisi bolup, ABŞ-da we beýleki ýutrlarda hasaba alnandyr.
Google Play we Google Play logotipi Google LLC-iň söwda belgisidir.

*Gymmatly zenan!*

*Sen hiç zat bilen deňäp bolmaýan we Ata tarapyndan söýülýän gyzsyň, şonuň üçin bu adaty bolmadyk wagtda saňa deňi-taýy bolmadyk habar we wada ynanyldy. Sen şu pursat, bir wagtyň özünde beýik hem eýmenç pursat üçin saýlanyldyň. Hut şonuň üçin sen gaýduwsyzlyk bilen söýmelisiň... uly joşgun bilen ynanmalysyň we çäksiz umyt etmelisiň.*

# SÖZBAŞY


1. Bäsdeşsiz şahsyýet . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 1
2. Biziň Hudaýymyz bäsdeşsizdir . . . . . . . . . . . . . . . . . . 17
3. Biziň wadamyz bäsdeşsizdir . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 39
4. Deňeşdirmäge het etmäň! . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 63
5. Size bäsdeş hökmünde seredenlerinde . . . . . . . . . . 83
6. Bäsdeşsiz jyns . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 105
7. Gorky bilen söýginiň arasyndaky bäsdeş . . . . . . . . 137
8. Çuň guýular we isleg guýulary . . . . . . . . . . . . . . . . 157
9. Bäsdeşsiz gyz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 181
10. Bäsdeşsiz durmuş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 205

# 1

# Bäsdeşsiz şahsyýet

«Biziň esasy islegimiz —bilşimiz ýaly, kim bolup bilýän bolsak, şol hem bolmaklyga özümizi ruhlandyrýan kimdir birine duş gelmekdir».

RALF UOLDO EMERSON

Sizde haçan hem bolsa bir wagt bäsdeş bolupdymy?

Men sportdaky ýönekeý dostlukly ýaryşlary göz öňünde tutamok. Men öz ene-atasynyň ünsüni we mährini özüne çekjek bolup göreşýän çagajyklary-da göz öňünde tutamok.

Meniň göz öňüme has güýçlüräk bäsdeş gelýär. Ol maşgalanyň dostuna ýa-da agzasyna asla meňzeş bolmadyk garşydaşdyr. Söweş meýdanynda ol ýöne bir ýeňmegi däl-de, eýsem bäsdeşi doly ýok etmegi maksat edinýär.

Ýöne siz özüňiziň mydama arzuw eden durmuşyňyzyň şol bäsdeşligiň çäklerinden daşda ekendigini bilseňiz näme? Eger siz oýundan çykmak üçin, size ýeňilmegiň gerek däldigini bilen bolsaňyz näme? Eger özüňiziň asla ýeňlip *bilmejekdigiňizi* bilen bolsaňyz näme?

Eger diňe bir standarta görä pikir etmän, eýsem, standart boýunça *ýaşamadyk* hem bolsaňyz näme?

Köp ýyllar mundan ozal men bir kitap okadym. Onda awtor, biziň bilşimiz ýaly, hökman gelmeli şol ahyrzaman (gelmişekleriň çozup girmesi arkaly däl-de) hemme ýerde daşlaşmalaryň bolmagy arkaly geler diýip çaklaýardy. Kitapda dünýäniň iki sany biri-birine garşy söweşýän lagere ýa-da pikirler mekdebine bölünjekdigi aýdylýardy. Daşlaşmanyň şonuň ýaly ýagdaýynda, ahyrzaman doly gelýänçä, duşmançylykda bolan toparlary biri-birine garşy küşgürmek üçin hiç zat hem etmek gerek bolmaýar.

Şunuň ýaly masştabdaky islendik ulgamlaýyn bölünişik iň kiçijik gurşawdan başlanýar. Ol ýaralanan, synyk ýürekli adamlar tarapyndan synyk maşgala emele gelen öýde başlanyp biler. Adamy ilki bilen öz-özüne, soň hem başgalara hüjüm etmäge mejbur etmek üçin ýalan hakykatlary ekip, onuň aklyny, erkini we duýgysyny parçalaýan örän hakyky güýçler bar.

Biziň ýeterlik derejede gowy däldigimizi, ýeterlik derejede ýaş, akylly, çalt hereketli we baý däldigimizi aýdýan adamlardan gaça durmak kyndyr. Olar biziň kaýyl bolmagymyza we özümizi özleriniň tamalaryna tabyn ederimize garaşyp, üstümize hüjüm edýärler. Ýöne adam tebigaty şeýledir: ol özüne hemme zadyň ýetmezçilik edýändigine ynanmaga mejbur edýän tükeniksiz üstünden gülmelerden yza çekilmäge çalyşýar. Üstünden gülmeler soňky nokadyna baryp ýetende, käbirleri eglişik edip, başgalara meňzeş bolup, olaryň edýän zatlaryny edip başlaýarlar, käbirleri bolsa, goranyş pozisiýasyny eýeläp, jogap beriji aýyplamalary oklap başlaýar.

Biz ýazgarylma duýanymyzda, başgalary ýazgarýarys.

Bizi masgara edenlerinde, bizem başgalary masgara edýäris.

Özümizi söýmedik wagtymyzda, başgalary ýigrenýäris.

Özümizi talaýandyklaryny duýanymyzda, bizem başgalary talama isleginden daşda bolmaýarys.

Şol prosesde her bir adam bir zat ýitirýär we hiç kim hiç zat gazanmaýar. Ýöne hemme zat Pawlusyň aýdyşy ýaly bolsa näme?

«Baryňa kaýyl bolup, Hudaýyň ýolundan ýöremek uly gazançdyr» (1 Timoteos 6:6).

Takwalyk — bu Hudaýyň nukdaýnazaryny kabul etme ukybydyr. Bu Hudaýyň başga adamlara bolan garaýşyny ykrar etmek bilen Onuň özümize bolan garaýşyny hem kabul edýändigimizi aňladýar.

Öz kalbyňda kaýyllyk we oňaýlylyk duýmaklyk aklyň kütelmesine alyp barmaýar-da, gaýtam, döredijiligi oýandyrýar! Özüňi gynaýjylardan we ezýetleriňden ýüz öwür! Onuň gözleri bize seredip dur, şonuň üçin biz öz gözlerimizi Oňa gönükdirip bileris.

Şonda näme?

Özüňize niýetlenilmedik zat ugrunda göreşmegiň deregine... sizde hukugyňyz boýunça degişli bolan zady tapmaga güýç peýda bolar.

Bu kitabyň gündelik başagaýlygyň zyýanyny açyp görkezmegi üçin doga edýärin. Özüňize hiç zat getirmejek ýaryşda ýeňiş gazanjak bolup dyrjaşmagyň deregine, uruşda ýeňiş gazanmaga taýýarlanmagyňyzy isleýärin. Siziň janyňyzyň galasy ugrunda juda uly uruş alnyp barylýar. Dünýäde *öz* ornuňyzy eýelemegiň wagty geldi. Geliň, ýalany paş edip, siziň aslynda kimdigiňizi bileliň.

## Ýitdi we tapyldy

Men itleri gowy görýärin. Öňräk men öýden uzakda, Günorta Koreýadakam, biziň gowy görýän itimiz Tia ýitdi. Işçileriň biriniň jaýyň öň tarapky gapysyny berk ýapman giden bolmagy mümkin, şeýdip, Tia hem Koloradonyň gyşky sowuk köçeleriniň garşysyna baş göterip, ýyljajyk öýden çykyp giden bolmagy mümkin. Şol gije ol haýsydyr bir sebäbe görä öýe gelýän ýoly tapyp bilmändir. Näbelli bir goňşynyň oňa nebsi agyryp, ony gije öýünde saklapdyr, ýöne ertesi ol ony haýwanlar saklanylýan ýerde goýup gaýdypdyr.

Tianyň boýnunda ýazgyly bagy bardy, ýöne onuň hiç hili peýdasy ýok diýen ýalydy, sebäbi onda görkezilen telefon belgi eýýäm könelipdi. Bu zatlaryň üstesine-de, onuň ygtyýarnamasynyň

möhleti geçipdi (bagyşlaň, men itlere ygtyýarnama bir gezek resmileşdirilýändir öýdýärdim). Ine, şeýdip, örän gowy görülýän, öýi bar bolan itde sesem, özüni tapmaga kömek edip biläýjek resminamada, ýagny birine degişlidigini tassyklaýan dokumentem ýokdy.

Günorta Koreýada bolup ýörkäm, meniň bu zatlardan asla habarym ýokdy. Ogullarym Tianyň ýitenini menden paýhaslylyk bilen gizläpdirler, ýöne öýde, elbetde, howsalalyk höküm sürüpdir. Olar iti hemme ýerden gözläpdirler, emma ony hiç ýerden tapyp bilmändirler. Olar ony koýotlar iýendir öýdüpdirler. (Koýot – ullakan ite meňzeş bolan möjekpisint jandar). Ahyrsoňy olar kimdir biriniň degişmä salyp aýdan maslahatyna gulak asyp, itleriň saklanylýan ýerine ýüz tutupdyrlar.

Ostin itleriň saklanylýan ýerine baryp, iti göreninde, onuň biziň itimizdigine ynanmandyr. Başdan geçirmeler onuň daşky görnüşini diýseň üýtgedipdir. Ol sustupes görnüpdir we Ostini görenine şat däl ýaly bolupdyr. Ol bir gysym bolup, gözenegiň bir burçuna gysylyp, bütin durky bilen titräp oturan eken. Ostin onuň it saklanylýan ýerde bolan tölegini, ýagny gowy myhmanhanalaryň bahasy ýaly bahany töländen we uly möçberdäki jerimäni töläninden soň (möhleti geçen ygtyýarnama üçin erbet jezalandyrýan ekenler), Tia ýene biziňki boldy.

Öýe gaýdyp gelip, bolan zatlaryň hemmesini bilenimden soň, men birneme biynjalyk boldum. Ogullarym üçin däl-de, it üçin. Tia eýýäm on ýyldan gowrak wagt bäri biziň bilen ýaşap gelýär. Bu bolsa, onuň öýden gidip, öýe birinji gezek özi gaýdyp gelip bilmedik ýagdaýydy. Men alada galdym... näme üçin şu wagt? Belki, katarakta onuň görşüni peseldendir? Ýa-da onuň ýaşynyň garrylyga ýeteni bildirýändir? Ol meni gözledimikä?

Ahyr netijesinde, onuň öýden haýsy sebäp bilen gideniniň tapawudy ýok. Ol biziň maşgalamyzyň agzasy, şonuň üçin onuň öýe gelýän ýoly tapma ukybynyň ýoklugy bu fakty ýatyrmaýar. Biz gözleg geçirdik, jerime töledik, ygtyýarnamanyň möhletini uzaltdyk, ol şol gelşiksiz gözenekden azat bolup, özüniň meniň aýagymyň ýanyndaky ýerine gaýdyp geldi. Bir gijelik azaşma ony ýanymyzdan aýyrmaga sebäp bolmaly däldir.

Belki, siz meniň näme diýjek bolýanyma düşünensiňiz. Eger biz (öý haýwanlarynyň jedelsiz ýagdaýda kämil bolmadyk eýeleri) öz itlerimiz üçin şeýle köp zady edýän bolsak, onda Gökdäki Atamyz biziň üçin nämeler ermeýär? Özüňi tanama ýoluna barýan ýoldaky ilkinji ädimiň – bu Hudaý üçin seniň kimdigiňe düşünmekdir. Ýohannanyň birinji haty Hudaýyň bize, Öz çagalaryna, bolan garaýşyny azajyk açyp görkezýär.

> «Atanyň bize tarap ýaýbaňlanan söýgüsi nähili täsin! Oňa bir serediň-ä – bize Hudaýyň çagalary diýilýär! Biz dogrudanam Onuň perzentleri! Dünýä Ony we Onuň niýetlerini bilmeýär, şonuň üçin bizi tanamaýar we çynlakaý kabul etmeýär» (1 Ýohanna 3:1, Mukaddes Kitabyň häzirki zaman iňlis terjimesi «The Message»).

Geliň, Hudaýyň täsin söýgüsi hakda pikirleneliň. Şol söýgi titredýär, joşdurýar we  başyňy aýlaýar. Ol adaty we tebigy hakykata doly garşydaş bolan zatdyr. Bizi haýran bolmaga mejbur etmäge onuň çuňlugy ýeterlikdir. Bu täsin söýginiň dowamy bar, ol edil söwda eden wagtyňdaky sowgat ýalydyr, ýöne ondan-da gowudyr, sebäbi ol sowgada goşulyp berilýän sowgatdyr. Bize gutulyş sowgat berildi. Hudaý bizi perişan ýagdaýda, gözenegiň aňyrsyna gabalan, adamlaryň dini jemgyýetiniň burçuna gysylyp oturan ýagdaýda gördi-de, biziň azatlygymyz üçin töleg töledi. Ýöne Ol munuň bilen çäklenmedi. Ol bizi Öz ýanyna alyp, ygtyýarnamamyzy täzeledi hem-de Özi bilen deň etdi. (Bu zatlar biz entek suwa düşünmänkäk edildi!) Siz dogrudanam Onuňkysyňyz. Ol Özüniň her bir çagasyny güýçli söýýär. Ýöne şonuň ýaly ýagdaýda-da Ol her kimi özboluşly söýýär.

## Deňmi ýa-da özboluşly?

Hemme zatda adalaty döretmek üçin edýän ynsanlyk synanyşyklarymyzyň kömegi bilen biz köplenç Hudaý hemmämizi birmeňzeş söýýär diýip pikir etme synagyny duýýarys. Bu her neneň gowy ýaly bolup görünse-de, «*birmeňzeş*» ýeterlik derejede

güýçliligi aňlatmaýar. «*Birmeňzeş*» sözi bizi biri-birimiz bilen çalşyp bolýandygyny aňladýar, ýagny bizi başga kimdir biri bilen çalyşmak aňsat. Bu edil: «Wah-eý! Men geçen hepde gipermarketden satyn alan gülgüne reňkli bulgurymy döwdüm. Şonuň ýalysy olarda entegem satylýandyr diýip umyt edýärin» ýa-da mende bolşy ýaly: «Meniň on ýyldan bäri gowy gören itim ýüpüni ýolup gidipdir. Aý, bolýar. Gidip, özüme edil şonuň ýalysyny satyn alaryn-da, ony-da şol itimi söýşüm ýaly söýerin» - diýen ýaly zatdyr.

Ýok, mende beýle däl, Hudaýda-da şeýle däl diýip pikir edýärin. Näme üçin beýle däldigini men size gürrüň bereýin.

Bir gün men gündiz dynç almak üçin gyşardym. Gep meniň krowatda däl-de, kompýuteriň başynda irkilendigimde. Kelläm çalaja gymyldap, men derrew oýananymda, sekiz sahypa «t» harpyny gördüm.

**Men Öz çagalarymy birmeňzeş söýmeýärin. Men olary özboluşly söýýärin.**

Edil şol pursatda men oýandym we dogrudanam birazajyk ýatmalydygymy duýdum. Şonuň üçin men aýagymyň ýanynda ýatan itimi alyp, ýatylýan otaga gitdim. Irkilen wagtymda men Mukaddes Ruhuň pyşyrdap: «Men Öz çagalarymy birmeňzeş söýmeýärin» diýenini eşitdim. Şok ýagdaýyndan ýaňa men krowadyň üstünde göneldim. Bu Hudaýdan bolmadyk pikir nireden geldikä? Men muňa jogap edip: «Sen bizi birmeňzeş söýmelisiň, ýogsam bu adalatly bolmaýar» diýip goýberdim.

Meniň garşy çykmama edil şol wagt jogap geldi: «Ýok, beýle däl. *Hemmelere bolan deň söýgi* – bu ölçäp bolýan söýgüdir, ýöne sen ynanaý, Meniň söýgimi ölçäp bolmaýar. Birmeňzeş söýgi Meniň çagalarymy öz aralarynda çalşyp bolýandygyny aňladýar, ýöne bu beýle däl. Meniň ýüregim böleklere bölünmeýär. Onda hiç kim başga biriniň ýerini tutmaýar we başga biriniň ýerini eýelemeýär. Indi sen Meniň Öz çagalarymy deň söýgi bilen söýmeýändigime, Meniň sizi özboluşly söýgi bilen söýýänime düşündiňmi?».

Çuňdan demiňizi alyň-da, yzyny okaň. *Hudaý bizi birmeňzeş däl-de, özboluşly söýýär*. Maňa ynanaýyň, *özboluşly* – bu has gowudyr.

Eger siziň iki ýa-da ondan-da köp çagaňyz bar bolsa, belki, gepiň näme barada barýandygyna düşünýänsiňiz. Maşgalaňyzda ikinji, soň hem üçünji çaga dünýä inende, söýgiňiz olaryň arasynda bölünmeýär. Ol ummasyz derejede köpelýär. Eger siz synanyşyp görseňiz hem, çagalaryňyzyň her birine bolan söýgiňizi ölçäp bilmersiňiz. Eýsem ýüregiňiziň güýjüni ölçäp bolýarmy? Siziň her bir çagaňyza bolan söýgiňiz özboluşlydyr. Olaryň hersi siziň ene-atalyk söýgiňizi özboluşly oýarýar. Bir çagada bolan özboluşly bir zady, beýleki çagaňyzda oňa doly garşydaş bolan başga bir zady söýüp bolýandygy gyzykly zatdyr. Mysal üçin, meniň bezzatja bir gyz agtyjagym bar. Onuň uly oglan dogany, ýagny biziň birinji agtygymyz bar. Ol oglanjyk örän duýgur hem ünsli. Men olary deňeşdirmeýärin. Men olary durmuşa bolan dürli garaýyşlary üçin söýýärin we gymmatly hasap edýärin. Men olaryň bu dünýäde birmeňzeş bolmaklaryny islemeýärin. Olaryň hijisi-de meniň ýüregimde beýlekisinden köp ýer eýelemeýär; men olaryň ikisinem bütinleý we özboluşly söýýärin.

*Deň bolmaklyk* hem, Hudaýyň söýgüsini ölçäp bolýandygyny we ölçenilendigini aňladýar, emma bu beýle däldir. Ol tükeniksizdir. Özboluşly söýgi özünde has köp çuňlugy saklaýandyr. Siz ýaly diňe ýekeje biri bardyr! Bagtly Awgustin şeýle ajaýyp sözleri aýdypdyr: «Hudaý biziň her birimizi, söýmäge başga adam ýok ýaly edip söýýär».

Gökdäki Atany aladaçyl ene-atanyň, çagalaryň hijisi özüni kemsidilen duýmaz ýaly, deň böleklere bölüp kesen şokoladly ýa-da üljeli pirogyna meňzetmek bolmaýar. Onuň haýran ediji söýgüsini bölekleme gözegçiligi bilen ölçäp bolmaýar. Onuň sizi dünýä ýaradylmazyndan öň söýendigine we Onuň söýgüsiniň tükeniksizdigine siz düşünýärsiňizmi? Siz Ondan ýüz öwürseňiz-de, özüňize dowzahdan düşek ýazynsaňyz-da, her dürli zatlary etseňiz-de, Ol sizi söýmegini bes etmeýär. (Eger dogrusyny aýtsak, kimdir biri dowzahda ýatmak islärmi?)

Hudaý Ýermeýa pygamberiň üsti bilen Öz söýgüsi hakda aýdýar:

«Men seni tükeniksiz söýgi bilen söýdüm, şeýdip, saňa sadyklygymy görkezdim» (Ýermeýa 31:3).

Bu ýerde işligiň zamanyna serediň – ol öten zamanda. Onuň söýgüsi eýýäm çözlen iş. Ol sizi, hut sizi, özboluşly sizi hiç wagt gutarmaýan, ýaşdygyňyza ýa-da garrydygyňyza, horjadygyňyza ýa-da semizdigiňize garamazdan gutarmaýan beýik söýgi bilen söýdi. Sizi Ol ýaş hem akmak wagtyňyzda-da söýdi. Ol meni has kämil we öňünden aýdyp bolmaýan görnüşde söýýär. Hudaý söýgüdir. Biziň Atamyzyň bize bolan söýgüsi ýok, Onuň Özi bize bolan söýgüdir.

Atamyzyň bize bolan ajaýyp söýgüsi tükeniksizdir, içgindir we özboluşlydyr. Biz özboluşly söýülýäris, sebäbi özboluşly edilip ýaradylypdyrys.

*Özboluşly* «başgaça, öz bolşunda ýeke-täk» diýmekligi aňladýar, meniň muňa berýän söýgüli kesgitlemäm şeýle — «deňi ýa-da bäsdeşi bolmadyk». Atamyz Hudaýyň deňi-taýy ýokdur, şonuň üçin Onuň nazarynda biz bäsdeşi bolmadyk gyzlarydygymyza haýran galmaly däldiris, şol sebäpden hem, bizde biri-birimiz bilen ýaryşmaga hiç hili sebäp galmaýar.

Siz öz bolşuňyzda ýeke-täksiňiz!

Siz öz-özüňiziň başlangyjyňyz hem soňuňyzsyňyz. Köpçülikleýin öndürmek üçin ýaradylan munuň ýaly başga keşp ýokdur. Adamlaryň arasynda nusga ýokdur, birmeňzeş we deň bolan ýokdur. Sizde bäsdeşiňiz ýok, sizi diňe Hudaýyň söýşi ýaly, diňe siz söýüp bilýärsiňiz. Başga hiç kim *siziň* özüňizden gowy *siz* bolup bilmeýär!

Hudaý siziň DNK-ňyzy özboluşly edip ýaratdy we bütin dünýäni geň galdyrmak üçin, sizi gizlinlikde dokady. Siziň ýüregiňiziň nähili bolmalydygyny Ol oýlap tapdy, siziň ýylgyrşyňyzyň we sesiňiziň heňiniň awtory Oldur, siz barada diňe iň gowy hem nurly zatlary pikir edip, şekilleriňiziň hemmesini Ol ýaratdy. Ene-ataňyz bilen birlikde Ol siziň ilkinji ýylgyrşyňyza begendi we ilkinji ädimleriňizi mähir bilen synlady.

Bu mähirli hem ünsli aladanyň kömegi bilen siziň durmuşyňyzdaky köp zatlar Onuň söýgüsini özboluşly şöhlelendirýär. Ol aýratyn

häsiýetleri we zehinleri bir gaba, ýagny siziň, Öz gyzynyň kalbyna saldy. Her bir häsiýetiňiziň, öz zenanlyk keşbiňiz arkaly, hemmesinden gowy şöhlelenjekdigini Ol bilýärdi.

Özüniň wekili boljakdygyňyzy we gyzy hökmünde Özüne degişli iň gowusy boljakdygyňyzy Ol bilýärdi. Hut şu sebäbe görä-de, Ol siz üçin aýal jynsyny saýlady. Atalar bilen gyzlaryň arasynda örän mähirli baglanyşyk bolýar.

Sizi ýaradýan wagtynda, Ol diňe siz hakda pikir etdi... Siz Onuň guwanjysyňyz.

Bu siz uzynrak, gysgarak, bugdaýreňkräk ýa-da agrak bolan bolsaňyz, onda munuň has gowy bolmajakdygyny aňladýar.

Bu, şeýle hem, eger erkek bolan bolsaňyz, onda Onuň size ynanan söýgüsini has gowy derejede görkezip bilmejekdigiňizi hem aňladýar. Hudaý Öz gyzlaryny ogullaryndan pes söýmeýär. Ol olary birmeňzeş söýgi bilen söýmeýär. Hudaý erkekleri we aýallary özboluşly söýgi bilen söýýär. Belki, siz çagalykda ogla garaşandyklaryny, ýöne siziň doglandygyňyzy aýdanlaryny, hatda gygyryp hem aýdanlaryny eşidensiňiz. Belki, siziň özüňiz erkek bolmak islänsiňiz. Ýöne bilip goýuň, Hudaý muny hiç haçan hem islemedi.

Siz ilkinji gezek dem alanyňyzda, Atamyz begendi. Ýyllaryň geçmegi bilen gökden doglup, Onuň gyzy bolanyňyzda we Mukaddes Ruhdan dolanyňyzda, gökde perişdeler Onuň bilen bile şatlandylar.

Eý, guwanylyp söýülýän gyz, sizde tötänden bolan zat asla ýokdur.

## Bäsdeşi bolmadyk gyz

Bu zatlaryň hemmesi nämäni aňladýar? Bu biziň hemmämizde ölçäp bolmaýan we tükenmeýän soýgüden has uly bolan bir zadyň bardygyny aňladýar. Size Günüň astyndaky ýer üçin söweşmek gerek däl, Hudaýyň söýgüsini gazanjak bolmak gerek däl. Hiç kim sizi gysyp çykaryp ýa-da siziň ýeriňizi eýeläp bilmeýär... Sizde bäsdeş ýok.

> «Dostlar, indi biz Hudaýyň çagalarydyrys; bu diňe başlangyjydyr. Öňde ýene nämäniň bardygyny kim bilýär! Diňe Mesih bize

> aýan bolanda, Ony görjekdigimizi, görenimizde bolsa, Oňa meňzejekdigimizi bilýäris. Biz, gelýän Mesihe seredýänleriň hemmesi, Onuň päk bolşy ýaly päk bolmaga taýýar bolarys we özümizi päkläris» (1 Ýohanna 3:2, 3, «The Message»).

Biz bilelikde, söýgi gazanmaga we başgalaryň göwnünden turmaga synanyşyp, başga biri ýaly boljak bolman, nädip öz bolşumyza galmalydygyny bileris. Biz özümizi başgalar bilen deňeşdirmegi bes ederis, sebäbi deňeşdirme ruhlanmany getirmeýär. Deňeşdirme bizden, biziň üstümiz bilen hem, bütin dünýäden ogurlyk edýär. Eger gymmatymyz we şahsyýetimiz içki özboluşlylygymyz bilen aýrylmaz baglanyşykly bolsa, onda deňeşdirme we ýaryşma zerurlygy barmy? Beýle etmek bilen biz diňe özümizi boş galdyrýarys. Siz bäsdeşi bolmadyk, deňi-taýy bolmadyk nury özünde göterýän, başga biriniňkä meňzeş bolmadyk aýratyn söweş üçin ýaraglandyrylan gyzsyňyz.

> «Biziň hemmämiz aňrybaş edilip ýaradylan we örän gowy hereket edýän agzalar hökmünde Mesihde bir bedeni düzýändigimiz üçin, geliň, öňe gideliň we kim edilip ýaradylan bolsak, şol hem bolup, göripçilik etmäliň we özümizi biri-birimiz bilen deňeşdirmäliň, özümizi ýokary tutmalyň we bolşumyzdan artyk bolmaga çalyşmalyň» (Rimliler 12:5, 6, «The Message»)

Mukaddes Ýazgydan alnan bu ýer adamlara bäsdeşsiz ýaşamaga päsgel berýän esasy iki häsiýeti – tekepbirligi we göripçiligi görkezýär. Bäsdeşi bolmadyk gyzyň özboluşlylygy siziň eýýäm ýeriňizdedigiňizi aňlatmaýar. Bu diňe ýoluň bardygyny, tapmaçanyň böleginiň bardygyny we Mesihiň Teninde siziň ýerine ýetirmesi zerur bolan wezipäňiziň bardygyny aňladýar.

*Tekepbirlik* bizi Tenden daşlaşdyryp, özümizi beýlekilerden juda ýokary tutýan we bizi: “Meniň edýän zadym iň esasydyr. Men öz başymadyryn, özüme göwnüm ýetýändir, wajyp, tekepbir hem ýokarydyryn” diýip pikir etmäge mejbur edýän pikirleri berýär.

Başga bir tarapdan *göripçilik,* öz wezipelerimizi peseldip, bizi

Hudaýyň bu dünýäde özümize sowgat beren ornuny äsgermezçilik etme synagyna salýar. Göripçilik: «Men öz ornumy we öz wezipämi äsgermeýärin, sebäbi men seni ýoldan aýryp, seniň ýeriňi eýelemek isleýärin» diýýär.

Bu iki gylyk — adamlary parçalamaga we adamlaryň haýsy hem bolsa bir toparyna öz işini etmäge we öz ornuny eýelemäge ýol bermezlige niýetlenilen ölüm howply gylyjyň iki ujudyr. Käwagt duşman bu tyglaryň ikisinem ulanyp, Mesihiň Tenindäki erkeklere hüjüm edýär-de, olary bäsdeşlik etmelidigine we gender tekepbirligini etmelidigine ynandyrýar, aýallary bolsa, gender göripçiliginiň pidasyna öwürýär.

Özüňiziň hakyky bolşuňyza galyp, biziň hemmämiziň hakyky joramyz boluň. Hudaýyň gyzlarynyň özboluşlylygyndan lezzet almagynyň we «köpräk» zada eýe boljak bolup, «hemmeler ýaly» bolmagyny ýa-da bäsdeşlik etmegini bes etmeginiň wagty geldi. Öz-özüňizi gizläniňizde, başga adamlara sizi sylamazlyga hukuk berýärsiňiz. Adamlar ýasamalygy we nusgany asyl nusgadan mydama tapawutlandyryp bilýärler. Olar muny görmedik ýagdaýynda hem, ony sözleriňiziň, hereketleriňiziň we daşky keşbiňiziň ýasamalygynda duýýarlar we eşidýärler. Göreldä eýermek bilen bir zady nusga edip almagyň arasynda uly tapawut bar. Ine, näme üçin başga biri boljak bolanyňyzda, diňe lapykeçlik alýan ekeniňiz. Durmuş içinde jogaplaryň birnäçesi teklip edilýän teste meňzeşdir, olaryň arasyndaky nädogry jogaplar, başgalaryň siziň ýeriňize saýlaýan jogaplarydyr.

**Hiç kim sizi gysyp çykaryp we siziň ýeriňizi eýeläp bilmeýär... Sizde bäsdeş ýok.**

Özümiziň özboluşlylygymyzy basyp ýatyranymyzda, biz Hudaýyň söýgüsiniň tebigatyny äsgermezçilik edýäris. Daşky keşbiňiziň sizi hemme zatdan-da az alada goýmagyny men örän isleýärin. Köp adamlar eşikdäki, priçýoskadaky, bižuteriýadaky we makiýaždaky öz saýlawy arkaly özleriniň özboluşlylygyny beýan edýändiris diýip pikir edýärler. Bu daşky elementler diňe aksessuarlardyr. Olar siziň aslynda

kimdigiňiz baradaky çuň aýanlykdan uzakdadyr.

Hakykat siziň öz daşky keşbiňizi üýtgetseňiz-de, barybir özüňiziň özboluşlylygyňyza düşünip bilmejekdigiňizde jemlenendir.

Geliň, daş-töweregimize göz aýlap, mydama üýtgäp durýan jemgyýetçilik pikirine boýnumyza öz keşbini we pikirlerini asmaga rugsat bermäge wagt sarp etmegi bes edeliň, sebäbi ol zatlar ýasama zatlardyr. Geliň, Hudaýyň ýüregimize salan zatlaryny ynamly kabul edip, olaryň hemmesini özboluşly şöhlelendireliň.

## Siz kimiňki?

Maňa siziň kim bilen gatnaşýandygyňyzy bilmek gerek däl. Maňa siziň ene-ataňyzyň atlaryny, okaýan mekdebiňiziň ýa-da işleýän kompaniýaňyzyň atlaryny bilmek gerek däl. Men diňe bizi satyn almak üçin Öz janyny Bereniň adyny bilmek isleýärin. Ýöne siz Onuň gurbanlygy diňe şol satyn alma bilen çäklenýär diýip pikir edýän bolsaňyz, onda köp zada düşünmeýärsiňiz. Ol sizi tapdy, emma ondan soň sizi ýöne bir arassalap, yzyňyza, öňki bolan ýeriňize goýmady. Ol sizi ýokary galdyrdy. Ol size takwalyk sowgat berdi.

Öz ýüregiňiziň pyşyrdysy bilen bolsa-da: «Men Onuňky, Ol hem meniňki» diýiň.

Sizi atlandyrmaga diňe ebedi Ataňyzyň haky bardyr. Ejeňiz sizde göwreli boldy, göwresinde göterdi we ulaltdy, ýöne Gökdäki Ataňyz sizi oýlap tapdy, ýaratdy we ýaşaýyş demini berdi. Siz ýiteniňizde bolsa, Özüniňki diýip atlandyrmak üçin, Ol sizi satyn aldy. Biziň bu ýerdäki wagtymyzyň gutarjak güni geler, şonda Ol biziň her birimizi täzeden dünýä inderer. Şonda biz özümiziň ýerdäki durmuşymyzyň diňe göklerde gül açjak we tebigatymyzy dolulyga ýetirjek tohumjyk bolandygyna düşüneris.

Bu gün durmuş sizi nirä alyp barsa-da, pursatlaryň, ýerleriň we ýagdaýlaryň mydama üýtgäp durýandygyna düşüniň. Ykbalyň ýalňyşlyklarynyň arasynda iň esasy zat – bu özüňiziň kimdigiňizi we Kimiňkidigiňizi bilmekdir.

Bu babyň başynda men Ralf Uoldo Emersonyň: «Biziň esasy islegimiz —bilşimiz ýaly, kim bolup bilýän bolsak, şol hem bolmaklyga özümizi ruhlandyrýan kimdir birine duş gelmekdir» diýen sözlerini getiripdim. Bu sözleri men gowy görýärin. Hudaý şol kimdir Biridir. Onuň tutuş tebigaty we işleriniň hemmesi ruhlandyrýar. Bizi Özüniň hudaýlyk tebigaty bilen birikdirmek üçin ýaradylyş hökmünde görýän, eşidýän we bilýän zatlarymyzyň hemmesini Ýaradan ajaýyp edip ýaratdy. Özi bilen gatnaşyklarymyzy dikeltmek üçin Ol Özüniň Ogluny iberdi.

Biziň hakyky tebigatymyz bilen beýik birikmäniň bolandygyna garamazdan, köp adamlar durmuşda işiň görnüşi, emläk, hatda ýakyn hem söýgüli dostlar ýaly faktorlara özleriniň kimdigini kesgitlemäge rugsat bermek bilen çäklenýärler. Özüňi eliňden aňsatlyk bilen alyp bolýan zat bilen deňemek akmaklyk ahyry. Işi çalyşýarlar, endikler ýitip gidýär, zatlar ýitirilýär. Hatda iň ýakyn gatnaşyklar hem bozulyp bilýär. Siziň emlägiňiz, işiňiz we töweregiňizdäki adamlar üýtgäp bilýärler, ýöne hiç haçan ýitirip bilmejek zadyňyz hemmesinden-de wajypdyr, ýagny siz aslynda kim bolsaňyz şoldygyňyz we degişli bolan Ýaradyjyňyz wajypdyr.

Eger siz diňe nirä barýandygyňyzy bilýän bolsaňyz, onda ýolda özüňizi ýitirmäge töwekgelçilik edýärsiňiz. Eger siz diňe nämä çagyrylandygyňyzy bilýän bolsaňyz, şol maksada ýetmek üçin öz-özüňize eglişik etmegiňiz mümkin.

Şeýlelikde, gadymky sorag ýüze çykýar:

> «Ynsan bütin dünýäni gazanybam, janyndan mahrum bolsa, oňa näme peýdasy bolar? Ynsan janyna derek näme berip biler?» (Matta 16:26).

*Özüňiziň kimdigiňizi* bilmeklik nirä barýandygyňyzy bilmegiňizden, hatda nämä ukyplydygyňyzy bilmegiňizden-de has wajypdyr. Hudaý Ýaradyjyňyz bolandygy sebäpli, Onda siziň kimdigiňiz barada aýdara zat bar. Siziň kimdigiňiz baradaky soraga berilýän jogap, kim bolup biljekdigiňiz baradaky aýanlygy özünde jemleýär.

## Siz kim?

Bu soraga jogap bermek üçin siziň eden zadyňyza ýa-da nämeleri başdan geçirendigiňize seretmek gerek däl. Işiňiz ýa-da maşgala ýagdaýyňyz – durmuşa çykmandygyňyz, aýrylyşandygyňyz, durmuşa çykandygyňyz ýa-da kimdir biri bilen duşuşýandygyňyz boýunça özüňize baha bermäň. Gep Feýsbuk torlaryndaky derejäniň täzelenmesi barada baranok. Bu jogap meniň üçin däl, hatda olar üçin hem däl.

Men *siziň* özüňiziň kimdigiňizi bilmegiňizi isleýärin.

Dowam etmezimizden öňürti, ruçkany alyp, gözleriňizi ýumuň-da, Ýaradandan Özüniň siziň üçin oýlap tapan aýratyn taraplaryny pyşyrdap aýtmagyny haýyş ediň. Söýgi hem gymmatlyklar sözlerini ýazmakdan gorkmaň. Ol sözlerde Onuň size bolan garaýyşlary şöhlelenýär. Saklanyň we düşüniň. Men sizden kyn zady haýyş edýärin – Hudaýyň size aýtjak üç sözüni ýa-da sözlerini ýazyp alyň. Muny ýazyp bolanyňyzdan soň, başgalaryň kesgitlemelerini aýryp bilen we Hudaýyň siz hakda aýdan zatlaryny eşidip bilen wagtyňyzda eşiden sözleriňize serediň. Öz düzen sanawyňyzyň özüňizi birneme haýran galdyrmagy-da mümkin. Belki, siz özüňize köpden bäri şonuň ýaly seredenem dälsiňiz?

Hudaýyň hiç haçan Öz Sözüne garşy çykjak hiç bir zady aýtmajakdygyna sizi ynandyrasym gelýär. *Hudaýyň Sözüniň aýratyn belleýän zadyny Mukaddes Ruh janlandyrýar*. Bizde Mukaddes Kitap bar, ýöne biz ony diňe bir okaman, eýsem eşitmelidirisem. Mukaddes Kitabyň «Message» terjimesinde “Hudaýyň perwaýsyz synlaýjy däldigi» (Ýewreýler 12:28) ýazylypdyr. Aýanlyk kitabynda ýedi gezek agzalan ebedi soragyň biz üçin bu gün çakylyk bolup durýandygyna men ynanýaryn:

> «Siziň gulaklaryňyz açykmy? Diňläň. Mukaddes Ruhuň Ýygnagyň üsti bilen öwüsdirýän Şemalynyň Sözlerine gulak asyň» (Aýanlyk 2:7, 11, 17, 29; 3:6, 13, 22, «Message»).

Bu sorag Mukaddes Kitabyň bir kitabynda *ýedi* gezek gaýtalanýar, diýmek, ol aňrybaş wajypdyr... Bu meni, hatda oýa wagtymda-da, gulaklarymyň uklap biljekdigi baradaky pikire alyp barýar. Bu kitap siziň gulaklaryňyzy açar we olary diňlemgä sizi mejbur eder diýip umyt edýärin.

Biz sesli ýüzlenibem, Hudaýyň sesini eşidip bileris. Mukaddes Ruh durmuşymyzyň haýsydyr bir ulgamy barada dymýar diýip pikir edýän zatlarymyz barada gürlemäge Ony çagyrsak, onda näme bolarka? Siz Oňa ikiçäkkäňiz gürlemäge rugsat edersiňizmi? Hudaý siziň dostlugyňyz, nikaňyz we maşgalaňyz hakda takyk gürlese bolýarmy? Siz özüňiziň ker gulaklaryňyzy Hudaýyň duýduryşlaryna tarap tutmaga endik edindiňiz, ýöne barybir Onuň doldurmak isleýän ulgamlaryna perwaýsyz bolýarsyňyz. Mesihiň tutuş Bedeniniň içini diňlemeklik käbir adamlaryň Hudaýy eşitme kararyndan başlanýar. Biz eşitmek üçin gulaklarymyzy açmaga het edip bilýärismi?

Biz Hudaýyň özümize aýratyn wezipäni peşgeş berendigine şübhelenmäge het edip bilmeris. Eger şeýle etsek, onda özümize ynanylan sylaglaryň hemmesine şübhe, gorky hem gahar bilen serederis. Hiç hili wakalar, ýagdaýlar, hiç hili pursatlar, geçmişdäki hiç hili atlar bizi kesgitlemez ýaly, Hudaý bizi halas etmek, dikeltmek we tebigatymyzy üýtgetmek isleýär. Hawa, ýagdaýlar, tankyt hem dürli wakalar bizi täzeläp biler, olarda biziň durmuşymyzyň hiline täsirini ýetirýän güýç bar, ýöne durmuşyň substansiýasy başga zatda – ol Hudaýda. (Substansiýa – adyň berilmegi, atlaşma).

Hudaý sizi ýürekden gözledi, sebäbi Ol sizi özboluşly söýýär, sebäbi siz Onuň söýgüsini başgalara özboluşly görkezýärsiňiz. Hudaýyň çagalarynyň her biri kim edilip ýaradylan bolsa, şol hem bolanda, bu biziň Hudaýyň çagalary hökmündäki hakykylygymyzyň has uly bir zada öwrülmesiniň diňe başlangyjy bolýandygyny aňladýar. Her kimiň özüni tapmaga ýa-da başgaça etmäge çalyşýan dünýäsinde Hudaý Özüniň maksat edinen zadyny edýär. Ol sizi doly açyp biler ýaly... bu kitap Onuň yzyna eýermäge çagyryşdyr!

## Pikirlenmek üçin soraglar

1. *Nirä* barýandygyňyza garanda, özüňiziň *kimdigiňizi* bilmeklik näme üçin has wajyp?
2. Pikirlenip görüň, näme üçin özboluşlylyk *deňlikden* ýa-da edil *şonuň ýaly* bolmakdan has gowy?
3. Öz şahsyýetiňizi we Hudaýyň söýgüsini kabul etme ukybyňyzy ogurlan bäsdeşleriňiziň birnäçesiniň adyny aýdyň.
4. Öz edýän işiňize degişli bolmadyk derejeler bilen özüňizi suratlandyrmak size kyn düşýärmi? Eger şeýle bolsa, onda näme üçin?
5. Hudaý siz hakda näme diýýär?

# 2

# Biziň Hudaýymyz bäsdeşsizdir

«Bu ýerde ýazylan sözler diňe umumy düşünjelerdir. Siz olary öz tejribäňizde barlap, öz içiňizden geçirip görmelisiňiz».

BAGTLY AWGUSTIN

## Oňa meňzeş ýok

1980-nji ýyllaryň ahyrlarynda mesihiligiň sežde etme aýdymlarynyň keşbi üýtgäp başlanda, «Integriti mýuzik» kompaniýasy dürli ýurtlaryň we kontinentleriň aýdymlaryny öwrenip we ony Demirgazyk Amerikada bize hödürläp başlady. Biziň maşgalamyz her aýda täze kassetalara garaşýardy, alandan soň hem, olary diňleýärdi (hawa, men eýýäm şeýle garry). Iň gowy görýän aýdymlarymyzy biz şeýle ýygy-ýygydan gaýtalap goýýardyk welin, hatda meniň syýahatçy adamym hem öýe gelende, has gowy edilip çalnan we sazdaky çalgyrtlyk asla duýulmaýan mukamlary diňleýärdi. “Şatlan, Afrika” atly ýygyndy biziň hemmämize has-da ýaraýardy.

Ikinji oglum Ostiniň özüniň Mikki-Mausly pižamasyny geýip, hiňňildikatynda yraň atyp oturanda, tyllasöw saçlarynyň her tarapa galgaýşy, özüniň hem bogazyna sygdygyndan gygyryp, şol aýdymyň sözlerini aýdany ýadyma düşýär.

Aýdymlaryň birinde Günorta Afrikanyň sežde etme we şöhratlandyrma aýdymlaryny aýdýan toparynyň lideri: «Diňe Sen şeýlesiň!» diýen sözleri çyn ýüreginden syzdyryp aýtdy.

Meniň üç ýaşlyja oglum her gezek şol aýdym goýlanda, ýekeje sekunt hem ikirjiňlenmän, afrikaly adama gaty gowy öýkünip, şol bir sözleri gaty gygyryp aýdýardy.

Bir gezek Ostin meniň ýanyma sorag bilen geldi, men muny öňünden bilmelidim.

«Eje, näme üçin Hudaý ýeke-täk?»

Gepiň Hudaýyň ýeke-täkliginde däl-de, Onuň *şunuň ýaly* ýekeje Hudaýdygyndadygyny men oňa düşnükli edip düşündirmäge çalyşdym.

«Hudaýyň ýekejeligi» biziň içini gysdyryp oturan ýalňyz Hudaýa gulluk edýändigimizi aňlatmaýar. Edil şonuň ýaly, «Onuň ýanynda hiç kim ýok» diýmeklik Onuň ýanynda hiç kimiň bolmak islemeýändigini aňlatmaýar.

Biziň Hudaýymyz beýle däl, Ol gowşaklyk bilen garaşyp, bizi synlap oturmaýar. Ol hemme zady öňünden taýýarlady, indi hem Özüniň tamamlan işiniň içinde asudalykdadyr we çagalary özlerine bütin taryhy tutuşlygyna görkezmegi Ondan haýyş edenlerinde, Ol muňa begenýär.

Ol göge alnan we mukaddesdir, ýöne bu Onuň nirededir bir ýerde içde bolup, bize seredip oturýandygyny aňlatmaýar.

Geçmiş, häzirki wagt we geljek, bütin bir birlikde birigip, Onuň nazarynda durýandyr. Ol başda ahyry görýär we bir zat gutaran badyna, başga täze zatlary başlaýar.

Özüne biziň gözlerimiziň gerekdigi üçin däl-de, bize Onuň görüş bermeginiň gerekdigi üçin, Ol biziň üstümiz bilen içimizden daşary seretmek isleýär.

«Perwerdigär Hudaý» hemme zatdan ýokarda duran Hudaýy suratlandyrýar, şol sebäpden biz beýik zat bakda bilmäge ukyply bolýarys. Mezmurçy 95-nji mezmurda ýazylan aýanlygy alanda, ony titreme gurşap alýar:

«Rebbe täze nagma aýdyň,
Rebbe nagma aýt, eý, tutuş ýer ýüzi!
Rebbe nagma aýdyň,
Onuň adyna alkyş okaň,
Halas edýändigini günsaýyn buşlaň.
Milletlere yglan ediň şan-şöhratyny,
ähli halklara – gudratly işlerini.
Çünki Reb beýik. Ol belent sena mynasyp,
biziň seždämize diňe Ol laýyk.
Ol milletleriň hudaýlaryndan has wehimlidir;
Halklaryň bar hudaýlary ýöne bir butlardyr,
emma gökleri Reb ýaradandyr.
Onuň huzuryndadyr hormat, şan-şöhrat,
Onuň mekanyndadyr gözellik, kuwwat.
Eý, halklaryň tireleri, Rebbi wasp ediň,
Rebbiň şöhratyny, güýjüni öwüň.
Rebbiň adyna laýyk şöhraty beriň,
gurbanlyk getirip, howlularyna giriň.
Rebbe şanly mukaddesliginde siz sežde ediň, eý, ýer ýüzündäkiler,
Onuň öňünde titräň!» (Zebur 95:1-9).

Mukaddes Ýazgy: dürli sözler bilen şol bir soragy gaýta-gaýta berýär: «Kim Oňa meňzeş?»

Bu bize oýun etmegimiz üçin berilýän ritoriki sorag däl. Bu jan derejesindäki wajyp sorag bolup, oňa: «Hiç kim!» diýen gaty sesli jogap ýaňlanýar. Biziň bu sözlere berýän jogabymyz özümizi şeýle bir ýagdaýa salýar welin, şonda biz Hudaýyň özümiz üçin taýýarlan zadyny ýa-ha kabul edýäris, ýa-da düşünmän inkär edýäris. Siz öň özi Hudaýa meňzeşdirin diýip pikir eden biriniň bolandygyny bilýärsiňiz.

Ol perişdeleriň hanydy, sözüň köp manysynda, ýaradylyşyň täjidi. Biz ony şeýtan hökmünde tanaýarys, ýöne ol wagtlar onuň ady Lýusifer, ýagny daň ýyldyzy we arhangeldi, baş tagzymçydy. Bu derejede ol Hudaýyň şöhratyny görýärdi we tagtly zalynda Onuň mukaddes barlygynda durýardy. Ezekiýel pygamber ony şeýle suratlandyrýar:

> «Eý, ynsan ogly! Sur patyşasy üçin agy aýt, oňa Hökmürowan Reb şeýle diýýär diý: “Kämilligiň möhüri, danalygyň we gözelligiň aňrybaşy sendiň. Sen Eremde — Hudaýyň bagyndadyň; lagyl, topaz, göwher, sary ýakut, hakyk, ýaşyl gaşlar, ýakut, pöwrize we zümerret ýaly ähli gymmatbaha daşlara we altyna gaplanypdyň; gaş öýeleriňdir oýma nakgaşçylyk işleriň hem altyndandy, bularyň ählisi seniň ýaradylan günüň taýýarlanypdy. Sen goragçy kerup bolar ýaly ganatlaryňy ýaýyp oturdyň, seni Men belläpdim. Sen Hudaýyň mukaddes dagyndadyň, otly daşlaryň arasynda gezdiň. Ýaradylan günüňden tä senden ýazyk tapylýança, ýollaryňda aýypsyzdyň. Söwdaňyň köplügi zerarly seni zulumdan doldurdylar, sen günä etdiň. Şeýlelikde, Men seni haram hökmünde Hudaýyň dagyndan aşak taşladym. Men seni, eý, goragçy kerup, otly daşlaryň arasyndan kowup ýok etdim. Owadanlygyň zerarly ýüregiňi tekepbir tutduň, şöhratparazlygyňdan ýaňa danalygyňy harladyň; Men seni ýere çaldym; görsünler diýip, patyşalaryň öňüne zyňdym» (Ezekiýel 28:12-17).

Hudaý ony ajaýyp, akyldarlykdan doly we daşky keşbi hem ukyplary boýunça kämil edip ýaratdy. Haýsydyr bir pursatda onuň tagzymlarynyň gowşan bolmagy mümkin. Belki, tagzym etmesi guwandyryjy derejä çenli baryp ýetendir. Onuň günä ýoly düşnükli däl, ýöne bu ajaýyp hem akyldar ýaradylyşyň Ýaradana bäsdeşi hökmünde seredip başlandygyny biz bilýäris. Tagzym etmede takyk düşünje bar; biz Hudaýsyz hiç kimdiris. Ine, Işaýa muny nähili suratlandyrýar:

> «Eý, parlak ýyldyz, daň ogly, gökden nähili gaçdyň!
> Eý, milletleri ýeňen sen, indi özüň ýere ýykyldyň!
> Sen ýüregiňde diýdiň: «Göklere çykaryn,

> tagtymy Hudaýyň ýyldyzlaryndan ýokarda goýaryn.
> Jemagatyň toplanan dagynda, Zafon dagynda oturaryn.
> Bulutlaryň depesine çykaryn,
> Beýik Hudaý ýaly ederin özümi» (Işaýa 14:12-14).

Ol özüni Beýik Hudaýa meňzeş *edip bilmedi*... ol diňe *özüni ýok edip* bildi, şeýdip, Lýusifer, daň ýyldyzy, şeýtan – ýalançy boldy. Bu ýok edilme onuň ýüreginde başlandy. Ol kämillik bilen başlady, günäli bolup hem tamamlady. Biz doglanymyzda günäli hem kämil däl bolup dogulýarys, emma ýokardan dogulmanyň arkasyndan, biz Mesihde bitewi hem kämil bolduk. Tekepbirlik adamy özüne tagzym etmäge mejbur edýär, pesgöwünlilik bolsa, tekepbirligi we egoizmi tagtdan agdarýar. Işaýa Rebbi görende, ol özüniň biderekligini örän çuň gördi.

> Men hem şeýle diýdim: «Meniň dat günüme! Men heläk boldum, çünki men agzy haram adamdyryn we agzy haram adamlaryň arasynda ýaşaýaryn. Ine, gözlerim Şany — Hökmürowan Rebbi gördi» (Işaýa 6:5).

Onuň biderekligi Hudaýyň aladasyny görkezýär. Birwagtlar Lýusiferiň üstünde ýörän ýanyp duran közleriniň birini Işaýa getirdiler.

> Onsoň seraflaryň biri maňa tarap uçdy. Onuň elinde gurbanlyk sypasyndan ätişgir bilen alnan köräp duran köz bardy. Seraf közi agzyma degrip, şeýle diýdi: «Ine, bu köz dodaklaryňa degdi. Indi ýazyklaryň aýryldy, günäleriňden saplandyň» (Işaýa 6:6, 7).

Eger biz Ony gözlesek, taparys. Bu açyş bilen biz sežde edýäris we diňe Onuň mukaddesdigini, diňe Onuň gowudygyny, diňe Onuň ýol, hakykat we ýaşaýyşdygyny ykrar ederis. Ol ýeke-täk Perwerdigär Hudaýdyr.

Hudaýymyzyň barlygynyň özi görlüp-eşdilmedik zatdyr. Onuň deňi-taýy ýokdur, Onuň bilen deňeşdirer ýaly hiç kim ýokdur. Ondan öň hiç kim ýokdy. Biziň Hudaýymyz peýda bolmady. Ol bardy, Ol bar we Ol ýene-de geler. Indi biz özümiziň özboluşlydygymyzy bilýäris,

özboluşlylygy bolsa, biziň Hudaýymyz ýaratdy.

Ondan öň hudaýlar ýokdy, ine, näme üçin biz özümize Hudaýyň öňünde hudaýlar oýlap tapmaly däl ekenik. Hudaýymyz göze görünmeýän bolsa-da, Onuň barlygyny inkär edip bolmaýar. Rimlilere hatda şeýle ýazylypdyr:

> «Hudaý baradaky esasy hakykat ýeterlik derejede düşnüklidir. Gözleriňizi açyň, şonda görersiňiz! Hudaýyň ýaradan zatlaryna uzak wagtlap we oýlanyp seretmek bilen adamlar mydama adatça görmejek zadyny, ýagny Onuň ebedi güýjüni we gudratly barlygynyň syryny görmäge ukyply bolupdyrlar. Şonuň üçin hiç kime bagyşla diýmäge esaslary ýokdur» (Rimliler 1:19, 20, «The Message»).

Häzirkizaman terjimede şeýle ýazylypdyr: «Olarda Hudaý baradaky bilim bar ahyry, Hudaý olara Özi hakda bildirdi. Sebäbi Onuň göze görünmeýän häsiýetlerine – ebedi gudratyna we hudaýlyk tebigatyna – dünýä ýaradyly bäri Onuň ýaradan zatlaryny görmek arkaly akyl ýetirilýär. Şonuň üçin olara bagyşla diýmäge hiç tutarygy ýokdur!»

Bütin ýaradylyş öz Ýaradyjysynyň hakykydygyny tassyklaýar, ýöne Hudaýymyzyň kesgitlemesi başgaçadyr. Bu bap sizi Onuň bilen has-da gudratly birikmä ruhlandyrar diýip umyt edýärin.

Özümiziň bäsdeşi bolmadyk gyzlardygymyzy, sebäbi Gökdäki Atamyzyň bizi özboluşly söýýändigini biz eýýäm aýdypdyk. Hudaýyň özümize beren hakyky tebigaty bilen has çuň derejede birikmek üçin Onuň beren şol peşgeşine ýene nämäniň girýändigine has gowy düşünmek zerurdyr. Geliň, Hudaýymyzyň deňi-taýynyň bolmazlygynyň nämäni aňladýandygy hakda pikirleneliň. Ine, Merriam-Uebsteriň düşündiriş sözlügi Hudaýy nähili suratlandyrýar: «Güýji, akyldarlygy we ýagşylygy boýunça kamil bolan zat bolup, Oňa älemiň ýaradyjysy we hökümdary hökmünde tagzym edýärler».

Bu kesgitleme hemme zady öz içine alýar diýip pikir edip bolar, ýöne bu diňe başlangyjydyr. Çäkli ýerdäki dili we pikirlenşi bolan bize Çäksiz Hudaýy diňe çäkli göz öňüne getirmek galýar. Eýsem Özi

baradaky açyşlar bizi dymmaga mejbur edýän Hudaýy suratlandyrýan sözleri tapyp bolarmy?

Hudaý Özi baradaky düşünjeleriň hemmesinden beýikdedir.

Nämedir bir zada ýa-da kimdir birine kesgitleme bermezden owal onuň tebigatyna düşünmek we ony söz bilen beýan etmek wajypdyr. Hudaý ýerdäki islendik dilden we islendik bir dilde bellenilen parametrlerden has ýokardadyr.

Bolýar, kesgitlemäni goýýarys. Suratlandyrma babatda näme? Bu hem mümkin däl. Eger göz açyp bolmaýan ýagtydan ýaňa gözümiz gapylan bolsa, onda nädip görüp bilmeýän zadymyzy anyk şekillendireli?

> «…şalaryň Şasy, rebleriň Rebbi, ýekeje ölümsiz, göz gapdyryjy nurda ýaşaýan beýik hem ýeke-täk Hökümdar, adamlaryň ýekejesiniň hem görmedik we görüp hem bilmejek Hökümdary, Mesihi öz wagtynda görkezer. Hormat hem güýç-kuwwat Onuňkydyr! Omyn» (1 Timoteos 6:15, 16, «The Message»).

Eger biz Hudaýy öz gözümiz bilen görmäge ukyply bolmasak, onda Onuň gudratlaryny bölek-bölek edip ýygnamakdan başga näme edip bileris? Bize söz ýeterlik däl, şonuň üçin biz Eýýubyň özüne gudratlar tüweleýiniň içinde Hudaý görneninden soň aýdan sözlerini ýaň edip gaýtalaýarys:

> «Sen hakda gulagym bilen eşidipdim,
> Indi Seni öz gözlerim bilen gördüm.
> Munuň üçin özümi ýigrenip, başymdan gumdur kül sowrup toba edýärin» (Eýýup 42:5, 6).

Bu aýatlary «The Message» terjimesinde okamagy örän gowy görýärin:

> «Birwagtlar Sen hakdaky myş-myşlar bilen ýaşanymy boýun alýaryn. Indi bolsa, men hemme zady gönüden-göni aldym, öz

gulaklarym bilen eşitdim we öz gözlerim bilen gördüm! Men ökünýärin – meni bagyşla. Men gaýdyp munuň ýaly etmerin, söz berýärin! Men indi hiç haçan sözleriň we myş-myşlaryň ownuk bölejikleri bilen ýaşamaryn».

Hudaý baradaky bu açyş Eýýuby has uly zada teşne bolmaklyga galkyndyrdy. Biziň juda köpimiz Hudaý baradaky «sözler we myş-myşlardan» başga zat bolmadyk açyşlar bilen oňýarys. Hakykat Hudaýyň siziň Öz dogrulygyndan iýmitlenmegiňizi isleýändigindedir. Ine, men näme üçin siziň işdäňizi oýandyrmaga synanyşýan ekenim. Hudaý *baradaky* sözleri eşitmek bilen özüňize gürleýän Hudaýy diňlemegiň arasynda uly tapawut bar ahyry.

Men biziň indi gürlemeýän Hudaýa gulluk edýändigimizi aýdýan adamlaryň bardygyny bilýärin. Emma munuň ýaly esaslar Onuň tebigatyny kemsidýär. Hatda Ol dymma kararyna gelen bolsa-da, ýaradan zatlarynyň gözelligi Onuň sesi bolup ýaňlanýar. Bize teselli bermegi we öwretmegi üçin Ol Öz Ruhuny goýberdi. Mukaddes Kitapda Hudaýyň Mukaddes Ruhunyň bize ähli hakykatlary öwredýändigi we ündew berýändigi ýazylypdyr. Hudaý ker hem lal but däldir. Hudaý diňleýän, emma jogap bermeýän ata däldir. Eger Hudaýyň Kimdigi baradaky syry açmasak, onda Onuň ýanyna nädip barmalydygyny-da bilmeris. Bu zatlaryň hemmesinden başga-da, Hudaý Öz Sözi, Öz ýaradan zatlary, Öz hyzmatkärleri, aýanlyklar, arzuwlar we Öz Teniniň agzalary arkaly hem gürleýär. Bu kitabyň sahypalary arkaly Onuň size gürlemegi üçin doga-dileg edýärin we gürlejegine ynanýaryn. Hudaý mydama gürleýär. Sorag: biz Ony diňleýärismi ýa-da çäklendirýärismi? Hudaýyň Öz gudratlarynda näderejede deňeşdirip bolmajak we çäksizdigine düşünmegiňiz we Onuň siziň özüňiz bilen gürleşmek isleýändigine ynanmagyňyz wajypdyr.

Örän ökde ylahyýetçi bolan Foma Akwinskiý ömrüniň aglaba böleginde Hudaý hakda ýazmak bilen meşgullandy. Ruhany hem filosof bolany üçin ol ylmy akyl ýetirmeleri biziň Üçbirlik baradaky bilimlerimiz bilen birikdirmäge synanyşdy. Ýöne ölmezinden üç aý

öň ol bakyýet dünýäsini görüp, örän güýçli duýgyny başdan geçirýär. Şondan soň ol öz ömründäki soňky sözleri ýazyp, galamyny goýýar:

> «Meniň işlerimiň soňy geldi. Gören zatlarymdan we özüme açylan zatlardan soň, ýazan zatlarymyň hemmesi maňa sypal ýaly bolup göründi».

Şeýle-de bolsa, bu adam Hudaýyň şöhraty we Ýygnagyň beýikligi barada gürrüň edýän ummasyz sözleri öwrendi we ýazdy. Ol sözüň, häzirki döwürdäkä seredeniňde, örän çuň mana we özene eýe bolan, olaryň uly seresaplylyk bilen saýlanylan döwründe ýaşady. Ol döwürde okama we ýazma mümkinçiligi baý adamlara ýa-da baýlara, ýa-da bagyş edilen adamlara elýeter bolan artykmaçlykdy. Foma Akwinskiý söz sungatyna ezberlik bilen erk edipdir, şeýle-de bolsa, ol öz ýazyjylyk işlerini suratlandyrmak üçin «sypal» sözüni saýlaýar. Biz gymmaty bolmadyk zada «sypal» diýýäris. Ol däne alnandan soň galýan önüm bolup, köplenç mallaryň aşagyna düşemek ýa-da ekiniň üstüni örtmek üçin ulanylýar. Düýp manysynda ylahyýetçi bütin ömrüne ýazan işlerini, gowy bolan ýagdaýynda, mallaryň ýa-da adamlaryň aýaklarynyň aşaklaryna taşlamak üçin ulanyp boljakdygyny aýdýar.

Bu onuň Hudaý baradaky beýannamalary bilen özüne açylan Hudaýyň hakykylygynyň arasynda geçirip bilen iň gowy deňeşdirmesidir. Belki, bu iki sözlem onuň ýigrimi ýyldan gowrak wagtyň dowamynda ýazan sahypalarynyň hemmesinden-de köpräk zat aýdýandyr. Bu sözler pes göwünlilikden we guwançdan doludyr, sebäbi Foma Akwinskiý özünden müň ýyl owal Bagly Awgustiniň başdan geçiren zadyny duýdy: «Hudaý bilinmezlikde has gowy tanalýandyr».

Hudaý baradaky açyşlar aslynda Ony tanamaýandygymyzy boýun alanymyzda başlanýar. Biziň islendik kesgitlemämiz kontekst we adamyň derejeleri boýunça böleklere bölünýär. Biziň Hudaýyň tebigatyny söz bilen beýan etme ukybymyzy, ýaňy dil çykaryp başlan çaganyň ejesini suratlandyrjak bolşuna meňzedip bolar. Bütin älemde

adamlar ýaradylyşyň diňe azajyk böleginde ýaşaýarlar. Bu çägäniň üstünde durup, okeanyň giňligini we çuňlugyny suratlandyrmaga synanyşmak ýaly zatdyr.

## Biziň Hudaýymyz Kim?

Şeýle-de bolsa, Atamyz biziň Özüne golaýlaşmagymyzy, Özüni has gowy tanamagymyzy, Özüniň barlygyny duýmagymyzy we sesini eşitmegi öwrenmegimizi isleýär. Ot barada bilmek – bu bir zat, emma onuň ýagtysyny, gyzgynyny we ýakyşyny duýmaklyk düýbünden başga zat. Edil şonuň ýaly, Hudaý hem, diňe bir Özi *barada* ýöne bir bilmeklige däl-de, eýsem, bizi Özüni tanamaklyga çagyrýar. Aşakda Hudaý baradaky hakykatlaryň käbirleri sanalyp geçilen, sebäbi Mukaddes Ýazgyda Ol hut şonuň ýaly görkezilýär:

**Men ýeke-täkdirin.** Kanun tagl. 6:4; Mark 12:29; Galatýalylar 3:20; 1 Tim. 2:5; Ýakup 2:19.

**Men Alfa hem Omegadyryn.** Aýanlyk 1:8; 21:6; 22:13.

**Men Biribardyryn.** Müsürden çykyş 3:14.

**Men asyrlar boýy Bardyryn.** 1 Ýyl ýazgylary 16:36.

**Men siziň imanyňyzyň gözbaşydyryn we kämilleşdirijisidirin.** Ýewreýler 12:2.

**Men ýeri hem gögi ýaratdym.** Gelip çykyş 1:1.

**Men başarýandyryn.** Matta 3:9.

**Men ýagşydyryn.** Mark 10:18; Luka 18:19; 1 Tim. 4:4.

**Men siziň araňyzdadyryn.** Kanun tagl. 6:15; Luka. 17:21; 1 Кor. 14:25.

**Men hakykydyryn.** Ýohanna 3:33.

**Men seniň şypagäriň.** Müsürden çykyş 15:26.

**Men Ruhdyryn**. Ýohanna 4:24.

**Men Atadyryn.** Ýohanna 6:46; Filipililer 2:11.

**Men Ogulda şöhratlandym.** Ýohanna 13:31.

**Men şaýatdyryn.** Rimliler 1:9; Filipililer 1:8; 1 Salonik. 2:5.

**Men açykdyryn.** Rim. 1:17.

**Men siziň tarapyňyzdadyryn.** Rim. 8:31.
**Men hemme zadyň Hökümdarydyryn.** Rim. 9:5; Ef. 4:6.
**Men rehimdardyryn.** Kanun tagl. 4:31; Rim. 12:1.
**Men dogrudyryn.** 1 Кor. 1:9; 10:13; 2 Кor. 1:18.
**Men ynsan danalygyndan danadyryn.** 1 Кor. 1:25.
**Men bidüzgünçiligiň Hudaýy däldirin.** 1 Кor. 14:33.
**Men parahatlygyň Hudaýydyryn.** 1 Кor. 14:33.
**Men seniň ukybyňdyryn.** 1 Кor. 3:5.
**Men duýgudaş hem rehimlidirin.** Müsür. çyk 34; Nehemýa 9.
**Men gaharda haýaldyryn** Ýowel 2:13; Nahum 1:3.
**Men arşa galdyrylandyryn.** Filip. 2:9.
**Men sizde hereket edýärin.** Filip. 2:13.
**Men göze görünmeýärin.** Кol. 1:15.
**Men geljek Hudaýdyryn.** Кol. 3:6.
**Men adyl Kazydyryn.** 2 Salon. 1:5.
**Men hemme adamlaryň Halasgäridirin.** 1 Tim. 2:3; 4:10.
**Men baglar bilen bagly däldirin.** 2 Tim. 2:9.
**Men hemme zadyň Binagäridirin.** Ýewr. 3:4.
**Men dogruçyldyryn**. Ýewr. 6:10.
**Men diridirin.** Ýewr. 10:31.
**Men iýiji Otduryn.** Kanun tagl. 9:3; Ýewr. 12:29.
**Men nurdyryn.** 1 Ýohanna 1:5.
**Men siziň ýüregiňizden uludyryn.** 1 Ýohanna 3:20.
**Men bar bolan, bar we geljek Hudaýdyryn**. Aýanlyk 1:8.
**Men mukaddesdirin.** Aýanlyk 4:8.
**Men Gudratygüýçlüdirin.** Aýanlyk 11:17.
**Men siziň galaňyzdyryn.** Müsürden çykyş 15:2.
**Men seniň aýdymyňdyryn.** Müsürden çykyş 12:2.
**Men gabanjaň Hudaýdyryn.** Müsürden çykyş 34:14; Kanun tagl. 4:24.
**Men ynsan däldirin.** Çölde 23:19; Hoşeýa 11:9.

**Men hudaýlaryň Hudaýydyryn we hökümdarlaryň Hökümdarydyryn.** Kanun tagl. 10:17.

**Men beýik, güýçli we gorkunç Hudaýdyryn.** Kanun tagl. 10:17.

**Men ýüz görmezekdirin.** Kanun tagl. 10:17.

**Men seniň öwgiň.** Kanun tagl. 10:21.

**Men söweşde seniň bilendirin.** Kanun tagl. 20:4.

**Men söweşijidirin.** Müsürden çykyş 15:3.

**Men seniň gaçybatalgaňdyryn.** Kanun tagl. 33:27.

**Men seniň gaýaň hem gaçybatalgaňdyryn.** 2 Şamuwel 22:32, 33.

**Men Hudaýdyryn we Menden başgasy ýokdur.** Kanun tagl. 4:35; 1 Patyş. 8:60.

Bu entek sanawyň hemmesi däl! Men bu häsiýetleriň her birini öwrenmegi teklip edýärin, ýöne bu bapda biz olaryň üçüsine serederis. Birinjisi – Hudaý ýeke-täkdir.

## Hudaý ýeke-täkdir

> «Eý, ysraýyl halky, gulak goý. Hudaýymyz Reb ýeke-täk Rebdir. Hudaýyňyz Rebbi tutuş ýüregiňiz we janyňyz-teniňiz bilen, ähli güýjüňiz bilen söýüň» (Kanun taglymaty 6:4, 5).

«Ýeke-täk» Hudaý diýmeklik beýleki hudaýlaryň arasynda birdir we älemdäki haýsydyr bir ýaryşda baş bolup durýandyr diýip pikir etmek ýalňyş bolar. Hudaýyň ýeke-täkligi Onuň birinjiligini aňlatmaýar-da, onuň umuman ýeke-täk birdigini aňladýar. *Bir* başgasynyň ýokdugyny aňladýar. Ikinji, üçünji ýa dördünji belgili hudaýlar ýok. Ol mynasypdyr, sebäbi Ol bir Hudaýdyr. Bu Isanyň iň beýik tabşyrygynda-da tassyklanylýar:

> Isa oňa şeýle diýdi: «Hudaýyňyz Rebbi tutuş ýüregiňiz, ähli düşünjäňiz bilen jan-tenden söýüň. Bu birinji we iň uly tabşyrykdyr» (Matta 22:37, 38).

Biziň Hudaýa bolan söýgimiz ýüregimiziň, jan-tenimiziň we aklymyzyň ýekeje beýan edilmesi bolmalydyr, ol sazlaşykly bolup, bir nokada gönükdirilen bolmalydyr. Biz diňe bir Hudaýa seredýäris, biziň tagzym etmegimize diňe Ol mynasypdyr. Ikä bölünen ýüregimiz sebäpli diňe Özüne erbet tagzym edýändigimizi Hudaý bilýär, ýöne Ol beýleki bäsdeş hudaýlara çydam etmeýär, şonuň üçin bu tabşyryk örän wajyp tabşyrykdyr. Onuň bize berilmeginiň sebäbi, Hudaýyň Özüniň bize bolan pozisiýasyna ynamly däldiginde däl-de, özümizi goramagymyz, ünsümizi bölmezligimiz we ýalňyş ýoldan gitmezligimiz üçin berlendir.

Häzirki zaman jemgyýetinde bu sözleriň nädogry bolup ýaňlanmagy mümkin, sebäbi özleriniň ýat hudaýlara tagzym edýändiklerini az adam boýun alýar. Biz gadymy siwilizasiýadaky hudaýlara tagzym etmeýärisde, özümize emeli butlary edinmäge meýilli bolýarys. Hudaý iň başynda Öz çagalaryna duýduryp, şeýle diýdi:

> «Özüňize butlar ýasamaň, heýkeller we uly daşlar dikmäň. Sežde etmek üçin ýurduňyzda oýma daş dikmäň. Siziň Hudaýyňyz Reb – Mendirin» (Lewiler 26:1).

Biziň az sanlymyz haýsydyr bir gudratlynyň şekili bolan heýkeli ýa-da daşy bagymyzda ýa-da öýümizde asyp goýýarys, ýöne bu butlary ýüregimizde götermeýändigimizi aňlatmaýar. But – bu siziň güýjüňizi sarp edýän we özüňiziň güýç alýan zadyňyzdyr. Bu ýaşamagy dowam etdirmek üçin siziň gidýän ýeriňizdir. Belki, siz olarda özüňiziň gaçybatalgaňyzy gözleýänsiňiz. Bu ýerdäki lezzetlere, iýmite ýa-da sosial durmuş ulgamyndaky haýsydyr bir zada köňül bermekden başlap, islendik zat bolup biler. Eger ýokardaky Hudaýyň häsiýetleri suratlandyrylýan sanawa seretsek, onda Onuň öz güýjümizdigine, durmuşymyzdygyna we gaçybatalgamyzdygyna düşüneris. Hudaýdan başga hiç hili adam, hiç hili gatnaşyklar, gurama ýa-da zat biziň üstümizden hökümdarlyk etmeli däldir.

Biziň käbirlerimiz üçin öz duýgularymyz özümiziň butumyz bolýar. Eger men özümiň owadandygymy duýsam, onda men owadandyryn

diýip pikir edýärin. Eger özümi gowy duýýan bolsam, onda meniň hemme zadym gowudyr diýip pikir edýärin. Eger biz diňe duýgular bilen ýaşasak, onda olar bizi aldar we örän tiz wagtdan biz nädogry pikirlere özümizi aldyrarys.

**But – bu siziň güýjüňizi sarp edýän we özüňiziň güýç alýan zadyňyzdyr.**

Hakykat Hudaýyň pes göwünlileri halas bolma bilen bezeýändigi sebäpli siziň owadan bolýandygyňyzdadyr. (Zebur 149:4-e seret). Siziň owadandygyňyzyň sebäbi, Hudaýyň hemme zady öz wagtynda owadan edýändigindedir (Wagyz kitaby 3:11-e seret). Ýalan butlara we ýerdäki dünýäniň daşky keşbi bezeýän adamlaryna sizi özleriniň owadanlyk pikirine uýdurmagyna ýol bermäň, sebäbi Hudaý *siziň üstüňizde* eýýäm ak patasyny yglan etdi ahyry! Muşdak hem esger bolan Dawut butparazlygy şeýle suratlandyrýar:

«Milletleriň butlary kümüş, tylladyr,
olar ynsan elleriniň işidir
Olaryň agzy bar, ýöne gürlemeýärler,
gözleri bar, ýöne görmeýärler.
Gulaklary bar, ýöne eşitmeýärler,
Burunlary hem ys-kok almaýar.
Elleri bar, ýöne hiç zat duýmaýar,
aýaklary bar, ýöne ýöremeýär,
bogazlaryndan ses-üýn çykmaýar.
*Şolar dek bolar olary ýasanlar,*
*we olara bil baglan ähli ynsanlar*» (Zebur 113:12–16).

«Şolar dek bolar olary ýasanlar» diýmek nämäni aňladýar? Biz adamyň bir zadyny beýgeldenimizde, özümizi adamyň döreden zady bilen çäklendirýäris. Butlar – hereket etmäge ukyply bolmadyk şekillerdir. Olarda diňe janly zatlaryň şekilleri bolýar, emma olarda başgalarda ýaşaýyş oýaryp biler ýaly güýç ýok. Şeýlelikde, olara

tagzym edýänler özlerine Hudaýyň beren duýgulary bilen ylalaşyk edýärler-de, seslerini kesýärler we hereket etme azatlygyny ýitirýärler. Hudaýa tagzym edeniňizde bolsa, siz şöhratdan şöhrata ýetip, Onuň keşbine öwrülýärsiňiz. Hudaý ýaly başga hiç kimiň ýoklugy sebäpli, Onuň yzyna eýermek üçin özüňize berlen aýratynlygy ýüze çykarmakdan gowusy ýokdur. Siz başga adamlaryň şägirdi bolup bilersiňiz, ýöne size olara tagzym etmek bolmaýar.

## Hudaý Alfa hem Omegadyr

Ikinji hakykat Hudaýyň bakydygynda jemlenendir, Ol asyrlar boýy bardyr. Başga sözler bilen aýtsak, Ol Alfa hem Omegadyr. Bular grek elipbiýiniň birinji hem iň soňky harplarydyr. Bu harplar bir sözlemde bile goýlanynda, olar başdan aýak hemme zady aňladýar. Alfa «başlangyç nokadyny, peýda bolmany, dogulmany, şapagy, başlangyjy we bosagany» aňladýar. «Omega» sözüniň kesgitlemesi beýle bir düşnükli däl, ýöne ol «soňy, soňky nokady, soňky çägi» aňladýar. Belki, «omega» sözüniň kesgitlemesi gümürtikräkdir, sebäbi biz adamlar boljak zatlara däl-de, bolan zatlara has gowy düşünýäris. Hut şonuň üçin hem, Hudaýyň maslahatyny eşitmek üçin bize Oňa golaýlaşmak gerek. Wagtyň iň uzak çäklerine diňe Ol baryp ýetdi. Biziň Hudaýymyz ýaly başga hudaý ýokdur. Işaýa pygamber şeýle diýýär:

> «Gadymdan bolan owalky zatlary ýatlaň,
> çünki Men Hudaýdyryn, Menden başga ýokdur,
> Men Hudaýdyryn, Maňa meňzeýän ýokdur.
> Ahyry başdan, heniz bolmadyk zatlary owaldan aýan edýärin».
> Men: «Maksatlarym berjaý bolar,
> bar isleglerimi amal ederin» diýýärin (Işaýa 46:9, 10).

«The Message» terjimesinde şeýle ýazylypdyr:

> «Özüňiziň uzyn hem baý taryhyňyzy ýatlaň. Men sizde bar bolan we geljekde hem boljak ýeke-täk, deňeşdirip bolmaýan,

> çalşyp bolmaýan, ahyrda näme boljakdygyny iň başynda aýdýan Hudaýdyryn. Men size boljak zatlary aýdýaryn we size dogrusyny aýdýaryn: “Men siziň bilen köp wagtlykdyryn, Men hut etmegi maksat edinen zatlarymyň hemmesini ederin”».

Hudaý hemme zadyň soňuny başda habar berýär. Ol Alfany ýazan badyna, Omegany aýdýar. Ol bizi yzymyza seredip, Özüniň wepalylygyny görmeklige çagyrýar. Daň şapagy dogan badyna, Ol eýýäm her günüň ahyryny bilýär.

> «Bolup geçen zatlary Men öňünden aýtdym, olary Meniň dilim habar berdi, olar barada Men yglan etdim; soň *Men duýdansyz hereket etdim, şeýlelikde, hemme zat berjaý boldy*» (Işaýa 48:3, häzirki zaman terjime).

Hemme zat amala aşdy, hemme zat berjaý boldy. Ol hiç zady gutarman goýmaýar; pikirini üýtgetmäge ýa-da kararyny ýatyrmaga hiç zadam Ony mejbur edip bilmeýär. Isa Onuň gutarnykly jogaby boldy.

> «Şonuň üçin, bulary size owaldan beýan etdim.
> «Bulary eden meniň butum, oýma, guýma heýkellerim
> bulary buýruk berdi» diýmeziňiz ýaly,
> berjaý bolmankalar, olary size aýan etdim.
> Indi eşidenleriň ählisini görüň;
> olary yglan etjek dälmisiňiz?
> Indiden beýläk size täze zatlary, bilmeýän, gizlin zatlaryňyzy
> aýdaryn» (Işaýa 48:5, 6, häzirki zaman terjime).

Gutulgysyz ýagdaýda lapykeç etjek ýa-da tamamyzy ödemejek adamlara we zatlara biz bil baglamaz ýaly, Hudaý başda gürleýär. Öz eden zatlarymyz barada gürrüň berenimizden, Onuň eden zatlary hakda gürrüň berenimiz has gowudyr, dogry dälmi? Ýaradanyň ýaradanynyň däl-de, Özüniň nämäni öňden habar berýändigini bileniň has gowy, dogrumy?

Mundan soň Hudaý şeýle diýýär:

> «Ol öň däl-de, häzir bolup geçýär, bu güne çenli sen bu barada eşitmediň, şoňa görä: “Men muny bilýärdim” diýip bilmersiň» (7-nji aýat, häzirki zaman terjime).

Şeýlelikde…

- Biziň Hudaýymyz soň barada başda habar berýär.
- Hudaý bizi Mesihde biz Özüni söýmezimizden öň söýdi.
- Ol bizi ýykylmazymyzdan öň tutdy.
- Ol bizi ötünç soramazymyzdan öň bagyşlady.
- Biz ýalaňaçdygymyza düşünmezimizden öň Ol bize dogrulyk geýmini geýdirdi.
- Hapalanandygymyza düşünmezimizden öň Ol bizi arassalady.

Özüne duşman we keseki bolanlary Hudaý Öz çagalary hem dostlary diýip atlandyrdy. Biz ilkinji demimizi almazymyzdan öň Ol biziň durmuşymyzyň taryhyny ýazdy. Deňi-taýy bolmadyk bu Hudaýy Öz bolşy ýaly görmäge we gyzgyn söýülýän hem-de ajaýyp çagalaryň edişleri ýaly, öz Ataňyza öýkünip başlamaga men sizi çagyrýaryn.

## Hudaý — bu Men Biribardyryn

Indi Hudaýyň – Men Biribardyryn adyna seredeliň. Müsürden çykyş kitabynda şeýle ýazylypdyr:

> Soňra Musa Hudaýa: «Eger men ysraýyllaryň ýanyna baryp: “Meni siziň ýanyňyza ata-babalaryňyzyň Hudaýy iberdi” diýsem, olar hem: “Onuň ady näme?” diýip sorasalar, men olara näme jogap bereýin?» diýdi. Hudaý Musa: «Men Biribardyryn. Ysraýyllaryň ýanyna baryp: “Meni siziň ýanyňyza Biribar iberdi” diýip aýt» diýdi (Müsürden çykyş 3:13, 14, häzirki zaman terjime).

Musanyň bu adyň manysy barada hökman pikir edendigine men ynanýaryn. Göz öňüne getiriň, siz bir adama duş gelýärsiňiz-de, ondan adyny soraýarsyňyz: Ol bolsa size: «Men Biribar» diýip jogap berýär. Siz şondan soňky düşündirişleri haýyş edýärsiňiz, size bolsa jogap

edip: «Men Biribardyryn» diýýärler. Munuň ýaly jogap sizi haýran galdyrsa gerek, bu täsin galarlykly zat däl. Ondan soňky gürrüňdeşligi göz öňüne getiriň: «Salam, Biribar! Ýagdaýlaryň nähili?» Oňa ýüzlenmek bilen siz bir wagtyň özünde özüňize ýüzlenýärsiňiz. Biziň haýran galmamyz Hudaý baradaky, hemme zady öz içine alýan, ýekeje we ýeke-täk Biri hökmündäki düşünjämizde ýaň bolup ýaňlanýar. Biziň üçin takyk at - «Men Biribar, sebäbi Ol bar».

Hudaý Biribardyr. Hudaý ýaşaýar, sebäbi Ol ýaşaýar. Men özümiň ýaşaýandygym üçin ýaşaýaryn, men ene-atamyň birigendikleri üçin ýaşamok. Ahyr netijesinde men Hudaýyň ýaşaýandygy üçin ýaşaýaryn. Ol ähli *janly* zatlaryň Ýaradyjysydyr.

Onuň *Biribardygy* üçin men özümiň Biribar bolan *Mesihdedigimi* aýdyp bilýärin. Meniň pikirimçe, bu bäş sözüň näderejede güýçlüdigine biz doly düşünmeýäris, sebäbi düşünýän bolsadyk, onda başgaça ýaşardyk. Dünýä bize Hudaýyň Kimdigini aýtmaga synanyşar, ýöne Ol bize Öz Oglunda açyldy. Ol Öz Oglunyň üsti bilen bize Özüni açmak isleýär, şeýle etmek bilen hem, özümize özümizi açmak isleýär. Bir gezek Isa Öz şägirtlerine bu hereketiň gidişine düşünmäge kömek etmäge çalyşýar.

> Isa Kaýsariýa-Filipi sebitlerine gelende, şägirtlerinden: «Ynsan Ogluna adamlar kim diýýärler?» diýip sorady. Olar: «Käbirleri Çümdüriji Ýahýa, käbirleri Ylýas, başgalary-da Ýermeýa ýa pygamberleriň biri diýýärler» diýdiler. Isa olardan: «Siz nähili pikir edýärsiňiz, Men kim?» diýip sorady. Petrus: «Sen diri Hudaýyň Ogly Mesihsiň» diýip jogap berdi. Isa Oňa şeýle diýdi: «Sen bu jogaby kitaplardan ýa-da mugallymlardan almadyň, Meniň Kimdigim baradaky syry saňa Meniň Gökdäki Atamyň Özi açdy. Indi bolsa men saňa seniň aslynda kimdigiňi aýdaýyn. Sen – Petrus, gaýa...» (Matta 16:13–18, «The Message»)

Siz muny eşidýärsiňizmi? Isanyň aslynda Kimdigi baradaky açyşy alanymyzda, özümiz barada eşitmäge taýýar bolan ýagdaýda bolýarys. Simun aslynda Petrusdy. Ol hemişe öz duýgularyna eýerýän balykçy

bolmaýar. Ol Mukaddes Ruh tarapyndan idelýän lider we gaýa bolýar. Men Isanyň şondan soňky sözlerinde buýsanjy hakykatdan duýýaryn:

> «Men Özümiň şeýle güýçli Ýygnagymy bu gaýanyň üstünde guraryn, ony hatda dowzahyň derwezeleri-de saklap bilmez. Bu entek hemmesi däl. Sende Hudaýyň Patyşalygyna doly hem azat girelge bolar, islendik gapyny açýan açar bolar we gök bilen ýeriň arasynda indi hiç hili päsgelçilik bolmaz. Ýerdäki "hawa" gökde-de "hawa" bolar. Ýerdäki "ýok" gökde-de "ýok" bolar» (Matta 16:18, 19, «The Message»).

Özüňiziň kimdigiňizi bileniňizde... özüňize nämäniň elýeter bolýandygyny bilersiňiz. Ýygnagyň häsiýeti we onuň gögüň baýlygyna bolan girelgesi onuň Mesih baradaky açyşy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Biz Sözi bilenimizde, Söz boýunça doga-dileg edenimizde, göklerde «Hawa» we «Omyn» ýaň bolup ýaňlanýar.

## Siz Isany nähili atlandyrýarsyňyz?

Siziň Hudaý baradaky düşünjäňiz özüňizde şöhlelenýär. Ol baradaky düşünjäňiz, ahyr netijesinde, öz durmuşyňyzda we kararlaryňyzda şöhlelener. Isany nähili atlandyrýandygyňyzyň mysalynda durmuşda Hudaýyň size nähili açylýandydygyna düşünip bolar. Eger siz Isany gowy Mugallym diýip atlandyrýan bolsaňyz, onda Ol size öwreder. Eger Ony paýhasly Halypa diýip atlandyrýan bolsaňyz, onda Ol size akyldarlyk berer. Yslamda Isany pygamber hem şypagär diýip atlandyrýarlar. Aýratynlykda bu atlar bary-ýogy ownujak bir zat bolýar. Ýöne siz Isany *Mesih, diri* Hudaýyň Ogly diýip atlandyrýan bolsaňyz, onda sizde Isa barada Reb hökmündäki açylyş ýaşaýar. Birinji Ýohannada şeýle ýazylypdyr:

**Siziň Hudaý baradaky düşünjäňiz özüňizde şöhlelenýär.**

> «Kim Isanyň Hudaýyň Ogludygyny ykrar edýän bolsa, Hudaý onda, ol adamyň özi hem Hudaýda bolýandyr. Biz Hudaýyň özümize bolan söýgüsini bildik we ony iman bilen kabul etdik. Hudaý söýgüdir, kim söýgüde bolýan bolsa, ol Hudaýda, Hudaý hem onda bolýandyr. Söýgi biziň aramyzda höküm gününi doly ynam bilen garşy alyp bilerimiz ýaly kämillige ýetdi, sebäbi biz bu dünýäde Mesihiň hereket edişi ýaly hereket edýäris» (1 Ýohanna 4:15–17, häzirki zaman terjime).

Bu hakykat sözlerinde ebedi baglanyşyk jemlenýär we Onuň halas etmesi bilen biziň hakyky ýagdaýymyzyň arasyndaky aralyk ýitýär. Biz Hudaýyň Sözüni aýdanymyzda, özümizi hakykatdan aýra salýan uçudyň üstünden köpri gurýarys. Biz özümiziň kimdigimiziň däl-de, Onuň Kimdiginiň esasynda Hudaýa meňzetme derejede goýlan. Bu meniň Onuň men bar bolan diýýäni bolandygymy aňladýar. Eger Isany nähili atlandyrmalydygymy bilsem, onda men özümiň Isadaky wezipämiň kömegi bilen özüme elýeter bolan Hudaýyň wadalarynyň hemmesine düşünip bilýärin we olary özüm üçin açyp bilýärin. Ol dogrudanam, Rebmi, şypagärmi, dünýäniň Şasymy, meniň imanymyň awtorymy we tamamlaýjysymy? Men Isany Hudaý diýip atlandyrýarynmy ýa-da Onuň ýöne bir gowy mugallymdygyny aýdýarynmy?

Ol söýgi bolany üçin men söýülýärin we söýüp bilýärin.

Ol ýaşaýyş bolany üçin men ýaşaýaryn.

Ol başaryp bilýändigi üçin menem başarýaryn.

Ol meniň Doganym bolany üçin men Hudaýyň gyzydyryn.

Ol gudratygüýçli bolany üçin men güýçlüdirin.

Ol şypagär bolany üçin men şypa alandyryn.

Ol dana bolany üçin men paýhaslydyryn.

Ol bar bolany üçin men bardyryn.

Ol Kim bolsa Şol bolany üçin men Onuň aýdanydyryn.

Men ajaýyp hem täsin ýaradylandyryn.

Men sizi Hudaýyň Sözüni öz durmuşyňyza çagyryp, ony

duýmaklyga çagyrýaryn. Edil şu wagtyň özünde başlamak üçin, geliň, bu pursaty doga etmek bilen belläliň.

*Gadyrly Gökdäki Atam!*

*Men barada Sen näme diýýän bolsaň, meniň şoldugym üçin Saňa minnetdar. Seniň keşbiňi peseldenim üçin meni bagyşla. Öz-özüme döreden butlaryma tazgym edenim üçin meni bagyşla. Men elde ýasalan çäkli şekilleri gudratly etmekden el çekýärin. Mukaddes Ruh, meniň durmuşymdaky şolardan dynmasy gerek bolan her bir ulgamy açyp görkez. Sen söýgisiň, şonuň üçin diňe men söýülýän bolman, eýsem başgalary-da Seniň söýşüň ýaly söýüp bilýärin. Sen meniň durmuşymyň çeşmesisiň, diňe Seniň kömegiň bilen men dem alýaryn.*

*Meniň durmuşymda başlan zadyňy Sen tamamlap bilýärsiň. Meniň öňümde goýan zatlaryň hemmesini etmäge ukyby maňa Sen berdiň. Mesihde men Seniň gyzyň, sebäbi Gökdäki Atam hemme zady edip bilýär. Seniň Ruhuň kömegi bilen mende zerur bolan güýjüň hemmesi bar. Sen meniň baş Şypagärimsiň, men indi ýaralary alan dünýämden şypa gözlemerin. Seniň akyldarlyk çeşmesi bolanyň üçin men Seniň maslahatlaryňa eýererin.*

*Başga adamlaryň sözleriniň üsti bilen Sen barada çäkli düşünjämiň bolmagyna ýol berenim üçin meni bagyşla. Men Seni ýakyndan hem çuň tanamak isleýärin. Seniň meniň pikir edişimden has uludygyňa men ynanýaryn. Haýyş edýärin, meni bäsdeşlik bolmadyk, ýöne gudratlardan doly bolan durmuşa alyp bar. Seniň Biribardygyň kömegiň bilen men Sen meni kim diýip atlandyrýan bolsaň şolduryn. Şu wagt näme duýýandygyma garamazdan, men ajaýyp hem täsin ýaradylandyryn.*

Isanyň ady bilen, omyn.

## Pikirlenmek üçin soraglar

1. Gudratygüýçlini öz tanyşlaryňyzyň biri ýa-da durmuşyňyzda başdan geçiren bir zadyňyz bilen deňeşdiren wagtyňyz bolupdymy? Mysal üçin, siz Ol öz kakaňyz ýaly (gowy ýa-

da erbet) diýip pikir edipdiňizmi? Häzir Ol hakda näme pikir edýärsiňiz?

2. Başga adamlaryň bilimleri bilen ýaşaýan haýsydyr bir ulgamyňyz barmy? Myş-myşlar babatda näme?
3. Siz nähili pikir edýärsiňiz, Awgustin: «Hudaý bilinmezlikde has gowy tanalýar» diýende nämäni göz öňünde tutýar?
4. Hudaýyň Özüni Men Biribardyryn diýip atlandyrýan ulgamlarynyň haýsysynda size Ony has gowy tanamak gerek?
5. «But – bu siziň güýjüňizi sarp edýän we özüňiziň güýç alýan zadyňyzdyr» diýmäniň kontekstinde durmuşyňyzda düşünmän özüňize butlar edinen ulgamyňyzy aýdyň.
6. Hudaýyň barlygynda, Onuň adyny Biribar diýip tutanyňyzda, Ol sizi nähili atlandyrýar?

# 3

# Biziň wadamyz bäsdeşsizdir

«Mesih bize şeýle köp wadalar berýär welin, biziň isleglerimiz Oňa juda gödek görünmeýär-de, gaýtam çekinjeňlikli görünýär. Biz özümize beýik şatlyk taýýarlanan wagtynda, içgiden, azgynçylykdan we üstünliklerden lezzet alýan akylsyzlar; ene-atasynyň özüni deňze äkitjekdigini bilmeýän çaga ýagşyň ýygnanan suwundan şeýle edip lezzet alýar. Bize ýaranmak kyn däl, juda aňsat».

K. S. LÝUIS

Täsir galdyryjy sözler!

Biz deňeşdirip bolmajak wada eýediris, ol biziň hazynamyzdyr. Ol hazynalar her bir garaşylýan zatdan we wagtdan ýokarydyr. Ol hazyna bize duýup bolmaýan güýç görnüşinde berilýär. Käbirleri şol sowgatdan peýdalanmaýarlar... ol bar, ol uklap ýatyr.

Eger men size şu wagtjyk öz hasabyňyza bir milliard dollaryň girenini aýtsam, belki, size aňsadrak we şatlyklyrak bolardy. Ýöne bütin ömrüňize sarp edip biljegiňizden has köp serişde size berlen bolanda-da... olar hiç haçan hakyky siziňki bolmaýar, sebäbi, kanun boýunça, ýerdäki hazyna gazanylan ýerinde galmalydyr. Siz öleniňizde

bolsa, ol ýerde galýar. Ýöne siziň eýe bolan hazynaňyz özgerýär, köpelýär we siziň bilen bile bakyýete gidýär.

Meniň gürrüňini edýän wadamyň, diňe bir baýlyk derejesinde däl-de, eýsem, aralyk derejesinde hem, bäsdeşi ýokdur. Şu wadanyň miwesi, siz gideniňizden soň hem, çagalaryňyza hemralyk eder, şeýle hem, ol sizi göklerde garşy alar. Bu wadany ogurlamak ýa-da gymmaty bolmadyk bir zat üçin, mysal üçin, Esawyň edişi ýaly, bir jam nahara, satyp bolmaýar (Gelip çykyş 25-nji baba seret). Eger ony gizleseň, arzuwlara hem umytlara dolasaň, ol hemme zatdan-da gowy saklanylýar. Eger ýüregiňiziň topragyny işläp bejerseňiz, onda bu hazyna güllär we köpeler. Ýürekleri özgeren millionlarça adamlaryň ýüreklerinde bu wada bardyr we näçe adam şol hazynadan öz paýyna dalaşgärlik etseler-de, ol hiç haçan azalmaýar.

Men şalaryň Şasynyň we rebleriň Rebbiniň ak patalary hakda gürrüň edýärin. Bu dollarda ýa-da altyn we kümüş bilen baglanyşykly bolardan ýa-da olar bilen ölçenilerden juda uludyr. Eger siz bir laý geýim bilen galsaňyz hem, şol hazyna hiç ýere gitmeýär. Bu baýlyk elde ýasalan zatlar bilen baglanyşykly däldir, ol ebedidir we doga-dileg etmäniň pyşyrdylary bilen geçirilip bilner. Gadyrly joram, siz hem, islendik täç geýdirilen zenan ýaly, şa zenansyňyz.

## Patyşanyň çakylygy

Göz öňüne getiriň, kimdir biri siziň gapyňyzy kakýar. Siz ony açmak üçin ylgap baranyňyzda, patyşanyň goýberen habarçysyny görýärsiňiz. Edil Zoluşka baradaky ertekidäki ýaly, ýöne patyşa köşgünden gelen ilçiniň deregine, siziň ýanyňyza perişde gelýär. Perişde şeýle uly we öwşün atyp duran bolany sebäpli, siz onuň arkasynda duranyňyzda, hiç zat görmeýärsiňiz diýen ýaly, ýöne siz özüňiziň muňa bolan garaýşyňyza garaşyp duran şaýatlar mähellesiniň duranyny bilýärsiňiz. Hudaýyň ilçisi size adyňyzy tutup ýüzlenýär-de, siziň mirasdardygyňyzy, Gökleriň Patyşalygynyň şa gyzydygyňyzy yglan edýär. Soň güýçli el çarpmalaryň sesi ýaňlanýar. Aňk bolup

duran siz: “Men?” diýip, sorag bilen jogap berýärsiňiz. Ol başyny atyp, size çakylygy gowşurýar. Siz sandyrap duran elleriňiz bilen bukjany açýarsyňyz. Ýalňyşlyk ýok, onda altyn harplar bilen gowuja edilip, siziň adyňyz ýazylypdyr. Siz demiňizi zordan alyp, ýaşdan doly gözleriňizi galdyrýarsyňyz we bosagada özüňizden başga hiç kimiň ýokdugyna düşünýärsiňiz. Perişde bilen şaýatlar gaýyp bolýar. Öýüň içindäkileriň biri size gygyryp: «Ol kim eken?» diýip soraýar.

Töwerekdäki ýagdaýlardan çen tutsaň, hemme zat öňküligine galan bolsa-da, sizi nähilidir bir üýtgemäniň bolandygyna düşünme duýgusy püre-pür edip doldurýar. Perişdäniň gelmeginiň maksady siziň ýagdaýlaryňyzy ýa-da ýaşaýan ýeriňizi üýtgetmek däl-de, sizi içki taýdan deňeşdirip bolmajak özgerşe çagyrmakdyr.

Özüňize serediň. Egniňizde gapyny açan wagtyňyzdaky geýim bar, ýöne sizi indi hiç zat gysmaýan, çäklendirmeýän we kesgitlemeýän ýaly, ol birden ýeňil bolýar. Siz öýüň içine gaýdyp gelýärsiňiz, aklyňyzam aýdyňlaşýar, soň siz öz ýaşaýan ýeriňiziň özüňiziň hakyky öýüňiz däldigine düşünýärsiňiz. Nirededir bir uzak ýerde öz Hudaýyňyzyň we Patyşaňyzyň esaslandyran şäheri bar, şol ýerde Ol size garaşýar. Siz myhman otagyndaky öz ýakynlaryňyzyň hiç zada düşünmeýän ýüzleriniň ýanyndan geçip, ýatýan otagyňyza tarap gidýärsiňiz. Öz otagyňyzyň ümsümliginde we ýekelikde siz bukjany açýarsyňyz-da, gyzyl çaýylan çakylygy seresaplyk bilen çykarýarsyňyz.

> *«Söýgüli gyzym, indi sen Gudratygüýçliniň şa gyzy Sarra ýaly täzeden doguldyň.*
>
> *Sen Isany ýakyndan tanamakda ösersiň, şeýdip, Onuň merhemeti bilen parahatçylygy seniň durmuşyňda kem-kemden köpeler.*
>
> Bu patyşalyk belligi päk ahlaklylyga barýan ýoluňda we bütin durmuş ýoluň dowamynda saňa gerek boljak zatlaryň hemmesine girelgäň boljakdygyny aňladýar. Mukaddes Ýazga çuň aralaşanyňda öz ýaşlygyň we aklyň täzelenjegine, özüňe sowgat berlen beýik hem gymmat bolan ajaýyp hazyna barada köpräk biljegiňe ynamly bol. Olaryň her biri saňa gudrat bilen berlendir! Söýgüli zenan, eger sen barybir şübhelenýän bolsaň, onda bilgin, bu çakylyklaryň

içinde iň gowusydyr! Seniň şu wagt bar etmeli zadyň – bu saňa bireýýäm arkasyny öwren dünýä arkaňy öwürmekdir».

Men uly batyrgaýlygy öz üstüme alyp, Petrusyň ikinji hatyndaky aýatlary biz üçin şahsy bolar ýaly etmek üçin üýtgetdim. Geliň, olary Mukaddes Kitabyň häzirki zaman terjimesinde okalyň:

> «Goý, Hudaýy we Rebbimiz Isa Mesihi tanamaklyk sizde merhemet hem parahatlyk köpeltsin! Bizi Özüniň şöhraty hem gowy işleri bilen çagyran Hudaýy tanamagymyz arkaly Onuň hudaýlyk güýji bize ýaşaýyş we päk ahlaklylyk üçin zerur bolan zatlaryň hemmesini berdi. Şolaryň kömegi bilen, hudaýlyk tebigata şärik bolmagymyz we ýerdäki höwesler sebäpli azmakdan gaça durmagymyz üçin, Ol bize iň beýik we gymmat wadalary berdi» (2 Petrus 1:2–4).

**Nämäni ileri tutmaly: mirasymy ýa-da galyndyny?**

Eger Isa ýüregimiň gapysyny kakmadyk bolsa, onda men hiç zatsyz galardym. Men diňe gudrat arkaly nämedir bir zady miras alyp bilerdim! Meniň ene-atamda doganym ikimize galdyrar ýaly hiç zady-da ýokdy. Eger men miras bilen galyndynyň arasynda saýlaw etmeli bolsam, onda nämäni saýlardymkam? Hudaýyň beren wadasynyň islendik emläkden ýokarydygyna men bireýýäm düşündim.

Biz şol beýik wadalaryna eýe bolmak ygtyýaryny nädip almaly? Olar bize iman boýunça degişlidir. Galatýalylara hatda (3:14) şeýle ýazylypdyr:

> «Biz wada edilen Mukaddes Ruhy iman arkaly alar ýaly, Ybraýyma berlen ýalkanyş Isa Mesih arkaly milletlere ýaýrady».

## Ybraýym hem Sara bilen duşuşyk

Bu wadalar hakda has köpräk bilmek üçin, geliň, tanyş taryha ýene göz aýlalyň-da, oňa bir gyradan seredeliň. Biziň beýleki adamlaryň

taryhyndan köp zady öwrenip bilmegimiz üçin Hudaý Mukaddes Kitapda taryhlary ýazdy. Men olary okan wagtymda, her bir taryhy özüm üçin janlandyrar ýaly, olaryň içinden esasy sözlemleri gözleýärin. Men onuň nähili bolandygyny göz öňüne getirýärin we Mukaddes Ruha diň salýaryn. Şeýle etmek bilen men kitabyň sahypalaryny ýöne bir okanymdan görmeýän zatlarymy görýärin we eşidýärin. Men özüme: "Olaryň ýerine bolan bolsam, özümi nähili duýardymkam? Meniň üçin näme has kyn we has gorkunç bolardy?" diýen soraglary berýärin.

Bu Mukaddes Ýazgyny okamagyň köp sanly usullarynyň diňe biridir. Ol doly derejede Mukaddes Kitap boýunçadyr. Bu pikirlenme usuly bolup, onuň kömegi bilen Mukaddes Ýazgy janlanýar. Mukaddes Kitapdaky ilkinji atalar we eneler – biziň erkek hem aýal doganlarymyzdyr. Men «selahy»[1] hut şonuň ýaly ulanýaryn («selah» mezmurlarda köp ulanylýar we sazly ýa-da liturgiýa belliklerini aňladýan ýewreý sözi. – *Terjimeçiniň belligi*) – arakesme edýärin we pikirlenýärin.

Ilki men size Ybraýymy görkezýärin. Ol biziň iman atamyz. Takwa, çirksiz, garry we hudaýhon adamy göz öňüne getiriň. Indi Sara. Ol biziň wada boýunça enemiz. Ol juda owadan, ol hem edil Ybraýym ýaly, takwa, çirksiz, garry hem hudaýhon.

Bu iki adam Hudaýyň çakylygyny eşidende, bar zatlaryny yzda galdyryp biler ýaly derejede batyr boldular. Hudaý önelgesiz jübütiň durmuşyny we ömrüni ýalkamaga wada berdi. Olar bilelikde görlüp-eşidilmedik başdan geçirmä başlaýarlar. Olar özleriniň ozal hiç haçan görmedik zadyny, Hudaýyň ýaradan halkyny gözlediler. Biz olara goşulmazymyzdan öňürti, olar onlarça ýyllar ýörediler. Ybraýymyň ýüz ýaşy dolmalydy, onuň aýaly Saranyň bolsa, togsan ýaşy dolmalydy.

Olar çölde ýöränlerinde, ýokary uçuşlary we pese düşmeleri köp boldy. Ine, meniň gysgajyk terjimehalym. Hudaý olara ak pata berende, olar özleriniň durmuşynda ýüze çykan ezýetlere döz geldiler. Bu olary jigisi Lut bilen aýrylyşmaga alyp bardy, Sarany faraonyň haremhanasyna alyp gidýärler, Sarany haremhanadan çykaryp goýberýärler. Soň olar ýoluny dowam etdirýärler, kiçiräk uruşda üstün

çykyp, özleriniň ogurlanan jigisini halas edýärler we Gudratygüýçli Hudaýyň ruhanysy bolan Mäliksadyk patyşa bar zadynyň ondan bir bölegini berýärler. Sara Hajary Ysmaýyl ady dakylan çagany dogurmagy üçin öz adamsyna berende, olar durmuşda agyr synaga düşüpdiler we erbet karara gelipdiler. Sara lapykeçlikden ýaňa gaty gaharlanyp, jenjel turuzýar. Ärden, aýaldan we hyzmatkärden ybarat bolan bu üçburçlyk kimdir birine ýaraýandyr diýip pikir edemok.

Ybraýym bilen Sara baradaky gysga taryhdan hiç zady sypdyrmazlyk üçin, geliň, pursatlaryň birnäçesini belläp geçeliň.

1. *Olar bile boldular.* Ybraýym bilen Sara yzlaryna garaman, Urdan çykdylar. Yza ýol ýokdy. Hudaý olary çagyrdy, olar hem gitdiler. Nokat. Gelip çykyş kitabynda (12:1,2) şeýle ýazylypdyr:

   «Reb Ybrama şeýle diýdi: «Öz ýurduňy, kowumdaşlaryňy we ataňyň hojalygyny taşla-da, Meniň saňa görkezjek ülkäme git. Senden beýik bir millet ýaradyp, adyňy arşa götererin, başgalar sen arkaly ýalkanarlar…».

   Hudaý haýsydyr bir täze zat üçin ýol taýýarlady. Ol olary ynamda hem umytda öňe alyp gitdi. Olar ýalňyşlyk goýberdiler, emma yza garamadylar.

2. *Olar ähli jedelleri bir gyra goýdular*. Ybraýym bilen Sara Ury terk etdiler, emma Luty alyp gaýtdylar (bu gowy pikir bolmandy). Ybraýymdaky ak pata Lutuň baýlygynyň köpelmegine alyp bardy. Olar bolýan ýerine sygman başlanlarynda, çopanlary urşup başladylar. Ýagdaýlary erbetleşdirmezlik üçin Ybraýym Luta saýlaw etme hukugyny berdi. Bile bolup, urşup ýörenlerinden, olaryň aýra bolany gowudy. Üns beriň: eger siz durmuşda bile bolmaly däl adam bilen ýöreseňiz, onda Hudaý siziň ikiňizi-de şeýle bir giňeldýär welin, şonda siz bölünmeli bolýarsyňyz. Uruşmaklyk Hudaýyň ak patalaryny we durmuşyňyzyň netijeliligini kemeldýär.

3. *Olar iman işlerini etdiler.* Ybraýym Mäliksadyga emläginiň ondan

birini berende, ol muny Hudaýyň ak patalarynyň esasynda etdi. Sodomdan oljalary özüne almagyň deregine, ol iman boýunça zekat berdi, bu bolsa, onuň umydyna düýp esas berýär.

Hudaý Ybraýyma görnüp, Gelip çykyş kitabynda (17:4,5) ýazylan wadany yglan edende, bu bölekleriň üçüsi-de düşnükli boldy:

> «Seniň bilen edýän ähtim, ine, şudur. Sen köp milletleriň atasy bolarsyň. Indiden beýläk seniň adyň Ybram däl-de Ybraýym bolar, çünki Men seni köp milletleriň atasy edýärin ...».

## Ebedi äht

Siz özüňiziň mirasdardygyňyzy bileniňizde, Hudaý siziň derejäňizi üýtgedýär. Hudaý Ybramyň adyny Ybraýym edip üýtgedeninde, biziň atamyzyň durmuşy giňeldi. Indi ol halksyz adam bolmaýar... ol milletleriň atasy bolýar. Gelip çykyş kitabynyň 17-nji aýadynda Hudaý bu ähtiň giňişligini we belentligini jikme-jik suratlandyrdy. Ybraýymyň durmuşy «nesiller» we «ebedi» diýen sözler bilen häsiýetlendiriler. Ybraýymyň çet ýurtly we jahankeşde bolup ýörän topragy günleriň birinde onuň nesilleriniň mirasy we hemişelik emlägi bolar. Hudaý Ybraýym bilen bile bolşy ýaly, onuň nesilleri bilen hem bolmaga wada berdi. Öz geljeginiň beýikligini görende, Ybraýymyň Hudaýyň barlygynda möňňürip aglaýşyny göz öňüne getirýärin.

Hudaýyň öňünde Ybraýymyň ellerini galdyryşyny, dyza çöküşini we aglan ýüzüni ýyldyzlara tarap galdyranyny göz öňüne getirýärin. Ol boş asmanyň garaňkylygynda öwşün atýan ýagtyly nuruň gyrasyna elini degirjek bolýan ýaly, ellerini ýokary galdyrýar. Ol minnetdarlykdan püre-pür. Wadanyň her bir sözi süňkden geçip, ýilige ýetýär. Belli bir wagtda ýaş gabygy ýitrim bolup, Ybraýym ýene ýaşajyk bolýar, onuň her bir öýjügi gudrat bilen ýaşarýar.

Ybraýymyň täze ady ýüregini şatlykdan hem umytdan doldurýar. Ol Ysmaýyly görüp: «Bu zatlaryň hemmesi seniňkidi, oglum, seniň

durmuşyň köpelmeden we ak pataly hem giň ykbaldan ýaňa giňeler» diýip pikir edýär.

Reb Ybraýyma ähtiň alamaty talap edýändigini aýdýar. Bu Nuha berlen älemgoşar ýaly, owadan umumy alamat däldi-de, agyryly şahsy alamatdy. Ybraýymyň öýündäkileriň hemmesi sünnetlenilmelidi. Jyns agzasynyň ujunyň kesilmegi Ybraýymyň we onuň nesilleriniň Gudratygüýçli Hudaý bilen ähtdedigini aňladýardy. Soň Hudaý bilen bolan gürrüňdeşlik başga öwrülişige eýe bolýar:

> Hudaý Ybraýyma: «Indi aýalyňyň adyny Sare diýip tutma. Mundan beýläk onuň ady Sara bolar. Men Sarany ýalkaryn; ondan saňa bir ogul hem bererin. Men ony ýalkaryn; ol ençeme milletleriň enesi bolar. Onuň neslinden şalar dörär» diýdi (Gelip çykyş 17:15, 16).

Men Ybraýymyň ýüzündäki haýran galmany anyk görýärin. Ol düşünmän, gaşlaryny çalaja galdyrýar... Sara? Meniň bilen äht? Ýöne mende eýýäm oglum bar ahyry... Ysmaýyl. Ol meniň Hajardan bolan oglum. Soragyň indiki düzülişi Ybraýymy ýene ýere ýüzin ýykylmaga mejbur edýär.

> «Ybraýym Onuň öňünde ýüzin düşdi; soňra ol gülüp, içinden: «Ýüz ýaşyndaky adamdanam bir, heý, çaga doglarmy?! Togsan ýaşyndaky Sara-da bir çaga dogrup bilermi?!» diýdi» (Gelip çykyş 17:17).

Özüniň ogul dogurjakdygyny eşideninde gülen Sara enemiz hakda biz köp eşidýäris, ýöne Ybraýym Hudaýyň wadasynyň üstünden ilki bolup güldi. Ol diňe bir gülmän, eýsem, alternatiw teklip hem etdi:

> «Soňra Ybraýym ýene Hudaýa: «Ysmaýyly mirasdarym hökmünde kabul etsediň!» diýdi» (Gelip çykyş 17:18).

Ybraýym Ysmaýyly meýilnamanyň içine salmaga synanyşýana meňzeýärdi. Sarany bu zatlara goşmak nämä gerek? Onuň adynyň täze bolanynyň ýa öňki adynyň bolanynyň näme tapawudy bar, onuň

adamsy-da garry. Onuň bu sözleri näme üçin aýdýandygyna men düşünýärin. Ýöne Hudaýda düýbünden başga meýilnama bar:

> Hudaý şeýle diýdi: «Ýok! Hut öz aýalyň Sara saňa bir ogul dogrup berer. Sen onuň adyna Yshak dakarsyň. Men onuň özi we tutuş nesli bilen ebedilik äht baglaşaryn» (Gelip çykyş 17:19).

«Hut öz aýalyň Sara ...» — örän düşnükli sözler. Hudaý onuň pikirlerini okaýan ýalydy. Göz öňüne bir getirip görüň! Hudaý Ybraýymy eşidip, Ysmaýyla ak pata berýär, ýöne ebedi ähtiň çäklerinde däl.

Iki adam nikada bir bitewi bolanda, Hudaý bilen baglaşylan äht olaryň ikisine-de degişli bolýar. Elbetde, Ybraýym Ysmaýyly gowy görýärdi, Hudaýyň wada beren zatlarynyň hemmesiniň onda-da bolmagyny Ybraýymyň islemeginde hiç hili adaty däl zat ýok. Ýöne Ysmaýyl gyrnakdan bolan oguldy, ol aladalar dünýäsi we ten islegleri bilen baglanyşyklydy. Bäsdeşi bolmadyk wada nusgasy, meňzeşligi bolmadyk alamat hem gudrat hökmünde gelmelidi. Önelgesiz garry aýal çaga dogurmalydy.

> «Emma Men Öz ähtimi geljek ýylyň hut şu pursatynda Saradan doguljak Yshak bilen baglaşaryn» (Gelip çykyş 17:21).

Bizem edil şunuň ýaly zady köp edýärismi? Hudaý bize nämedir bir täze we gurdatly zat etjekdigini aýdýar, biz bolsa, ynamsyzlykda sandyrap durýarys. Ol biziň durmuşymyzy giňeltmek isleýändigini aýdýar, biz bolsa, Oňa alada galmagyň gerek däldigini aýdýarys... «Diňe mende eýýäm bar zada ak pata ber». Bizde bar bolan zat, biziň edýän zatlarymyz ýeterlik derejede köp däl. Hudaý biziň durmuşymyza gatnaşmak isleýär. Ol nesiller dowamynda pikir edýär. Äht entek dogulmadyk Yshagyň üsti bilen baglanyşylmaly. Ybraýymyň ten islegi boýunça doglan çagasynyň üsti bilen däl-de, üstünden gülen çagasynyň üsti bilen!

Meni Ybraýymyň adamçylygy örän güýçli ruhlandyrýar. Onda biziň

hemmämiz üçin sapak bar. Hudaý Öz rehimi bilen, hatda biziň öz güýjümiz bilen eden zadymyza-da ak pata berýär, ýöne Onuň ebedi ähti adam güýjüniň çäklerinden daşda tassyklanylýar.

## Täze at = täze ykbal

Ýewreý däbine laýyklykda, atda adamyň güýji hem ykbaly jemlenilýär. Şonuň üçin adamyň adynyň üýtgedilmeginde onuň tebigatyny üýtgedýän güýç bolýar. Mysal üçin, biz öz ogullarymyza öz atlarynyň manysyny şöhlelendirýän häsiýeti bolsun diýen niýet bilen at saýladyk. Men muny Atam Hudaýdan öwrendim, sebäbi her gezek olaryň atlaryny tutanymda, şol adyň olaryň durmuşyndaky manysyny yglan edýärin.

Adamlar öz tebigatyny şöhlelendirmegi bes edenlerinde, Hudaý olaryň atlaryny ýygy-ýygydan üýtgetdi. Ýygnaga azar beriji Şawul Pawlus boldy, balykçy Simun Isadan «gaýa» diýmegi aňladýan Petrus adyny aldy. Yshagyň ogly Ýakup «Hudaýyň şazadasy» diýmegi aňladýan Ysraýyl boldy. Biziň Hudaýymyz mydama adamlaryň atlaryny çalyşýar. Käwagt maňa bu şaýady gorama programmasyna biziň hemmämiz Isanyň ady bilen gatnaşýan ýaly bolup görünýär.

Hudaý Ybraýym bilen äht baglaşanynda, Ol onuň adyny üýtgedip, ukyplaryny güýçlendirdi. Meniň messian rawwini bolan Braýan Bileçi atly gaty gowy bir dostum bar. Ol maňa ady üýtgetmäniň manysyny düşündirdi. Ybramyň adyny Ybraýym diýip üýtgetmek üçin onuň adyny ikä böldi-de, oňa Öz adynyň bir harpyny goşdy. Ybram ady «beýgeldilen ata» diýmegi aňladýar. Giňeldilen Ybraýym «köpleriň atasy» diýmegi aňladýar.

Täze at Ybraýymyň *kim* boljakdygy hakda gürrüň berýärdi. Bu atamyz diri wagtynda doly derejede amala aşmady. Ýöne Ybraýymyň öz durmuşy bilen Hudaýy şöhratlandyrmagynyň netijesinde onuň mirasy çäksiz köpelýär. Şahsyýetiň siziň ykbalyňyz bilen berk baglanyşyklydygyny ýatdan çykarmaň. Rawwin Braýan Hudaýyň wadasynyň diňe Ol Ybraýymyň aýaly Saranyň adyny giňeldeninden

soň berjaý bolandygyny hem görkezdi. Sare «Ýehowa şazadadyr» diýmegi aňladýar, onuň täze Sara ady bolsa, “Hudaýyň şa gyzy” diýmegi aňladýar. Hudaý Özüniň Ýahwe adynyň bir harpyny onuň adyna goşdy.

Adyň munuň ýaly üýtgedilmegi Saranyň indi kim bolandygyny aňladýar. Täze ady ony Hudaýa berk baglanyşdyrdy we şol bir wagtyň özünde-de, onuň wada boýunça bolan gyzlarynyň hemmesiniň patyşalyk pozisiýany eýelejekdigini görkezip başlady. Täze adyň kömegi bilen taryhy Saranyň eli däl-de, Hudaýyň eli döredip başlady.

Saranyň adyndan erkeklik başlangyç («Ýehowa şazadadyr») ýitenden we zenanlyk başlangyç («Hudaýyň şa gyzy») peýda bolanyndan soň, onuň manysy ýumşap, kabul etmäge ukyply bolan pozisiýa peýda bolýar. Ybraýymyň täze adynyň manysy giňelende, ol köp zady özünde jemläp başlady, ýöne wadanyň tohumyna mynasyp toprak gerekdi. Saranyň durmuşy toprak boldy we ýatgysy wada sebäpli janlandy.

Sara täze at alanyndan soň, ol Ybraýyma we Sara ynanylan wadanyň pyntyklaryny çykarmaga taýýar bolan toprak ýaly boldy. Hudaý Ybraýym hakda onuň köp halklaryň atasy boljakdygyny, Saranyň bolsa, halklar boljakdygyny aýtdy; halklaryň patyşalary Saradan gelip çykar. Hudaý olaryň ikisine-de göni manyda düşünje we görüş goşup berdi.

Adamlar biri-birine we özleriniň Hudaýyna hormat bilen garanlarynda, Ýaradan mümkin bolmajak zady etmäge başlaýar. Ýapyk ýatgy ýaşaýyşdan dolýar we dogurmak üçin berkeýär, söýgüsi ýiten nikalar şypa alýar, ogullar we gyzlar jynlardan halas bolýar, çagalar ölümden direlýär. Umyt täzeden döreýär, iman tutaşýar, söýgi dabaralanýar, duşman bolsa, yza serpilýär, sebäbi ýalanyň sesi lal bolýar.

Sizem hatda özüňiz akyl ýetirýän bolmasaňyz hem, ýokardan doglanyňyzda, täze at aldyňyz. Siziň adyňyzam giňeldi. Ybraýyma wada berlen tohum bolan Isa, diňe bir Öz adynyň bir harpyny goşup, siziň adyňyzyň bir harpyny köpeltmän, eýsem Öz adyny ulanmak

arkaly Atanyň ýanyna barmagyňyz üçin çäksiz ýoly hem açdy. Ýohannanyň Hoş Habarynda (16:26, 27) şeýle ýazylypdyr:

> «*Şol gün Meniň adym bilen dilärsiňiz*. Men siziň üçin Atadan dilärin diýmeýärin. Çünki Atanyň Özi sizi söýýär, sebäbi siz Meni söýýärsiňiz, Meniň Hudaýdan gelendigime iman etdiňiz».

Isa haçda biziň deregimize asylyp duranda ýalaňaçka, biziň utanjymyzy ýapyndy. Ol hapa, zaýa bolan biz üçin Özüniň günäsiz janyny meýletin berdi we şol doly bahasyndaky gurbanlygy bilen bizi doly halas etdi we biziň her birimize, wada boýunça bolan her bir ogluna we her bir gyzyna ýer berdi.

## Siz degişýän bolsaňyz gerek!

Hudaý ýene Ybraýymyň ýanyna gelende, biziň 18-nji bapdaky taryhymyz dowam edýär. Ybraýym öz çadyrynyň öňünde, kölegede we käwagt salkyn ýel öwüsýän ýerde otyr. Ol gözlerini galdyranynda, öz öňünde, Mamräniň dub tokaýjygynyň ýanynda, duran üç adamy görýär. Şol adamlaryň perişdeler bolandygy baradaky pikir bilen alymlaryň köpüsi ylalaşýarlar. Ybraýym olaryň ýanyna ylgap barýar-da, olara başyny egýär we öz öýünde galmaklaryny haýyş edýär.

> «Eý, jenabym, eger men siziň göwnüňizden turan bolsam, onda öz guluňyzyň duşundan sowlup geçmäň. Men size aýagyňyzy ýuwar ýaly suw getirdeýin. Şu agajyň aşagynda dem-dynjyňyzy alaýyň. Size güýç-kuwwat berer ýaly bir bölek nan getireýin, çünki ýoluňyz bendäňiziň üstünden düşdi ahyryn! Soňra ýoluňyzy dowam etdirersiňiz». Olar: «Aýdyşyň ýaly edäý» diýdiler» (Gelip çykyş 18:3–5).

Onuň şol ýolagçylary saklap, olary öz öýünde hormat bilen kabul edişi maňa ýaraýar. Ybraýym, elbetde, az wada berýär, ýöne köp zat edýär. Ol Saranyň ýanyna ylgap baryp, iň gowy undan çörek bişirmegi tabşyrýar. Soň ol sürüsiniň ýanyna baryp, iň

gowy bakylan göläni saýlap alyp, ony damagyny çalmagy we eti bişirmegi üçin hyzmatkäriniň ýanyna alyp barýar. Hemme zat taýýar bolanda, Ybraýym myhmanlara ýag, süýt we göle etini berýär. Ol myhmanlaryna baýramçylyk edýär-de, ýöne bir garbanar ýaly zat däl-de, eýsem bol nahar berýär.

Myhmanlar nahar başynda otyrkalar, oňa sorag berýärler:

> «Olar Ybraýymdan: "*Aýalyň Sara* nirede?" diýip soradylar. Ol: «Şu taýda, çadyrda» diýip jogap berdi. Myhman: «Bir ýyldan soň men seniň ýanyňa ýene dolanyp gelerin, Saranyň ogly bolar» diýdi. Sara *diňläp durdy, ol onuň arkasynda çadyryň agzynda durdy*» (Gelip çykyş 18:9, 10, häzirki zaman terjime).

Men bu zatlary okan wagtymda, birden çadyryň içine, Saranyň ýanyna geçirilen ýaly boldum. Men onuň egniniň üstünden görjek bolup, deşikden seredýärin. Ybraýym myhmanlar bilen agaçlaryň salkyn kölegesiniň aşagynda otyr. Olaryň eşiklerini pasyrdadýan, oazisdäki ýapraklary ygşyldadýan we çadyryň matasyny gymyldadýan çölüň gury şemalyna olaryň sesleri gowy gelýär.

Içerde duran Sara olaryň gürrüňini eşidýär, ýöne oňa goşulmaýar, sebäbi ol olaryň ýanlarynda däl. Sara gymyldaman ümsüm dur, ýöne Mukaddes Ýazgy bize onuň pikirini açýar:

> «Olaryň ikisem, Ybraýymam, Sara-da, eýýäm ýaşlary bir çene ýeten garrydylar, Sarada adatça aýallarda bolýan zadam bolmaýardy. Ol öz ýanyndan güldi-de: "Men gülläp boldum, indi hezilligiň wagty geldimi? Meniň adamymam garry..." diýip pikir etdi» (Gelip çykyş 18:11, 12, häzirki zaman terjime).

Bu ýerde Ybraýymyň meni haýran galdyrýan garaýşy görünýär... eýsem, Sara oglunyň boljakdygy baradaky wadany birinji gezek eşidýärmi? Sara duýdansyz tutulan ýaly boldy. Käwagt wada has-da mümkin däl ýaly bolup görnen pursatynda, bizi onuň berjaý bolmagyna güýçli ýakynlaşdyrýar.

Azajyk öňräk Gelip çykyş kitabynda (17:21) şeýle ýazylýar: «indiki ýyl takmynan şu wagtlar». Wada Saranyň eşiden wagtynda gaýtalananda, «[indiki ýyl] edil şu wagt» diýilýär. Grafigiň ýerleşendigi göze görnüp dur. Hudaý bilen Ybraýymyň arasyndaky gürrüň bilen şol üç perişdäniň gelmeginiň arasyndan anyk näçe wagtyň geçendigini aýtmak kyn, ýöne elbetde az wagt geçendir. Has takygy bir aýdan köp wagt geçmedi. Reb şeýle karara geldi, Sara bu gürrüňi eşitmelidi.

> «Şonda Reb Ybraýyma: «Näme üçin Sara "Men garry çaga dogrup bilerinmi?" diýip güldi?» diýdi. «Eýsem, Rebbiň başarmajak zady barmy? Indiki ýyl takmynan şu wagtlar ýanyňa dolanyp gelenimde, Saranyň ogly bolar». Sara gorkup: «Men gülmedim» diýip garşy çykyp başlady. Reb: «Ýok, sen güldüň» diýdi (Gelip çykyş 18:13–15, häzirki zaman terjime).

Sara diňe bir gülmän, eýsem, ýalanam sözledi! Ol gorkdy, sebäbi bu ynamsyzlyk gülküsidi; «a-ý, siz degişýärsiňiz»… has takygy gülküjik.

## Seniň aýalyň Sara nirede?

Öňdäki we yzdaky aýatlar meni ol ýerde ýene näçe zadyň aýdylman galandygy hakda pikirlenmäge mejbur edýär. Men belläp geçmek isleýän birnäçe ýerimi belläp goýdum. Olaryň käbirlerini men bellemändirin.

Birinjiden, men: «Sara nirede?» diýen soraga üns bermek isleýärin. Näme üçin ol çadyrda gizlenip dur? Näme üçin ol adamsynyň ýanynda oturyp, gürrüňe gatnaşmaýar?

Bu taryhyň ahyryny siziň bilýändigiňize düşünýärin, ýöne ony Saranyň bilmändigini ýada salmak zerurdyr. Öz ýaşyny hasaba alyp, ol öz taryhynyň gutarandygyny we durmuşynda öýle şapagy wagtynyň gelendigini duýup biler. Ol adamsynyň özüne wepaly däldigini, Hajaryň adyna aýdylýan kemsidiji sözleriň diňe ýagdaýlary erbetleşdirýänini duýan bolmagy mümkin.

Ol özüniň çekýän agyrysyna düşünmeýär, ajylyklaryň,

lapykeçlikleriň we agyr ýagdaýlaryň içindäki gaýtalanýan ýalňyşlary onuň ejir çekýän kalbynda çuň yz galdyrýar. Göwreli bolmak üçin çuňluk gerek däl. Aýal ownuk-uşaklykda-da, perwaýsyzlykda-da göwreli bolup bilýär. Ýöne Sara Yshagyň we Ysraýyl halkynyň enesi bolmalydy, şonuň üçin oňa taýýarlanmak gerekdi.

Ol on üç ýylyň dowamynda Ysmaýyl atly oglanjygyň ulalyşyny synlaýar. Ol Hajaryň ogluny öz ogly ýaly edip ulaldaryn diýip umyt edipdi, emma Ysmaýyl özüni onuň ogly ýaly duýmaýardy. Ybraýym hoşaldy, emma Sara sustupesdi. Hemme zat Sara üçin ýakymsyz ýaly bolup görünýärdi. Ýöne Saranyňam, Ybraýymyňam onuň kim bolandygyny ýatdan çykarmagy has-da agyr ýagdaýdy.

Meni: «Seniň aýalyň Sara nirede?» diýen sorag örän haýran galdyrýar.

Eger biziň öýümize myhmanlar gelip, meni gözleseler, olar Jondan: «Seniň aýalyň Liza nirede?» diýip soramaýar. Bu ýerde takyklama artykmaç bolýar, ol diňe öýde ýene bir sany Liza atly aýal bar bolanda gerek bolardy. Mysal üçin, eger ogullarymyň biri Liza atly gyza öýlense, onda: «Men seniň gelniň Lizany däl-de, aýalyň Lizany görmäge geldim» diýip takyklamak ýerlikli bolardy.

Bizi tanaýanlar ýöne bir: «Liza nirede?» diýip soraýar. Eger myhmanlar tanamaýan bolsalar we öý bikesi bilen gürleşmek isleseler, ondan Jondan: «Seniň aýalyň nirede?» diýip sorardy.

Bu myhmanlar Ybraýymy-da, Sarany-da tanaýan bolsalar hem, ol hakda adyny tutup we Ybraýymyň nämesi bolýandygyny aýdyp soramaklary meniň üçin tapmaça.

Myhman perişdeleriň: «Ybaraýym, biz bu ýere Saranyň seniň aýalyňdygyny ýatlatmaga geldik. Siziň är-aýallyk durmuşyňyzyň bu döwrüniň başgaçarak görünýänini we seniň Hajardan ogluň bardygyny biz bilýäris, ýöne Sara öňküsi ýaly seniň aýalyň» diýjek bolan bolmaklary mümkinmikä? Şonuň ýaly bolanda Saranyň olaryň gürrüňini şeýle yhlas bilen näme sebäpden *diňlänini* düşündirip bolar, onuň özi-de bu gürrüňdeşlige *gatnaşmalydy*. Göçüp ýaşalýan dünýäde myhman seýrek gelýär. Ybraýym tokaýjygyň ýanyndaky çadyrynyň

ýanynda duran üç adamy görende, ýerinden böküp turdy. Mukaddes Kitapda berilýän gürrüňi okanymyzda, nahar sanalgyja minudyň dowamynda taýýar bolandyr diýip pikir edýäris, ýöne aslynda munuň ýaly bol saçagy taýýarlamaga birnäçe sagat gidendir.

Gürrüňdeşlige gönüden-göni gatnaşmak mümkin bolanda, Hudaýyň wadalary hakdaky gürrüňi gizlin diňläp durmak adama nämä gerek bolduka? Belki, myhman töweregine seredip: «Men iman atasyny görýärin, ýöne enesi nirede?» diýendir.

Bu edil birden biziň öýümize Rebbiň perişdeleri gelen ýaly, Jon hem olary nahara çagyran ýaly we Jon meni myhman otaga girmäge güýç bilen mejbur edýän ýaly bir zat bolýar. Dogrymy aýdaýyn, biziň öýümizde munuň ýaly zat hiç haçan bolmazdy. Jonuň myhmanlary meniň myhmanlarym, meniň myhmanlarym – onuň myhmanlary. Öz kontekstimiz üçin aýdaýyn, aýdaly haýsydyr bir sebäbe görä, men otagda ýok, ýöne birden myhmanlaryň men hakda soraýanlaryny eşidýärin. Şonuň ýaly bolanda, men haýal etmän olaryň ýanyna barardym!

Saradan uzakda durmagy haýyş edendirler, aýratynam, Ybraýym onuň bilen gürleşmegi bes edendir diýip pikir etmäge mende hiç hili esas ýok. Men onuň özi olara goşulmak islän däldir diýip, biygtyýar pikir edýärin. Mesele, adamlar lapykeçlige şeýle ýakyn gelenlerinde, olaryň özleriniň kimdigini ýatdan çykarýandygyndadyr. Umyt agyry döredýär. Şonuň üçin olar gizlenýärler, gülümsireýärler, soň hem aldaýarlar.

Sara çadyrdan näme sebäpden jyklan we erkekleriň gürrüňini diňlän bolsa-da, Hudaý ony taryha dolady. Hemme zadyň Ybraýyma we Sara onuň entegem Ybraýymyň aýalydygyny ýatlatmakdan başlanandygyna men ynanýaryn. Bu yglan etme onuň bäsdeşi Hajary bir gyra süýşürmelidi, şeýle etmek bilen hem, töweregindäkileriň hemmesine Saranyň kimdigini ýatlatmalydy. Sara şa gyzydy.

## Ybraýymdan soramak nämä gerek?

Bu taryhda ýene bir gyzykly ýeri bar – Sara gülýär, ýöne soragy Ybraýyma berýärler.

> «Şonda Reb Ybraýyma: “Näme üçin Sara ‘Men garry çaga dogrup bilerinmi?’ diýip güldi?” diýdi» (Gelip çykyş 18:13, häzirki zaman terjime).

Saranyň eden zady barada Ybraýymdan soramak nämä gerek? Bu parçanyň üstünde pikirlenenimde, Gelip çykyş kitabynyň on ýedinji babynda suratlandyrylan gürrüňiň Sara ýetirilmändigini men, dogrudanam, duýýaryn. Belki, Ybraýym Hudaýyň özi bilen paýlaşan zadyny entek ölçerip-dökendir. Belki, ol muny Sara aýtmak islän däldir. Jon ikimiziň biri-birimize maglumatlary bermegi ýatdan çykarýan wagtymyzam bolýar. Ýa-da olar gürrüňleşendirler we şol wadany ýatdan çykarandyrlar. Ýöne bir zat göze görnüp dur: ogul baradaky, sol sanda Sara berlen we onuň üsti bilen amala aşmaklyga niýetlenilen wada onuň durmuşynda entek amala aşmandy. Ilçiler Ybraýyma şeýle sorag berýär:

> «Eýsem, Rebbiň başarmajak zady barmy? Indiki ýyl takmynan şu wagtlar ýanyňa dolanyp gelenimde, Saranyň ogly bolar». (Gelip çykyş 18:14, häzirki zaman terjime).

**Özüniň ähtli halkyny döretmek üçin Hudaýa Saranyň islegi we çuňlugy zerurdy.**

Bir ýyldan soň Saranyň ogly dogulmalydy. Sara gülendigine garşy çykyp, ýalan sözlände, meniň gaty gülkim tutdy, sebäbi muny hatda ondan soraman, Ybraýymdan sorapdylar. Atamyzyň, ebedi ähtiň Hudaýynyň, onuň içki gülküsini eşideni maňa aýratyn teselli berýär, sebäbi bu meni Onuň ýüregiň sessiz agysyny eşidýändigine ynandyrýar.

Nähilidir bir pikiriň üstünden gülmek bilen şatlykdan gülmegiň arasynda uly tapawut bar. Saranyň durmuşy gülküden mahrumdy. Yshagyň dogulmagy hemme zady üýtgeder. Ybraýym bilen Sara özleriniň ýoluny bir wagtlar bile başlapdylar, şonuň üçin ýene bile gülmegi öwrenenlerinde, olar wadany ýerine ýetirerler. Wadalar ärler bilen aýallaryň, erkek hem aýal doganlaryň, erkekler bilen zenanlaryň gürleşmegini talap edýär. Zenanlar juda köp gizlendiler. Hudaý siziň

gürrüňdeşlige gatnaşmagyňyzy isleýändigini bilmegiňizi isleýär. Özüniň ähtli halkyny döretmek üçin Hudaýa Saranyň islegi we çuňlugy zerurdy. Galatýalylara hatda biz şeýle sözleri okaýarys: «Çünki: “Ybraýymyň biri gyrnakdan, ýene biri azat aýalyndan bolan iki ogly bardy. Gyrnakdan bolan ogul tene görä, azat aýaldan bolan ogul hem berlen wada görä doglupdy” diýip ýazylgydyr» (Galatýalylar 4:22, 23).

## Sarany kim gorar?

Sara elinde Yshagy üwremezinden öň, onuň gatnaşmak islemedik, ýene bir gürrüňdeşligi boldy. Bu gezek Sara ýekeje sözem aýtmady we ýalan sözledi, ýöne muňa Hudaýyň Özi goşuldy.

> «Ybraýym öz aýaly Sara «Ol meniň aýal doganym» diýdi. Geraryň şasy Abymelek adam iberip, Sarany getirtdi. Hudaý Abymelegiň düýşüne girip, oňa: «Ärli aýaly ýanyňa aldyrdandygyň sebäpli sen ölersiň» diýdi» (Gelip çykyş 20:2, 3).

Hudaýyň Saranyň adyndan gürlänine men begendim, sebäbi olaryň ikisiniňem bu dymyşlykdan azap çekmeýändigi görnüp dur. Olar näme hakda pikir etdiler? Hudaý *täze* bir zat döretdi, olar bolsa, biri-biri bilen *öňküsi* ýaly bolup gitdiler. Olara özlerini erkek hem aýal hökmünde tanyşdyrmak gerek däldi, bu gezeg-ä hasam. Olar eýýäm täze atlaryny alypdylar, indi Sara ine diýmän Yshakda göwreli bolmalydy.

Saranyň deňäp bolmajak derejede owadan aýal bolandygy bildirip dur. Ýöne ol togsan ýaşyndady ahyry! Belki, ol özüni gaty gowy saklandyr ýa-da Yshagy dogurmaga taýýarlykda Hudaý onuň ýaşlygyny çürt-kesik täzeden dikeldendir. Her neneň ýagdaý bolanda-da, Ybraýym Saranyň bir ýylyň dowamynda göwreli bolmalydygyny we çaga dogurmalydygyny bilýäni sebäpli, öz aýalyny Abymelek patyşanyň göz gyzdyrmasyndan goramalydy. Ýogsam Saranyň çagany özünden dogranyna ol nädip ynamly bolup biler? Dymmaklyk – bu tabyn bolmakdyr diýip, biz juda köp pikir edýäris, ýöne bu beýle däl...

bu ýalan. Tabynlyk näme we haçan gürlemelidigini bilmekligi aňladýar. Şu ýagdaýda şonuň ýaly tabynlygy görkezmek zerur bolupdy

Özleriniň ýaşlaryna laýyklykda Ybraýym bilen Saranyň eýýäm biri-biri bilen edil erkek hem aýal dogan ýaly ýaşan bolmaklary mümkin, ýöne ol günler geçipdi. Eger Hudaý atlaryny üýtgedeninden soň olaryň gatnaşyklary üýtgemedik bolsa, onda perişdeler gelip gidenlerinden soň olar hökman özgermelidiler. Sara bilen Ybraýymyň täzelenen atlary täzelenen içgin gatnaşyklara ösüp geçmelidi. Saranyň bir ýyldan az wagtda göwreli bolmalydygyna olaryň ikisem düşünýärdiler. Sara ýarym hakykata razy boldy, geliň, olaryň näme hakda pikir edendiklerini bilmäge synanyşalyň.

> Abymelek Ybraýymy çagyryp, oňa: «Bu näme etdigiň boldy?! Seniň meni we meniň patyşalygymy beýle uly günä bilen ýazykly ederiň ýaly, meniň saňa garşy eden günäm näme?! Sen maňa asla edilmeli däl işi etdiň» diýdi (Gelip çykyş 20:9).

Ybraýym özüniň ýalan sözüniň manysyz sebäbini düşündireninden soň, Abymelek patyşa oňa ýagşylyk edip, olary öz ýurdunda ýerleşmäge çagyrdy. Ybraýym patyşa üçin Hudaýa doga etdi, Hudaý hem onuň öýündäki ähli aýallaryň ýatgylaryny açdy. Ybraýymyň tizara öz durmuşynda görmeli bolan zady üçin doga edendigi täsin zatdy. Adamsy öz howpsuzlygyny Saranyň bähbidinden ýokary tutanda-da, Hudaý Sarany gorady. Sarany goramak üçin Hudaý patyşa düýşünde ýüzlendi, sebäbi Sara Hudaý üçin gymmat hazynady. Ýakynlarymyz we garyndaşlarymyz, hatda ärlerimiz hem, bizi oňaýsyz ýagdaýa salsalar-da, Hudaýyň bize howpsuzlyk berjekdigine we öz durmuşymyzda bar bolan ak patalary berjaý etjekdigine ynamly bolup bileris.

## Azat aýal ýa-da gyrnak

Petrusyň birinji hatynda (3:6) şeýle ýazylypdyr: «Eger dogry zat etseňiz we hiç zatdan gorkmasaňyz [dowully gorka orun bermeseňiz we birahatlygyň özüňizi gynamagyna ýol bermeseňiz] siz indi onuň

(Saranyň) hakyky gyzlarysyňyz» (häzirki zaman terjime). Sara ogluny dogurdy, onuň gyzy ýokdy, ýöne indi biziň onuň gyzlarydygymyzy Mukaddes Ýazgy aýdýar. Biz wada boýunça gyzlardyrys, eger gorkynyň öz hereketlerimize gözegçilik etmegine we tolgunmanyň batyrlygymyzy ogurlamagyna ýol bermesek, onda azat aýalyň gyzlarydyrys.

Sara Hudaýy we öz adamsyny sylan we hormatlan azat aýaldy. Başga bir tarapdan, Hajar öz bikesini ýigrenen garaşly aýaldy. Hajaryň ogly Ysmaýyl öz ejesine öýkünip, Yshagyň üstünden gülýär. Sara garaşly baglanyşygy maşgaladan aýyrmagyň zerurdygyna düşünýär. Şonuň üçin bizem şonuň ýaly etmelidiris. Galatýalylara hatda (4:30): «Gyrnagy ogly bilen bile çykaryp kow. Gyrnagyň ogly azat aýaldan doglan ogul bilen mirasy paýlaşmaz» diýlip ýazylypdyr.

Gyrnagyň ogly mirasdan paý almady. Azat aýal bilen gyrnagyň äri birdi. Olaryň ikisiniňem ogly boldy. Ýöne olaryň hersiniň Ybraýym bilen gatnaşyklary dürlüdi. Hajar gulçulyk bilen baglanyşygy bolan teni alamatlandyrýar. Sara bolsa, azatlygy hem wadany alamatlandyrýar. Ine, aragatnaşyklaryň bu iki görnüşi Täze Ähtiň «The Message» terjimesinde nähili suratlandyrylypdyr:

> «Ýada salyň, Ybraýymyň iki ogly bardy: olaryň biri gyrnakdandy, beýlekisi azat aýalyndandy. Gyrnagyň ogly zynadan doguldy, azat aýalyň ogly bolsa, Hudaýyň wadasy boýunça doguldy. Munda häzir hem çynlakaý soragyň düýp özeni bar. Iki ogluň dogluşy Hudaý bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň iki görnüşini görkezýär. Biri Arabystandaky Sinaý dagyny alamatlandyrýar. Ol häzir Iýerusalimde bolup geçýän zatlara gabat gelýär, gulçulykdaky durmuş gul edilen çagalary dünýä inderýär. Hajaryň ýoly şonuň ýalydyr. Biziň enemiz, göze görünmeýän azat Iýerusalim, oňa garşydaş edilip goýlandyr – Saranyň ýoly şeýledir» (Galatýalylar 4:22–26).

Maňa «Saranyň ýoly şeýledir» diýen sözler örän ýaraýar. Garraýança adatdan daşary owadan bolan zenan Mesihdäki tükeniksiz

çüýremez gözelligiň öňünden gelýän habarçysy boldy. Biz wadanyň netijesinde doguldyk.

Iman atasy Ybraýym bilen onuň şa gyzy Sara – bu Mesihi we Onuň gelnini, Ýygnagy, alamatlandyrýan mysallardyr. Biz özümizi Isa Mesihe garaşly we tabyn etmeklige çagyrylandyrys. Ol biziň Başymyzdyr, şonuň üçin imanlylaryň hemmesi Onuň hökümdarlygyna, ygtyýaryna we ýolbaşçylygyna tabyn bolmalydyrlar. Bizde gorkara sebäp ýok. Ol biziň ärimiz hem ýaradyjymyzdyr.

## Gizlenmegi bes ediň!

Eger Hudaý siziň içiňize isleg salan bolsa, onda Ol ony götermäge we dogurmaga size güýç berer. Hudaý siziň durmuşyňyza Öz wadasy bilen gelende, şol güýç siziň üstüňize iner. Belki, bu kitabyň sahypalary Saranyň myhmanlaryna meňzeşdir. Belki, bu sözler size özüňiziň kimdigiňizi ýatlatmak üçin gelendir.

Hiç zat bize Hudaýyň özümize göni ýüzlenenindäkisi ýaly täsirini ýetirip bilmeýär. Size şonda ýeriňizden böküp turup, Onuň ýanyna ylgap barmak we özüňiziň indiki ykbalyňyzy kesgitlejek gürrüňi etmek gerek. Dünýä siziň öz durmuşyňyzda göterip ýören zadyňyza mätäç. Aýallaryň gizlenmeli wagty däl. Adyňyz ýekeje gezek tutulan wagtynda: «Men bärde! Men diňlemek isleýärin!» diýip gygyryp ylgap barmagyň wagty geldi.

Eger siz deňeşdirip bolmajak we deňi-taýy bolmadyk derejede ýaşamak isleýän bolsaňyz, onda gizlenmegi bes ediň-de, gürrüňdeşlige gatnaşyň.

Bir ýylyň dowamynda köp zat bolup biler. Sara üçin şol ýyl beýleki ýyllaryň hijisine meňzeş bolmandy. Bu geň zat däldi, sebäbi ol ýyl Hudaýyň gelmeleri bilen belli bolupdy.

Bu ýylyň siz üçin şonuň ýaly ýyl bolup biljekdigine siz düşünýärsiňizmi? Bu ýyl kölegede, ýaňsyly ýylgyryş we aldama bilen başlanyp, ýürekdäki wada bilen tamamlanyp biler.

Siz: «Ýekeje minut, men aldamok» diýersiňiz.

Ýok, eger şu sözlerden iň bolmanda birini aýtsaňyz, onda aldarsyňyz:

«Juda giç»

«Men juda ýaş».

«Men juda garry».

«Men muňa ýaramly däl».

«Men juda köp ýalňyşlar etdim».

«Meniň hemme zadym şeýle-de gowy».

«Maňa arzuw gerek däl».

Ýalan sözlemäň we özüňiziň köpräk zada teşne däldigiňizi aýtmaň. Arzuw etmekden ýüz öwürmäň, ýogsam ýüregiňiziň gapysy tarkyldap ýapylar, ilki gülersiňiz, soň aldarsyňyz. Ýüregiňizi giňden açyň-da, özüňize teklip edilýän gudratlaryň hemmesini kabul ediň. Täsin, ajaýyp we gudratdan doly durmuşa berilýän çakylyga gülümsiremegiň deregine, geliň, özümize berlen adatdan daşary zatlaryň hemmesine güleliň we haýran galalyň! Biz Zoluşka ýaly, içinde ýaşaýan dünýämiz bolsa, erbet öweý uýalar ýalydyr. Şazada gapyda durka, biz döwük kerseniň ýanynda näçe wagtlap aglap durarys? Şazadanyň arzuwlan durmuşy üçin gerek bolan zatlaryň hemmesi sizde bar. Näme üçin siz geçmişiňizdäki beýleki adamlara we çakylyklara özüňiziň ýeriňize karara gelmäge rugsat berýärsiňiz?

Siz nämeden gizlenýärsiňiz?

Siz häzir haýsy arzuwa gülýärsiňiz? Siziň umydyňyz nämede?

Üstünden basanyňda agyrýan ýeriňizi ýapmaga synanyşanda bogazyňyza dykylýan nerwli gülkini siz bilýärsiňizmi? Gulak asyň! Siz hem-ä hemme zatsyňyz, hemem hiç zatsyňyz! Mesihiň arkasyndan bu wada size-de degişli!

Belki, siziň durmuşyňyz indi bogazyňy doldurýan durmuş däldir. Agyry geçendir, ýöne lallyk galandyr. Şol ýer Hudaý galtaşanda gözleriňize ýaş aýlaýan ýermi? Dünýäde boşap galan adamlar köp, şonuň üçin olar umydyny ýylgyrmak bilen ýapmak üçin gülýärler.

Belki, bu zatlar Hudaý üçin juda kyn diýip pikir edenimizde,

nämedir bir zatda öz atamyz Ybraýyma meňzeş bolanymyz üçin bu şeýledir? Hudaýa siziň durmuşyňyzy manydan doldurmak näme kynmy?

Onuň üçin siziň dünýäňizi söýgüden doldurmaga, näme, juda giç boldumy? Siziň pikiriňizçe, siz üçin bir zat etmek Oňa örän kyn düşýärmi?

> «Ýöne Ata Hudaýyň bellän wagty gelip ýetende, Ol Özüniň biziň aramyzda aýaldan doglan we kanuna tabyn bolan Ogluny bizi, kanun tarapyndan ogurlanan bizi, azatlyga çykarmagy üçin iberdi. Şeýdip, biz hukugymyz boýunça özümize berlen mirasy almak üçin azat edildik. Indi siz Özüniň hakyky çagalary hökmünde Hudaý tarapyndan doly kabul edilendigiňize ynamly bolup bilersiňiz, şonuň üçin hem Hudaý biziň ýüreklerimize Öz Oglunyň Ruhuny: «Kaka! Atam!» diýip ýüzlenýän Ruhuny iberdi. Eýsem, Hudaý bilen pynhan gatnaşma artykmaçlygy seni indi gul dälde, Onuň çagasydygyňa ynandyrmaýarmy? Eger çaga bolsaň, onda mirasa doly hukugy bolan perzentsiň» (Galatýalylar 4:4-7, «The Message»).

Sizi, mirasdar gyzlary, bir wagtlar ogurladylar, ýöne soň satyn aldylar. Mesihiň Özüniň haçdaky ölümi bilen biz üçin satyn alan zatlarynyň bar dolulygynda ýaşamaklyk – bu şöhratly hem batyrgaý işdir. Onuň Sözüni taryhy kitap däl-de, hut özüňize ýazylan hat ýaly hasap edip okanyňyzda, siz özüňize degişli zatlaryň hemmesini tapýarsyňyz. Soň Onuň Sözüni öz ýüregiňizde berkitmek üçin özüňiziň sesiňizi ulanyň. Her neneň görnüşde bolsa-da, her neneň zat ýaly bolup görünse-de, Hudaýyň Sözüniň siz barada aýdýan zatlarynyň hemmesine siz eýesiňiz. Bu gün, edil şu wagt, Hudaý size täze at berýär, Ol Özüniň wadalaryny ýerine ýetirýär we siziň Onuň çagasy hökmündäki derejäňizi tassyklaýar. Hudaýyň siziň durmuşyňyz babatdaky ykbaly we Onuň siz baradaky sözleri häzirki ýagdaýyňyz bilen çäklenýän däldir. Onuň size niýetlän wadalary hiç zat bilen deňär ýaly däldir. Ondan gizlenmäň.

Kabul ediň.

## Pikirlenmek üçin soraglar

1. Hudaýyň edil *şu wagt* Mesihdäki wadalar arkaly sizi Öz Oglunyň hudaýlyk tebigatyna şärik bolmaga çagyrýanyny siz bilýärsiňizmi?
2. Durmuşyňyzda mydama ýürege düşüp durýan we Hudaý siziň durmuşyňyzdaky Öz wadalaryny ýerine ýetirip biler ýaly, Onuň öňünde kesip aýyrmasy ýa-da ýok etmesi gerek bolan ulgamlar barmy?
3. Siz gizlenýärsiňizmi? Eger “hawa” bolsa, onda nämeden gizlenýärsiňiz?
4. Hudaýyň siziň gatnaşmagyňyzy isleýän gürrüňdeşliklerini ogryňça diňleýärsiňizmi? Näme üçin?
5. Nähili ýagdaýlarda dymmaklyk – bu tabyn bolma däl?
6. Hudaýyň özüňize beren haýsy wadasynyň üstünden güldüňiz, soň hem, ýalan sözlediňiz?
7. Ogryňça diňleme we ogryňça seretme endigiňizi üýtgedip, işjeň hem yhlasly hereketleri etmek üçin siz näme işleri edip bilersiňiz?

4

# Deňeşdirmäge het etmäň!

«Deňeşdirme — şatlyk ogrusydyr».

TEODOR RUZWELT

B*u bap, belki, duýduryş bilen ýazylmalydyr!*

Siziň häzirki okajak zadyňyz täze zatdyr. Bu mende bolup geçen gynandyryjy hakyky we şol bir wagtyň özünde-de bolgusyz hem oňaýsyz waka. Meniň başdan geçiren we häzir gürrüňini berjek wagtlaýyn akyldan azaşmamy siz hiç haçan duýmaly bolan dälsiňiz diýip umyt edýärin. Ýöne sizde şonuň ýaly zat bolan bolsa-da... siz bu meselede ýeke dälsiňiz. Şeýlelikde.

Gün diýseň asuda başlandy. Men flanel pižamanyň üstünden haladymy egnime atyp, Koloradanyň aýazly ýanwarynyň täze ertirini garşy almak üçin, onuň ýüpüni berk daňdym. Jon bir sagatdan gowrak wagt öň turupdy we öz iş otagynda okap otyrdy. Men öz kofe maşynymyň daşynda aýlanyp ýörşüme, ogullarymyň iki kölegesiniň öz işleri bilen gapa tarap ýönelenini gözümiň gytagy bilen gördüm. Ostin işe gidip barýardy, Aleks bolsa, mekdebe. Öň tarapky gapy

ýapylanyndan soň, men ýaýylan gaýmak, arassa kakaonyň, dalçynyň gyryndysy, arassalanmadyk şekeriň we bir çümmük burçuň espresso bilen gaty gowy sazlaşan içginiň ikinji bulguryndan lezzet almak üçin diwanda oturdym. (Dogrymy aýdýaryn, dostlarymyň hemmesine şonuň ýaly içginiň bir bulguryny hödür etmek isleýärin!)

Gyşky güneş biziň howlymyzyň ýokarsyndan ýaňy ýokary galypdy. Men ýumak ýaly ýumlugyp, garamtyl gök kölegeleri kowýan Günüň gülgüne şöhlelerini synlamak üçin diwanyň üstünde oňaýly ýerleşdim. Bu gün gitmäge howlukmak gerek däldi. Ir ertirki duşuşygyň öň ýanynda duşa ylgamak gerek däldi. Men öz günümi özümiň gowy görýän usulym bilen – haýaljakdan – başlap bildim. Men howadan çuň dem aldym-da, bulguryň tolkun görnüşli daşyny ellerim bilen aýlap tutup, özümi içden doldurýan ýylylykdan lezzet aldym we beýnime ganyň baryp başlandygyny duýdum. Daş-töwerek ümsümlikdi.

Hut şonuň üçin men Mukaddes Kitaba we dilegli hem-de her gün üçin söz ýazylan kitaba elimi uzatmalydym. Şunuň ýaly ýagdaýda men olary okaýardym ýa-da, iň bolmanda, Hudaýyň özüme bolan merhemeti hakda pikirlenýärdim.

Elime telefony almazdan öň men nämäniň wajypdygy hakda pikir etmelidim. Maňa ynanaýyň... indi men muny bilýärin. Bu meniň kemçiliklerimiň, ýöne gowy tarapymyň hem biridi. Sosial torlar men üçin dostlarym bilen gürleşme mümkinçiligidi. Olaryň ýazan zatlaryny okamak meniň üçin ýakyn adamlarym bilen kofe içen ýaly zatdy. Gürleşmek üçin dogry wagt hem ýer bolan wagtynda, gürleşmäge ymtylmakda hiç hili erbet zat ýok. Emma şol pursat munuň üçin asla ýerlikli wagt däldi. Men adamlar bilen duşuşmazdan öňürti, ilki bir käse kofe, soň hem Mukaddes Ruh bilen duşuşýan adamlardan.

## Sanaw

Twitter lentasyna seredip oturşyma, dostlarymyň köpüsinde nämedir bir umumy zadyň bardygyny görüp başladym. Meniň tanaýan, söýýän, hatda aladalaryny hem edýän adamlarym özlerini sanawa

goşan haýsydyr bir aýala minnetdarlyk bildiripdirler. Ýöne bir sanaw dälde, SANAW. Bu meniň özümiň hem örän girmek isleýän reýtingimdi.

Şu ýerde sizi bolan zatlar bilen tanyşdyrmak örän wajyp.

Bu reýting her ýyl täzelenýär we neşir edilýär. Soňky birnäçe on ýyllyklaryň dowamynda dürli guramalar ýa-da dürli adamlar ony düzmek bilen meşgullanýarlar.

Bu gezek ony hatda gurama-da däl, bir adam düzüpdi. Onuň awtory aýaldy... men ol aýal barada eşidipdim, ýöne ýakyndan tanamaýardym. Onuň bilen tanyş däldigimiz sebäpli meniň onuň sanawyna girme islegim gowşamady.

Men atlaryň hemmesine seretdim. Olar elipbiý tertibinde sanalandy, meniň familiýam bolsa B harpyndan başlanýar, şonuň men özümiň reýtinge ýene girmändigime gaty basym düşündim.

Meniň familiýam onda entek hiç haçan peýda bolmandy. Ýöne bu gezek tanyşlarymyň hemmesi bardy. Meniň okuwçylarym bardy. Meniň kitabymy ispan diline terjime eden aýalam bardy.

Siz, ähtimal, düşünýän dälsiňiz... ol nähili sanaw we näme sebäpden meniň üçin wajyp?

Bu Amerikadaky ýüz sany iň gowy gullukçy aýallaryň sanawydy. Meniň ýüregim çalt urup başlady. Kelläme bolgusyz pikirler we deňeşdirmeler gelip başlady. Näme üçin bu sanawda men ýok? Belki, meniň torda az zat ýazýandygym üçindir?

Meniň beýnim dartgynly pikirlenip başlady...

Meniň bir milliondan gowrak kitabym satyldy, men bütin dünýä aýlanyp, eýýäm ýigrimi ýyldan gowrak wagt bäri aýallara gulluk edip gelýärin – eýsem reýtingde goýulmaga mynasyp bolmak üçin bu ýeterlik dälmi?

Men gowy jora. Meniň eýýäm otuz ýyldan bäri nikada duranym, dört ogly ulaldanym we biri-biri bilen wagt geçirmegi ýürekden gowy görýän maşgalany döredenim näme hasap dälmi?

Men aşakda kiçiräk bir abzas okadym. Sanawy düzen aýal oňa hemme atlaryň girmedik bolmagynyň mümkindigini, onda ýer

eýelemäge mynasyp bolan aýallaryň, haýsydyr bir sebäbe görä, oňa salynmadyk bolmagynyň mümkindigini boýun aldy. Bu ýagdaýy düzetmek üçin ol başga atlar üçin ýer goýdy.

Men soňuna çenli sahypalary agdaryp çykdym.

Öz adymy salsam, bu dogry bolarmyka?

Meniň bolşum nähili? Elbetde, dogry!

Belki, öz kömekçimden şeýle etmegi haýyş ederin. Özümiň ýetginjek okuwçy gyzyň derejesindäki akylsyzlyga düşüp başlanyma düşünenimde, men adamymy gözlemäge gitdim.

Men pižamamy ýelkildedip, onuň iş otagyna okdurylyp girdim-de: «Jon, men sanawda ýok... ýene!» diýip gygyrdym.

Meniň söýgülim Mukaddes Kitaby okap otyrdy. Ol maňa, birazrajyk aljyraňňylykda, kitap okanda dakynýan äýneginiň üstünden seretdi. Ol bu reýting barada bilmeýärdi. Men bar dilewarlygymy we yşaratlarymy ulanyp, gepiň düýp manysyny düşündirdim. Ol gymyldamadam. Men oňa şol sanawda kimiň bardygyny, onda öz adamyň ýoklugynyň maňa örän ýokuş degýändigini gürrüň berdim. Ol öz kürsüsinde oturmagy dowam etdirdi, ýöne Mukaddes Kitapdaky aýatlary belleýän markerini goýdy-da, gaşlaryny galdyrdy. Men dabaraly çykyşymy tamamlanymdan soň, ol asudalyk bilen maňa Mukaddes Ýazgydan birnäçe aýady aýtmagy teklip etdi.

Men munuň ýaly jogaba garaşmandym! Men onuň: «Liza, men gaty gynanýaryn. Gaty erbet ýalňyşlygyň bolandygy bilen men ylalaşýaryn. Meniň telefonumy getir. Men hemme zady düzederin-de, sanawa seniň adyňy goşaryn» diýmegini isledim. Emma ol beýle diýmedi.

Men oňa şeýle jogap berdim: «Men ol aýatlary okamaýaryn – men olary ýatdan bilýärin! Şu wagt maňa seniň beýle edeniň gerek däl! Eýsem, sen düşüneňokmy? Men elliden geçdim, beýdip, men hiç haçan hem ol sanawa girip bilmeýärin!»

Jon: «Ony kim düzdi?» diýip sorady. Men onuň adyny aýtdym... Ol at oňa tanyş däldi.

«Sen ol aýaly tanaýarsyňmy?»

Men başymy ýaýkadym. Ol haýaljakdan gözlerini öz Mukaddes Kitabyna gönükdirdi we ýene maňa eýýäm teklip eden aýatlaryny gaýtalady, has gowrak netije bolar ýaly, onuň üstüne ýene bir aýady goşdy. Men adamymdan duýgudaşlyk alyp bilmedim. Men onuň iş otagyndan: «Özümiň ýalňyşýandygyma düşünmegim üçin maňa bu aýatlary okap bermek gerek däl! Men ýalňyşýanymy bilýärin! Ýöne mundan maňa ýeňillik gelenok!» diýip ylgap çykdym.

Maňa bir aýal bilen gürleşmek gerekdi. Adamymyň mende gaýgylanar ýaly sebäbi ýene görmändigi üçin men eýwana ýekeje pižamada çykdym we minus temperaturaly sowugy duýdum. Çagyryş düwmesine basmazdan ozal men ýöne bir duýgudaşlyk bildirmän, eýsem hakykaty aýtjak adama jaň etmek gerek diýip pikir etdim. Men öz taryhymy: «Özümiň mamla däldigimi bilýärin... » diýen sözler bilen başladym, soň hem, sanawly taryhyň hemmesini gürrüň berdim.

«Men şol sanawda barmy?» — diýip, ol aýal sorady. «Elbetde! Onda menden başga hemmelerem bar!» «Eýsem, munuň bilen kimdir biriniň işi barmy?» — diýip, joram meni köşeşdirmäge çalyşdy.

«Meniň işimiň bardygy görnüp dur, elbetde, seniň işiň ýok, sen ol sanawda bar ahyry — diýip, men jogap berdim. Soň dogrymy aýdyp şeýle diýdim: — Men munuň ýaly bolmagyny islemeýärin, ýöne hiç zat edip bilemok. Men özümiň mamla däldigimi bilýärin, maňa ýöne bir kimdir birine içimi dökmek gerek. Jon eýýäm maňa Mukaddes Kitapdan birnäçe aýady okamagy teklip etdi…»

Ümsümlik.

Sizde haçan hem bolsa bir wagt özüňizi gapdaldan synlap: “Bu dälirän aýal kimkä?” diýip pikir eden wagtyňyz bolupmydy?

Ine, şonuň ýaly pursat mende boldy. Özümiň her sözüm özüme biri-birinden bolgusyz ýaly bolup göründi. Maňa özümiň eýýäm başlanyma ökünen telefon gürrüňimi basymrak gutarmak gerekdi. Men öz jorama: «Men saňa ýöne bir içimi döküärin. Men başgaça pikir etmek isleýärin. Maňa başgaça pikir etmek gerek!» diýip aýdyp goýberdim.

Ol (meniň mamla däldigim bilen) doly ylalaşdy, soň biz hoşlaşdyk.

Men nämäniň dogrudygyny bilýärdim. Adamym nämäniň dogrudygyny bilýärdi. Meniň joram hem nämäniň dogrudygyny bilýärdi. Şeýle-de bolsa, men özümi erbet duýdum.

Indi men bu reýting üçin adam saýlanyş ýörelgesine haýran galdym we munuň bilen meşgullanan aýala gaharlandym. Kim şeýle edýär? Men şol sanawa ýene seredenimde, onda şol aýalyň entek sanawa salmadyk başga-da köp aýallarynyň atlarynyň ýokdugyny gördüm... Belki, meniň özüm şonuň ýaly sanawy düzmelidirin. Men oňa şol aýallaryň hemmesini salyp bilerdim! Galyberse-de, Twitterde we Feýsbukda bu hanymyňkydan adam mende ençe esse köp. Meniň reýtingim onuňkydan kem bolarmy? Men on sekunt dagy pikir eden bolsam gerek. Ýok, men muny asla etmerin!

Men mynasyp dalaşgär aýallaryň hemmesini ýada salmaga her neneň dyrjaşsam-da, her neneň dykgatly bolmaga jan etsem-de, barybir kimdir birini ýatdan çykardym. Men näme olaryň durmuşynda hem, özümiň baş çykarjak bolýan dawamyň bolmagyny isleýärinmi? (Eger tötänden bu sanawa kimdir birini salmagy ýatdan çykarmagymyň mümkindigi barada pikir edip başlamadyk bolsam, onda bar eden işim özümiň soňky ýarym sagadyň içinde göreşen lapykeçligim ýaly biderek bolardy).

Men telefony bir gyra goýdum-da, gözlerimi ýumup, uludan dem aldym. Men köşeşip başlanymda, özüme ýumşaklyk bilen ýüzlenýän Mukaddes Ruhuň sesini eşitdim: «Liza, eger şol sanawda seniň adyň bolan bolsa-da, sen edil şunuň ýaly gaharlanardyňmy? Eger onda seniň adyň ýazylan bolsa, sen ony nätakyk, doly işlenilmedik diýip atlandyrardyňmy?»

Hakykat pursaty. Ýok. Men gaharlanmazdym-da, özüm bilen tanyş bolmadyk şol aýala minnetdarlyk bildirerdim, belki-de, başgalaryň ünsüni çekjek bolup, bu täzeligi Twitterde ýazardym.

Men ýeňildim.

Hawa. Men aýal, eje, ene, şeýle-de bolsa, özümiň hakyky

şahsyýetimi ýatdan çykaranymda, ýene-de deňeşdirmäniň pidasy bolýaryn. Reýting meniň üçin meseläniň üstüni açmak üçin berlen sowgat ýaly boldy.

Başga adamlardan makullama gözlänimizde, biz özümizi edil daşarda durup, içeri ogrynça seredýän ýaly duýýarys. Dogrymy aýtsam, ýer ýüzünde sizi özüňiziň gymmatlydygyňyza ynandyryp biljek adam ýok. (Bagyşlaň, eger siziň adamyňyz, hatda iň gowy är bolanda-da, muny edip bilmezdi). Ýekeje ýetilen derejede-de, hiç hili sanawam, hiç hili sylagam, sözleri siziň ýüregiňize Hudaýyň ýazyşy ýaly edip ynamly ýazyp bilmez:

*Söýgüli, owadan, bahasyna ýetip bolmaýan, kämillikde meşhur zenan... Meniňki.*

## Şatlyk ogrusy

Hemme zadyň daşyndan nähili görünýändiginiň tapawudy ýok, zenanyň ýüregini nämäniň birahat edýändigini diňe Hudaý bilýär, deňeşdirme gelip, ýüregindäki rahatlygy ogurlamazdan öň, kalbyny köşeşdirmegi ýatdan çykaryp, harasat turuzýan pižamaly aýallary nähili köşeşdirmelidigini diňe Hudaý bilýär. Bäsdeşligi goldap edýän zatlaryňyzyň hemmesiniň siziň güýjüňizi ogurlaýandygyna men sizi ynandyryp biljek.

**Bäsdeşligi goldap edýän zatlaryňyzyň hemmesi siziň güýjüňizi ogurlaýar.**

Şol gün ertir men ogurlygy anyk duýdum. Men munuň ýaly hereketden ýokardadyryn diýip pikir edýärdim. Mende munuň ýaly partlamalar, dogrudanam, köp ýyllap bolmandy! Ýöne şol gün ertir jana perwaýsyz bolmaklyk menopauza bilen garyşyp, gyzgyn garyndyny emele getirdi. Bu ýüregimiň bagyny haşal otlar basan ýaly, şonuň üçin oňa üns berilmegi talap edilýän ýaly, içimdäki haýsydyr bir çeşmäniň hapalanandygy sebäpli bolan bolsa gerek. Men gowuja otama talap edilýän bolsa-da, öz üzümçiligime erk beren ýaly boldum.

Deňeşdirme kelläňizi gyzdyrýar we öz yzyna çekýär. Eger oňa ýan berseňiz, onda ol mydama sizi hakykatdan daşlaşdyrar. Deňeşdirme tekepbirligiň mekir çeňňegini gymyldadyp ýa-da ynamsyzlykdan ejir çekme arkaly, sizi içden çişirmäge synanyşar. Şeýle ýagdaýlaryň ikisinde-de siz tertibiň bozulanyny, özüňiziň daşarda durup, içeri seredýäniňizi basym duýarsyňyz.

Adamlary özleriniň toparyndan bilgeşleýin aýyrmaklaryny men halamaýaryn. Ýöne içe seretmek üçin özüňi daşarda duýmagyň zerur bolýan ýagdaýlary hem bolýar. Ol aýal ýaş, akylly, owadan. Meniň onuň bilen ylalaşýan, ylalaşmaýanymyň tapawudy ýok, ýöne meni içki taýdan açany üçin men oňa örän minnetdar.

Men özümiň sagdyn pikirliligime şübhelenip başlan bolmagy mümkin bolan sabyrly jorama derrew hat ýazyp ugratdym. Soň özümiň mukaddes ärimi gujaklamak üçin ýene onuň iş otagyna girdim. Mundan soň şypbygymy şypbyldadyp, ýatýan otagyma girdim-de, yzymdan gapyny ýapdym we dyza çökdüm. Meniň dilegimiň bir bölegi şeýle bolupdy:

*Gökdäki Atam!*
*Maňa özümiň kemçiliklerimi görkezýäniň üçin Saňa minnetdar.*
*Meni bagyşla. Maňa şol haşal otuň köküni aç.*
*Isanyň ady bilen, omyn.*

Gün dowam etdi, men eýýäm özümiň bir sagatlyk biakyllygyma, onuň biderekligine gülmek bilen seretdim. Şol gün soňrak men özümiň kömekçim bilen duşuşdym. Gelen poçta seredişdirip otyrkak, biz diýseň adaty bolmadyk zady gördük. Bilşimize görä, meni başga-da birnäçe aýallaryň hatarynda aýallary höweslendirmä bagyş edilen soňky wakalaryň birine hormatly myhman hökmünde gatnaşmaga saýlapdyrlar.

Bize hormat hökmünde, ol ýerde bolmandygymyz sebäpli, özümize meňzeş bolan on iki sany plastik gurjak ýasapdyrlar. Meniň gurjagymy, ofisinde ýer eýelemäge mynasyp bolar diýen umyt bilen,

Jona iberipdirler. Men gurjagy elimde aýlaşdyrdym-da, gaty güldüm, sebäbi onda ak jinsi gördüm, men beýle jinside hiç haçan sahna çykmaýardym. Men ony bir gyra aýyrdym. Soň men: «Seni gurjaga öwrüpdirler. Sen begenýärsiňmi?» diýýän tanyş pyşyrdyny eşitdim.

Men ak jinsi geýdirilen, elinde mikrofon tutup duran plastik şekile tarap seredip, başymy ýaýkadym. Gurjak edil sanaw ýaly ýasamady. Men ýene güldüm. Men ony zyňjak boldum, ýöne adamym ony elimden alyp, gurjagy maňa däl-de, özüne goýberendiklerini aýtdy. Ol şol gurjagy ýakyn geljekdäki meniň beýleki biakyl günlerimiň öňüni almak üçin saklandyr diýip pikir edýärin.

## Etmeli däl bolan üç zat

Jon maňa özümiň şeýle-de ýatdan bilýän Mukaddes Ýazgydaky haýsy aýatlarymy okamagy teklip etdi? Birinjiden, 2 Korintoslylar (10:12):

> «Sebäbi biz özümizi özlerini *görkezmek üçin goýýanlar bilen bir hatarda* (iňlis dilindäki terjimede *klassifirlemek. – terjimeçiniň belligi*) goýmaga ýa-da olar bilen *deňeşdirmäge* het etmeýäris. Olar özleriniň akmaklyklary boýunça özlerini özleriniň ölçegleri bilen ölçeýärler we özlerini özleri bilen deňeşdirýärler» (häzirki zaman terjime).

Menden öwreniň! Klassifirlemäge, deňeşdirmäge we öz-özüňizi görkezmäge het edäýmäň. *Näme üçin?* Deňeşdirme siziň peýdaňyza bolmanda-da, bu tekepbir hereket bolýar. Tekepbirligiň büdremeden öň gelýändigini biziň hemmämizem bilýäris.

Eger siz bu gadaganlygy bozsaňyz, onda howply hem käwagt gorkunç hem bolýan ýere düşersiňiz.

*Biz klassifirlänimizde näme bolýar?*

Pähimli adamlaryň özleri klassifirlemeýärler we özlerini klassifirlemeklerini hem islemeýärler. Klassifikasiýa hiç hili klas

bermeýär. Klassifirlemek – diýmek, öz ornuňa goýmak ýa-da haýsydyr bir derejä degişli etmek.

**Klassifirlemäge, deňeşdirmäge we öz-özüňizi görkezmäge het edäýmäň.**

Bu sözüň sinonimi – hillere bölmek, toparlara bölmek, deňeşdirmek, lakam dakmak, kataloga goşmak, iň ýakymsyzy ýeri hem tagmalamak. Merriam-Uebsteriň iňlis düşündiriş sözlügi “*lakam dakmak*” jümlesine düşündiriş berýär - «düzgün bolşy ýaly, predmetiň hiç hili çylşyrymlylygy we köp taraplylygy bolmadyk derejä düşürmek».

Durmuş pes derejäni göz öňünde tutmaýar. Gowy bolan ýagdaýynda, ol bulaşyk bolýar. Hakykat adam durmuşynyň biziň görşümizden has çylşyrymly bolýandygyndadyr. Haýsydyr bir haýwana dakylan ýaly, özüne lakam dakmak haýsy sagdyn pikirli adamyň kellesine gelýär? Sosial torlar – häzirki döwürde işjeňlik bilen ulanylýan köp sanly mümkinçilikleriň biri bolup, ol bizi çäklendirmekden we ters pikirleri köpeltmekden başga hiç zadam däldir.

Biziň döwrümizde özümizden: «Men näme gurmak isleýärin? Men özümi başgalar bilen bilelikde hillere bölmeklerini, tagmalamaklaryny we änigime-şänigime ýetmeklerini isleýärinmi?» diýip, yzygiderli sorap dursak erbet bolmazdy. Meniň gözüme ilen sanawyň standartlygy bellemäge edilen synanyşyk bolandygyny men bilýärin... onda belli bir aýallar bardy! Sanawda hemişe bellenilmeýän zatlary... gulluk edýän aýallary... bellemek üçin düzüpdiler!

Ýöne özümizi haýsydyr bir kategoriýa ýazmaklaryna garaşsak, onda ellerimiziň hem aýaklarymyzyň bagly bolup galmagy mümkin. Bir garry pähimli adam, köp ýyllar mundan ozal, meniň adamyma: «Adamlaryň özüňi tagmalamaklaryna ýol berme. Eger olar şeýle etseler, onda şol tagma günleriň birinde seni mynjyradýança, ony sende görüp ýörerler» diýip duýdurypdy.

Adamlaryň köpüsiniň hillere bölünmeýändigini men aýtmalydyryn. Gazaply daralan we gatnaşykdan çykarylan adamlar sizi «hiç zatça ýok» kategoriýasyna örän begenip degişli ederler.

*Biz deňeşdirenimizde näme bolýar?*

Batyr adamlar, hatda deňeşdirme özlerini iň beýige çykarsa-da, deňeşdirmäge het etmeýärler. Olar özleriniň ýene köp işleri etmelidiklerine düşünýärler. Olar ebedi zady gördüler, şonuň üçin ýerdäki hiç bir zadyň onuň bilen deňeşip bilmejekdigine düşündiler. Şöhratly zada bolan garaýyş olary hemme zatdan güýçli gyssaýar. Deňeşdirme – bu  gorkaklaryň, nähilidir bir has uly zadyň bardygyna ynanmaga het edip bilmeýänler üçin gaçybatalgadyr.

Biziň dyrmaşyp barýan dagymyzyň ady näme? Meşhurlykmy? Bakylyk nukdaýnazarynda ol zibil dagy. Eger Mukaddes Ýazga golaý bolup, resul Pawlusyň sözlerini aýtsak, onda ol itiň bir topbak tezegi (Filipilier 3:8-e seret), onuň üstüne hiç kim çykmaýar, adatça onuň ýanyndan aýlanyp geçýärler ýa-da üstünden ätleýärler. Mesele biziň juda köpimiziň itiň tezeginiň üstünde ýöräp, yzymyzda porsy yzlary galdyrýandygymyzdadyr. Biz şol ysa öwrenişdik, ýöne beýle bolany bilenem, ol ys ýakymlyrak bolmaýar.

Geliň. Pawlusyň Filipililere ýazan zadyny okalyň:

> «Ýöne adamlaryň hil bir üýtgeşik zat ýaly edip bulaýlaýan hormat hatlarynyň hemmesini men ýyrtyp, özümiň ozal artykmaçlyk hasap eden beýleki zatlarymyň hemmesini edişim ýaly, hapa taşlaýaryn. Men muny näme üçin edýärin? Mesih sebäpli. Hawa, birwagtlar özüme wajyp ýaly bolup görnen zatlar indi meniň durmuşymdan gitdi. Rebbim Isa Mesihi tanamagyň gymmaty bilen deňeşdirenimde, maňa abraýly gazanç ýaly bolup görnen zatlaryň hemmesi – itiň tezegi – meniň üçin gymmatyny ýitirdi. Men Mesihi gazanmagyň hatyrasyna, Onuň bilen bolmanyň hatyrasyna hemme zady zibile atdym» (Filipililer 3:7–9, «The Message»).

Reb Isany tanama mümkinçiligi – biziň bahasyna ýetip bolmajak artykmaçlygymyzdyr. Men elime telefon alanymda, Rebbi gowuja tanamagyň deregine, ähmiýeti azajyk bolan zady saýladym.

Adamlaryň seni tanamagyna ýol bermegiň deregine, Hudaýy tanamaklyk has gowudyr.

*Özümizi görkezenimizde näme bolýar?*

Özümizi görkezmegimiz babatda näme? Wagtal-wagtal öz ýeten derejämizi bellemekde näme erbet zat bar? Hawa, ösüşiňi baýram etmegiň we oňa begenmegiň wagty bar. Ýöne özümize sowgat berlen zada, öz ýeten derejämiz hökmünde garamaklyk düýbünden başga zatdyr. Miweler ösüp ýetişýär, sylaglary bolsa, ýöne bir alýarlar, şonuň üçin biz barybir özümize sowgat berlen Hudaýyň sylaglary tarapyndan dolandyrylmagymyzda galýarys.

Käbir adamlar örän owadan bolýarlar. Başga birleri diýseň gurply maşgalalarda dogulýarlar we olarda durmuşdaky abadançylyklaryň hemmesi bolýar. Adamlaryň hem owadan, hem baý bolup dogulýan ýagdaýlary örän seýrek bolýar. Doly garşydaşlykda dogulýan adamlar hem bolýar. Olar örän garyp bolup ýaşaýarlar we gowy gatnaşyklardan mahrum bolan maşgalalarda terbiýelenýärler. Daşky gözellik berlen adamlar hem bar. Biziň köpimiz nirededir bir orta gürpräkde bolýarys, şeýle-de bolsa, bu şertleriň ýekejesinde-de biziň gutarnykly taryhymyzy ýazar ýaly ýa-da gymmatymyza täsirini ýetirer ýaly güýç ýokdur. Hudaý daşky gözellige seretmeýär... Ol ýürege seredýär. Bir nesliň baýlygy ganatlaryny ýaýyp biler, emma indiki nesil hiç zatsyz galyp biler.

Meniň pikirimçe bu adalatsyzlyk bolýar, ýöne men bir zady anyk bilýärin: Hudaý adalatlydyr. Ol her bir janyň kynçylyklaryny we artykmaçlyklaryny Öz aýasynda nädip ölçemelidigini bilýär. Adalatly ölçeg diňe Onda bar. Bu özümizi näme üçin başgalar bilen deňeşdirmeli däldigimiziň ýene bir degerli sebäbidir. Sebäbi bu ýerde, bu wagtlaýyn dünýäde, ölçäp bolýan zatlaryň hemmesinde bakyýete täsirini diýseň güýçli ýetirjek ters tarapy bardyr.

Biz deňeşdirmek bilen petige girýäris-de, Hudaýy beýgeldýän zady döretmegiň deregine, adamy beýgeldýän keşbi döretmäge töwekgelçilik edýäris. Şonuň ýaly oýunlar bilen meşgullanmak arkaly biz gerek bolmajak bäsdeşleri döredýäris. Geliň, ýüpjagazy çekeliň-de, 2 Korinstoslylardaky (10:12) Mukaddes Kitap aýadynyň ikinji bölegini açalyň:

> «Olar pähimsizlik edip, özlerini öz-özleri bilen ölçeýärler we öz-özleri bilen deňeşdirýärler».

Meniň şol çeňňege düşenimi siz eýýäm bilýärsiňiz. Biziň hemämmizem oňa düşüp görendiris diýip pikir edesim gelýär. Biz ölçeýäris we deňeşdirýäris. Tekepbirlik içinde özlerini başgalar bilen deňeşdirýän adamlar bar, özleriniň durmuşynda Hudaý etmek isleýän zadyny deňeşdirmäniň peseltmegine ýol berýänlerem bar.

Tekepbirlik halkanyň bir ujuny gowşadýar, ynamsyzlyk beýlekisine urýar. Olaryň iki tarapy hem howply. Diňe ölçäp bolmaýan Mesih, şalaryň mesh edilen Şasy ýeke-täk hakyky ölçegdir. Diňe Ol mukaddes, päk hem gudratygüýçlüdir. Biz edil, bagtymyza bize kölege bolan ýolbarsyň öňünde titräp duran garynja iýiji biziň ýanymyza gelmekden gorkýandyr öýdüp, sadalyk bilen pikir edip, öz hininiň ýanynda aýlanyp ýören garynja ýalydyrys. Biziň näderejede zähmetsöýerdigimiziň we goldawa mynasypdygymyzyň tapawudy ýok, biz özümizi Üýtgedene asla taý däldiris.

Meniň okamaly bolan ýene bir Mukaddes Kitap aýadym, ine, şudy:

> «Eger ýeke-täk Hudaýdan däl-de, biri-biriňizden öwgi kabul edýän bolsaňyz, onda siz nädip ynanyp bilersiňiz?» (Ýohanna 5:44, häzirki zaman terjime).

Bizi deňi-taýy bolmadyk Hudaýyň barlygyna çagyran bolsalar, onda öz bäsdeşlerimizden öwgi gözlemäge wagt sarp etmek nämä gerek?

Başga adamlara öz durmuşymy kesgitlemäge ýol berenimde, men Gökdäki Atam bilen gatnaşygymy ýitirýärin. Görýän we özüm barada adamlardan eşidýän zatlarym sebäpli, tizara meniň dünýä bolan garaýşym ýoýulyp başlaýar-da, Hudaýyň meniň kim bolup barýandygym baradaky sözlerini ýatdan çykarýaryn. Özümiň akmak hereketlerim we çäkli düşünjelerim, hatda pikir hem etmeýän netijelerimi berende, olara haýran galýan wagtlarym hem bolýar.

Siz meniň bolgusyz ertirimiň üstünden gülýänsiňiz we deňeşdirmeklige tarap ösüp gelýän islendik köki kesersiňiz diýip

umyt edýärin. Eger şeýle ýagdaý bir gezek bolman, her gün dowam etse, onda biz özümizi halys tapdan düşürerdik. Meniň durmuşymda deňeşdirmeler mydama bolup durmaýar, sebäbi ýanymda, menden akmaklygy kakyp çykaryp durýan, adamym we wepaly joram bar.

## Dişläp almak we ýuwutmak

Sosial torlar bize öz durmuşymyza köp adamlary we köp sesleri çagyrmaga mümkinçilik berýär. Munuň gowy bolmagy mümkin, ýöne dostlukly gatnaşygy söýmeýän köp adamlary biziň goňşymyz edip goýýar. Eger siz olary gowy görüp bilmeseňiz, onda araçäk goýmaklyk siziň üçin gowy bolar. Eger kimdir biri siziň bilen dostlukly gatnaşykda bolmasa, olara edil özleriniňki ýaly jogap bermäň-de, plankany ýokary galdyryň. Merhemet astyndaky durmuş bize biri-birimize gödek bolmaklyga hukuk bermeýär. «Ýakynyňy özüň bilen deňeşdir we ony kesgitlemek üçin mümkin bolan zatlaryň hemmesini etjek bol» diýip, hiç ýerde-de ýazylan däldir.

Pawlus: «Çünki bütin kanun şu ýeke sözde jemlenendir: "Goňşyňy özüň ýaly söý!" Biri-biriňizi çeýnäp iýýän bolsaňyz, onda biri-biriňizi ýok etmegiňizden habardar boluň» (Galatýalylar 5:14, 15) diýip ýazýar. Örän ýakymsyz boluş. Biri-biriňi dişlemek we edil duýgusy bolmadyk aç haýwanlar ýaly, biri-biriň etiňi bölüp almak, biri-biriňi iýmek – mesihileriň arasynda beýle zat bolmaly däldir. Şeýle-de bolsa, biziň bloglarymyz we elektron gurluşlaryň üsti bilen sögüşmelerimiz hut şonuň ýaly bolup görünýär. Telefonda we saýtda teniň suratynyň görünmeýän bolmagy mümkin, ýöne ruhda welin, gürrüňsiz ganly ýagdaý görünýär. Elektron gurluşlar döremezinden öň adamlara beýle aňsat golaýlaşyp bolmaýardy. Indi bolsa, göz açyp-ýumasy salymda dişlemek hem iýmek bolýar. Gynansam-da, meniň özüm muny bilýärin, sebäbi özüm şonuň ýaly edipdim.

Arlaýan we dişleýän ýagdaýlarymda, meniň entek işlemegim gerek bolan ulgamlar açylýar. Eger kimdir biri göwnüme erbet degse, men ýeňlen ýaly bolýaryn-da, öz ýaramy goraýaryn. Men telefony

öçürip, edil okly duran ýaragdan gaçýan ýaly, ondan uzaga gaçmagy öwrendim. Köplenç adamlaryň keýpi erbet bolan wagtynda, olara içini dökmäge maý berseň bolýar.

Başgalary ruhlandyrmak bilen olarda gözigidijilik döretmegiň arasynda uly tapawut bar. Edil şonuň ýaly, başgalary öz araňyza çagyrmak bilen olary ol ýerden bilgeşleýin itekläp çykarmagyň arasynda hem uly tapawut bar. Eger siz sosial torlarda kimdir biriniň yzyna düşýän bolsaňyz, ol adam hem sizdäki iň erbet zatlary ýüze çykarsa, ony aýyplamagyň deregine, belki, yza çekilmek we özüňden: «Näme üçin?» diýip soramak gerekdir?

Eger duşmanyň sizi ýok etme umydy bilen ulanýan zadyny Hudaýyň ýagşylyga öwrüp bilýän zadyna öwürmegi öwrenmeseňiz, onda bäsdeşlik sizden ogurlyk eder. Indiki Mukaddes Kitap aýady bäsdeşligiň juda köp bolan ýagdaýynda emele getirýän gurşawyny görkezýär.

> «Eger mydama öz diýeniňe ýetjek bolmaga çalyşsaň, onda durmuşyň nämä öwrüljekdigi göze görnüp dur; mydama söýgüsiz arzan jyns gatnaşygy, akyl we emosional zibiliň ýigrenji tümmegi; bagtyň yzyndan guduzlan ýaly bolup we şatlyksyz kowalamak; oýunjak hudaýjyklar; jadygöýlik we gözbagçylyk; ruhy keselli ýalňyzlyk; rehimsiz bäsdeşlik; hemme zady ýuwudýan we hiç haçan kanagatlanmaýan islegler; bozulan maşgalalar we bozulan durmuşlar; ownuk birtaraplaýyn islegler; *erbet bäsdeşlik endigi adamyň şähsyýetini ýitirýär*; erk edip bolmaýan gözegçiliksiz garaşlylyk; ýygnaga edilýän erbet öýkünmeler. Men dowam edip biljek. Men eýýäm size birinji gezek duýduramok, özüňiz bilýärsiňiz. *Eger siz azatlygyňyzy şonuň ýaly ulanýan bolsaňyz, onda Hudaýyň Patyşalygyny miras almarsyňyz»* (Galatýalylar 5:19–21, «The Message»).

Bu sözlerden soň aglasyň gelýär. Soňky döwürlerde biz Pawlusyň bu ýerde sanap geçýän zatlarynyň köpüsini görýäris. Men barmagym bilen dünýäni görkezmeýärin, Galatýalylara hat – bu Ýygnaga ýazylan hatdyr. Adamyň *şahsyýetini ýitirmek* nämäni aňladýar? Bu ondan şahsyýetini sypyryp almagy, ony şahsy häsiýetlerinden,

aýratynlygyndan mahrum etmekdir. Milletparazlar ýewreýleriň şahsyýetini şeýle bir ýitirdiler welin, nemesler olarda Hudaýyň keşbinde ýaradylan adamlary görmegi bes etdirdiler... Olar bu halkyň özlerine arassa ganly ariý jynsyny döretmekde päsgel berýän meseläni gördüler. Gynansak-da, bu taktika biziň döwrümizde-de hem toparlarda, hem özbaşdak ulanylýar.

Adamlar biri-birini ýazgaryp başlamagy we dürli atlar bilen atlandyrmagy haýallaşdyrmaýar. Akyl ýetirsek-ýetirmesek-de, biziň hemmämizde ýürek bar, elektron sözler öňküleri ýaly ýaralaýarlar. Ezopyň: «Howpsuz aralykda durup, batyr bolmak aňsat» diýip belläp geçişi ýaly, biziň media-formatlarymyzyň köpüsi «howpsuz aralygy» döredýärler. Bu gorkaklara we tankyt etmegi gowy görýänlere başgalaryň üstlerinden gülmäge we masgaralaýan adamlaryny kemsitmäge mümkinçilik berýär. Şol adamlar beýle zatlary hiç haçan hiç kimiň ýüzüne aýdyp bilmezdiler. Näme üçin? Sebäbi adamyň gözlerinde ýaş göreniňde, öz öňüňde duranyň robot däldigini görmezlige salmak aňsat däl. Men mesihileriň, ýeretikden başlap, iň gelşiksiz sögünç sözlerine çenli, biri-birlerini her dürli atlar bilen atlandyrýandyklaryny görýärin... şeýtan bolsa muňa gülýär. Biz onuň işini näçe köp etsek, ol şonça-da az işlemeli bolýar.

## Nädip paş etmeli we düzetmeli

Siziň käbirleriňiz: «Eger adam mamla bolmasa, eýsem, ony köpçülik bolup düzetmek gerek dälmi?» diýip garşy çykýarsyňyz. Gerek, ýöne muny nähili etmelidigine Hudaýda teklibiň bardygy nähili gowy.

> «Açyk paş etme gizlin söýgüden gowudyr. Gowy görýän adamyň käýinçleri hoş niýetlidir; emma ýigrenýäniň posalary ýalandyr» (Süleýmanyň pähimleri 27:5, 6).

Mukaddes Ýazgyda *açyk paş etme* nämäni göz öňünde tutýar? Bu ýerde esasy söz – açyk. Paş etmek açyk ýüreklerde, açyk gujaklamalarda we açyk ýüzlerde hemmesinden gowy bolýar. Biziň

hemmämiz başgalary, özümizi nähili paş etmeklerini isleýän bolsak, şonuň ýaly paş etmelidiris. Men özümi iň gowy ýagdaýda, maňa has gowy täsirini ýetirip bilýän adamlaryň düzetmeklerini isleýärin.

Mukaddes Ýazgyda dostlaryň arasyndaky düzetme barada gürrüň edilýär, ýöne ol lideriň, mugallymyň we iş berijiniň üsti bilen hem edilse ýerlikli bolar. Eger paş etme sizi tanaýan we aladaňyzy çuňdan edýän adam tarapyndan aýdylsa, onda islendik paş etme gowy kabul edilýär. Şonuň ýaly gürrüňdeşlik ýüzbe-ýüz edilse, has gowy bolar. Eger ýüzbe-ýüz duşuşmak bolmaýan bolsa, onda, iň bolmanda, telefon arkaly gürleşmek gerek.

(Paş etmäni tekstli hat ýazma arkaly aýtmagy men teklip etmeýärin. Ony okanyňda köp zat ýitirilýär. Onuň ýaly hatlarda yşaratyň dili we sesiň äheňi ýok. Şonuň ýaly hatlar sebäpli biri-birimize düşünmänimizde, Jon ikimiz köp bolgusyz ýagdaýlary başdan geçirdik. Biziň birimiz, köplenç hem men, ähli harplary baş harp edip ýazýaryn, şeýlelikde, ýazan hatyňa GYGYRMAK ýaly edilip, nädogry düşünilýär!)

Biziň köpimiz, adamlar bizi arkamyzdan paş edenlerinde, ýapyk paş edilmäni başdan geçirip gördük. Adamlar siz gatnaşmazdan düzelmegiňiziň zerurdygyny görenlerinde, size olaryň paş etmeleriniň hoş niýetlidigini barlamak gerek. Hatda olar dogry aýdýan bolsalar-da, eger bu prosese siz gatnaşmasaňyz, onda ol size ösmäge kömek etmez.

Aslynda düzetmegiň şunuň ýaly görnüşi ösüş prosesine päsgel berýär, sebäbi adamlar siz hakda arkaňyzdan gürlänlerinde, bu sizi goranyş ýagdaýyna geçmäge mejbur edýär. Hoş niýetli dostuň bilen ýüzbe-ýüz edilen «açyk paş etme» ikiňize-de biri-biriňize jogap bermäge we paş etme prosesi arkaly ösmäge mümkinçilik berer.

Adamy sosial torlarda düzetmäge synanyşmak ony açyk paş etmegi aňlatmaýar, munuň sebäbi diňe torlaryň köpçülik üçin açyk giňişlik bolandygynda däldir. Mende ajaýyp güýçli joralarym bar, men olary gowy görýärin we sylaýaryn. Ol adamlar bilen men örän ýakyndan dostlaşdym we olaryň durmuşlaryny men bilýärin.

Käwagt şol wepaly joralarymyň, ýanlaryna gelip, nägileliklerini olaryň ýüzlerine açyk aýtmaga utanýan adamlar tarapyndan hüjümlere duçar edilýändiklerini görýärin. Ol adamlar, meniň joralarymy ýaralamak üçin, köpçüligiň içinde olara ýalan bellikleri oklaýarlar. Mukaddes Kitap bu tema barada açyk aýdýar:

> «Bölünişik döredýänlere bir gezek duýdur, ikinji gezek duýdur, *ýöne oňa başga wagt sarp etme.* Munuň ýaly adam öz ugruny ýitirendir, günä edýändir we şeýle etmek bilen öz-özüni höküm edýändir» (Titus 3:10, 11, häzirki zaman terjime).

Şonuň ýaly adamlaryň bloglaryny okamaň, olar bilen jedelleşmäň, Twitterde olaryň yzyna düşmäň, Feýsbuk torunda olar bilen dostlaşmaň. Bölünişik däl-de, ruhlanma gözläň.

Mukaddes Kitabyň «The Message» terjimesinde, ine, nähili ýazylypdyr:

> «Uruş turuzýan adama bir gezek ýa iki gezek duýdur, ondan soň ony gününe goý. Şunuň ýaly adamyň ýoldan çykyp, Hudaýa garşy pitne turzandygy göze görnüp dur. Ol bölünişik döretmek bilen özüni hemmelerden daşlaşdyrýar».

Durmuşda öňe gitdigimçe, meniň dostlarym azalýar, ýöne az bolanlary-da wepalydyrlar. Dostlarym maňa kim bolmak isleýändigimi görkezýärler, emma duşmanlarym welin, kim bolmak islemeýändigimi görkezýärler. Bäsdeşligiň höküm sürýän gurşawynda bizde ilki bilen iň erbet gylyklar peýda bolýar. Ýöne arassalananymyzda bolsa, Hudaý bu işe goşulyp, söweşi bizdäki häsiýeti kämilleşdirmek üçin ulanýar.

Süleýmanyň pähimleri kitabyndan alnan indiki aýatda ondan-da gowy usul teklip edilýär:

> «Dok adam süzme baly basgylaýandyr; aç jana bolsa, ähli ajy zat süýjüdir» (Süleýmanyň pähimleri 27:7).

Men öz durmuşymda päk ahlaklylygyň mundan-da kän miwesini görmäge teşne. Men köpräk ösmekde açdyryn. Hudaýa näçe ýakyn boldugymça-da, durmuşda özüme nämäniň päsgel berýändigini köp görýärin. Durmuşymdaky iň ajaýyp zatlaryň biri-de, meni hakykat bilen ýaralamakdan gorkmaýan dostlarymyň barlygydyr. Duşmanlar mekirlik edip ýa-da bizi ýalan bilen ýaralap bilerler. Geliň, adamlaryň düzen sanawy we deňeşdirmeleri bilen kanagatlanyp oturmalyň. Özümizde bäsdeşligi ýa-da özümizden göwnühoş bolmaklygy we tekepbir ýalňyzlygy döredýän nähilidir bir gabat gelmezlikleri görenimizde, geliň, dyza çökeliň. Eger biz Atamyzyň ýanyna barsak, onda Ol Özüne golaýlaşmaga päsgel berýän zatlaryň hemmesini bizden şatlyk bilen aýrar.

## Pikirlenmek üçin soraglar

1. Haçan hem bolsa bir wagt size lakam dakdylarmy?

   (Mysallar dürli bolup biler: görnüşi, jynsy, ýaş aýratynlyklary). Şol lakamlar sizi nädip çäklendirýär? Siz bu klassifikasiýadan nädip çykyp bilýärsiňiz?
2. Durmuşyňyzyň haýsy ulgamlarynda deňeşdirme siziň şatlygyňyzy ogurlaýar?
3. Biz klassifirlänimizde, deňeşdirenimizde we deňänimizde nämäni görkezýäris? (Kakdyrma: Süleýmanyň pähimleri 29:25.)
4. Sosial gurşaw sizi ruhlandyrýarmy ýa-da kemsidýärmi? Onuň özüňize öndürijilikli täsir edýänine ynamly bolmak üçin siz näme işleri edýärsiňiz?
5. Açyk hem ýapyk paş etmä çemeleşme bilen maksatlaryň arasynda nähili tapawudyň bardygyny düşündiriň.

5

# Size bäsdeş hökmünde seredenlerinde

«Käbir garşylyklar mydama adama kömek edýändir.
Degirmen ýeliň ugruna däl-de, tersine üweýändir».

LÝUIS MAMFORD

Öňräk men ýakyn joralarymyň biri bilen telefonda gürleşdim. Onuň adamsy zehinli sazanda we saz prodýuseri, onuň özi bolsa, güýçli gullukçy we hemme taraplaýyn zehinli adam. Olar soňky döwürde köp synaglary başdan geçirmeli bolan bolsalar-da, men olary hemişe arassa, pespäl we duýgudaş adamlar hökmünde tanaýaryn. Olara myjabat atdylar, inkär etdiler we adalatsyz ýazgardylar.

Meniň joram: «Olar biziň gybatymyzy etdiler ...» - diýip düşündirdi, soň hem, esasy adamlaryň atlaryny sanady. Men diňledim. Men düşündim. Soň men onuň gürrüňleriniň sapajygyny ýitirdim, sebäbi indi men ony görmeýärdim, onuň hatda nämäniň içinden geçýändigini-de bilmeýärdim. Geljegiň olary nirä alyp barýandygyny gördüm. Men gören zatlarymdan ýaňa şeýle güýçli alada galdym-da, birden: «Bolýar! Size olar üçin Hudaýa minnetdar bolmak gerek.

Olaryň size bolan dogry gatnaşyklary sizi şu günki bolşuňyza alyp geldi» – diýip aýdyp goýberdim.

Düşüniň, men olara erbet darandyklaryna begenemok-da, olaryň şol ýüzlenmä jogap berişlerine begendim.

Elbetde, maňa gürlemek aňsat, sebäbi men olara gapdaldan seredýärin. Soň men özümden: «Men öz durmuşymda bäsdeşlerimiň garşy durmalaryna aýdyp bolmajak derejede minnetdar bolmagy öwrendim» - diýip, sözümiň üstüni ýetirdim.

Şol aňsat bolmadyk günde maňa hut şu gürrüňdeşlik gerekdi. Şonuň üsti bilen meniň özüm ruhlanma aldym. Siziň hiç haýsyňyz gödek ýazgarylma duçar bolmarsyňyz we ýeretik diýlip atlandyrylmarsyňyz diýip umyt edýärin. Eger şunuň ýaly zat sizde eýýäm bolup geçen bolsa, onda munuň nähili agyrylydygyny eýýäm bilýänsiňiz.

Ýöne gynanmadan we lapykeçlikden gaçmagyň we gizlenmegiň deregine, men yzyma seredip, Hudaýyň üýtgewsiz wepalylygyny görmegi öwrendim. Ýene bir güne döz gelip bilmejek ýaly bolup görnenimde, Ol her gezek meni Öz egninde göterdi. Men Hudaýyň wepalylygy barada dostlaryma garanda, duşmanlarymdan köpräk bildim.

Dostlaryňyz size gaçybatalga bererler. Bu gowy zat, ýöne bu munuň sizde hökman ösüş emele getirjekdigini aňlatmaýar. Dostlaryňyz siziň durmuş tupanlaryndan goralan bolmagyňyzy isleýärler, duşmanlaryňyz bolsa, sizi sil bolup ýagýan ýagşyň aşagyna iteklemek üçin ellerinde baryny edýärler. Ýöne siz durmuşyň şonuň ýaly etapynyň içinden geçýän bolsaňyz, onda Hudaý siziň esasy gaçybatalgaňyzyň Özi bolup durýandygyny bilmegiňizi isleýän bolsa näme? Şonuň ýaly ýagdaýda iň gowy halypa kim bolýar: bäsdeşmi ýa dost?

Bäsdeşler — durmuşyň hakykatydyr. Men bilýärin. Bagyşlaň, bu maňa-da ýaramaýar, ýöne bu şeýledir. Şeýle-de bolsa, bäsdeşde maksat bolýar. Bäsdeşsiz durmuşy emele getirmeklik olaryň hemmesini durmuşyňyzdan aýrandygyňyzy aňlatmaýar. Gaýtam, bu hemme zadyň, dogrudanam, siziň bähbidiňizedigini, sebäbi siziň Hudaýyň maksadyna laýyklykda çagyrylandygyňyzy aňladýar. Özümizde köpräk ösüş we akyldarlyk oýarmak üçin biz

bäsdeşlerimiziň güýjüni ulanyp bileris.

Eger dogry seretsek, onda bäsdeşler katalizator bolup gulluk edýärler-de, biziň gowşak taraplarymyzy açýar we garşymyza çykmak bilen, güýçli tarapymyzy ösdürýär. Olar bizi güýjümiziň çäklerinden daşary itekleýärler we özümizi ýalňyz duýanymyzda, ýokary seretmäge mejbur edýärler.

Belki, siz: «Duruň, siz ýaňyja meniň bäsdeşsiz gyzdygymy, deňi-taýy bolmadyk wadanyň mirasdarydygymy, Hudaýa bäsdeşsiz sežde etmek üçin ýaradylandygymy aýtdyňyz» - diýip pikir edýänsiňiz.

Barybir siz Hudaýyň nazarynda bäsdeşi bolmadyk gyzysyňyz. Siz Ýaradan bilen öz gatnaşyklaryňyzyň prizmasynyň üsti bilen özüňize seretmelisiňiz, başga adamlar bilen gatnaşyklaryňyz üçin bolan esasyňyz hem, edil şonuň ýaly bolmalydyr. Ýöne bäsdeşimiz ýok ýaly bolansyramak we wadalaryň hemmesine biz göreşsiz ýetip bilýän ýaly bolup ýöremek, örän sadalyk etdigimiz bolar. Isanyň: «Siz dünýäniň nurusyňyz» (Matta 5:14) diýmegi garaňkylygyň ýokdugyny aňlatmaýar. Nur bolmagyňyzyň indi hiç haçan garaňkylygy görmejekdigiňizi aňlatmaýşy ýaly, siziň bäsdeşsiz gyz bolmagyňyz hem, indi olara hiç haçan duş gelmejekdigiňizi aňlatmaýar.

*Bäsdeş* sözünden üç dürli söz toparyny emele getirip bolar: at – bäsdeş, sypat – bäsdeşlik ediji, - işlik – bäsdeşlik etmek.

Bu söz at hökmünde giň öwüşgine eýe bolýar. Ýeňilräk edip aýdanyňda bu söz bilen deň-duşuňy, hili boýunça deň bolan birini ýa-da ýaryşlardaky bäsdeşiňi atlandyryp bolýar, has gynandyryjy ýagdaýda duşmanyňy, betbagtçylygy, garşydaşyňy atlandyryp bolar.

*Bäsdeşlik ediji* sypat dostuň bilen bäsdeşlik etmekden başlap, ölmän galmak üçin duşmanyň bilen söweşmeklige çenli bolan zatlaryň hemmesini suratlandyrýar. Iň soňunda-da, *bäsdeşlik etmek* işlik hökmünde, asudasyndan (gabat gelmekden, meňzeş bolmakdan we deňeşdirmekden) başlap, agalyk etmeklige (ýokary bolmaklyga, üstün bolmaklyga we harçaňlaşma) çenli bolan manylaryň birgidenini aňladýar.

Bäsdeşler hakykatdan bardyrlar. Hatda şu wagt hem, size biriniň

bäsdeşi hökmünde seredýän bolmagy örän ahmal, siz bolsa, şeýledir diýip pikir hem etmeýärsiňiz. Adamlaryň köpüsi, özleri muny aňmasalar-da, başgalar bilen bäsdeşlige girýärler. Gep sport ýaryşlary ýa-da akademiki konkurslar, gözellik konkurslary, ylmy derňewler ýa-da saýlawlar barada gidenok. Işe bäsdeşe garaşyp gitmeýärler, elbetde, ýygnakda-da hiç kim bäsdeşe garaşmaýar! Şeýle-de bolsa, olar durmuşymyzyň her bir ulgamynda peýda bolýar. Biz adamlaryň özümiz babatdaky garaýşyna täsirimizi ýetirip bilmeýäris. Bagyşlaň. Hatda, siz öz adyňyzdan jemgyýet bilen aragatnaşykda bolmak üçin iň gowy firmany saýlasaňyz-da, siz diňe olaryň düşünjelerini dolandyrardyňyz. Muny näçe ir kabul etseňiz, şonça-da gowy bolar. Sizde başgalara seretmekde doly gözegçiligiňiz bardygy gowy täzelikdir. Käwagt başga adamlara bolan garaýşyňyzy üýtgedip, olaryň hem özüňize bolan garaýyşlaryny çürt-kesik üýtgedip bolýan örän takyk ýagdaýlar hem bolýar. Bu barada indiki bapda has jikme-jik ýazaryn.

Bäsdeşlerde nähili maksadyň bardygyna garamazdan, siz bäsdeşligi mydama öz bähbidiňize öwrüp bilýärsiňiz. Siziň bar etmeli zadyňyz – aşaky iki esasy zady gözegçilikde saklamakdyr.

1. Siz başgalaryň diýýän, pikirini edýän, ýerine ýetirýän we duýýan zatlaryna gözegçilik etmeýärsiňiz we jogap bermeýärsiňiz.
2. Siz *öz* aýdýan, pikirini edýän, ýerine ýetirýän we duýýan zatlaryňyza jogap berýärsiňiz.

Biziň hemmämizem bäsdeşlerimiziň *bize* näme edip biljekdiklerini bilýäris, ýöne men bu bapda bäsdeşlerimiziň biz *üçin* näme edip biljekdiklerini açyp görkezmek isleýärin.

## Bäsdeşler Hudaýyň güýjüni açýarlar

Doglanda gizlenilen, şa gyzy tarapyndan halas edilen we faraonyň öýünde terbiýelenen Musanyň ykbaly ilki başdan ýeňil bolmady. Hudaý bu ýagdaýlaryň hemmesini ony diri galdyrmak üçin ulandy. Ýöne Musa-da biz ýaly, ykbalyň oňaýlykly ýagdaýlarda däl-de, garşylyklar döwründe

açylýandygyna düşündi. Musa hemme zady öz eline aljak bolanda, munuň agyr ýoldugyna düşündi, ýöne şonuň bilen bilelikde ol özüni şu wagta çenli tanan halkyndan üzňe etdi. Onuň çöldäki durmuşy maňa uzak dowam eden göçe-göçlükli arakesme ýaly bolup görünýär. Soň Hudaý duýdansyz ýagdaýda, uzak çölde gaçgak bolup ýaşap ýörkä, Musanyň ýanyna gelýär. Bu ýerde biz sapak görýäris. Eger biz geçmişde nämedir bir zady bulaşdyran bolsak, onda bu bize geljege barýan ýoluň ýapylandygyny aňlatmaýar. Musa özüniň näme üçin diri galandygyny bilýärdi, özi üçin Hudaýda nähili çagyryşyň bardygyny, näme etmelidigini we kim bolmalydygyny göz öňüne getirýärdi, ýöne oňa halas edijiniň häsiýeti ýetmezçilik edýärdi. Hudaýa Musada köşkde ýaşanda ýetip bilmedik çuňlugyny ösdürmek gerekdi. Hudaý bizi, günleriň birinde köpçüligiň öňünde etjek zadymyza gizlinlikde taýýarlaýar. Dogany Harunyň, aýal dogany Merýemiň ýanyna düýbünden başga Musanyň gaýdyp gelen gününde ýetip geldi. Wagty gelende, faraon bilen duşuşmagy üçin, Hudaý ony halasgär we ilçi bolmaklyga mesh etdi.

**Musa ykbalyň oňaýlykly ýagdaýlarda dälde, garşylyklar döwründe açylýandygyna düşündi.**

Hudaý Musany güýç bilen bäsdeşi faraonyň ýanyna alyp baryp, ony dünýäde görnükli ýerde goýmalydy. Hudaý Musany faraonyň ýanyna goýberende, onuň oňa gulak asmajakdygyny hem aýdýar:

> «Meniň saňa buýurýan tabşyryklarymyň ählisini sen [oňa] aýtmalysyň, doganyň Harun bolsa faraondan ysraýyllary öz ýurdundan goýbermegini sorar. Emma Men faraony doňýürek adam ederin. Hatda Men Müsürde alamatlarymyň we gudratlarymyň sanyny köpeltsem-de, faraon sizi diňlemez. Şundan soň Men Müsüre göz görkezip, olara agyr jezalar berip, Öz halkym bolan ysraýyllary topar-topar edip, Müsürden alyp çykaryn. Men golumyň güýjüni görkezip, Müsürden ysraýyllary alyp çykanymda, [ähli] müsürliler Meniň Rebdigime göz ýetirerler» (Müsürden çykyş 7:2-5).

Ýeňlişe sezewar bolan tabşyryk ýaly görnen zatda Hudaý takyk maksady gördi. Edil şunuň ýaly maksat bilen hem faraon özüniň görnükli pozisiýasyny eýeledi. Şonuň arkasyndan hem, Hudaý ýerdäki halklaryň öňünde beýgelmelidi.

> «Şu wagta çenli Men golumyň güýji bilen seni we seniň halkyňy gyrgyna berip, köküňiz bilen ýerden sogrup taşlap hem bilýärdim. Emma Men sizi diňe şeýle maksat bilen, ýagny size Öz güýjümi görkezmek üçin diri saklap ýörün. Şeýdip, bütin ýer ýüzünde Meniň adym jar ediler» (Müsürden çykyş 9:15, 16).

Bäsdeşler Hudaýyň güýjüni görkezdiler. Müsür bilen bolan dawalar, faraonyň heýkellerine we atlaryna däl-de, butparazlaryň arasynda Hudaýa sygynýan ezilen halky belli etmek we ýokary galdyrmak üçin gulluk etdi. Edil şu wagt siziň durmuşyňyzda Öz elini görkezmek we sizi hem-de ezilýän beýleki adamlary halas etmek üçin Hudaýyň haýsy dawany ulanýan bolmagy mümkin? Öz durmuşyňyzdaky söweşlere ünsli seredeniňizde, siz olarda bäsdeşlik sylagyny görýärsiňizmi?

Dawut patyşany kim şöhratlandyrdy? Pygambermi, kakasymy ýa-da dosty? Ýok, onuň garşydaşy – Jalut.

Piliştli garşydaşy bilen başa-baş söweş bolmadyk bolsa, Dawudyň çölde tanalman galmagy mümkindi. Galyberse-de, ol sekiz doganyň iň kiçisidi. Dawut Şamuwel pygamber tarapyndan patyşalyga mesh edilen bolsa-da, patyşa bolýança birgiden bäsdeşlere duş gelmeli boldy. Mesh edilme aýra edip goýýar, Jalut bilen başa-baş söweş belli edýär.

Piliştli söweş meýdanynda özüni görkezeninde, ol Şawuly başa-baş söweşe çagyrmaga synanyşýan ýalydy. Şawul Jalut ýaly uzyn boýly bolmasa-da, ysraýyllaryň arasynda çempiondy, ökde esgerdi. Mukaddes Kitapda Şawulyň beýleki ysraýyllaryň hemmesinden bir kelle we egin uzyn bolandygy aýdylýar. Alymlaryň çaklamalaryna görä, Şawul 6-dan 6,6 futa çenli uzynlykda bolupdyr. Jaludyň boýy dokuz futdan-da uzyn bolupdyr.

Esger Jalut Şawul patyşanyň öňünde minara ýaly bolup durýardy.

Şawul patyşa bolsa, Dawut çopanyň öňünde minara ýalydy. Ýöne Dawutda onuň gysga boýlulygynyň öwezini dolýan zat – batyrlyk bardy. Eger adamda batyrlyk bar bolsa, ol edermen, gaýduwsyz, mert, aýgytly adam bolýar. Öňräkki derňewler bu häsiýeti, batyrlygy, Uest-Poýntdaky liseýiň harby uçurymlarynyň üstünlikleri, synagdaky ballara we ýetişik reýtinglerine seredeniňde köpräk kesgitledi. Derňewleriň gidişinde harby talyplara şahsy batyrlygyna 1-den 5-e çenli şkaladaky derejede baha berip, test geçmek teklip edilýär.

Dawutda bäş goşmagyň bolandygyna men ynanýaryn. Eger batyrlyk ýok bolsa, ýolbarsyň hem aýynyň ýanyna eliň boş baryp bolmaýar. Äpet adam bilen boljak başa-baş söweşiň netijesi hakda pikir ederden Dawut juda batyrdy. Şawulyň boýy uzyndy, ýöne batyrlyk derejesinde onuň Dawutdan eslije pes bolandygyna men ynanýaryn. Şahsy batyrlyk bolmasa, meşhur bolup bolmaýar. Başa-baş söweşde gazanylan ýeňşiň taryhy gymmaty bolmaýar. Hemmeleri ýere pylçap ýeňmek üçin köp derejede deň dällik zerur bolýar. Synçylar söweş meýdanyndan: «Men netije munuň ýaly bolar diýip çaklamandym, bu diýseň gowy boldy» diýen sözler bilen gitmelidirler. Dawuda karta goýmak mümkin bolar ýaly güýçli garşydaş gerekdi. Meşhur ýöne aýgytsyz esger bolan Şawulyň şöhraty we piliştli çempionyň döreden gorkusy Dawudy deňi-taýy bolmadyk esger etdi.

Malkolm Gleduell özüniň: «Dawut we Jalut: autsaýderleriň faworitleri ýeňşi» atly kitabynda şeýle ýazýar:

> «Dünýädäki biz üçin gymmat ýaly bolup görünýän zatlaryň köpüsi, biz ýeňip geçip bolmajak ýagdaýlara duş gelenimizde döreýän çuň dawalardan döreýär-de, olar ajaýyplyk hem gözellik bolup çykýar... Autsaýderleriň roly adamlary şeýle bir üýtgedip bilýär welin, biz köplenç hukugy boýunça baha bermäge-de ukyply bolmaýarys: ol gapylary açyp, mümkinçilikleri döredip bilýär, bilim berip, öwredip we başga ýagdaýlarda kelläňe-de gelmejek zatlary mümkin edip bilýär».

Siz ýeňip bolmajak garşydaşyň öňüne düşeniňizde, sizde hereket

etmäniň iki warianty bolýar: tabyn bolmaly we ýan bermeli ýa-da ör boýuňyza turup, içiňizde bar bolan beýik batyrlygy çagyrmaly bolýarsyňyz.

Dawut özüne Şawulyň beren ýaraglarynyň hemmesini egninden çykarýar-da, öz Hudaýynyň adyny çagyrýar.

> «Soňra Dawut piliştlä: «Sen meniň üstüme gylyçly, naýzaly we gamaly gelýärsiň, *emma men seniň üstüňe seniň gyjalat beren Ysraýyl goşunynyň Hudaýy Hökmürowan Rebbiň adyndan gelýärin*. Şu gün Reb seni meniň elime berer we men seni urup, kelläňi keserin. Men bu gün piliştlileriň ählisiniň läşini ýyrtyjy guşlardyr ýabany haýwanlara şam ederin. *Şonda tutuş ýer ýüzi Ysraýylda Hudaýyň bardygyny biler*» (1 Şamuwel 17:45, 46).

Jalut Dawudyň ykbalynda diňe bir esasy roly oýnaman, eýsem Jaludyň, onuň bilen bilelikde ähli piliştlileriňem ýeňilmegi bütin ýer ýüzüniň Ysraýylyň üstünde Hudaýyň eliniň bardygyny görmegine alyp bardy. Biziň dünýämizde jalutlar entegem bar. Olar biziň garşymyza çykýarlar we biziň Hudaýymyzyň bardygy barada erbet zatlary aýdýarlar. Şol äpetler mekdepdäki, işdäki we jemgyýetçilik ýerlerindäki azar berýänler görnüşinde maska dakynýarlar. Daşlaryň aňyrsynda gizlenmegi bes edeliň, dilimizdäki Hudaýyň Sözi bilen öňe ylgamagyň wagty geldi.

Sizde Mesihi ölümden direlden Ruh bar. Bäsdeşleriňiz özleriniň şertlerinde siziň öz güýjüňiz bilen söweşmegiňizi isleýärler. Ýan bermäň. Siz bu zatlardan ýokary bolmalysyňyz. Bäsdeşi bolmadyk çagalar hökmünde biz, ýamanlygy tanasak, gowy zat etdigimiz bolar. Galyberse-de, biz muny öz şöhratymyz üçin däl-de, Onuň hatyrasyna edýäris.

Jalut Dawudy şöhratlandyrdy. Sosial torlar adamy meşhur edip biler. Ýöne şöhrat ony patyşa etmeýär. Eger şöhraty hyýanatçylykly ulansaň, onda ol egoistik diktatorlary terbiýelemäge gulluk edýär-de, gullukçylary ýokary galdyrmaýar. Hudaý Öz halkyna Şawul ýaly özüne ynamly bolmadyk täze lideriň ýolbaşçylyk etmegini islemeýär. Oňa Özüne sežde edýän we Onuň güýjüni açyk görkezýän adam gerekdi.

Bize Hudaýyň öňünde patyşalar we ruhanylar bolmaklyk tabşyryldy. Biz adamlaryň arasyndaky meşhurlyga däl-de, Rebbe wepaly bolmaklyga ymtylýarys. Dawut Hudaýdan gorkýardy, Şawul bolsa adamlardan.

Şöhratyň ters tarapy meşhur adamlarda şägirtleriň we yzyna eýerýänleriň däl-de, muşdaklaryň köpdügini aňladýar. Muşdaklar mydamalyk bolmaýar. Olar bu gün sizi gowy görýärler, ertir bolsa ýigrenýärler. Dawut patyşa muşdak gerek däldi. Oňa janlaryny pida etmäge taýýar bolan erkekler we aýallar gerekdi. Päk ahlakly patyşalara akyldar maslahatçylar, wepaly goşun we sadyk hyzmatkärler gerek bolýar. Bu zatlaryň hemmesine eýe bolmak üçin Dawuda synagdan geçmek gerekdi. Hudaýda Dawuda patyşalyga girmäge kömek etmek üçin taýýarlanylan bäsdeş bardy.

## Bäsdeşler siziň ykbalyňyzy açýar

Bäsdeşlerde sizi näbellilikden süýräp çykarar ýaly ýa-da sizi meşhurlykdan urup agdarar ýaly güýç bar. Gowy täzelik olaryň siziň durmuşyňyzda näme döretmelidigini özüňiziň saýlamagyňyzda jemlenendir.

Bäsdeşleriňiz sizi ýeňýärlermi ýa-da sizi ýeňşe alyp barýarlarmy? Hut şonuň üçin bäsdeş siziň ykbalyňyzy açyp bilýär.

Dawut Hudaýy ogul hem çopan pozisiýasynda tanaýardy. Ol goýunlaryň arasynda Ýakyn Gündogaryň ýyldyzlarynyň ýagtysy astynda Hudaýa tagzym edýärdi. Çopançylygyň çola ýerlerinde ol goýunlaryny goramak üçin, ýolbarsy we aýyny ýeňýär. Indi Dawut haçan saňa hüjüm edýändiklerini we ýabany haýwan ýaly edip alyp gidýändiklerini bilýärdi.

**Bäsdeşleriňiz sizi ýeňýärlermi ýa-da sizi ýeňşe alyp barýarlarmy?**

Batyr Dawut üçin Şawul patyşa adamlaryň arasyndan Hudaýyň barlygyna alyp barýan gaty gowy ýolbelet bolupdy; hut şonda Dawut mesh edilmäni aldy we şonda onuň patyşalyk ykbaly kesgitlenildi.

Dawut bilen Şawulyň aragatnaşyklary gutaryşy ýaly başlanmandy. Başda Şawul Dawudy gowy gördi we onuň durmuşynyň üstünde Hudaýyň eliniň bardygyny ykrar etdi. Şawul özüni gowşak hem gynanylan ýaly duýan wagtynda, ony özüne golaýlaşdyrdy. Ol patyşalyk meselesinde Dawuda ynanýardy. Bu barada Mukaddes Kitapda näme ýazylandygyna seredeliň.

> «Dawut Şawul özüni nirä iberse gitdi, baran ýerinde-de işi şowuna boldy. Netijede, Şawul ony öz goşunbaşysy edip goýdy. Mundan ähli halk-da, Şawulyň hyzmatkärleri-de hoşal boldular» (1 Şamuwel 18:5).

Ondan gowy ýolbaşçyny Şawul dilemedem. Erbet ruh ony gynanda, patyşanyň ýüregini rahatlandyrmak üçin, Dawut oňa guslide saz çalyp we aýdym aýdyp berdi. Bu waka siziň ýadyňyzda bolsa gerek.

> «Dawut Jalut piliştlini öldürenden soň, adamlar öýlerine gaýdyp gelýärkäler, ähli Ysraýyl galalaryndan gelen aýallar Şawul patyşany garşylamaga çykdylar. Olar deprekdir beýleki saz gurallaryny çalyp, şadyýan aýdymlar aýdýardylar, tans edýärdiler. Aýallar şatlykdan ýaňa:
>
> «Şawul müňüsini,
> Dawut on müňüsini öldürdi»
> diýşip, aýdym aýdýardylar.
>
> Aýallaryň bu aýdýan sözi Şawula ýakmady, onuň juda gahary geldi. Ol: «Olar Dawuda on müňüsini, maňa bolsa müňüsini berýärler. Oňa indi diňe patyşa bolaýmak galdy» diýdi. Şol günden beýläk Şawul Dawudy yzarlap başlady» (1 Şamuwel 18:6–9).

Olar göni manysynda şunça duşmany öldürmedik bolsalar-da, bu deňeşdirme barybir Şawulyň gaharyny getirdi. Aýallaryň aýdymy onuň gözüni açan ýaly boldy, soň ol agzyny açyp, özüniň ýykylyşyny pygamberlik edip başlady. Aýallar aýdymlary bilen ony öjükdirýän ýalydy, ýöne gülki asla onuň ýadyna düşmeýärdi. Bu aýdym onuň janyna degdi. Özüniň gulak asmazlygynyň ony patyşalykdan mahrum

etjekdigini Şamuweliň aýdanyna ýyllar geçipdi. Şamuwel onuň patyşalykdan aýryljagyny, patyşalygyň ondan gowy bolan başga birine beriljekdigini aýdypdy (1 Şamuwel 15:28-e seret). Bu aýdym sebäpli Şawulyň durmuşynyň sapagy dartylyp we üzülip başlady. Dawudyň öz ornuna geljegine düşüneninde, bir sekundyň içinde ony howsala duýgusy gurşap aldy. Şawul parahatçylyk bilen gitmekçi däldi.

Içiňde ynamlylyk bolmadyk wagtynda, gözüňi açyp ýumasy salymyň içinde, ýakymsyz deňeşdirme dostuňy bäsdeşe öwürýär. Şawul Dawudyň iş ýüzünde görkezen gymmatyny görmegi bes etdi, ol Dawutda abanyp duran howpy gördi, şeýdip, bir günde hemme zat özgerdi.

> «Ertesi Hudaý tarapyndan iberilen jyn-arwah çaltlyk bilen Şawulyň kalbyna girdi. Ol öz öýünde arlamaga başlady. Dawut hemişekisi ýaly barbat çalyp otyrdy. Şawulyň elinde naýza bardy» (1 Şamuwel 18:10).

Biziň hemmämize peýdaly bolan ýatlatma... Hudaý Öz maksadyna ýetmek üçin Özüniň isleýän zatlarynyň hemmesini ulanyp bilýär. Bu ýerde Ol görip patyşany soňky derejä ýetirmek üçin gynaýjy araçyny iberýär.

Şol gün Dawut hemişeki edýän zadyny edip otyrdy – ol gusli çalyp otyrdy, ýöne bu gezek Şawulyň elinde başga zat bardy, sebäbi onuň ýüreginde üýtgeşme bolup geçipdi.

> «Ertesi Hudaý tarapyndan iberilen jyn-arwah çaltlyk bilen Şawulyň kalbyna girdi. Ol öz öýünde arlamaga başlady. Dawut hemişekisi ýaly barbat çalyp otyrdy. Şawulyň elinde naýza bardy. «Dawudy diwara çüýläýin» diýen niýet bilen Şawul naýzany oňa tarap zyňdy. Emma Dawut iki gezek zyňylan naýzanyň öňünden sowlup ýetişdi» (10, 11 aýat).

Serediň nähili kontekst. Şawul öz köşgünde eli ýaragly däliräp ýör, Dawut bolsa, şol wagt sežde etme guralynda saz çalýar. Mundan güýçli gapma-garşylygy göz öňüne getirip bolarmy? Öýüň içinde kim

eli naýzaly ylgaýar? Şawul gowakdaky adamyň derejesine düşýär.

Meniň gylyçlar temasynda kitap ýazandygym sebäpli, öýümiň dürli ýerlerinde her hili gylyçlar bar, ýöne olaryň iň bolmanda biri meniň elime örän seýrek düşýär. Hatda iň eýmenç günde-de, men gormanlaryň ýokary galmasy sebäpli özümden çykanymda-da, olaryň ýekejesine-de elimi degirmäge het etmeýärin. Nämedir bir zat üstüňizden basýan wagtynda, eliňe ilen zady oklasyň gelýär. (Öz tejribämden aýdýaryn). Dawut düýn söweş meýdanynda egin egne berip duran we özüne arkasyny öwren adamsy bilen duşuşmakdan gaça durmak üçin gizlenmeli bolýar. Dawutdaky iň gowy zat Şawuldaky iň erbet zady ýüze çykardy, ezip barýan öňden duýma hakyky gorky ruhuna ösüp geçdi.

> «*Şawul Dawutdan gorkýardy, sebäbi Reb onuň bilendi, Şawuly bolsa Reb terk edipdi*. Şoňa görä Şawul Dawudy öz ýanyndan aýryp, müňbaşy edip goýdy. Dawut söweşde öz goşunyna baştutanlyk edýärdi. Dawudyň hemişe işi rowaçdy, çünki Reb onuň bilendi. Onuň ähli işleriniň rowaç bolýandygyny görende, Şawul ondan gorkýardy» (1 Şamuwel 18:12–15).

Dawudyň harby üstünlikleri Şawulyň ýeňşi hasap edilmelidi. Ýöne Dawudyň üstünliklerine öz ýolbaşçylygy astynda patyşalygy berkitmek hökmünde garamagyň deregine, Şawul Dawudyň her söweşde gazanan ýeňşini öz abraýynyň pese düşmesi hasap etdi. Şawul Dawuda öz ogly hökmünde garamagy bes etdi, onuň öz ýanynda bolmagy Şawuly indi köşeşdirmeýärdi. Ol öz gözüne Dawudyň görünmegini islemeýärdi. Ýöne bu oňa azlyk edýärdi. Gözüme görünme, ýüregimden ýok bol – munuň ýaly pikir oňa bolmaýardy. Şawul patyşa, duşmanlar Dawudy öldürerler diýen umyt bilen, ony söweşiň iň gazaply ýerine goýýardy. Ýöne bu ýene Dawudyň peýdasyna bolýardy. Şawul Dawudy jaýlamaga synanyşanda, ol ýene janlanýardy.

> «Emma Rebbiň Dawut bilen biledigine we öz gyzy Mikalyň-da oňa aşyk bolandygyna Şawul aýdyň göz ýetirdi. *Şoňa görä onuň*

> *Dawutdan gorkusy has artdy we ol Dawuda ömürbaky duşman boldy»* (1 Şamuwel 18:28, 29).

Juda gysga wagtyň içinde Şawulyň Dawuda bolan gatnaşygy şübheden we gorkudan ýigrenje ösüp geçýär. Indi onuň özüniň söýgüli ogly, uruş gahrymany we egindeşi hasap eden Dawudy ýokdy. Indi Dawut ýigrenilýän adama we jenaýatça öwrüldi. Ol hiç hili erbet zat etmedik bolsa-da, onuň üçin Şawulyň köşgünde gowy görlüp ýörelýän wagt gutardy. Wakalaryň munuň ýaly öwrülişigine haýran bolan Dawut, öz janyny aman saklamak üçin, gyssagly ýagdaýda köşkden gidýär.

Patyşa köşgünden gaçmaklyk Dawudyň durmuşyndaky täze etapyň başlangyjy boldy. Sylaglaryň we derejäniň deregine ol mydama inkär edilmä, gazaply garaýyşlara we çölde ölüm howpuna duş geldi ýördi. Käbir alymlar bu döwür sekiz ýyla golaý dowam etdi diýip hasap edýärler. Yzarlanylmanyň we hasyl bitmeýän daglarda sergezdan bolup ýörmäniň bu ýyllarynyň hemmesi Dawuda sapak bolup, oňa Hudaýyň göwnünden turýan patyşa bolmakda kömek etdi.

Dawudy bir gowakdan beýlekisine kowýan rehimsiz möjek yzarlaýardy. Ol Şawulyň ruhanylaryň hemmesini we olaryň maşgalalaryny, gaçgaga gyssagara kömek edendikleri üçin öldürenini eşideninde hasrat çekdi. Duşmançylygyň we bäsdeşligiň köp ýyllarynyň dowamynda Dawut, gowakda bolsa-da, köşkde bolsa-da, ilki bilen päk ahlaklylygy ösdürmegiň gerekdigini bilýärdi. Onuň durmuşynda ikinji jalut hem bardy.

Maňa size düşündirmäge rugsat ediň.

Eger Dawutda, has takygy, atasy bilen meseläniň bardygyny aýtsak, onda doly bimamla bolarys diýip pikir etmeýärin. Dawut her gezek çölde Şawul patyşa bilen gürleşende, ony «atam» diýip gygyryp atlandyrýar. Bu ýerde onuň lapykeçliginiň aýnasy açylýar.

> «Eý *atam*, donuňdan kesilen elimdäki şu kesindini görýäňmi, ine, seret. Donuňyň synyndan kesip aldym, ýöne seni öldürmedim. Saňa ýamanlyk etmek ýa-da haýynlyk etmek niýetimiň

> ýokdugy şundan hem belli ahyryn. *Meni öldürmek üçin aňtap ýörenem bolsaň, men seniň öňüňde günä gazanmadym*» (1 Şamuwel 24:12).

Dawut bilen kakasynyň arasynda nähilidir bir gaharlanyşma bolandyr diýip pikir etmäge hakyky sebäp ýok, ýöne ol maşgaladaky sekizinji ogul bolany sebäpli, ýeterlik üns berilmäni alan bolmasa gerek. Belki, Dawut sekiz doganyň saýasynda ulalandyr. Ogullaryň hemmesi ýaly, Dawudyň öz kakasynyň göwnünden turmaga we ýaranmaga umyt eden bolmagy mümkin. Ýöne, şeýle-de bolsa, Şamuwel pygamber Ýyşaýyň ogullaryny mesh etmek üçin gelende, kakasy hatda onuň yzyndan adam ibermegi-de ýatdan çykarýar.

> Ýyşaý ýedi oglunyň ýedisini-de şeýdip, Şamuweliň öňünden geçirdi. Şamuwel Ýyşaýa: «Reb bularyň hiç birini-de saýlamady» diýdi. Soňra ol Ýyşaýdan: «Ogullaryň hemmesi şularmy?» diýip sorady. Ýyşaý: «Ýene körpesi-de bar, ol goýun bakyp ýör» diýip jogap berdi. Şamuwel Ýyşaýa: «Ony getirt, çünki ol bu ýere özi gelýänçä, biz dyz epmeris» diýdi (1 Şamuwel 16:10, 11).

Näme üçin Şamuwel Ýyşaýdan başga oglunyň barmydygyny sorady? Pygamber gelen badyna Ýyşaý onuň yzyndan adam goýbermelidi ahyry. Onuň Dawutda saýlanylan bolmaga dalaşgäri görmändigi göze görnüp dur. Eger Şamuwel pygamber biziň öýümize gelen bolsa, *bütin* maşgalany ýygnamak üçin men elimde baryny ederdim. Men olara skaýpdan, telefondan jaň edip, gyssagly öýe gelmelidiklerini aýdardym. Emma olaryň haýsydyr biri haýsydyr bir sebäbe görä gelip bilmese, onda jogapkärçilik diňe şonuň öz üstüne düşerdi.

Kakasynyň ünsüni gazanmakda Dawudyň ýedi sany bäsdeşi – onuň doganlary bardy. Mukaddes Ýazgynyň Dawut bilen doganlarynyň arasyndaky gepleşikleri getirýän ýeri, ýylylyk hem goldaw şekilini asla şekillendirmeýär. Üstesine-de, uly doganlary Dawudy gedemlikde aýypladylar, onuň kakasynyň öýündäki roluny peseltdiler we ýüreginiň

tekepbirdigini we gatydygyny aýtdylar ( 1 Şamuwel 17:28).

Belki, hut şonuň üçindir, men Dawudyň mezmurlaryny okanymda, sözleri eşidemok... men ýüregi eşidýärin. Setirleriň arasynda men ýekeligiň we ezýetleriň ýyllar boýy toplan agyrysyny görýärin. Dawut hemişe Şawulyň öňünde özüniň bigünädigini subut edýär, ýöne garşy çykmalar dowam edýär.

Belli bir wagtdan soň Dawut özüniň bigünäliginiň adamlaryň arasynda hiç haçan ykrar edilmejekdigini duýýar. Şawul Dawudy hiç haçan bagyşlamaz. Ony diňe Hudaý bagyşlar. Patyşadan gaçmak we gizlenmek bilen Dawut Hudaýyň ýanyna ylgamagy we *Onda* gizlenmegi öwrendi. Köp adamlar özleriniň mesh edilmegini isleýärler, ýöne olar mesh edilmäniň özleriniň duşmanlarynyň ýanynda amala aşyrmak maksady bilen edilýändigini ýatdan çykarýarlar.

Soňrak Abşalomdan gaçanda Dawut gygyryp şeýle diýýär:

«Ýa Reb! Duşmanlarym neneň köpeldi!
Maňa garşy baş göterýänleriň sany kän.
Köpler men barada:
“Hudaý ony halas etmez” diýýärler. *Sela*.
Emma Sen, ýa Reb, meniň daşymda bir galkansyň, san-şöhratym,
başymy dikeldýän Sensiň.
Men Rebbe edýärin dady-perýady,
Ol mukaddes dagyndan berýär jogaby. *Sela*.
Men ýatýaryn hem-de uka gidýärin,
sag-aman oýanýaryn, çünki
Reb goldaýar meni.
Çar tarapdan meniň garşyma çykan
biçak köp duşmandan gorkmaýaryn men» (Zebur 3:2–7).

Onuň duşmanlary nädip köpeldi? Gowy sorag. Näme üçin Hudaý olary gyrmady? Mysal üçin, çölde çäge tüweleýinde olaryň hemmesini jaýlap bolýardy.

Dawut Şamuwelden özüni patyşalyga mesh etmegi soramady. Batyr Dawuda Hudaý üçin gaýduwsyz bolmakdan başga zat

galmandy. Ol özüne Hudaýyň ynanan zadynda sadyk ogul bolşy ýaly, öz patyşasynyň hem sadyk esgeri boldy. Ýonatan munuň ýaly dosty arzuw hem etmändi. Dawudy hiç zatda ýazgaryp bolmaýar, onuň özüni alyp barşy birkemsizdi. Şeýle-de bolsa, bütin durmuşynyň dowamynda onuň duşmanlary diňe köpeldi durdy. Näme üçin?

Biz hökman sebäbini gözläp taparys, sebäbi, eger sebäp bar bolsa, onda onuň meseleleri düşündirip bolýan bolýar. Ýöne, ähtimal, onuň manysy ýok.

Dawut şu sözler bilen ýaşady we olary pygamberlik etdi, onuň göreşi başga adamyň durmuşyndaky göreşi görkezýär: ol geljegi, Isada boljak zatlary görkezýär. Näme üçin biz onuň durmuşyna duşmanlaryň köpelenine haýran galýarys? Petrusyň Täze Ähtdäki sözlerini okalyň.

> «Eý, söýgüli doganlar, sizi synamak üçin başyňyza inen ot belasyna geň zada sataşan ýaly haýran galmaň. Tersine, Mesihiň çeken ejirlerine şärik bolýan ýaly şatlanyň. Onuň şöhraty aýan bolanda, şatlygyňyzyň çägi bolmaz» (1 Petrus 4:12, 13).

Daşky basyş içki özgerşi emele getirýär. Bäsdeşler bize Hudaýyň özümize taýýarlan ykbalyny görkezýär. Öz durmuşymyzda Hudaýyň şöhratynyň köpelip bilmegi üçin biz ýalbarýarys. Bäsdeş görnüşindäki sowgat – bu sapaklaryň, arassalanmanyň we türgenleşmäniň bir bölegidir. Adamyň tebigaty kynçylyklardan gaça durmaga çalyşýar. Ýöne biz görgi görenimizde, diňe bir Isanyň agyrysyny paýlaşman, eýsem Onuň şöhratyna hem gatnaşýarys, sebäbi olarda Ol bize öz ykbalymyzy açyp görkezýär.

## Bäsdeşler bizi öz ýüregimizi saklamaga mejbur edýärler

Içimizde daş ýürek döwleninde, onuň ýerinde etden bolan ýürek peýda bolýar. Siz özüňiziň manysyz bäsdeşlige çekileniňizi bileniňizde, ýüregiňiz edil ölüm howply urgy alan ýaly agyryny duýýar. Özüňizde we maksatlaryňyzda şübhe döredýän soraglar siziň üstüňize hüjüm eder. Siz: «Belki, mende bir zat gowy däldir? Hudaý, Sen nirede?

Näme üçin mende beýle zat bolýar? Näme üçin bu gutarmaýar?» diýip pikir edýärsiňiz.

Köplenç ýagdaýlarda biziň öz dogalarymyza alýan jogaplarymyz – ümsümlik bolýar. Biz özümizi Hudaýyň hakykatdan hem eşidýänine şübhelenip başlaýarys. Indi men düşünýärin, eger Ol dymsa, onda bu bary-ýogy arakesme bolýandygyny aňladýar. Sahna ine diýmän üýtgeýär, gahrymanlar öz ýerlerine geçýärler. Oýa boluň. Siziň durmuşyňyzda täze etap başlanýar. Öz ýerleşýän ýeriňizi ölçemegiň deregine, Onuň sizi eýýäm nämäniň içinden alyp geçendigini ýada salyň.

**Biz hüjümleriň öz ýüreklerimizi gatatmagyna ýol bererismi ýa-da Hudaýyň ýüreklerimize şypa bermegine rugsat ederismi?**

Biz ümsümlikde diňlänimizde, üýtgeşmelere taýýar bolýarys. Biz Hudaýyň aýdýan zatlaryna ynanarysmy ýa-da aýyplaýjy bäsdeşlerimiziň diýýän zatlaryna gulak asarysmy? Bizde gowy işi başlan Hudaý, ony tamamlamak üçin, soňuna çenli wepaly bolar. Biz hüjümleriň öz ýüreklerimizi gatatmagyna ýol bererismi ýa-da Hudaýyň ýüreklerimize şypa bermegine rugsat ederismi?

> «Oglum, sözümi diňle, aýdýanlaryma ünsli bol. Olar senden sypyp gitmesin, olary ýüregiň jümmüşinde sakla. Çünki olar ony tapanlar üçin ýaşaýyş bolar, bütin bedenleri üçin şypaly bolar. Ýüregiňi hazynadan-da gowy gora, çünki ol ýaşaýşyň gözbaşydyr» (Süleýmanyň pähimleri 4:20–23, häzirki zaman terjime).

Başgalara seretmäň. Olaryň diýýän zatlaryna gulak asmaň. Özüňiziň şu wagtky ýagdaýyňyzy olaryň durmuşy bilen deňeşdirmäň. Öz ýüregiňizi aýaň, bir wagtlar kabul eden her bir wadaňyzy goraň, goý, ol ýüregiňiziň ammarynda saklanylsyn. Päsgelçilikleriň hemmesini aýryň-da, özüňizde Hudaýyň sesiniň tolkunyna goşulma ukybyny ösdüriň. Eger Hudaý siziň bilen gürleşmek islemedik bolsa, onda şeýle etmegiňizi sizden soramazdy. Onuň sesi siziň ýüregiňizi gorar.

Durmuşda päsgelçilikler şeýle köp. Siziň teşne bolan durmuşyňyzy, Hudaýdan gelýän deňi-taýy bolmadyk doly bahasyndaky durmuşy, adaty usul bilen tapmak mümkin däl. Munuň üçin ünsi sowýan sesleriň we predmetleriň içinde ünsüňi jemlemek talap edilýär. Eger biz berk garşylyk görkezmesek, onda olar biziň ünsümizi özüne çeker.

Mesihiň habary – bu biziň iň esasy üns merkezimizdir. Ýaradyjymyzyň sözlerinde biziň durmuşymyzda ýazylan zatlary ýerine ýetirer ýaly güýç bardyr. Ýaşaýyş çeşmesi jany hem teni iýmitlendirýär we bizi saglykdan, maksatdan we güýçden dolmaga ukyply edýär. Ünsi bäsdeşlerde däl-de, Sözde jemleýän durmuş duşmanyň hereketlerine tabyn bolmaýar.

Biz diňe bir, tohum bolup durýan, Hudaýyň Sözünde ünsi jemlemän, eýsem bag bolup durýan ýüregimizi hem goramalydyrys.

*Goralýan* ýürek bilen *türmä gabalan* ýüregiň arasynda uly tapawut bar. Birinji ýagdaýda ýürek uly gymmatlyk predmetini aňladýar, ikinjide bolsa ol gulp astyna salnan ýürege meňzeýär.

Adamlaryň köpüsi ýüreklerini gatadýarlar. Olar şeýle etmek bilen, ýüreklerine şypa bermegiň wagtynyň gelendigini duýýançalar, olary gorarys diýip umyt edýärler. Geçmişde men şunuň ýaly usula köp ýüz urýardym. Başda ýeňillik duýgusy uly bolýardy. Meniň göwnüme degenler gatnaşygy kesýärdiler. Men öz ýüregimiň gapysyny ýygy-ýygydan tarkyldadyp ýapýardym welin, ol ahyr petiklenip ýapylyp galdy. Men ony berk ýapyp goýdum, şeýdibem, ol günleriň birinde meniň ýesirim boldy. Men özümçe agyra tabyn bolmaýaryn diýen karara geldim, ýöne soň birden şatlygyň özüm üçin sönendigine düşündim.

Goralýan ýürek türmede bolmaýar-da, ygtybarly gorag astynda bolýar. Eger siz ýüregiňizi gulp bilen ýapan bolsaňyz, onda Hudaýa doga etmek üçin wagt tapyň. Hudaýdan siziň ýüregiňizi daşdan bolan türmeden boşadyp, ony hem şatlygy, hem agyryny duýmaga ukyply bolan täze ýürege çalyşmagyny soraň.

Munuň aňsat däldigini men bilýärin, ýöne gözýaşlaryňyz öz ýanyňyzda galsyn. Goý, olar siziň ýüregiňizi nemlendirsin we

ýumşatsyn. Öz agyryňyzy neşä ýa-da alkogola gark etmek gerek däl, olar diňe siziň duýgularyňyzy zaýalaýar we sizi ýykylmaga alyp barýar. Öz aklyňyzy kalby hapalaýan ar alma baradaky pikirler bilen garaňkyratmaň. Olary gaýta-gaýta üwäp oturmagy bes ediň, her gezek bokurdagyňyzyň dolýanyny duýanyňyzda, oturyp aglaň. Ýekelikde boluň, goý, agyry bar güýji bilen ursun. Köşeşeniňizden soň, ýüzüňizi göklere tarap tutup, sesiňizi Hudaýa ýetiriň. Her gün ýüregini Hudaýa döken Dawut ýaly ediň. Ýaradanyň ýanyna öz howsalalaryňyz we bäsdeşleriňiz bilen geliň.

Geliň, Dawudyň Hudaýyň ýanyna nädip gelendigi hakda okalyň.

> «Maňa şatlyk hem begenç sesini eşitdir, Seniň döwen süňkleriň şatlansyn. Meniň günälerimden ýüzüňi sow, meniň ähli ýazyklarymy öçür. Mende tämiz ýürek ýarat, eý, Hudaý, içimdäki dogrulyk ruhy täzele. Meni Öz huzuryňdan aýyrma we Öz Mukaddes Ruhuňy menden alma. Öz halas etmäň şatlygyny maňa gaýtar we kuwwatly Ruhuň bilen meni berkit» (Zebur 50:10–14).

Ýesir edilen gaty ýürek ker bolýar, gury süňkler jogap berip bilmeýärler. Başgalary ýazgarýanlar mydama öz günäsiniň ýüki astynda bolýarlar. Biziň ýüreklerimizi ähli hapalardan diňe Hudaý arassalap bilýär we biz Öz barlygyna baryp bilerimiz ýaly, olary düzedip bilýär.

Gatan ýürek Hudaýyň barlygyna çydam edip bilmeýär. Olar özlerini aýra tutýarlar ýa-da şypa alma ýoly bilen gitme kararyna gelen adamlaryň agyrylarynyň üstlerinden gülýänleriň arasynda galýarlar.

Men size ýene bir gezek duýdurmak isleýärin, köp adamlar şunuň ýaly ugurda ýöräp başlaýarlar, soň hem, olar özleriniň ýüreklerini aýap saklaman, zyndanda saklandyklaryny görýärler. Rehim bilen duýgudaşlyk ýitýär-de, olaryň ýerine zalymlyk bilen perwaýsyzlyk gelýär. Ýüregi aýap saklamak bilen ony ýapmagyň arasynda uly tapawut bar. Eger ol boşan we gatan bolsa, onda diliňi aýdymdan doldurmanyň wagty gelendir. Gynamalar we ezýetler Şawuldan

aýrylyp gitmedi, şol sebäpden hem, Dawut, onuň gussalaryny kowmak üçin, oňa aýdym aýdyp berdi. Töweregimizde ýaňlanýan aýdym nämedir bir zady aňyrrakda saklaýar, ýöne aýdym öz içimizde dörände welin, üýtgeşik bir zat bolup geçýär. Aýdymy diňe bir diňlemän, ony özümiz aýdanymyzda bolsa, ýüreklerimiz açylýar-da, Ýaradan bilen baglanyşyk ýola goýulýar.

Şawul patyşada howlugyp gürleme we hereket etme endigi bardy. Ýüregindäki birahatlyk onuň hereketlerinde ýüze çykýardy. Dawudyň öz ýüregini köşeşdirmegi öwrenişi ýaly, bizem öz ýüregimizi köşeşdirmegi öwrenmelidiris.

> «Janymy süýtden aýrylan çaga ýaly rahatlandyrmadymmy we köşeşdirmedimmi? Janym içimde süýtden kesilen çaga kimindi» (Zebur 130:2).

Men size açyk aýtsam bolýarmy? Janymy çagany köşeşdirýän ýaly köşeşdirmegiň ýerine, men öz diýenimi etmäge meýilli bolýaryn. Birnäçe ýyl mundan ozal biz ýygnakda üçünji mezmuryň sözlerine aýdym aýtdyk. Men çaga ýaly agladym. Bu aýdyma meniň öýde tans etmegi gowy görýändigimi hemmeler bilýärdi. Nämedir bir zat bolup, Dawudyň bu mezmury ýazan wagtynda duýan duýgusy meniň hasratyma çalym edýän ýaly bolup göründi, ýöne onda ýekeje tapawut bardy, meniň gözýaşlarymyň sebäbi onuň görgülerinden has ýeňildi. Hawa, käwagt olar örän uly ýaly bolup görünýärdi. Şol duýgularyň öz kalbyma şeýle çuň aralaşyp, ony doly gurşap alandygyna men ynamlydym.

Yzyma nazar aýlanymda men hemme zady düýbünden başga öwüşginde görýärin. Meniň hasratym ujypsyzdy we ähmiýetsizdi. Nirededir bir ýerde üns ýetmezçilik edýärdi, nirededir bir ýerde gödek söz aýdylypdy, belki, adamym bilen sögüşendirin. Men şunuň ýaly kiçijik görgülere hemme zadyny bermäge taýýar bolan adamlara köp duş gelýärin. Käbir ýurtlarda men, öz imany sebäpli, her gün ölüm howpunda ýaşaýan batyr aýallary görýärin. Men nirä barsam-da, öz

çagalaryny eklemek üçin, ýadaman zähmet çekýän güýçli enelere duş gelýärin. Urulýan we zorlanylýanlar, ýakynlary tarapyndan gulçulyga satylýanlar barada gürrüňem ýok.

Men siziň agyryňyzy kiçeltjek bolmaýaryn. Onuň hakykydygyny men bilýärin. Ýöne Hudaýyň iň erbet ýagdaýy hem ýagşylyga öwürýändigi baradaky açyşy hakykatdan alanymyzda, biziňem Ýusup ýaly, şu sözleri diýjek günümiz geler:

> «Siz maňa ýamanlyk etmek islediňiz, emma... Hudaý ol ýamanlygy ýagşylyga öwürdi» (Gelip çykyş 50:20).

Eger siz öz bäsdeşleriňize başgaça seretseňiz, Hudaý sizi agyrydan halas eder. Ssenarist Edmond Berk bu baglanyşygy şeýle düşündirýär: «Kim biziň bilen göreşýän bolsa, şol nerwimizi berkidýär we endiklerimizi kämilleşdirýär. Garşydaşymyz – biziň kömekçimizdir».

Häzir ýüreklerimizi adamlaryň öňünde ýapmaklygyň öz geljegimiziň gapysyny ýapmak bolýandygyna men düşündim. Her gezek özümizi töweregimizdäkilerden aýra tutmaga synanyşanymyzda, öz-özümizi gulp astyna salmaga töwekgelçilik edýäris. Açyk ýürekler gapylary açýar-da, başgalary açyk gujaklara alyp gelýär. Hudaý Isany hiç kim ýitip galmaz diýen umyt bilen goýberdi. Öz ýüregiňiziň üstünde tutanýerlikli zähmet çekiň, öz pozisiýaňyzy goramagyň deregine, ýüregiňizi gowuja saklaň.

Köpler lider bolmak isleýärler, ýöne täsir ediş çägi – bu iki tarapdan kesýän iki ýüzli gylyçdyr. Siziň ýanyňyzda mydama sizi gowy görýän, emma sizi tanamaýan adamlar bolar. Mydama sizi ýigrenýän we tanamaýan adamlar hem bolar. Olar tomaşaçylardyr. Olar bäsdeşler däl, ýöne üýtgeşmeleri synlaýarlar. Musa faraon bilen bile ulaldy. Dawut Şawul üçin edil ogly ýalydy. (Jalut onuň durmuşyndaky iň uly äpetdi). Ýagdaýlaryň köpüsinde bäsdeş – bu sizi birwagtlar gowy tanan adam bolýar. Dawut bäsdeşi şeýle suratlandyrýar:

> «...Çünki maňa käýeýän bir duşman däl, ýogsa men çydardym; maňa ulumsylyk edýän meni ýigrenýän däl, ýogsa ondan gizlenerdim. Muny edýän sen, meniň bilen deň adam, dostum, hemdemim sensiň» (Zebur 54:12–14).

Duşman dostsyran bolanda, muny «ýasama dostluk» diýip atlandyryp bolýar. Başga söz bilen aýtsak – ol bäsdeş. Kimiň hakyky dostdygyny, kimiň galpdygyny tapawutlandyrmagy başarmak üçin zehin gerek. Nämedir bir zat göwnümize ýaramadyk wagtynda gaharlanyp bolar, hemme zady Hudaýyň ýanyna getiribem bolar. Bizi arassalamak, üýtgetmek üçin bäsdeşi ulanýany üçin Oňa minnetdarlyk bildiribem bolar ýa-da zeýrenibem bolar. Biz arz edip bileris, doga-dileg edip, aýdym aýdybam bileris, saýlawy özümiz etmeli, muny ýekeje bäsdeş hem elimizden alyp bilmez.

## Pikirlenmek üçin soraglar

1. Bäsdeşiňiz öz mugallymyňyz bolan ýagdaýyny ýada salyň.
2. Bäsdeşiňiz öz durmuşyňyzda nämeleri açdy?
3. Siz haýsy ulgamda batyr?
4. Haýsy ulgamlarda size batyrlyk ýetmezçilik edýär?
5. Muşdak bilen yzyňa eýerijileriň arasyndaky üç tapawudy aýdyň.
6. Siz haçan hem bolsa bir wagt öýde eliňiz naýzaly ylgadyňyzmy? Siz ondan nädip saplanyp bilersiňiz?
7. Ýüregiňi türmä gabaman nädip saklap bolýar?

# MessengerX

***Gündelik şägirtçilik üçin priloženiýaňyz***

## Bütinleý mugt!

Öz el telefonyňyza ýükläň we ulanyp başlaň ýa-da saýtdaky web-görnüşini ulanyň:

**MessengerX.com**




## 130-dan gowrak dilde, bu hem ahyrky çägi däl

- 130-dan gowrak dildäki materiallary görüň we ýükläň.
- Materiallary dostlaryňyz bilen paýlaşyň ýa-da okuw toparyna başlaň.
- Täze materiallar hemişe goşulyp durýar.

# Serediň. Okaň. Diňläň.

Resurslaryň uly kitaphanasyny gözden geçiriň. Onda okuw toplumlary, elektron kitaplar, audiokitaplar, gysga metražly filmler we başga zatlar bar. Siz olara tomaşa edip bilersiňiz, olary okap we diňläp bilersiňiz.






## Iň wajyp çäklerdäki ösüş

Maşgala, sagdyn gatnaşyklar, durmuşyňyzyň maksady, pornografiýadan azat bolmak, imanyňyzy berkitmek, Hudaýyň sesini eşitmek, işewürlikdäki liderlik we başga-da mowzuklary derňäň.

## Siziň ösüşiňize alyp barýan ýol

**Messenger X**-iň maksady – durmuşyňyzdaky indiki ädimi ätmäge ýardam bermek. Siziň şu ýolda bolmagyňyz üçin, biz şägirtçiligiň ýörelgesini we güýçli gurallary işläp düzdük.



## Siziň halajak funksiýalaryňyzyň has köp görnüşi!

- Şu materiallary paýlaşmaga we hatda okuw toparlaryny başlamaga mümkinçilik berýän sada we aňsat gurallar.
- Siziň söýgüli akylly telewizorlaryňyzda tomaşa etmäge mümkinçilik berýän Chromecast и AirPlay.
- Ýeten sepgitleriňizi öz enjamlaryňyzyň ählisinde saklaň. Halan materiallaryňyzy bada-bat tapmak üçin, olary öz kitaphanaňyzda saklaň.
- Materiallary offlaýn görmek üçin, olary öz enjamlaryňyza ýükläň.
- Anyk gözleýän zadyňyzy tapmak üçin, akylly gözleg we süzgüç.
- Audio kitaplary, audio Mukaddes Kitaby we hatda sežde nagmalaryny öz diliňizde awtomatiki usulda yzygiderli diňläň.

# **MessengerX** -1-2-3 ýaly ap-aňsat!




**1** **MessengerX** priloženiýasyny App Store we Google Play-dan indirip alyň.

**2** Öz ýükläp sahypaňyzy dörediň we priloženiýany öz diliňizde ulanyň.

**3** Halan resurslaryňyzy gözden geçiriň, okaň, görüň, diňläň, ýükläň we olary başgalar bilen paýlaşyň.

## Şägirt boluň, şägirt ediniň

Siz **MessengerX** -iň bir bölegi bolmak bilen, terjime edilen materiallary dünýäniň ähli künjeklerindäki adamlara ýetirmäge kömek edersiňiz.

***Çünki her bir adam bilmäge mynasypdyr!***

Ýüklemek App Store

Almak Google Play

</> Ähli brauzerlerde elýeter

**MessengerX.com**

# 6

# Bäsdeşsiz jyns

«Adamlary özleriniň üýtgedip bilmejek zatlary – derisiniň reňki üçin kemsidenlerinde we başgalary hem özleriniň üýtgedip bilmejek zady – jynsy üçin jezalandyryp, elhenç adalatsyzlygy asudalyk bilen kabul edenlerinde, men jynsparazlyk bilen ylalaşmaýaryn».

ARHIÝEPISKOP DESMOND TUTU

Meniň ýeke galan wagtymda Hudaýa ýüzlenip edýän şahsy dilegim bar. Köplenç men myhmanhana otagynda ýa-da maşynda *ýeke* galýaryn. Öz awtomobilimiň salonynda galanymda, meniň diýseň adaty däl usulda Hudaýa doga edýänimi hemmeler bilýär. Şöhratlandyrma aýdymlaryndan gowy hiç zadam ýokdur, men ol aýdymlaryň içinde eräp gidýärin. Birnäçe ýyl mundan ozal meniň durmuşym tigir ýaly aýlandy. Käwagt men öňe barýanymy ýa-da yzyna gaýdýanymy-da bilmeýärdim. Meniň «Ene ýolbarsy oýarmak» atly kitabym güýzde, men Iordaniýadakam çykdy. Ýyl tamamlanyp barýardy. Minnetdarlyk güni golaýlaşýardy. Şonda meniň şahsy dilegim şeýle bolupdy:

Gökdäki Atam, meniň «Ene ýolbarsy oýarmak» atly kitaby çykaranymy bilýäniňe men ynanýaryn. Ol eýýäm bäş dilde çykdy, ýöne munuň Seniň islegiň bolanmydygyny bilmek isleýärin. Özümiň Seni habarly etjek bolýan ýaly edip doga edýänimi bilýärin, ýöne men Seniň wagta bagly däldigiňi-de bilýärin, şonuň üçin bu zatlaryň hemmesiniň aňyrsynda Seniň duranyňa tassyklama almak isleýärin. Isanyň ady bilen, omyn.

Hawa, geň zat, şeýle-de bolsa, şeýle boldy. Men öz ýüregimi şu pikirlerden boşatmalydygymy we olary Onuň eline bermelidigimi bilýärdim.

Meniň haýyş eden tassyklamam köp garaşdyrmady. Şol gün agşam takmynan sagat sekizlerde, men birden özümiň kiçi ogluma mekdep taslamasyny tamamlamaga kömek etmeli boldum. Men onuň uly doganlarynyň taslamalaryny, olardan ulanyp bolar ýaly bir zatlar almak üçin çykardym, ýöne ol taslamany tamamlamak üçin üýtgeşik taslamanyň gerekdigini aýtdy. Şonda men taslamany tamamlamaga kömek etmekleri üçin onuň uly doganlaryna töleme kararyna geldim.

Öýüň içi durşuna bulam-bujarlykdy, hemme ýerde žurnallardan gyrkylan bölekler, markerler we kagyzlar ýatyrdy. Doganlaryň biri diktowka astynda Ardeni peçat edýärdi, beýlekisi plakata ýelmemeli suratlary gyrkýardy. Men ýüzüne bölejikleriň hemmesini ýerleşdirmek üçin tagta getirdim. Edil şol wagt hem telefon jyňňyrdady. Bu Jondy.

Sesinden çen tutsaň, ol örän aladalydy. Men ony ünsli diňledim.

Ol özüniň nähilidir bir adam bilen tanşandygyny düşündirdi, soň meniň onuň bilen hökman gürleşmelidigimi aýtdy. Meniň adamymda meni telefonda nätanyş adamlar bilen gürleşdirme endigi bar. Munuň nädip beýle bolup bilýändigini men bilmeýärin, ýöne şeýle bolýar... ýygy-ýygydan. Ol adamlara meniň bilen gürleşmek, belki, asla gyzykly däldir, ýöne Jon näme üçindir mydama meniň olar bilen hökman gürleşmelidigime ynanýar.

Başda men muňa garşy bolýardym. Ýöne indi, ýyllar geçenden soň, men muny gutulgysyz zat hökmünde kabul edýärin. Pähimliler üçin belleýärin: eger siziň adamyňyzda eýýäm on ýyldan bäri şeýle çydap

bolmajak endik dowam edip gelýän bolsa, onda muny özüňiz üçin gowuja zat hökmünde kabul etmeli bolýarsyňyz. Şeýlelikde, meniň adamymda şonuň ýaly gowuja endik, menden nätanyş adamlar bilen gürleşmegi haýyş etme endigi bar. Şol agşam men garşy boldum.

—Jon, mende şu wagt nätanyşlar bilen gürleşmäge wagtym ýok. Men Ardene mekdep taslamasyny etmäge kömekleşýärin.

— Munuň zyýany ýok, onuň bilen edil şu wagt gürleşmek gerek däl. Ol harby ofiser, ol şu wagt işli, şonuň üçin men oňa seniň telefon belgiňi berdim. Ol şu gün jaň edende, oňa jogap ber. Meniň wagtym boldy, häzirlikçe, seni söýýärin!

Men garşy çykyp ýetişýänçäm, ol trubkany eýýäm goýdy.

Biz taslamanyň üstündäki işi dowam etdirdik. Takmynan bir sagat geçenden soň jaň geldi. Men gaty ýadaw ses bilen jogap berme kararyna geldim.

— Salam — diýip, men süýndürip aýtdym.

Telefonyň aňry tarapynda aljyraňňylyk emele geldi.

— Bu Liza Biwermi?

— Hawa...

— Liza, siziň adamyňyz şu gün ýygnakda maňa siziň “Ene ýolbarsy oýarmak” atly kitabyňyzy görkezdi. Ol ýolbarslaryň iň gowy wagşylardygyny, urkaçy ýolbarslaryň bolsa, iň gowy awçylardygyny aýtdy.

Men ol, elbetde, onuň şeýle zady aýdyp biljekdigi barada pikir etdim. Bu onuň bar bilýän zadydy, sebäbi muny oňa meniň özüm aýdypdym... Ol entek kitaby okamandy, men muňa ynanýardym! Soň meniň söhbetdeşim şeýle diýdi: «Ol, hakykatdan hem, dogry aýdýar. Hakyky urkaçy ýolbarslar – iň gowy awçylardyr».

Onuň näme diýjek bolýandygyna men doly düşünmedim. Ol näme üçin maňa jaň edip, adamymyň aýdan zadyny maňa aýdýarka, men muny şeýle-de bilýärdim, sebäbi muny kitapda özüm ýazypdym. Tizara sorag düşnükli boldy.

— Liza, biziň Owganystandaky uruşda ýeňiş gazanmaýandygymyzy siz bilýärsiňizmi?

Men bir zatlar diýip jogap berdim. Men Kolorado-Springsde ýaşaýaryn, bu bolsa, meniň öýüme goşun gullugyndan öýüne gaýdyp gelýän erkekleriň uçýan uçarynda uçýandygymy aňladýar.

— Bu uruşda näme üçin ýeňmeýändigimizi bilesiňiz gelýärmi?

— Elbetde— diýip, men jogap berdim.

— Olaryň aýallary bilen gatnaşyk biziň üçin ýapyk. Aýallar bilen gatnaşyk bolmasa-da, olaryň medeniýetini üýtgetmek mümkin bolmaýar, eger medeniýeti üýtgedip bolmasa, onda uruşda ýeňip bolmaýar – diýip, ol aýtdy.

Men durkum bilen ünse öwrüldim.

— Men harby bazada özümiň näme edýändigimi size düşündireýin. Men operatiwçiler bilen işleşýärin, ýöne indi biz ol ýere aýallaryň otrýadlaryny hem goýberýäris. Olar owgan aýallara özlerinde sesiň we gymmatyň bardygyny aýdarlar. Olar demokratiýanyň näme üçin olaryň ogullaryna we gyzlaryna gowy gulluk etjekdigini düşündirerler. Olar özleriniň lukmançylyk mätäçlikleriniň aladalaryny ederler we öz çagalaryny azat ederler. Aýratyn maksatly şol aýallar otrýadynyň adynyň nämedigini siz bilýärsiňizmi?

Men bilmeýändigimi aýdyp jogap berdim.

— Olara «Ene ýolbarslar otrýady» diýilýär, tiz wagtda biz olary ýerlere iberýäris. Men olaryň her birine siziň kitabyňyzy berip bilerinmi? – diýip, ol sorady.

— Elbetde!

Şol ene ýolbarslar goldawa mynasypdyrlar, sebäbi olar aýallaryň aklyna täsir edip, olara täze umydy berýärler, olaryň çagalary üçin uruş bilen açlykdan başga-da zadyň bardygyny görkezýärler. Şol ene ýolbarslar özleriniň diňe bir harby buýrugy ýerine ýetirmän, eýsem bakyýet üçin hem wajyp zady edýändiklerini bilmelidirler. Olar özleriniň aýra edilip goýlan, köplenç hem jynsy aýratynlygy üçin äsgerilmeýän aýal doganlaryna şypa hem ýaşaýyş getirýärler. Harby erkeklere owgan aýallary bilen gürleşmek gadagan, emma harby aýallara şeýle etmek buýruk berlipdir.

Biz hoşlaşanymyzdan soň, aýallary gatnaşdyrmazdan köp zady edip bolmaýandygyna ýene bir gezek akyl ýetirdim.

Eger Birleşen Ştatlaryň goşuny aýallar gatnaşmasa-da söweşip boljakdygyna, ýöne ýeňip bolmajakdygyna düşünen bolsa, onda Ýygnagyň, diňe bir söweşmek üçin däl-de, eýsem ýeňmek üçin hem, erkekler bilen bile çykyş etmegi üçin gyzlaryna ýarag bermeli wagty geläýdimikä?

Erkekleriň arasynda bolşy ýaly, aýallaryň arasynda hem, gender bäsdeşliginiň bardygy mälimdir, ýöne köplenç aýallar kemsidilýärler. Men otuz ýyldan gowrak wagt bäri, jynslaryň bäsdeşliginde ýaralanan aýallary öz ýüregimde göterip ýörün. Men kitap ýazanymda, bu soraga nähilidir bir derejede degip geçmän bilmeýärin. Köp frontlarda uly netijeler gazanyldy, ýöne men her hepdede, nikada, maşgalada, işde ýa-da ýygnakda ejir çekýän haýsydyr bir aýalyň taryhyny eşidýärin. Men sosial torlarda aýallaryň atlaryna ýazylýan ýigrençden doly sözleri mydama okaýaryn. Seks söwdasy, gendersid we pornografiýa meseleleri hakda gürrüň etmände-de, bularyň hemmesi bar zatdyr.

Gynansak-da, genderlik ters pikirleri, doly halas bolmany we azatlygy erkeklere ýaýratmak üçin, şol wagtyň özünde aýallara paýyny ölçäp bermek üçin ulanýan ýaly, biziň Hoş Habarymyzyň ýollarynda öňküsi ýaly görünýär.

## Dini liderleriň haýbatlary

Men genderlik ters pikirleri temasyny Mesihiň ölümden direlmesinden soň Ýygnagyň ýaňy dörän, ýaşan we ogullaryna we gyzlaryna Hudaýyň Ruhunyň inmesi bolan wagtyndan açmak isleýärin. Isanyň ölümden direlmesini yglan edenlerinde, Hoş Habar işde we sözde ýaýrady. Ybadathana ýolbaşçylary tupany ýatyrmaga synanyşyp, kyrk ýyl agsak bolup ýören adam şypa alanda, Petrus bilen Ýohannany zyndana atdylar.

> «Onsoň olary çagyryp, *Isanyň ady bilen geplemezligi we wagyz etmezligi buýurdylar*» (Res.iş 4:18).

Bu kontekstde olary şol döwrüň dini ýolbaşçylary çagyrdylar, Petrus bilen Ýohanna hut şolar berk duýdurdylar. Adamyň bu şypa almasy Isanyň ady bilen amala aşyrylypdy. Bu Mesih, ölümden direlen Halasgär baradaky wagza gapyny giňden açdy. Ýewreý liderleri çekiç bilen demir erediji pejiň arasynda galdylar, sebäbi agsak adamyň şypa alanyna garşy çykmak mümkin däldi. Olar öz aralarynda pikir alyşdylar:

> «... bular arkaly göze ilginç alamatyň ýüze çykanyny bütin Iýerusalim ilaty bilýär, biz muny inkär edip bilmeris. Ýöne munuň halk arasyna mundan artyk ýaýramazlygy üçin, mundan beýläk bu at bilen hiç kime hiç zat aýtmazlary ýaly, olara *haýbat atalyň*» (Res. iş. 4:16, 17).

Bu iki şägirde atylan haýbatyň indi başa barmandygyny biziň hemmämizem bilýäris. Üstesine-de, olar başgaça hereket edip, resullaryň aýgytlylygyny berkitdiler.

> Emma Petrus bilen Ýohanna olara jogap berip şeýle diýdiler: «Özüňiz oýlanyp görüň, size Hudaýdan artyk sulak asmaklyk Hudaýyň öňünde adalatlymydyr? Biz görenimizi, eşidenimizi aýtman bilmeýäris» (Res. iş. 4:19, 20).

Petrus bilen Ýohanna, dini liderler öz aralarynda näçe isleseler şonça-da jedelleşip bilerler, ýöne bu resullary saklap bilmez diýen netijä geldiler. Eger şol liderleriň pikirlerini üýtgetmäge synanyşsalar, onda wagt ýitirjekdiklerine olar düşünýärdiler. Özleriniň bilişleri ýaly, olara hakykat bolup durýan zady öwretmegi we wagyz etmegi dowam etmekden başga hiç zadam galmady. Bu adamlar dymmaklygyň tabyn bolmazlyk bilen deň bolýan ýagdaýlarynyň bardygyna düşünýärdiler.

Şol haýbatlar bu günem biziň gulaklarymyzda ýaňlanyp dur. Bu gün olar başga adamlaryň dillerinden çykýar. Bu gün ýagdaýlar başgaça, birwagtlarky dini liderleriň Jelileden bolan sowatsyz balykçylara wagyz etmegi gadagan edişleri ýaly däl. Bu gün haýbatlar dünýäni

agdarmaga çalyşýan medeni basyşda beýan edilýär. Haýbatlaryň atylyşy dürli, ýöne maksat öňküligine galýar. Dini däl dünýä size Hudaý hakda gürlemegi we Isanyň adyny tutar ýagdaýa çenli ruhy adam bolmagy size gadagan etmeýär.

Şeýlelikde, dünýewi arenalar Isanyň ady bilen öwretmegi we wagyz etmegi gadagan edende, ýygnak öz agzalaryna böwet bolup, olaryň seslerini öçüreninde... biz muňa geň galmaly däldiris. Bu düýbünden başga jandaryň edýän hereketidir.

Iki müň ýyldan gowrak wagt bäri dini liderler ýygnakdaky müňlerçe gyzlara özleriniň mukaddes territoriýalarynda wagyz etmegi we öwretmegi çäklendirýär, käwagt hem gadagan edýär. Resullaryň işleri kitabynda ýazylan zady ýene bir gezek okalyň (4:18):

> «Onsoň olary çagyryp, Isanyň ady bilen geplemezligi we wagyz etmezligi buýurdylar».

Bu aýadyň üstünde pikirlenenimde, men Mukaddes Ruhuň: «Meniň çagyran we Öz Ruhum arkaly gulluk sylagyny beren örän köp gyzlaryma ýygnakda özleriniň çagyrylyşlaryny ýerine ýetirmegi gadagan edýärler» diýen pyşyrdysyny eşitdim.

Belki, siz dini liderleriň: «Aýallar diňe aýallara öwredip bilerler, olar erkeklere öwredip bilmezler» ýa-da «Aýallar lider bolup bilerler, ýöne ýygnakda däl», ýa-da «Aýallar nämedir bir zady paýlaşyp bilerler, ýöne olar wagyz edip bilmezler» diýýänlerini eşidensiňiz. Munuň ýaly gümürtik haýbatlar pähimli görünýär, ýöne netije birdir: Hoş Habaryň azatlyga okdurylyp çykmagyna ýol bermeýärler. Imandaky batyr aýallary gaharjaňlaryň derejesine derrew degişli edýärler. Özüniň Hudaýyna ynamly bolan aýallary ýalňyşlyk bilen özdiýenli diýip atlandyrýarlar. Ýöne biziň öňümizde Petrus bilen Ýohannanyň galdyran şol soragy ör boýuna galýar. Hudaýa tabyn bolman, adamlara gulak asmak Hudaýyň nazarynda gowumy? Hudaý Öz ogullaryna we gyzlaryna näme etmegi tabşyrdy? Munuň jogabyny Isanyň ölümden direlmesinden öň aýdan sözlerinde tapýarys:

> Olara şeýle diýdi: «Bütin dünýä aýlanyň-da, Hoş Habary hemme adamlara wagyz ediň. Kim iman edip çokundyrylsa, halas bolar, ýöne iman etmedige höküm ediler. Şu alamatlar iman edýänleriň hemrasy bolar: Meniň adym bilen jynlary kowup çykararlar, täze dillerde geplärler. Ýylanlary tutarlar, öldürýän zäher içseler-de, olara zyýan ýetmez. Syrkawlaryň üstüne ellerini goýarlar, olar hem sagalar». Reb olara gürrüň bereninden soň, Göge alyndy we Hudaýyň sagynda oturdy (Mark 16:15–19).

Bu tabşyryk imanlylaryň *hemmesine* berlendir. Beýik tabşyryk – bu rugsatnamadyr, ol gurluşygy ýa-da guramany talap etmeýär, bu mandat iki jynsyň wekillerine-de berlendir. Mesihde hemmeler Hudaýyň Hoş Habaryny wagyz etmeklige çagyrylandyrlar we bu işde azatdyrlar. Hudaýyň azatlygyny we hakykatyny bilenimiz üçin adamlar tarapyndan atylýan haýbatlaryň bizi dymmaga mejbur etmegine ýol bermeli däldiris.

## Patyşa tabynlyk

Hudaý — biziň göge galdyrylan we mukaddes Patyşamyzdyr. Patyşamyz bize tabşyryk hem güýç berdi. Ol bize Öz ady bilen Özüniň halkyna ýüzlenmegi haýyş etdi. Eger bu şeýle bolsa, onda bizi Patyşanyň ygtyýary astynda alyp barýanlaryň özümizi saklamaga nädip ýol berip bileris? Biziň her birimiz Mukaddes Kitap habarynyň janly hem dem alyp duran yglan edilmesi bolmalydyrys.

> «Hudaýyňyz Rebbe sežde ediň, diňe Oňa gulluk ediň»
> (Matta 4:10).

Eger Patyşa tabyn bolanlara tabynlyk Patyşa tabyn bolmazlygy aňlatsa, onda bizde Patyşanyň Özi bilen gönüden-göni mesele ýüze çykar. Muňa nädip hötde gelmelidigine Esteriň mysalynda serederis. Pars patyşasy Esteri çagyrmady, patyşa köşgüniň kanuny boýunça onuň özüne barmak gadagandy. Emma şa zenan, eger bu ýagdaýda patyşanyň permanlaryna tabyn bolsa, onda özüniň Hudaýa gulak

asmazlyk etjekdigini bilýärdi. Ester adamlara ýaranjak bolmakdan beter Hudaýdan köp gorkýardy, şonuň üçin ol gitdi. Onda patyşa ýüzlenmekde özüniň strategiýasy bardy. Köp adamlaryň jany hakda gürrüň gidende, ol dymmaga het edip bilmedi. Eýsem, häzir dünýä nämedir bir zatda tapawutlanýarmy? Köp gyzlar bu gün strategiki ýerlerde we ýagdaýlaryň aňyrsynda gizlenýärler. Olaryň käbirleri, hatda töwellaçylyk etmek üçin ädim ädip boljak oňaýly pursata garaşyp we synlap, beýleki aýal doganlar bilen agyz bekleýärler we doga-dileg edýärler.

Men öz adamyňa ýa-da ýygnak liderlerine garşy baş götermelidigini asla göz öňünde tutamok. Hatda sizi dymmaga mejbur edip bilse hem, kanagatlanmajak hakyky duşmanyň bardygyna siz akyl ýetirersiňiz diýip, men umyt edýärin. Ol siziň durmuşyňyzy we çagalaryňyzyň durmuşyny yzarlap ýör.

Hakykat pursaty. Eger adamyňyz size Hoş Habary wagyz etmegi gadagan etse, siz oňa boýun bolardyňyzmy?

Men uly ruhy çopanyň rolunda münberiň aňyrsynda durmak we köpçüligiň öňünde wagyz etmek hakda gürrüň edemok. Men soraýaryn, siz hakykatdan azatmy we şaýat bolmaga ukyplymy? Siz Hudaýa doga etmäge ýa-da kiçi uýaňyza halypalyk etmäge taýýarmy?

Öňräk biz Jon bilen bu tema boýunça gürrüň etdik. Ol köp aýallaryň Isanyň habarçylary bolmajak bolup, näme sebäpden bahana gözleýän ýaly görünýändikleri hakda meniň pikirimi sorady. Men öz pikirim boýunça, köpüsiniň otrisatel garaýyşdan gorkýandyklaryny aýdyp jogap berdim. Şol hepde men uçarda uçanymda, ýanymda bir adam oturdy. Ol arkamdan maňa erbet sözler bilen at dakandyklaryny aýtdy. Men: «Ýüzüme-de aýtdylar!» diýip jogap berdim.

Şu wagt ruhdan düşmäniň we ýüzüňi ak tam edip oturmanyň wagty däl. Hudaýyň keşbini göterýänlere, erkeklere we aýallara garşy uruş barýar. Biziň meşgullanmaly däl bolan zadymyz – bu biri-birimiz bilen uruşmakdyr! Bu gürrüňe döz gelmek üçin aýallaryň köpüsine batyrlyk gerek diýip pikir edýärin. Ähtimal, olara dymmaklygyň tabyn bolmany aňladýandygyny öwredendirler, şonuň üçin olar özleriniň

atlaryny Hudaýyň üýtgedenini bilýän däldirler. Hudaý sizi nämä çagyrýar? Belki, siziň ýanyňyzda nesihat berilmegine mätäç bolan ýaş ene bardyr? Belki, öz öýüňizde size doga-dileg toparyny ýa-da Mukaddes Kitaby öwrenmek boýunça topary açmak gerekdir. Päk ahlakly tabyn bolma, eger Hudaýa tabyn bolmak bilen deň gelýän bolsa, äre hormat getirýändir.

Käbir aýallar özleriniň güýjünden gorkýarlar, sebäbi ony nädip ulanmalydygyny olara hiç kim öwretmändi. Özüni erbet alyp barýan aýallary biziň hemmämizem gördük we özümizem käwagt şonuň ýaly bolýarys. (Özümiň käwagt ýalňyşlyk goýberýänimi bilýärin). Muny kimdir birinde kynçylyklary döretmek üçin däl-de, özümiň nädip eşidilen aýal bolmalydygymy bilmeýänim üçin edýändirin. Bize meseleler bilen iş salyşmak gerek, sebäbi ýaňy-ýakynda-da dünýäde aýal azdy.

Gep aýal sesini sem etmekde däl-de, aýallara öwretmekdedir. Eger mende ösmek üçin mümkinçilikler bolmasa, onda ösmeýärin. Eger men ösmesem, onda başgalara orun bermeýärin.

Biz özümize gaharjaň aýal lakamyny dakmaklaryna rugsat edýärismi? Ýa-da gyzlarynyň öz dillerinde Atasynyň Sözüni aýdyp bilmekleri üçin akyldarlyk alýarysmy? Birazrak jogaby bar bolan adamlara dymmak gerekmi? Rebbim görkezmäweri! Biz öz gyzlarymyzy päk ahlaklylykda we tabynlykda terbiýelemelidiris. Petrusyň birinji hatynyň üçünji babyndaky aýalyň tabyn hem sessiz ruhly bolmalydygy babatda näme diýip soraýanlara diýýärin, men doly ylalaşýaryn! Men Isanyň we Musanyň durmuşyndaky pes göwünlilik mysallaryny getirýärin.

> «Musa juda kiçigöwünli adamdy, beýle adam ýer ýüzünde başga ýokdy» (Çölde 12:3).

> «Meniň boýuntyrygymy dakynyň-da, Menden öwreniň, çünki Men mylaýym hem pes göwünlidirin, janlaryňyz rahatlyk tapar» (Matta 11:29).

Isa bilen Musa pes göwünlilik göreldesini görkezdi.

Biziň jynsy degişliligimiz bilen baglanyşykly bolan soraglarymyzyň käbirleri durşuna bolgusyzdyr. Men Jondan jora tutunyp biljekmidigimi soramaýaryn, ol hem menden golf oýnamaga gidip bilýänmidigini soramaýar. Men Jondan Isa hakda diňlemäge taýýar bolan adama Ol hakda gürrüň bersem bolýanmydygyny ýa-da ýygnagymyzda ýaşlara wagyz etsem bolýanmydygyny soramaýaryn. Biz biri-birimiz bilen, günümizi nähili geçirmelidigimiz hakda däl-de, ikimize we maşgalamyza degişli zatlar hakda gürleşýäris. Eger biri-birimizden ownuk zatlar hakda sorasak, onda biri-birimizi ezerdik. Ol maňa ynanýar, menem oňa! Men çaga däl-de, onuň aýaly.

Biz köp adamlaryň gorkudan ýaňa ezilen döwründe ýaşaýarys. Olara siziň öz ýüregiňizde göterip ýören şöhradyňyz baradaky umyt gerek.

Netijede, Isanyň tabşyrygyna tabyn bolmazlykda diňe özümizi günäkärläp bolar. Hawa, beýlekiler bizi büdräp günä etmäge mejbur edip biler (Matta 18:6; Марк. 9:42; Luka 17:2), ýöne Patyşamyza tabyn bolmaklyk – bu diňe özümiziň saýlawymyzdyr. Doganlarymyz Petrus bilen Ýohanna ýaly, olaryň aýal doganlary bolan bizem, Mesihiň gudratynyň dolulygynda ýörmelidiris, bu bolsa, biziň görýän hem eşidýän zatlarymyz hakda dymyp bilmejekdigimizi aňladýar.

## Söz üsti bilen edilýän hüjümler

Häzirki zaman dünýäde şonuň ýaly ýoly saýlaýan aýallar Petrus bilen Ýohannanyň duçar bolan ýenjilmesine ýa-da türme tussaglygyna, belki, duçar edilmezler, ynanaýyň, olardan gaça durarlar we daşlaşarlar. Bu siziň özüňize düşünilmän galjakdygyňyza töwekgelçilik edýändigiňizi we dil üsti bilen edilýän hüjümlerden we daşlaşdyrylmalardan ejir çekjekdigiňizi aňladýar.

Bu mesele babatda Jon ikimizde dürli pikirler bar. Ol özüniň bolup gören ýygnaklarynyň köpüsinde aýallara münberde durup wagyz etmegi gadagan etmeýändiklerine meni ynandyrýar. Soň ol üç sany gullukçy aýalyň adyny tutdy. Olaryň hemmesem biziň ýurdumyzda we

daşary ýurtlarda gowy tanalýar we söýülýär. Olar ýolbaşçylyk edýärler, öwredýärler *we* wagyz edýärler. Teoriýada hemme zadyň şeýlediginde men Jon bilen ylalaşdym, ýöne iş ýüzünde welin, hemme zat başgaça. Men ondan aýallaryň diňe eneler Gününde ýylda ýekeje gezek dälde, yzygiderli wagyz edip biljek ýygnagyň adyny aýtmagy haýyş edenimde, ol ondan az ýygnagyň adyny aýdyp bildi.

Biz bu temadaky gürrüňimizi dowam etdirenimizde, Jon meniň aýal hökmünde, aýalyň ýygnakdaky liderlik pozisiýasyny we onuň ýygnakda öwredip bilme ukybyny kabul etmeýän teologlaryň pikirini üýtgedip biljek hiç zady aýdyp bilmejekdigimi maňa aýtdy. Ol maňa aýallara özleriniň wagyz edip bilýändiklerini söz üsti bilen öwretmegi we aýtmagy teklip etdi. Liderler üçin meniň delillerim boş ses bolar.

Men ylalaşdym, sebäbi meniň maksadym asla liderler däl. Men entek ynandyrmak gerek bolan aýal doganlaryma, enelere we gyzlaryma gorky hem titreme bilen  ýazýaryn. Eger aýallar özlerine ýygnakda *gürlemegiň we öwretmegiň* bolýandygyna ynamly bolmasalar, men olara wagyz etmegi öwredip bilmeýändigimi düşündirdim. Kanunyň harpy eýýäm olaryň ýüreklerini dildi. Hudaýyň ýekeje sadyk gyzy hem, öz Atasynyň emrini bozup ýa-da oňa şek ýetirip bilmez. Eger ýygnakda ygtyýara eýe bolan, Hudaýyň wekili bolan adam bütin ömrüňize siziň *kembahadygyňy* aýdyp ýörse, siz muňa ynanýarsyňyz. Eger geçmişde köp kynçylyklary başdan geçiren bolsaňyz, onda bu ýalany kabul etmek has-da aňsat bolýar.

Men *bilýärin*, sebäbi özüm bu zatlary *başdan geçirdim*.

Eger siz özüňize ynamly bolmasaňyz, onda özüňize we peýda getirmäge hukugyňyzyň bardygyna şübhelenip ýörersiňiz. Men siziň gulaklaryňyzdan dykyny çykarmak we gözleriňizden daňyny aýyrmak, näzijek ýürekleriňizden legalizmiň tikenini çykarmak isleýärin. Şonda siz şypa berip we Mukaddes Ruhy eşidip bilersiňiz. Belki, Mukaddes Ruh sizi hukuk, medisina, telekeçilik, döwlet ulgamynda ýa-da öz öýüňizde eje rolunda Hoş Habaryň habarçysy bolmaklyga çagyrýandyr. Biz näme etsegem, hemme zady Reb üçin edýän ýaly etmelidiris. Şonuň ýaly garaýyşlarda dünýewi zatlar mukaddes bolar. Eger adam

özünde öwretme, wagyz etme we ýygnakda haýsy hem bolsa bir rolda ýolbaşçylyk etme çagyryşyny duýýan bolsa, onda oňa Mukaddes Ruhuň ýüzlenip bilmejekdigini aýtmaly däldir.

Adamyň yzy bilen başgalary alyp gitme ukybynda jynsyň nähilidir bir ähmiýeti bolmasa gerek. Margaret Tetçer Birleşen Korollygyň iň beýik ýolbaşçylarynyň biridir, munuň sebäbi onuň aýal bolandygynda däl. Jyns asla mesele däl: biziň öňümizde çagyryş dur – tekepbirligiňi peseltmeli we ters pikirlere we adamlary ýazgarma bolan meýliňi aýyrmaly. Bu zatlaryň hemmesi, hatda gowy lideriňem gözlerini gapar. Pes göwünlilik, tejribe, wepalylyk, bilim we gowy işler – bu lidere zerur bolan zatlaryň diňe käbirleridir, ýöne jynsy degişlilik asla gowy lideriň şerti bolup durmaýar. Mesihsiz biziň hemmämizem kämil däldiris. Mukaddes Ýazgyda bu barada, ine, näme ýazylypdyr:

> «Biziň Mesih arkaly Hudaýa bolan ynamymyz şeýledir. Bir zady hamala özümizden ýaly saýmaga biziň özümiz ukyply däl-de, eýsem ukybymyz Hudaýdandyr. Ol bize harp däl-de, ruh esasyndaky Täze Ähtiň gullukçylary bolmak ukybyny berdi, sebäbi harp öldürýär, ýöne ruh ýaşadýar» (2 Kor. 3:4-6).

Pawlusyň Timoteosa ýazan birinji hatynda oňa aýdan sözlerini meşhur liderleriň biri, ine, nähili düşündirýär: «Pawlus bu ýerde, gep ýygnaga ýolbaşçylyk etmek barada gidende, bu rola aýallaryň bolmaýandygyny aýdýar, sebäbi olar erkeklere seredende has ynanjaň bolýarlar we ýalana aňsat ynanýarlar».

Biz tizara Timoteosa ýazylan hata geçýäris. Ýöne, geliň, bu sözleri okanyňyzda nähili duýgyny duýanyňyza düşünip geçeliň. Utançmy, günämi, düzgünleri bozmanymy? Ýeňlemänimi we aklamany?

Elbetde, biziň ýekejämizem bu sözlerden ýaňa güýç we gatnaşyk duýmaklyga ukyply däldiris. Men aýdylan sözüň diňe birje bölegini getirdim, ýöne onuň aňyrsynda aýallary giň ýaýran ýazgaryş bilen ýazgarmany aňladýan pikir gizlenip ýatyr. Soň şol lider şeýle diýýär: «Bu ýyllaryň dowamynda Pawlusyň beren bahasy bilen ylalaşmadyk

gaharly aýallar köp boldy, ýöne şeýle ýagdaýda onuň sözlerine ynanmaga we onuň taglymatyna eýermäge ukyply bolmadyk munuň ýaly aýallar özleriniň enesi Howa örän meňzeş diýen pikir döreýär, olar gowy niýetlerden doly, ýöne gowy habarly edilmändirler».

Eýsem, özümiziň ylalaşmaýandygymyzy aňlatmak üçin bize gaharlanmak gerekmi? Men nämedir bir zatda öz adamym bilen ylalaşman, ýöne muňa gaharlanman bilýärin. Kärdeşlerimiz bilen pikirimiz gabat gelmän biler, ýöne gaharlanmaýarys, dostlarymyz bilen hem şeýle.

Ýokarda aýdylan sözlerde biz, eger biz ylalaşmasak, onda bu gaharlanýandygymyz we gowy habarly edilmändigimiz sebäplidir diýen çaklamany görýäris. Bu ýerde Hudaýa tabyn bolmaga edýän ymtylyşymyzda özüni dolandyrmaga synanyşýan päk ahlakly, pikir ediji, bilesigeliji aýallar bolup biljekdigimiz barada pikirem ýok. Bu ýerde Pawlusyň şol döwrüň medeniýetinde bar bolan, emma biziň döwrümizdäki medeniýetde ýok bolan haýsydyr bir zat hakda aýdandygy barada pikir hem edilmändir.

Bu düşündiriş şeýle hem, bize öz şahsyýetiniň nädogry çeşmesini berýär. How indi biziň enemiz däl. Biz ýokardan doglanymyzda, öňki günäli ene-atamyzyň, Adam bilen Howuň çagalary bolmagymyzy bes etdik. Biz Hudaýyň çagalary bolduk.

Ol adamyň sözlerinde men bizi dymmaga we utanmaga mejbur etme islegi eşidýärin. Onuň sözlerinde jynsy bellikler we aýaly ýigrenme eşidilýär, emma Mukaddes Ruh asla eşidilmeýär. Isa öwredeninde we halypaçylyk edeninde, Ol bu zatlary söýgi we hemmeleri kabul etme bilen edýärdi. Ol Ýygnagy Öz Gelinligine meňzedýär. Ol awtoryň sözleri bolsa, ýylanyň aýala bolan ýigrenjini köpräk ýatladýar.

Pawlus Timoteosa haty, grek medeniýetinde ýygnak başlanynda öz şägirdiniň duş gelen takyk meselelerini göz öňünde tutup ýazýar. Eýsem şol döwürlerde olara degişli bolan zat bu gün bize, biziň düýbünden başgaça bolan medeniýetimize we ýygnanyşyklaryň başga görnüşine degişlimi? Belki, siz soňuna çenli ynamly dälsiňiz. Belki, siz

Hudaýy sylaýanyňyz üçin hiç haçan lideriň sözüni şübhe astyna salýan dälsiňiz, şonuň üçin hem öz takdyryňyza kaýyl bolansyňyz.

Geliň, dowam edeliň. Siz kimdir biriniň öz gyzyňyza şeýle diýmegine ýol bererdiňizmi? Gyzyňyzy hiç zada ýaramsyz, ýeňilkelle, ynanjaň we gowy habarly edilmedik diýip atlandyranlarynda siz ýöne seredip durarsyňyzmy? Bu paş etmäniň ýaşaýyş sowgat beriji we Mukaddes Ruhdan dolduryjy we adama – erkege ýa aýala – kömek ediji usuly bolup bilermi? Siz haçan hem bolsa bir wagt, Ata Hudaýyň siziň durmuşyňyzyň haýsydyr bir ulgamyna seredip, ondan erbetlikleri belläp biljekdigi barada, iň bolmanda ýekeje minut, pikirlenip görüpdiňizmi?

Men düşünýärin, belki, siz özüňiz barada şeýle sözleri aýdansyňyz. Eger siz eýýäm öňden bäri mesihi bolsaňyz, onda bir mugallymyň ýa-da lideriň siziň ýygnagyňyzdaky beýleki aýallar hakda şuňa meňzeş zatlary aýdanyny hökman eşidensiňiz. Öňräk, köp ýyllardan bäri gulluk edip ýören bir aýal biziň ofisimize jaň edip, liderleriň ýazgarmalary sebäpli, özüniň ýygnakda gulluk etmesiniň Mukaddes Ýazga garşy gelmeýändigine şübhelenip başlandygyny aýtdy.

Gyzym, uýam we joram, size kepil geçýärin, siziň Ýigidiňiz hem Rebbiňiz Isa siz barada hiç haçan munuň ýaly ýok ediji sözleri aýtmady. Ol maňa wagyz etmegim bilen, Özüne ysnat getirýändigimi hiç haçanam aýtmady. Bu meniň has gowy bolup bilmeýändigimi aňlatmaýar, men her çykyşdan soň özüme baha berýärin. Maňa ynanaýyň, öz durmuşymyň her bir ulgamynda Mukaddes Ruhuň özümi düzedýändigini duýýaryn. Ýöne Onuň özümi çagyran gullugy we Onuň maňa bolan garaýşy barada aýtsam, men hemişe Onuň goldap pyşyrdaýanyny eşidýärin.

Onuň biz barada diýýän zadyna gulak asyň: Ol bizi ajaýyp ýaradylan, ýaramly we ukyply diýip atlandyrýar. Ol size täze ýürek berdi we ruhuňyzy janlandyrdy, şol ruh sizi pähimli hem hakyky edýär. Siz aldanylan gyz bolmaz ýaly, aklyňyzyň gözleri tapawutlandyrma şöhlesini saçar ýaly, Ol sizi Mukaddes Ruhdan doldurdy we size Hudaýyň Sözüni ynandy (Zebur 44:11-e; Ezekiýel 36:26-a; 2 Kor. 3:6-a; Ef. 1:18-e seret).

Onuň gelinligi erkeklerden hem aýallardan durýandyr. Ol bizi hapadan Öz Sözüniň suwy bilen arassalady we hem erkekleri, hem aýallary Öz gany bilen halas etdi. Şeýle-de bolsa, meniň öýümdäki yzygiderli bolýan Mukaddes Kitaby öwrenmek boýunça aýallar ýygnanyşygymyzda men Pawlusyň Timoteosa ýazan birinji hatyna berlen takyk düşündirişleri okanymda, olaryň ýüzlerinde düşünmezlik, şok we gorky görýärin. Olar resul şeýle sözleri ýazýan bolsa, diýmek, bu şeýledir, belki, geçmişde özümiz şeýle ýeňilkelle we ýaramsyz bolandyrys diýip pikir edýän aýallardy. Käbirleri-de, bu sözleri başgaça düşündirmek bolar diýip pikir etmegi-de doly bes edipdiler.

Men sizden gyzlaryňyz barada soranymda, içiňizde tolgunma duýduňyzmy? Siziň içiňizde nähilidir bir güýçli enelik duýgusy göterilendir diýip umyt edýärin. Siziň özüňiz barada näme? Siz çäklendirmeleri ileri tutýarsyňyzmy ýa-da Mesihiň siz üçin gazanan azatlygyny ileri tutýarsyňyzmy? Eger öz gyzyňyz üçin çäklenmä ýol bermeýän bolsaňyz, onda onuň özüňizde bolmagyna-da ýol bermäň. Efeslilere hatda (2:10) şeýle ýazylypdyr: «Çünki biz Hudaýyň öňden taýýarlan oňat işlerinde gezer ýaly, Onuň Mesih Isada ýaradylan eseridiris».

Siz hiç haçan mynasyp däl, ýeňilkelle we aldawa basym ynanýan takdyry bilen ylalaşmarsyňyz diýip umyt edýärin we Hudaýa doga edýärin. Eger biz gowy habarly edilmedik bolsak, onda öz üstümizde işlemek we habarly bolma arkaly muny düzederis. Men muny özüme çagyryş we özümden akylly bolan adamlardan resurslaryň hemmesini ýygnama hökmünde kabul etdim. Birinjiden, Pawlusyň sözlerine, geliň, biri-birimiz babatda seredeliň:

> «Aýallar, diňlemeli bolan wagtynda, ýygnanyşygy gürrüňler bilen bozmaly däldirler, olar soraglary öýde ärlerine berseler, bu has dogry bolar. Hudaýyň Kanun kitaby dogry hereketleri we däpleri görkezýär. Ýygnanyşyk wagtynda aýallara ýerliksiz gürrüňleri etmäge rugsat edilmeýär» (1 Kor. 14:34, 35, «The Message»).

> «Aýallara erkeklere hökümdarlyk etmäge we olara näme etmelidigini görkezmäge rugsat berilmeýär. Aýallar

> dymmagy we hemmeler bilen deň derejede tabyn bolmagy öwrenmelidirler. Ilki Adam, soň How: ilki aýal aldandy, günäni ol oýandyrdy! Adam onuň yzyna eýerdi. Başga bir tarapdan çaga dogurma aýala halas bolmany getirdi, ony gönükdirdi. Ýöne halas bolma diňe kämillik toplamak bilen, imanda, söýgüde, mukaddeslikde durmagy dowam edýänlere gelýär. Siz muňa bil baglap bilersiňiz» (1 Tim. 2:11–15, «The Message»).

Grekler mesihilik barada bilmek üçin bile ýygnanyşýardylar. Aýallar, butparazlykdakalar, Diananyň ybadathanasynda hyzmatçy bolup ýörenlerinde asla görmedik täze derejesine eýe bolupdylar. Pawlus Timoteosa ýüzlenende we oňa ýygnakdaky özüňi alyp baryş düzgünleri hakda aýdanda, kanuny agzamaýar. Ol Isanyň sözlerini aýtmaýar. Ol Timoteosa grek medeniýetinden täze imana gelenleri takwalyk bilen kabul etmegi teklip edýär. Şol medeniýetde ruhy meselelerde aýallary ýokary hasap edýärdiler.

Geliň, Pawlusyň sözlerini Mukaddes Kitabyň arameý dilinden terjime edilen «The Passion» terjimesinde okap göreliň.

> «Goý, täze imana gelen aýallar özleriniň liderlerine tabynlykda bolup öwrenmäge taýýar bolsunlar we nobatsyz çykyş etmesinler. Täze imana gelen aýallaryň ýygnakda mugallym bolmaklaryny, erkekleriň üstünden höküm sürmäge dalaş etmeklerini goldamaýaryn, olar parahatçylykda ýaşamalydyrlar. Sebäbi Hudaý ilki Adamy, soň Howy ýaratdy. Howy ýoldan Adam çykarmady-da, How Adamy ýoldan çykardy we Hudaýyň kanunyny bozdy. Şeýle-de bolsa, aýal çaga dogurma arkaly dikeldilen mertebesi bilen ýaşamalydyr, olaryň imanda we söýgüde iýmitlendirilen we akyldarlykda ýöreýän wepaly çagalar hökmündäki terbiýesinden ak pata almalydyrlar».

Bu sözleri häzirki zaman diline terjime etmek üçin men janly ýerli ýygnakda aýala wagyz etmek bolýanmydygy baradaky soragy amaly taýdan öwrenmek bilen meşgullanýan teologa we ýygnak liderine

ýüzlendim. Uitonda mugallym we «Uillou Krikde» («Willow Creek Church») preswiter bolan doktor Gilbert Bilezikýan gullukdaky aýallar baradaky meseläni öwrenmeklige bir ýarym ýylyny sarp etdi. Ol öz derňewleriniň netijelerini «Jynsy rollaryň çäklerinden daşarda» («Beyond Sex Roles») atly kitabynda çap etdi.

«Ahyrynda biz günä gelmezinden öň erkek bilen aýal bilelikdäki hökümdarlar bolupdyrlar, olaryň ikisem Hudaýyň keşbini özlerinde göteripdirler we Onuň ýaradan dünýäsiniň aladasyny bile etmeli bolupdyrlar diýen netijä geldik. Hudaýyň şöhratynyň hatyrasyna özleriniň gullugynyň ýerine ýetirilmegine erkek hem aýal jogapkärçilik çekipdirler we şol gullugy özlerine Hudaýyň beren serişdeleriniň kömegi bilen, özleriniň imanynyň çäkleriniň mümkinçilik berýän serhetlerine çenli ýerine ýetiripdirler. Gynansak-da, günäniň gelmegi zerarly şol hyzmatdaşlyk güýçli bozulýar. Hudaýyň günäniň zaýalan zatlarynyň hemmesini, şol sanda erkekler bilen aýallaryň arasyndaky gatnaşyklaryny-da, halas etmek baradaky rehimdar meýilnamasy bularyň hemmesini ýaradylyşdan soňky ilkinji günlerdäki gözellik derejesine çenli ýetirip bilýär diýip hasap edýäris. Bagyş edilen we ylymly mesihileriň köpüsi biziň gelen netijelerimiz bilen ylalaşmaýarlar. Biziň hemme zady biljek, bu we beýleki soraglarda Hudaýyň kämil akyldarlygyndan näderejede daş düşenimizi biljek günümizem geler. Men bolsa şoňa çenli pes göwünlilik bilen şu pozisiýada berk durýaryn. Men aýallary, öz pikirimçe, Mukaddes Ýazgynyň olary etmäge çagyrýan zadyny etmeklige – ruhy sylaglaryň hemmesi üçin doly açyk bolmaklyga – ruhlandyrmak bilen töwekgelçilik etmäge taýýar».

Eger aýal okatma, öwretme ýa-da ýolbaşçylyk etme çagyryşyny duýýan bolsa, eger ol Mukaddes Ýazgyda sanalyp geçilýän gylyklaryň hemmesine eýe bolup, mynasyp ýaşaýan bolsa, onda ony okadyň, goý, ol özüne Hudaýyň tabşyrýan pozisiýasynda okatmak, öwretmek we ýolbaşçylyk etmek üçin bilim alsyn. Doktor Bilezikýan bilen men bu pikirde pes göwünlilik bilen berk durýaryn.

## Howa rawwinçilik garaýşy

Ýaňy-ýakynda maňa ajaýyp mesihi rawwini Braýan Bileçi bilen uzak wagtlap gürleşmek miýesser etdi. Men onuň bilen Hudaýyň juda köp gyzlarynyň özleriniň aslynda kimdiklerini bilmeýändikleri baradaky aladalarymy paýlaşdym. Hudaýyň gyzlarynyň şahsyýetiniň we mertebesiniň bu dünýäniň biabraýçylykly ruhunyň urgusy astynda bolýandygy gitdigiçe aýdyňlaşýar. Ýygnaklaryň köpüsi Hudaýyň aýallara beren sylaglaryny nädip ulanmalydygyny bilmeýärler.

Men alym ýewreýden Hudaýyň Öz gyzlary hakda näme pikir edýändigini eşitmek isledim. Men ondan Howdan başlap, Sara, ondan soň hem, Mesihiň gelinligi bolan Ýygnaga çenli bolan esasy atlaryň hemmesine degip geçmegi haýyş etdim. Rawwin maňa köp zat gürrüň berdi, menem onuň esasy pikirlerini size gysgaça aýtmak isleýärin, sebäbi onuň pikirleri size öz şahsyýetiňizde berkemäge kömek eder.

**Erkek hem aýal özlerini görkezmekde dürli, ýöne maksada degişli zatlarda bir bolmak üçin ýaradylandyrlar.**

Hudaý Adamy Howdan köp söýmedi. Ilki başdan How mydama Adamyň içindedi. Adam oňa at beren bolsa-da, oňa mätäç bolan bolsa-da, How mydama Hudaýyň pikirindedi. Hudaý oňa aýratyn garaýyş we görnüş beripdi. Aýal mydama erkegiň içinde bolupdy, ine, näme üçin erkege aýalsyz bolandan aýal bilen bolmak ýeňil bolýan eken (Gelip çykyş 2:18-e seret). Adamda Howuň peýda bolmasy «gowy däli» «juda gowa» öwürdi.

Hudaýyň Adamy çuň uka giderenini, soň onuň gapyrgalarynyň birini alyp, Howy ýaradanyny biz Mukaddes Kitapdan bilýäris (Gelip çykyş 2:21-e seret). Erkek bilen aýal örän gowy bölünişdiler, ýöne bu olaryň kembaha ýartylar bolandygyny aňlatmaýar. Olar iki bitewi şahsyýet bolupdy. Erkek hem aýal özlerini görkezmekde dürli, ýöne maksada degişli zatlarda bir bolmak üçin ýaradylandyrlar. Günä

gelmezinden öň, rollary bölmäniň bolmandygyny bellemek wajypdyr. Şonuň üçin iki ynsan maksatda bir, ýürekde bir we fiziki birleşmede bir bolup bilýärler.

Pajygaly günleriň birinde How aldawa düşýär, Adam bolsa, Hudaýa garşy baş göterýär. Howuň saýlawy indi hemme aýallaryň ýygy-ýygydan aldawyň pidasy bolmaklyga öňünden bellenilendigini, Adamyň dönükligi sebäpli, erkekleriň hemmesiniň gozgalaňa meýilli bolmaga öňünden bellenilendigini aňlatmaýar. Howuň eden erbetligine seredende, Adamyň günäsini ujypsyzja zat edip görkezmä edilýän synanyşyklary men örän köp görýärin. Onuň günäsini «biygtyýar jenaýat» diýip atlandyrýandyklaryny eşitdim. Rawwin Braýan Bileçi munuň bilen ylalaşmady. Ol Mukaddes Ýazgyda aşaky sözleriň aýdylandygyny tassyklady:

> «Sebäbi bir adamyň tabyn bolmazlygy arkaly köp adamyň günäkär bolşy ýaly, bir Adamyň tabynlygy arkaly köp adam dogry adamlar boldular» (Riml. 5:19).

Adamyň günäsi biygtyýar jenaýat bolmandy. Käbir alymlar muny dönüklik hem gozgalaň diýip atlandyrýan bolsalar-da, ony «bilgeşleýin tabyn bolmazlyk» diýip atlandyryp bolar.

Meniň kelläme başga pikir hem gelýär – Adam bilen How haýsydyr bir şahsyýeti ogurlamaga synanyşmadymykalar: galyberse-de, olar Hudaý bolmak isländirler!

Biziň öýümizde çagalar ene-atasynyň gadagan etmesini bilgeşleýin äsgermezçilik edip, dostlaryny ýa-da biri-birini diňlänlerinde, biz muny biygtyýar hereket hökmünde atlandyrmaýarys. Biz olaryň hereketlerini «tabyn bolmazlyk» diýip atlandyrýarys. Eger goşunda esger haýsydyr bir buýruga tabyn bolmasa, onda ol barada biygtyýar hereket hökmünde gürrüň etmeýärler-de, onuň buýruga tabyn bolmakdan boýun towlandygyny aýdýarlar

Geliň, Hudaýyň Adamyň günäsi hakda aýdan zadyna seredeliň.

Adama bolsa Beýik Reb Hudaý şeýle diýdi:

> «Sen aýalyňyň gepine gitdiň, "Iýme" diýip, gadagan eden agajymyň miwesinden iýdiň. Seniň eden işiň sebäpli, Men topragy näletländirin» (Gelip çykyş 3:17).

Belli bir ýagdaýlar sebäpli, Adamyň rolunyň ýumşamasy emele geldi. (Hemmämiz Mesihde halas edilen bolsak, onda Adamyň saýlawyny we eden zadyny gorama duýgusynyň kimdir birinde näme sebäpden peýda bolýandygyna men düşünmeýärin).

Bu goragçylar erkekleri ýokary galmaga we gowy liderler bolmaga çagyrýarlar. Men bu çagyryşa ellerim, aýaklarym bilen goşulýaryn we: «Hawa we omyn!» diýýärin. Erkekler üçin gowy görelde boljak adamlara dünýäniň çykgynsyz ýagdaýda mätäçdigi bilen men ylalaşýaryn. Ýöne bu çagyryşyň amala aşyrylyşy bilen ylalaşmaýaryn. Onuň tarapynda durýanlar, eger günäniň gelşi baradaky taryha esaslanyp, özleriniň delillerini öňe sürmek arkaly aýallaryň seslerini öçürseler, onda erkekler ýygnakda liderlik roluny özleriniň üstüne has gowy alyp bilerler diýip pikir edýärler.

Bu delillerde we aklanmalarda men köp kemçilikleri tapýaryn. Eger Adam turup, hakykaty aýdan bolsa, köp zyýanlardan gaça durup boljakdygy göze görnüp dur! Oňa How bilen däl-de, ýalançy ýylan bilen gepleşikde özüniň öňden görüjiligini we Hudaýyň sözlerine bolan ünslüligini görkezmek gerekdi. Ol sesini gataldyp, ýylany sem bolmaga mejbur etmelidi; biz, galyberse-de, et hem gan bilen göreşemizok ahyry. Edil şonuň ýaly, erkekler Hudaýyň Öz keşbinde ýaradan we «gowy ýaradylyş» diýip atlandyran aýallaryna däl-de, ýylany dymmaga mejbur etmek üçin seslerini gataltmalydyrlar.

Kimdir birini geljekde ýalňyş goýbermekden goramaklyk – gadagan edilme däl-de, açyk ündewdir. Adamyň günäsiniň onuň ogullaryny baglamaly däl bolşy ýaly, Howuň goýberen uly ýalňyşy hem, geljekde onuň gyzlaryny dymmaga mejbur etmeli däldir! Ýigrimi asyrdan köpräk wagtdan bäri, erkekler bilen aýallar ýygnakda egin-egne berip ýaşamagy öwrenip gelýärler. Mesihde özümiziň kimdigimize düşünmegiň we başda bagda ýaşamak üçin ýaradylyşymyz ýaly, egin-egne berip liderler

bolmalydygymyza akyl ýetirmegiň wagty geldi. Erkege erkek hökmünde, aýala aýal hökmünde ýolbaşçylyk etmek gerek.

Indi bizde şeýtana nädip dogry jogap bermelidigini bize görkezen Isanyň göreldesi bar:

> «Ýanymdan aýryl, şeýtan! "Öz Hudaýyň Rebbe sežde et, diňe Oňa gulluk et" diýip ýazylgydyr» (Matta 4:10).

Biz kimiň mamladygyny, kimiň günälidigini düşündirjek bolup oturman, Hudaýyň sözlerini ýaň ýaly bolup gaýtalamalydyrys. Geliň, imandaky ýaşaýşyň peýdasyna janly, dem alýan deliller bolmak üçin, Hudaýda güýçli hyjuw bilen gulluk edeliň. Isa – biziň iň esasy göreldämizdir. Biz Onuň ýöreýşi ýaly ýöremelidiris. Biz islendik adamyň, şol sanda resul Pawlusyň hem yzyna düşendäkiden, Isanyň yzyna has uly yhlas bilen düşmelidiris. Pawlusyň özi Timoteosdan Pawlusyň yzyna, Pawlusyň Mesihiň yzyna eýerişi ýaly eýermegini haýyş etdi: «Meniň Mesihden görelde alşym ýaly, siz hem menden görelde alyň» (1 Kor. 11:1).

## Şeýtanyň ýalany. Hudaýyň şypasy

Bölünşik getirýän maslahatlary diňläp, bir jynsyň elinden güýjüni alyp, ony beýlekisiniň güýjüniň üstüne goşanymyzda, şeýtan erkekleri we aýallary talaýar. Wagt geçip barýar. Isanyň tabşyrygyna ýapyşyp, ýitirilenlere gutulyş getirmegi dowam etmäniň wagty geldi (Luka 19:10). Ýygnaga tapdan düşen, bölünen dünýä üçin janly we dem alýan görelde bolmaga we bir wagtyň özünde birnäçe nesillerden durýan köp milletli jemgyýetiň nähili ýaşamalydygyny görkezmäge, bir maksat üçin erkek we aýal neslini birikdirmäge çen boldy. Eger jynsy degişlilik meselesiniň hötdesinden gelmek bize başartmasa, onda erkekler bilen aýallar aýra hem ýaraly bolmagynda galýarlar. Hudaýyň özümize beren şahsyýetini dikeldenimizde, iki jynsyň hem şypa almasy başlanýar.

Käwagt utanma şeýle güýçli derejä ýetýär welin, aýallar özlerini oňaýsyz duýup başlaýarlar, olarda erkek bolup doglan bolsalar, gowy

bolardy diýen pikir döreýär. Köp adamlar jynsyny üýtgetmek ýa-da germafroditizme ymtylmak bilen şypa tapmaga synanyşýarlar. Hudaýyň Işaýa pygamberiň üsti bilen aýdan zadyny okalyň:

> «Siz bar zady tersine öwürýärsiňiz,
> küýzegär toýun bilen deň hasaplanarmy?
> Ýasalan zat özüni ýasana:
> «Ol meni ýasamady» diýermi?
> Şekillendirilen zat şekillendirene:
> «Onuň düşünjesi ýok diýermi?» (Işaýa 29:16).

Sorag öňküligine galýar: biz Hudaýa ynanýarysmy? Onuň gowudygyna we akyldardygyna, we ejemiziň göwresinde bizi gyz edip ýaradanynda, ýalňyş goýbermändigine ynanýarysmy? Onuň saýlawyndan nägile bolanymyzda, işi öz elimize aljakdygymyzyň pikirini edipdimi?

Maňa ynanaýyň, ýaralaryň nähili agyrýandygyny men bilýärin. Köplerde meniň pikir edişimden-de güýçli agyryly bolýandygyna men düşünýärin... Ýöne Hudaý adam elleriniň güýjüniň ýetmeýän zatlaryna-da elini goýup şypa berip bilýär. Özümiň aýaldygymy ýigrenenim açyk ýadyma düşýär. Bu ýagdaýyň näme sebäpden döränini bilemok, belki, ejem bilen ýakyn gatnaşyklaryň ýetmezçilik edeni sebäplidir ýa-da Hudaýyň meniň durmuşymdaky meýilnamasyna päsgel bermek islän duşmanyň bilgeşleýin eden hüjümleri sebäplidir. Sebäpler nähili – durmuş ýagdaýlary, aýallara bolan garaýyşlar ýa-da ýygnakdaky duşuşyklar bolsa-da, aýal bolup doglandygym bilen baglanyşykly bolan gowşak, ejiz ýerler maňa ýaramaýar. Men oglanlaryň arasynda oglan ýaly bolup ulaldym, meniň oglan dostlarym gyzlara garanda köpdi. Oglanlar bilen gatnaşmak maňa aňsat bolýardy. Jynsy taýdan ýetişme wagty gelende, özümi gülgüne hem owadan dünýäde ýerleşdirilen başga planetadan gelen adam ýaly duýdum. Gyzlar kakdyrma we pyşyrdylar dilinde gürleýärdiler, men ol dile düşünmeýärdim, gyzlar, bu gödek gyzda bolmadyk, owadanlykdan we gözellikden doludylar. Uly synplardakam

men, zenanlyk görkümiň ýoklugyny we agyryly duýgularymy gizlemek üçin, diňe jinsi we giň balaklary geýýärdim.

Duşuşyklar wagtynda, adaglanmadan soň men Jona özümiň zenan tenindäki erkek beýnidigimi düşnükli edip düşündirmäge synanyşdym. (Bu barada gürrüňiň hem bolmajakdygyny Jon şobada aýtdy!) Başga bir tarapdan, munuň meni dört ogluň ejesi bolmagyma taýýarlamak üçin, köp zatda Hudaýyň ýoly bolandygyna men ýürekden ynanýaryn. Hudaý meni şypa berme syýahatyna aldy. Ol meni aýaldygymyň gymmatlydygyna ynandyrdy. Onuň barlygynda, din sebäpli, aýal keşbini örtüp duran bar utanç ajaýyp eşige öwrüldi. Hudaý meniň kalbymyň jümmüşine baryp ýetdi we gorkynyň hem-de, öz ejemiň düşünmän meniň zenanlyk tebigatyma ornaşdyran mentallyk pidasynyň deregine batyrlyk bilen güýç berdi. Men öz bedenimi, diňe daşky keşbi üçin däl-de, eýsem onuň ukyplary üçin hem söýmegi öwrendim. Muňa wagt hem-de tutuş ýol gerek boldy, şonuň üçin indi men şypa almany başgalar bilen paýlaşyp bilýärin.

Eger meniň zenanlyk bilen göreşmäm häzirki döwre, jynsy çalyşmanyň aç-açan goldanylýan döwrüne gabat gelen bolsa näme? Biziň medeniýetimiz maňa işleri öz elime alyp, göni manysynda, erkek bolmalydygymy aýdardy! Ýöne men şonuň ýaly eden bolsam, Hudaýyň şypa beriş prosesini we şol wagtyň dowamynda alan sapaklarymyň hemmesini ýitirerdim. Özümizi biri-birimiz bilen deňeşdirmegi bes edenimizde, özümizi ähli kemçiliklerimiz bilen bilelikde kabul etmäge ukyply bolýarys.

Şypa almak prosesine başlamak üçin nähili ädimleri ätmeli?

1. *Doga-dileg ediň.* Mukaddes Ruhdan özüňize bölünmedik ýürek bermegini we nädogry pikirleriňi hem-de tabyn bolmazak ulgamlaryňyzy açyp görkezmegini soraň. Genderlik ters pikirleri we öz jynsymyza bolan ýigrenç bizi öz yzy bilen alyp gidip, özümize we biri-birimize bolan garaýyşlarymyzy ýoýup bilýär. Özüňiziň bölünişik döredýän däl-de, ýaraşdyrýan ýolbaşçy bolmagyňyz üçin Hudaýa doga ediň.

2. *Erkiňizi Hudaýa tabyn ediň.* Özüňiziň bilýän we Mukaddes Ýazgydan okan zatlaryňyzy hem-de doga-dileg edeniňizde, özüňize açylan zatlary tabynlyk bilen ýerine ýetirmegiň deregine, siziň adam kadalarynyň aňyrsynda gizlenýän bolmagyňyz mümkin. Belki, siz adamlardan gorkynyň (ýa-da aýaldygyňyzdan gorkyňyzyň) özüňizi Hudaýyň emrinden saklamagyna ýol berensiňiz. Durmuşyňyzyň şu etapynda Beýik tabşyrygyň nähili görünmelidigini soraň, onuň indiki etapda başgaça görnüp biljekdigine düşüniň.
3. *Duşmanyňyzy tanaň.* Biz et hem gan bilen söweşmeýäris. Öz pikirlerimiz ikä bölünende, biz özümizi iki taraplaýyn agentler ýaly alyp barýarys. Özümizi Hudaýa tabyn edenimizde, iblise garşy durmalydygymyzy, şonda onuň gaçýandygyny Ýakup aýdýar.
4. *Öz durmuşuňyzy we gürrüňleriňizi barlaň.* Siz genderlik ters pikirleri nähili sözler we hereketler bilen iýmitlendirýärsiňiz? Eger Mukaddes Ruh durmuşyňyzdaky nähilidir bir eglişikleri açan bolsa, onda şol ulgamlarda ters pikirler we öýkeler bardyr.
5. *Berk duruň.* Hiç zadyň arkasynda durmaýan adamlar, hemme zatda ýykylmaga döwekgelçilik edýärler. Erkekler bilen aýallaryň bilelikde işlemegine garşy çykýan adam, Hudaýyň başdaky pikirine biygtyýar garşy çykýar.
6. *Mesihiň Tenindäki birlik üçin göreşiň.* Erkekler bilen aýallar bäsdeşler däldir. Biz erkek hem aýal doganlardyrys, goragçylardyrys we ýakyn pikirdeşlerdiris. Biz gatnaşyp, bile ýöremelidiris, ikitaraplaýyn sylaşykda we erkek hem aýal doganlara söýgüde bile bolmalydyrys. Biz biri-birimiziň sylaglarymyzy goldamalydyrys. Eger aýal dymmaly diýip pikir eden bolsa, Hudaý oňa ses bermezdi. Hudaý Adama we biziň dünýämize aýalyň sesiniň we onuň täsiriniň gerekdigini bilýärdi.

## Hökman we ikitaraplaýyn baglanyşykly

Men öz gyz agtyklarymyň, hakykata akyl ýetirmekleri, oňa akyl ýetirmek bilen hem, öz imany boýunça ýaşap bilmekleri üçin, pikirlenmäge, owrenmäge we soraglary bermäge ukyply bolmaklaryny isleýärin. Biz aýallaryň ýokardan doglup bilýändiklerini aýdýarys, emma şeýle-de bolsa, olaryň hakykatdan we doly azat bolandyklaryna garşy çykýan doktrinalary we taglymatlary kabul edýäris. Has takygyny aýtsak, aýallaryň köpüsi, Mesihiň tabşyrygynyň çäklerine garanda, ýygnagyň çäklerinde hereket etmekde azatdyrlar.

Pähimli bolmadyk erkekler we aýallar dürli taraplarda durup, Erem bagyndaky wagtdan bäri, erbet işleri etmekde biri-birlerini aýyplap gelýärler. Aýyplamalar we utanç hiç kime-de öňe gitmäge hakykatdan kömek etmeýär. Günä hem utanç suwy bulandyrýar we ogullaryň hem gyzlaryň keşplerini garaňkyradýar. Munuň ýaly hereket Hudaýyň Mesihde arassalan zadyny bulaýar we ýoýýar.

Erkeklik we aýallyk jynslar hudaýlyk gözelligini şöhlelendirmek üçin ýaradyldy. Gynansak-da, diňe ýekeje Hudaýyň berip biljek goldawyny hem öwgüsini biri-birimizden almaga synanyşyp, biri-birimizden hudaýlyk mertebäni we güýji sypyryp aýyrdyk. Hudaý bizi, aramyzdaky tapawut sebäpli biri-birimizi kemsitmegimiz we ýigrenmegimiz üçin däl-de, şol tapawuda begenmegimiz üçin ýaratdy.

Indi biziň ýalaňaçlygymyz Mesihde dogrulyk bilen ýapyldy. Mesihde erkekler hem aýallar özleriniň duşmanlar däl-de, pikirdeşlerdiklerini ýada salýarlar. Geliň, biri-birimiz üçin kim bolup biljekdigimize we kim bolmalydygymyza Mukaddes Kitapda seredeliň. Biz 1-nji Korintoslylaryň on birinji babyndaky üç aýada «The Message» terjimesinde serederis.

> 10-njy aýat: «Ýogsa-da, erkekler bilen aýallaryň arasyndaky tapawuda onçakly çuň aralaşybermäň, ýekeje erkegem, ýekeje aýalam ýekelikde hiç zadam edip bilmez, şoňa görä-de, olardan hijisi has wajyp bolmaga dalaş edip bilmez».

Mesihde erkekler bilen aýallar biri-birine garaşly däl-de, ikitaraplaýyn baglanyşyklydyrlar. Biziň çeşmämiz diňe Hudaýdyr, ýöne bu aýatlar jynslaryň söweşi ady bilen meşhur bolan öňden gelýän duşmançylyk hakda gürrüň berýär. Biziň tapawudymyz biri-birimizi doldurmagymyz üçin ýaradylandyr. Ikitaraplaýyn baglanyşygyň we kabul edilmäniň bar ýerinde, artykmaçlyk we iýerarhiýa ýitýär. Mukaddes Kitabyň «The Message» terjimesindäki şahyrana sözler bäsdeşligiň tebigatynyň üstüni açmagy dowam etdirýär.

> 11-nji aýat: «Ilki erkek Hudaýyň ajaýyp hem täsin keşbi hökmünde ýaradyldy – bu hakykat. Ýöne aýalyň bedenindäki kelle gözellikde onuň "başynyňkydan", adamsynyňkydan artykmaçdy».

Bu ýerde Pawlus erkekden we aýaldan, är bilen aýalyň takyk kesgitlemesine geçýär. Iki jynsyň hem üstüne şöhle saçýan gymmatlyk maňa ýaraýar. Adamymyň arkasyndan, onuň Hudaýa, maňa we çagalarymyza bolan söýgüsiniň arkasyndan men owadan görünýärin, edil şonuň ýaly, men özümiň Hudaýa, oňa we biziň maşgalamyza bolan söýgimiň arkasyndan onuň owadan görünmegini isleýärin. Soň Pawlus, nika temasyndan daşlaşyp, jynsyň umumy temasyna gaýdyp gelýär.

> 12-nji aýat: «Ilkinji aýal erkekden gelip çykdy, emma şondan bäri her bir erkek aýaldan gelip çykýar!»

Aýal erkegiň gapyrgasyndan gelip çykdy, ýöne indi erkek aýalyň göwresinden gelip çykýar. Aýal erkegiň, Adamyň, ilkinjisi boldy, indi bolsa, biziň hemmämiz ikinji Adamdan, Isadan, dogulýarys. Soň Pawlus on ikinji aýatda şeýle sözleri ýazýar:

> «Hemmeleriň Hudaýdan gelip çykýandyklary sebäpli, geliň, "kim birinji" diýen boş zady bes edeliň».

Hudaýyň Kimdigi baradaky açylyşy alanymyzda, kimiň birinjidigi, kimiň gowrakdygy babatdaky bäsdeşlik bes edilmelidir. Biz ýekeje Hudaýyň mukaddesdigine bolan hudaýlyk garaýşy dikeltmelidiris. Ol

birinjidir, Ol iň soňkudyr, başlangyç hem soňdur, Alfa hem Omegadyr. Atamyzyň bize ýolbaşçylyk edişi ýaly we bizi söýşi ýaly hiç kimem ýolbaşçylyk edip we söýüp bilmez. Bu Onuň ogullaryny gyzlaryndan köpräk söýýändigini aňlatmaýar. Bu, şeýle hem, Onuň erkekleri we aýallary birmeňzeş söýýändigini-de aňlatmaýar. Ol özbolușly söýýär. Biz bir adamy beýlekisinden ýokarrak galdyranymyzda, Onuň keşbinden daşlaşýarys, sebäbi Ol ynsan neslini Öz-Özüni görkeziji hökmünde saýlady.

## Ilkinji ýygnakdaky erkekler we aýallar

Bizde öz taryhymyza sagdyn düşünje bolmasa, köplenç öz ykbalymyzy peseldýäris, ýöne Mukaddes Ruhuň biziň aňymyzy bulandyrmaga synanyşýan duşmandan tutusyny sypyryp aýyrýanyna men şübhelenmeýärin. Mukaddes Ýazgyny okanymyzda, ilkinji ýygnagyň ylalaşmak zerur bolan güýç bolandygyny aýdyň görýäris. Medeniýet imanlylaryň hereketlerini çäklendirmäge synanyşanda, olar, gaýtam, gidip, täze territoriýalary aldylar. Olar şol döwürlerde höküm süren imperatorlaryň buýruklaryndan gorkmadylar, sebäbi olar eýýäm Perwerdigäriň öňünde dyzlaryny epipdiler. Olar *her gün* gudratlaryň we alamatlaryň arasynda ýaşadylar. Olar özleriniň iň esasy at-abraýynyň göze görünmeýän sferada bolýandygyna düşünip ýaşadylar.

Olar Hudaýyň Ruhy tarapyndan bellenilipdiler, Onuň üçin aýrylyp goýlupdylar. Olaryň mukaddes ýerlerinde erkekler bir tarapda, aýallar bir tarapda oturandyrlar diýip pikir etmäň. Olar köplenç öýlerde, bazarlarda, gizlin ýerlerdäki ýerzeminlerde, hatda gämilerde we türmelerde duşuşýardylar. Bu imanlylar dürli tirelerdendiler, dürli dilli we däplidiler, ýöne olary şol bir Mukaddes Ruh birikdirýärdi, jynslaryň ikisem, bir Ten, Mesihiň gelni ýaly bolup, berk durýardylar. Biz bir bolanymyzda, diňe Hudaýyň tarapy bolýar-da, başga hiç kimiň tarapy bolmaýar. Olar Hoş Habary öýme-öý aýlanyp paýlaşýardylar. Resullaryň işleri kitabynda (2:42-44) biz bu teniň nädip organiki taýdan ösendigini görýäris:

> «Olar mydama resullaryň taglymatlarynda bolýardylar, çörek bölmede, gatnaşykda bolýardylar we doga-dileg edýärdiler. Her bir ýürekde gorky bardy. Iýerusalimde resullaryň üsti bilen köp gudratlar we alamatlar görkezilýärdi. Imanlylaryň hemmesi bilediler we hemme zatlary umumydy».

Bu «hemme zatlary umumydy» diýen jümle diňe material mätäçlikler bilen çäklenmeýär. Ol sežde etmäni, titremäni, gatnaşygy, iýmiti, doga-dileg etmäni we emlägi öz içine alýar. «Umumy» sözi ikitaraplaýyn, giň ýaýran, her gün we ýygnagyň zatlaryny aňladýar.

Gatnaşykda we taglymatda özlerini biri-birine bagyş etmek üçin erkekler bilen aýallar ýakyn bolupdyrlar. Gatnaşyk bolmasa, taglymat birek-biregiň mätäçliklerine gulluk edip biljek ýygnagy döredip bilmeýär. Tersine, tegelek stoluň başyndaky çekeleşmesi bolmadyk taglymat tekepbirlik döreder we hakykaty ýoýar. Biziň bilýän zatlarymyz, hakykaty näderejede bilýändigimiz bilen däl-de, hakykat boýunça nähili ýaşaýandygymyz bilen synalýar. Akyl taýdan näme etmelidigini bilseler-de ony etmeýän köp adamlar dawaly ýagdaýlaryň ýesirleri bolýarlar. Öz bitewiligiňi saklamak we hakykatda ýaşamak üçin ýakynlaryň we dostlaryň gerek.

Irki ýygnakda aýalda gürlemäge hukugy bolupdyr. Eger bolmadyk bolsa, onda Hananýa bilen Sapfirada bolan ýagdaý düýbünden başgaça görnerdi. Resullaryň işleri kitabynda (5:1-11) aýaly ýokka Petrusa ýalan sözläp, soň ýykylyp ölen adam hakda gürrüň berilýär. Üç sagat geçenden soň onuň aýaly gelýär. Ol adamsynyň ölümi barada hiç zat bilmeýär, ýöne näme jogap bermelidigini bilýär. Petrus ondan soranda, ol hem, öňünden adamsy bilen dilleşen ýalanyny gaýtalaýar we edil adamsy ýaly, ol hem ýykylyp ölýär. Men muny gürrüň berýänimiň sebäbi, häzirki zaman taglymatynyň şertlerinde aýtsak, ol aldamak bilen tabyn bolmasyny görkezip, «öz adamsynyň islegini ýerine ýetirdi, şeýle etmek bilen ony sylady». Ýöne Sapfira hakykaty aýtman, ýalan sözleme kararyna gelende, bu hereketi üçin janyny töleg hökmünde berdi. Ol özüniň ses hukugyny nädogry ulandy. Eger

ol Petrusa hakykaty aýdan bolsa, onda diri galardy.

Rehim we merhemet baradaky haýran galdyryjy aýanlykda kimdir biriniň gyrada galmagy mümkin däl. Erkekleriňem, aýallaryňam birmeňzeş goşandy bar. Olaryň köpüsi bu zatlary birinji gezek duýup gördüler. Günäniň gelmeginiň netijesinde alnan zatlary Hudaý dikeldişe mesh etdi. Erkekler bilen aýallar «öz şäherleriniň meýdanlarynda bile zähmet çekdiler we ýeriň aňry ujuna çenli gitdiler», olar güýçde hem merhemetde gitdiler. Resullaryň işleri kitabynda birinji ýygnak barada, ine, näme ýazylypdyr:

> «Bir adam ýaly bolup, her gün ybadathana ýygnanardylar, biri-biriniňkä myhmançylyga baryp, çöregi bölüşip iýýärdiler. Çyn ýürekden şatlanşyp, naharlaryny paýlaşardylar. Hudaýa alkyş okap, bütin il içinde hormatlanylýardylar. Hudaý hem halas bolanlaryň sanyny günsaýyn köpelderdi» (Res. iş 2:46, 47).

Bu aýatlarda ilkinji resullar ýygnagynda höküm süren gündelik durmuş suratlandyrylýar. Ýewreý imanlylary ybadathana bile gidýärdiler, gatnaşykda bolmak üçin öýlerde ýygnanyşýardylar, minnetdar hem sahy ýürek bilen saçak başynda oturýardylar. Olaryň ýürekleri özleriniň Hudaýyna bolan öwgüden püre-pürdi, olar bütin halkyň içinde hormatlanylýardy.

Biz näme üçin birden Isanyň gelinligi, Onuň Ýygnagy, aýallary aradan aýyrmaly, kemsitmeli we hukugyny peseltmeli diýen karara geldik? Näme üçin biz olar bolmalysy ýaly gahryman däl diýen ýalany kabul etdik?

Erkekler bilen aýallaryň bile bolup biljekdikleri baradaky pikir juda köp wagtlap gizlenip dur. Egoizm we ters pikirler bilen gamlandyrylan durmuşyň netijesinde erkeklerem, aýallaram çuň ýaralanan bolup çykdylar.

Ýöne bu biziň taryhymyzyň soňy däl we ondaky soňky söz däl. Göklerde şeýle oýlanylyp tapylan, jyns – bu hüjüm predmeti däl, liderlik ugrundaky söweş meýdany däl. Öz tapawutlarymyz

bizi birikdirýär, biz aýratynlykda bolanymyzdan, bilelikdekäk güýçlüräkdiris. Birlikde bolýan Hudaýyň ogullarynyň we gyzlarynyň beýikligi ýer ýüzünde ýene görkezilip bilner. Biziň birikmämiziň üsti bilen Hudaýyň keşbi açyk bolar we Hudaýyň şöhraty ahyrsoňy has ýagty ajaýyplykda öwşün atar.

## Pikirlenmek üçin soraglar

1. Erkekler nähili söweşlerde ýekelikde söweşmeli bolýarlar?
2. Aýal hökmünde siz haçan hem bolsa bir wagt Hudaýyň çagyryşy bilen adam däpleriniň çäklendirmesiniň arasynda dartgynlyk duýup görüpdiňizmi?
3. Beýik tabşyryk siziň durmuşyňyzda nähili görünýär?
4. Siz özüňize «ýaramsyz», «ýeňilkelle», «ynanjaň» diýleninde näme duýýarsyňyz?
5. Siz Hoş Habaryň üsti bilen özüňiziň başarnygyňyzy nädip ýokarlandyryp bilersiňiz?
6. Siz haýsy ulgamlarda günäkärleri gözlemeklige çekildiňiz?

# 7

# Gorky bilen söýginiň arasyndaky bäsdeş

«Söýgi kalbyň gözelligidir».

BAGTLY AWGUSTIN

Şol pursatda zalyň içinde tolkun çyrpyndy. Men oturan ýerimden erkekleriň we aýallaryň gözleriniň ýaşlaryny howlukmaç süpürişlerini gördüm, köpler uludan dem alyp, ylalaşýan äheňde, diňe başlaryny atdylar. Gorky – bu söýginiň iň uly bäsdeşi bolup, güýçde ondan azajygam pes däldir we öz töweregine ölüm bilen weýrançylyk getirme ukybyna eýedir.

Özümiň maşgala durmuşymda gorkan zatlarymyň köpüsi, gorkan zatlarymyň köpüsi ýaly, hiç haçan durmuşa ornaşmasyny tapmady. Gijelerine özümi gynap eden howatyrlanmalarymyň hemmesi diňe meniň tapdan düşen ýüzümde çuň yz galdyryp, ýygyrdymy köpeltdi. Emma bu zatlar suratkeşiň surat çekýän matasynyň ýüzüne reňk çalnan ýaly bolmasyndan başga hiç zadam bolmady. Ýöne bu meniň ussat suratkeş bolandygym üçin däl-de, özümi haýran galdyrýan

Hudaýyň wepalylygynyň kömegi bilen boldy.

Men ýalňyşmagy gowy görmeýärin, bu meselede biz siziň bilen meňzeşdiris. Ýöne yza nazar aýlanymda, elbetde, men töwekgelçilik ederdim. Meniň gorkym sebäpli biziň ikimiziňem, iň bolmanda şu durmuşda, näçeräk zatdan mahrum bolandygymyzy men hiç haçanam bilmerin. Men bir zady anyk bilýärin... Gorky – erbet maslahatçydyr. Ol ysmaz edýär we söýginiň biziň durmuşymyzda herekete getirmäge teşne bolan zatlarynyň hemmesini berk gysyp durýar. Biz muňa düşünsek-de, düşünmesek-de, söýgi bilen töwekgelçilik egin-egne berip ýörýärler.

Men herekete getiriji güýç, söýgi däl-de, gorky bolan maşgalada doguldym we ulaldym. Meniň ene-atamyň durmuşynda gorky aýgytlaýjy roly oýnady. Gorky olara dost tutunmaga päsgel berdi we şol bir wagtyň özünde maşgala býujetini tapdan düşürdi. Munuň netijesinde bize mydama pul ýetmezçilik etdi, biz mydama söýgi ýetmezçiligini duýýardyk, bizde hiç haçan ynam bildirer ýaly biri bolmady. Gorky biziň ajaýyp öýümiziň ýalaňaç diwarlarynda şöhlelenip, otaglaryna ýaň salýardy. Kakam gurluşykçydy, ýöne gorky öýüň ýylysy gelmeýän we oňaýlygy bolmadyk jaýda ýaşamagymyz üçin hemme zady etdi. Köp gijeler oglan doganym ikimiz öz krowadymyzda uklamaga synanyşyp ýatýardyk, şol wagtda ene-atamyz giç agşama çenli sögüşmegi dowam etdirýärdiler. Gülçyranyň öçügsije ýagtysyna men gündelik ýöretdim we özüme kasam etdim. Özümiň howlugyp egrem-bugram ýazan zatlarym meni gorap biljek ýaly bolýardy. Men özüme *hiç haçan* ejiz hem goranyp bilmezek bolmazlyga kasam etdim. Hemme zat meniň ene-atamyň – iki gezek – aýrylyşmagy bilen gutardy, olaryň hersi dostlar ýaly däl-de, duşmanlar ýaly bolup, öz ýoly bilen gitdi.

Men mesihi bolanymdan soň, ýüregim öý edindi, ýöne men özümi nähili alyp barmalydygymy bilmeýärdim. Biziň nikadaky durmuşymyzyň ilkinji döwürlerinde men kämil bolmadyk gorag mehanizmleriniň ençesine duş geldim, çaga wagtymdaky özümiň oýlap tapan torlaryma düşdüm. Ejiz hem goranyp bilmezek

bolmakdan el çekmegim meniň nädip bagyşlamalydygyny we nädip karar kabul etmelidigimi bilmeýändigimi aňladýardy. Men öz toruma özüm çolaşdym, şonuň üçin olar tas biziň nikamyzy bozupdy. Adamym öz kakamy azajyk hem ýatlatmaýan bolsa-da, men öz ejeme meňzeş bolmasam-da, aramyzda agzalalyk peýda bolanda, ene-atamyz men eýýäm ýatandyryn diýip pikir edende aýdan göwne degiji sözlerini gaýtalaýardym.

Men olaryň gorky mirasyny öz geljegime alyp geldim, şonuň üçin ol indi biziň öýümizi gurşap almanka, maňa saklanmak gerekdi. Jonuň kemçilikleri meniň kemçiliklerimi pikir edişimden has köp derejede ýüze çykardy. Ýöne olara dogry seretmegiň deregine, men çagalygymda özleşdiren ssenariýam boýunça hereket etdim.

Men örän köp bagyşlanan bolsam-da, men Jona rehim etmekde gysykdym. Biziň nika ähtimiz güýçli depginde kontrakta öwrülýärdi, şonuň bilen bilelikde söýgi-de gaýyp bolýardy.

Men Jony gaýduwsyzlyk bilen söýmekden ýüz öwürýärdim, sebäbi gorkýardym.

Özümi goramaga edýän synanyşyklarymda, özümiň dünýäjigimde gitdigiçe köp bukulýardym. Jonda pornografiýa we masturbasiýa meselesiniň bardygy meniň üçin açyş boldy. (Jon ikimiz bu barada açyk aýdýarys). Jonuň meniň geçmişimi doly ýatdan çykaranyny unudyp, men ondan daşlaşdym.

Jonuň günäsi barada bilen wagtymda, Isanyň özümiziň bagyşlanandygymyz üçin biziň hem bagyşlamalydygymyzy aýdyp beren tabşyrygy näme üçindir ýadymdan çykdy. Men gorkuda ýaşadym we Jondan utanýardym, şol wagtda ol öz endiginden güýjünde baryny edip saplanmaga jan edýärdi, özem men tarapdan hiç hili goldawsyz edýärdi. Meniň pikirimde bu *biziň* meselämiz däldi... Bu onuň meselesidi. Bir tarapdan, meniň hereket etmezligimiň we islegsizligimiň ýa-da kömek etmäge ukypsyz bolandygymyň sebäbi, şol pursatda öz eginlerimde geçmişimiň agramyny duýandygymdady we şu wagt öz paýyma düşen durmuşdan gowy durmuşa özümi mynasyp hasap etmeýändigimdedi.

Biz ýygy-ýygydan urşup başladyk. Men emosional taýdan ondan daşlaşdym we onuň göreşini gapdaldan synladym. Belli bir manyda, ony ýazgarmak bilen özümi köpräk goralýan ýaly duýýardym. Eger ol üýtgemese, onda men ony bagyşlamaly bolmaýaryn. Bu biziň durmuşymyzyň beýleki ulgamlarynda-da dartgynlylyk duýmaklyga alyp bardy. Hut şonuň üçin bilelikdäki durmuşymyzyň ilkinji ýyllarynyň bolmalysyndan has agyr bolandygyna men şübhelenmeýärin.

Bir gezek men ýigrençden we lapykeçlikden ýadap, Hudaýy çagyrdym: «Ol üýtgände men ony bagyşlaryn».

Ýadyma düşüşine görä, şol pursatda biziň aramyzdaky ynam doly ýok boldy, şol sebäpden men ýene gazaply lapykeçligi duýmak islemeýärdim. Meniň gödek bagyşlamazak sözlerime Hudaý sorag bilen jogap berdi. Ol: «Sen Maňa ynanýarsyňmy, Liza?»

«Hawa».

«Bolýar. Jon üýtgäp biler ýaly, Maňa seniň ony bagyşlamagyň gerek».

Mundan soň Ol maňa özümiň Jona aýtmaly bolan sözlerimi berdi: «Seniň üýtgemek isleýäniňe men ynanýaryn, şonuň üçin men seni bagyşlaýaryn».

Bu meniň: «Seniň toba edýäniňe üýtgäniňde ynanaryn» diýip, endik eden hereketim bilen aýdýan sözlerimden çürt-kesik tapawutlandy.

Özümi Hudaýyň gönükdirýänine düşünenimde, munuň ýaly pikirlenmäniň özümiň birwagtlar bilen zatlarymdan şeýle daşda bolandygyny bildim.

Jona şertsiz rehim eden wagtymda, şypa alma prosesi ikimiz üçinem başlandy. Ol utanjyň garaňkylygyndan Hudaýyň ýagtylygyna çykmaga özünde güýç tapdy we ol ýerde gulçulygyndan azatlyga çykdy. Meniň oňa bolan garaýşymyň üýtgemegi ikimiz üçinem öwrülişik pursaty boldy. Men üýtgewsiz Hudaýa ynanyp bildim.

## Gaýduwsyz söýgi

Gaýduwsyz söýgi adamyň özüni alyp barşyna, meniň edýän ýa-da etmeýän zatlaryma däl-de, söýýän Hudaýyň wepalylygyna daýanýar. Öz günälerimi we etmişlerimi Atamyň öňünde Isanyň ady bilen boýun alanymda, men hiç haçan utanmaýaryn. Ol maňa iň gowy paýy taýýarlady.

Adamlaryň bizi lapykeç etmeginde, biziň geljekki töwekgelçiligi minimum derejä ýetirmäge synanyşyp, olaryň günälerine laýyk söýgini bölüp almagymyzda hiç hili adaty däl zat ýokdur. Biz töwekgelçilik etmäge gorkýarys... Biz söýmäge gorkýarys. Şunuň ýaly usulyň ýalňyşynyň nämededigini K. S. Lýuis özüniň «Söýgi» atly kitabynda düşündirýär.

«Söýmek diýmek ejiz bolmakdyr. Özüňi goramak mümkin däl, söýgi hasrat getirip biler. Söýseň seniň ýüregiň howpsuzlykda bolar. Eger ýüregiň daşyna haýat aýlamak isleseň, ony adama-da, haýwana-da berme. Onuň daşyny ownuk lezzetlere we ynjyklyklara gurşa, özüňi söýmäniň gutusyna salyp goý. Bu ygtybarly, garaňky, howa barmaýan mazarda ol döwülmez. Ony şonda döwüp, oňa el degrip, halas edip bolmaýar. Söýmek diýmek ejiz bolmakdyr».

Ine, ol nähili zat eken. *Söýmek diýmek ejiz bolmakdyr*. Munuň ýaly goňşuçylygyň bize ýaramazlygy mümkin, ýöne meniň düşünişime görä, ondan gaça durmak mümkin däl (ynanaýyň, meniň özüm şeýle etmäge synanyşypdym). Ýöne *ejiz* bolmak bilen siz *ýesir* bolýansyňyz, hiç kimiň tarapyňy almaýan bir pidasy bolýarsyň diýip pikir etmäň. Aslynda sizi indi goraýan Biri bar, sebäbi söýgi hiç haçan bes edilmeýär.

Indi bolsa, ejiz bolmak bilen biziň nämä töwekgelçilik edýändigimize düşüneliň. *Ejizligiň* kesgitlemeleriniň biri – bu açyklykdyr, meniň aýadaky ýaly, hemmelere görnüp durmagymdyr. *Ejizligi* adamyň *ýalaňaç* wagty bilen deňeşdirip bolar. Men egnimden eşigimi çykaranymda, güýçli töwekgelçilik edýärin, sebäbi şol pursatda gizlener ýaly ýerim bolmaýar-da, men doly goragsyz bolýaryn.

Söýgi — bu gaçybatalgadyr. Bu siziň gowy goralýan ýeriňiz bolup, siz ol ýerde öz-özüňiz bilen bolup bilersiňiz, doly ýalaňaçlykda bolup bilersiňiz, ýöne utanmarsyňyz.

Biziň adaty düşünjämizde «ýalaňaç» köplenç seksuallyga meňzeş bolýar. Ýöne meniň düşünjämde «ýalaňaç bolmak» öz ýüregiňi gorkman açmakdyr, içiňi dökmekdir, içiňi durşuna görkezmekdir. Hudaýyň öňünde açyk, aýdyň bolanymyzda, iň berk pozisiýany eýeleýäris. Bu her neneň geň bolup görünse-de, meniň pikirimçe, öz ejizligiňi utanjyň julunyň aşagynda ýa-da özüňi dogry saýma eşiginiň astynda gizlejek bolup, biderek synanyşyp ýöreniňden, Hudaýyň öňünde goragsyz, açyk bolanyň has gowy.

Isa Özüniň hudaýlyk tebigatyny egninden çykaryp, biz Özüne meňzeş bolup biler ýaly, bize meňzeş bolanda, biz üçin ejiz bolupdy. Isa Hudaýyň bize bolan söýgüsini görkezmek üçin ejiz boldy. Şu sebäbe görä-de, biziň söýgimiz gaýduwsyz, imanymyz – ölçegsiz, umydymyz – utançsyz bolmalydyr.

Çägi bolmadyk iman, adaty çarçuwadan çykýan iman, demiň tutulýança derejede çuň uzap gidýän umyt adamy gaýduwsyz söýgüsi bilen tapawutlandyrýar. Indi bolsa, şu üçüsi bolýar: iman, umyt, söýgi. Olar biri-biri bilen berk çolaşyp, bize berk durmaga güýç berip, sazlaşykda ýaşaýarlar. Şonda söýgi ýerdäki iň beýik güýç bolýar. Söýgüsiz hakyky iman bolmaz. Söýgüsiz umyt hem ýokdur.

Hudaý söýgüdir. Söýgi ebedidir. Söýgi hiç haçan bes edilmeýär. Siziň söýgä ynanan zatlaryňyzyň hijisi-de ýitirilmez we söýgüden doglanlaryň hijisi-de hiç haçan ölmez. Ýöne söýginiň ösüp çykyp bilmejek ýerleri-de bolýar; söýgi öz bäsdeşiniň – gorkynyň – ýanynda gülläp bilmez. Gorky – bu hiç ýere barýan ýoldur, ýagny düýp manysynda petikdir. Gorky – bu öz pidasyny parçalaýan erbet ruhdur. Gorkynyň sesi şübheleriň çuňluklaryndan eşdilýär, emma söýgi akyldarlygy iman nurundan alýar. Eger siz gorka uzak wagtlap diň salsaňyz, onda şowsuzlyga uçrarsyňyz.

Köp ýyllar mundan ozal men birinji kitabymy ýazyp ýörkäm, gorkynyň garşydaşynyň iman däldigi, hatda batyrlyk hem däl-de,

söýgidigi barada açyş aldym. Çagalaryň «Oz ýurdundaky jadygöý» atly ertekisindäki gorkak ýolbarsy hut söýginiň batyr hem mert edendigini bilenimde, maňa çaga sapaklaryny gowuja özleşdirmek gerekdi. Men gorkynyň häsiýetini 1-nji Korintoslylaryň on üçünji babyna golaý alyp baranymda, bu pikir has-da ösdi: «Gorky sabyrsyzdyr, gowy däldir, şol bir wagtyň özünde-de göripdir we öwünjeňdir. Gorky tekepbir hem gödekdir; ol gaharjaňdyr we içinde hylt saklaýandyr, hakykata tarap öwrülmäniň deregine, erbetlige begenýändir. Gorky hiç haçan goramaýar, hiç zada ynanmaýar, hiç zada umyt baglamaýar, hiç zada döz gelmek islemeýär. Gorky gutarýar».

**Gorkynyň garşydaşy – bu iman däl, hatda batyrlygam däl-de, eýsem söýgüdir.**

Gorkynyň miwesi bilen ony herekete getiriji güýji söýginiň ýollarynyň gönüden-göni garşydaşydyr. Özümiň şu wagta çenli eden gowy zatlarymyň hemmesi, alan durmuşy sapaklarymyň hemmesi, diňe gorkynyň üstünden ätläp geçenimden soň, durmuşymda doly derejede peýda bolup, özüniň durmuşa ornaşmasyny tapyp bildi.

Ýiti duýgulary gowy görýänler, ganynda howpa tarap ymtylmasy bolan ekstremallar bar. Olar, gürrüňsiz, batyr adamlardyrlar, ýöne diňe söýýän adamlary hakyky gaýduwsyz adamlar diýip atlandyryp bolar.

Hudaý söýgüdir. Söýgi batyrdyr. Hudaý batyrdyr. Biz Hudaýyň çagalary. Bize batyrlyk bilen söýme ukyby berlendir. Hudaýyň batyr söýgüsini kabul etmek bilen biz gaýduwsyz söýüp bileris. Diňe batyrlyk bilen söýýän adam gorkusyz ýaşaýandyr.

Bu göze görnüp duran ýalydyr. Şonda özüni, edil Hudaý duýdansyzlyga salnan ýaly edip alyp barýanlar hem tapylýar. Bu Onuň üçin asla garaşylmadyk zat bolan ýaly. Biz gören zatlarymyza gaharlanýarys ýa-da janymyzy ýakýarys, göwnümize Onuň zalymlyga, adam günälerine we betbagtçylyklara bolan garaýşy edil biziňki ýaly bolmalydyr öýdýäris. Ýöne bu beýle däldir.

## Kämil söýgi

Söýgüsiz hatda iň güýçli batyrlygam, göz üçin edilýän zatdan başga hiç zadam däldir. Olaryň hereketleri özleriniň söýgi göreldesi bolmagynyň deregine, töwerekdäkilerde täsir döretmek üçin edilýändir. Batyr adamyň *täsirini döretmek* azlyk edýär, sebäbi hakyky batyrlyk, başga adam üçin, men özümi howp astyna salanymda, töwekgelçilik edenimde ýüze çykýar. Bu ählihalk gahrymany bolmagyň deregine, öz janymy orta goýýan, özümi pida edýän wagtymyň bolýandygyny aňladýar.

> «Bir adamyň öz dostlary üçin janyny pida etmeginden uly söýgi hiç kimde ýokdur» (Ýohanna 15:13).

«The Message» terjimede şeýle ýazylypdyr:

> «Öz janyňyza dostlaryňyz üçin töwekgelçilik eden pursatyňyzda, siziň söýgiňiz hemmesinden-de gowy ýüze çykar».

Göz üçin däl-de, dostlaryňyz üçin. 1 Korintoslylar (13:3) batyrlyga we söýgüsiz pida şeýle baha berýär:

> «Ähli zadymy paýlap, ýoksullary doýursam, tenimi ýakmaga bersem, ýöne söýgim bolmasa, onda munuň maňa hiç bir peýdasy ýokdur».

Garyplyk kasamy ýa-da özüňi pida etme işi *söýgüsiz*, dini gurbanlykdan başga hiç zadam däldir. Isa Atasy tarapyndan gyzgyn söýülýärdi, şonuň üçin Ol Özüni Atasynyň söýşi ýaly, bizi-de güýçli söýmegi saýlady. Söýgi Oňa imanda berk durmaga güýç berdi, şeýdip, Ol muny biz üçin etdi we bize uly umyt baglaýar.

Geçmişime garamazdan Isa meni söýýär. Meniň geljekde ýalňyşmagymyň mümkindigi Ony gorkuzmady. Ol şeýle boljakdygyny bilýärdi ahyry. Biziň hemmämiz *ýalňyşýan* bolsak-da, bu siziň *ýalňyşdygyňyzy* aňlatmaýar. Eger siz özüňiz *ýalňyşsyňyz* diýip pikir

edýän bolsaňyz... onda ýalňyşýarsyňyz.

Hatda günä etsem-de, men günäli adam bolmaýaryn. Meniň nähili duýgyny duýýanymyň tapawudy ýok, Isa meni dogry adam etdi ahyry. Onuň maňa öňünden bildiren ynamyna jogap edip, Oňa Özümiň batyrlygymy we söýgimi görkezip biljek ýeke-täk usulym, bu Onuň ynamyny tabynlykda ýaşamak bilen sylamakdyr.

> «Bizi Mesih bilen bir, Hudaýlyk dogrulygy etmek üçin *Hudaý* günäni Bilmedik Adamy *biziň üçin günä etdi*» (2 Kor. 5:21, häzirki zaman terjime).

Isa biziň islendik meselelerimizden üstün boljak jogap bolmaga söz berdi. Öz içiňizi we günäleriňiziň içini dörüşdirip, bar wagtyňyzy we güýjüňizi sarp etseňizem, juda tiz wagtdan siziň bar görjek zadyňyz şu bolar. Siz öz günäleriňiz içinde sustupes bolarsyňyz, şol sebäpden hem, şol ýük siz üçin çekerden agyr gelende, gözleriňizi başgalaryň günälerine tarap öwürýärsiňiz. Başgalara aşa talapkärçilikli daraýan adamlaryň özlerine ondan-da güýçli talapkär bolýandyklary meniň üçin syr däl. Men özüme seredenimde, öz kemçiliklerimi görýärin; gözlerimi Mesihe dikenimde bolsa, kemçiliklerimiň hemmesi Onuň öwüşgininde eräp gidýär. Onuň şöhratynyň şöhleleri içindäki özümiň görnüşim maňa has-da ýaraýar.

> «Oňa bakanlar nurana boldular we ýüzleri utanmady» (Zebur 33:6).

Isa biziň günälerimiziň Öz söýgüsiniň öňüni tutup durmaklaryna ýol bermez. Özümiziň ejizdigimizi duýan wagtymyz, utançdan ýaňa gözlerimizi gizlemegiň deregine, bu gözlerimizi umyt bilen galdyrmanyň edil wagty bolýandyr. Onuň kämil söýgüsi gorkularymyzyň hemmesini kowýar.

Beýle bolsa, men näme üçin özümiň kämil bolmadyk gorkularyma Onuň kämil söýgüsiniň ýolunda durmaga mümkinçilik berýärin? Men käbir zatlaryň «näme üçin» we «näme sebäpden» bolýandygyna

hemişe düşünip durmaýan bolsam-da, Oňa ynanyp biljekdigime ynanýaryn. Sebäbi hiç zat Hudaýyň söýgüsi bilen deň bolup bilmeýär. Ol meni söýdi, şoňa görä-de, men Oňa ynanma kararyna gelýärin. Sebäbi Ol meniň ýeke-täk umydym. Hudaýyň aýala ýüzlenip aýdýan zadyny biziň eşitmegimiz üçin togsanynjy mezmury başga sözler bilen aýtmaga maňa rugsat ediň.

> «Onuň (aýalyň) Meni güýçli söýendigi üçin Men ony halas ederin, goraryn, sebäbi ol meniň adymy tanady» (Zebur 90:14).

Pikirlenip bir görüň... Eger söýgi hiç haçan gutarmaýan bolsa, masgara etmeýän bolsa, onda ol nädip sizi howp astyna salsyn, töwekgelçilige eltsin? Söýgi islendik durmuşy ýaralara şypa berýär.

Biziň nädip gaýduwsyz söýüp biljekdigimiziň köp sanly usullary bar.

Öz adamyňa bolan gorkusyz söýgi – bu şol usullaryň diňe biridir. Çagalaryň bilen ene-ataňy-da gorkusyz söýmek gerek. Dostlaryň bilen gatnaşyklaryň hem, gabanjaňlygyň, göripçiligiň, öz instinktleriň we gorkynyň däl-de, söýginiň üstünde gurulmalydyr. Siz öz käriňizi we işleýän ýeriňizi söýüp bilersiňiz. Siz öz ýygnagyňyzy söýüp bilersiňiz. Kimdir biri okamagy, kimdir birem gülmegi gowy görýär. Siz söýgä nirede duş gelseňiz-de, irde-giçde kynçylyklara, hatda, lapykeçliklere-de, hökman duş gelmeli bolýarsyňyz.

Bizi indiki ädime näme alyp barýar: öz duşmanlarymyzy söýmeli. Isa munuň ýaly zatlary näme üçin aýtdyka?

Sebäbi söýginiň bu görnüşi, başgaça aýan edilişi, goýunlaryň geçilerden aýra edilmesinde bolup geçýär. Özümize ýamanlyk edýänleri söýenimizde, biz umumy köpçülikden saýlanýarys. Siziň bähbidiňize zyýan ýetirmek we ýamanlyk etmek isleýänleri söýmegi bilgeşleýin *saýlanyňyzda*... hemme zat üýtgeýär. Hatda, siziň durmuş ýagdaýlaryňyz üýtgäýende-de, siz indi olar bilen baglanyşykly bolmaýarsyňyz-da azat bolýarsyňyz.

Meniň ýadyma bir gul düşýär. Ol ABŞ-daky Raýatlyk urşy wagtynda, özüniň ýaralanan hojaýynyny, söweş meýdanynda ölmegi üçin taşlap

gaçyp gitmegiň deregine, ony keselhana alyp gitme kararyna gelýär. Bu aňsat saýlaw bolmaýar, ýöne onuň bu gelen karary hakykatdan azat adam bolandygyny görkezdi. Öz eden işiniň kömegi bilen ol, Birleşigiň goşuny gozgalaňçylary basyp ýatyrmazyndan köp wagt öň, azatlyk alýar.

Kimdir biri bütin ömrüňize azatdygyňyza sizi ynandyryp ýörse-de, siz barybir, akyl ýetirip, öz islegiňiz boýunça gul bolup galyp bilýärsiňiz ýa-da nähilidir bir adam sizi özüniň hususy zady diýip, ýalňyş hasap edip ýörkä, siz azatlygy saýlap bilýärsiňiz

Formal ýagdaýda size gulçulygyň size hiç haçan gelmejekdigine men düşünýärin, ýöne, eger kimdir biri sizi özüne bergili ýa-da nämedir bir zatda siz özüne borçly diýip hasap edýän bolsa, onda şonuň ýaly adam sizi gulçulykda saklaýandyr. Gul bolsalar-da, özlerini azat hasap edýän adamlaram bar. Siz adamlaryň özüňiz barada aýdýan zatlarynyň ýa-da olaryň özüňize bolan garaýyşlarynyň hemmesine gözegçilik edip bilmeýärsiňiz, ýöne şonda muňa nähili garamalydygyny saýlap bilersiňiz.

Söýgi — bu saýlaw. Gorky – garaýyşdyr.

Söýgi — bu azatlyk. Gorky – bu garaşlylyk.

Kämil söýgi gorkyny kowýar.

## Barybir söý

Kent Keýtiň aşaky sözlerini köplenç Tereza enä degişli edýärler, sebäbi ol olary mydama gözleriniň öňünde saklapdyr. Bu sözleriň haýsy hem bolsa bir bölegini siziň eşideniňize men ynanýaryn, ýöne men ony bu ýerde bitewiligine getirmek isleýärin.

> «Adamlar köplenç logiki däl, akylly däl, özüni söýýän bolýarlar.
> *Barybir olary söý.*
> Eger sen ýagşylyk etseň, seni gizlin maksatlarda we egoizmde aýyplaýarlar.
> *Barybir ýagşylyk et.*

Eger sen üstünlik gazansaň, onda ýasama dostlary we hakyky duşmanlary gazanarsyň.
*Barybir üstünlik gazan.*
Bu günki eden ýagşylygyňy ertiriň özünde unudarlar.
*Barybir ýagşylyk et.*
Dogruçyllyk bilen açyklyk seni ejiz edýär.
*Barybir dogruçyl hem açyk bol.*
Hatda kellesine ägirt uly pikirler gelýän beýik erkekler we aýallar hem, çäkli akly bolan kiçijik adamlaryň pidasy bolup biler.
*Barybir global pikirlen.*
Adamlaryň ýeňlenlere nebsi agyrýar, ýöne diňe ýeňenleriň yzyna eýerýärler.
*Ýeňleni goramak üçin tur.*
Seniň ýyllar boýy guranyňy bir gijede weýran edip bilýärler.
*Barybir gur.*
Adamlara hakykatdan hem kömek gerek, ýöne sen kömek etmek üçin eliňi uzatsaň, olaryň ony dişlemekleri mümkin.
*Barybir adamlara kömek et.*
Sen eliňden geleni edýärsiň, ýöne agzyň üstüne urdurýarsyň.
*Barybir eliňden gelenini et*».

Adamlar sizi lapykeç edýärler... Barybir olary söýüň. Onuň bu sözlerini, munuň hakykatdan şeýledigine düşünip, öz durmuşyma nähili köp degişli edenimi siz bir bilsediňiz. Siz kimdir birini lapykeç etdiňizmi? Men – hawa. Belki, olar başlaryny ýaýkap, içinden hüňürdäp: «Meniň ondan göwnüm geçdi» diýendirler. Duşmanlaryňyz, käwagt hem, dostlaryňyz size dönüklik edip, sizi ýaralarlar. Näme etmelidigini özüňiz bilýärsiňiz... Barybir olary söýüň. Eger siz deňi-taýy bolmadyk durmuşda ýaşamak isleseňiz, onda durmuşyň, mümkinçilikleriň we adam logikasynyň çäklerinden çykýan durmuşyň täze derejesine çykmaklyk siziň öňüňizde dur.

Ilki başda munuň manysyz ýaly bolup görünmeginiň mümkindigini men bilýärin, ýöne siz adamlara öz ýalňyşynyň üsti bilen düşünmäge mümkinçilik berseňiz, onda olara geljekde gowy bolmaga kömek edersiňiz.

Bu her neneň gaýgyly bolsa-da, meniň göwnüme, kiçiräk, ýöne degerli belligi aýtmanyň edil wagty geldi. Meniň bu ýerde agzap geçen ýalňyşlyklarym özünde zorlugy, dönükligi ýa-da kanuna garşy hereketleri saklamaýar. Meniň göz öňünde tutýan ýalňyşlyklarym ýalňyşma, düşünmezlik ýa-da nädogry pikirler derejesine degişlidir. Olar adamlaryň bilgeşleýin edýän azgynçylykly işlerine we erbet pikirlerine degişli däl. Men dogry ugurda barýarkak, biziň her birimizde-de bolup geçýän ýalňyşlyklar we büdremeler barada gürrüň edýärin.

Biziň hemmämizem adam, şonuň üçin hemmämize-de – siz üç gezek dogry adam bolsaňyz-da, barypýatan günäli bolsaňyz-da – ýalňyşmak mahsus bolýar. Bu ýerde bir tapawut bar – söýgi dogry adamy aýaga galmaga galkyndyrýar. Günäkärler ýatmaklaryny dowam etdirip, köplenç başgalary-da yzlary bilen alyp girmäge çalşanlarynda, dogry adam turýar-da, başgalary galdyrýar we öz ýoluny dowam etdirýär (Süleýmanyň pähimleri 24:16-a seret). Söýgi mydama ýerinden galýar we galdyrýar.

> «Eger *hakykaty söýgi bilen aýtsak*, onda hemme zatda ösüp, Oňa golaýlaşarys. Ol, Mesih, Başdyr. Onuň arkasyndan, bölekleri berk baglar bilen baglanyşykly bolan bütin Ten birligi saklaýar. Onuň her bir organy öz wezipesini ýerine ýetirýär, şeýdip, bütin Ten ösýär we söýgüde abatlanýar» (Efesliler 4:15, 16, häzirki zaman terjime).

Biz hakykaty söýgüde aýdanymyzda, bu Onuň Tenini abatlaýar. Söýgi biziň durmuşymyzyň her bir ulgamynda ösüşi emele getirýär. Ýigrençden doly sözler gowşamaga alyp barýar we ösüşi saklaýar. Barybir söýgi ýigrençden we gorkudan güýçlüräkdir.

## Lapykeçlige nädip hötde gelmeli

Lapykeçlik çykmadyk tamanyň netijesidir. Söýgi gowy zada *ynanýar*, bu hem ony sizden diňe nämedir bir zada garaşýanlardan we mydama sizden bir zat *talap edýänlerden* tapawutlandyrýar. Söýginiň gutulgysyz ýagdaýda umyda alyp barşy ýaly, garaşmalar

hem basym talaplara ösüp geçip biler.

Men adamyma ynanýaryn, şeýle-de bolsa, meniň umydym Hudaýda gizlenendir. Adamym ikimiz biri-birimizi söýýäris, ýöne bu biri-birimizi hiç haçan lapykeç etmändigimizi aňlatmaýar... Bolan zat boldy! Ýöne lapykeçligimizi mundan beýläk-de aýnadyp oturmanyň deregine, biz bu howply ýagdaýda galmazlyk, basymrak ondan çykma kararyna geldik. Özümizde bolup geçen zadyň kömegi bilen biz belli bir netijelere geldik, öz ýalňyşlyklarymyzdan sapak aldyk, ýagdaýlardan ýokary bolmagy we ýolumyzy dowam etdirmegi başardyk. Biz lapykeçliklerimizi dowam etdirmegiň we olary göterip ýörmegiň, kä ol burçda, käte bu burçda biri-birimizden täzeden-täze kemçilikleri gözläp ýörmegiň deregine, şeýle etsek gowy bolar diýen karara geldik.

Ynanaýyň, biziň (ýa-da diňe meniňmikä?) bu gaty gowy pikir diýip pikir eden wagtymyzdam bolupdy. Meniň göwnüme, eger her bir goýberen ýalňyşymy mümkin boldugyça jikme-jik analiz etsem we oňa utançly bir zat hökmünde garasam, onda beýle zat gaýdyp bolmajak ýalydy. (Men bu agyryly hereketi rehimsizlik bilen öz ýalňyşlarymda bolşy ýaly, Jonuň ýalňyşlarynda-da ulandym).

Ýöne bu usul beýle bir kemçiliksiz bolmady, şeýdip, netijede ol başa barman galdy, sebäbi meniň logikam ýalňyşdy. Munuň deregine, ine, ondan näme çykdy. Biz bu usulda ünsümizi şeýle bir berk jemledik welin, biziň bar görüp bilen zadymyz, biri-birimizden ýiti nazar bilen seredip tapan kemçiliklerimiz boldy. Biz gowulyga garaşmagyň deregine, biri-birimizden has erbet zada garaşyp başladyk. Munuň netijesi hökmünde, biri-birimizden gözlän zadymy tapdyk.

Men çagalarymyň hemmesini tükeniksiz söýýärin, ýöne bu biziň öz gatnaşyklarymyzda lapykeçligi hiç haçan duýmandygymyzy aňlatmaýar. Bu kada däl-de, kadadan çykma bolan bolsa-da – köplenç ýagdaýda olaryň lapykeçliginiň sebäbi hut men bolýardym – bu entegem olar bilen gatnaşyklarymyzyň aýrylmaz bölegidir. Menden ençe gezek göwni galan dostlarym hem bar.

Lapykeçligi duýmagyňyz siziň söýgiňiziň ölendigini asla aňlatmaýar. Bu şu wagt maslahat sorap, Mukaddes Ruha ýüzlenmegiň hut

wagtydygyny aňladýar. Söýgi – bu ýüz göterim gatnaşmadyr we bagyş edilmedir, hakyky gatnaşma bolsa, men oňaýsyz soraglara jogap bermäge taýýar bolanymda we ejiz bolmakdan gorkmadyk pursatymda ýüze çykýar.

Şonda maňa hiç haçan adamym, çagalarym, dostlarym meniň üçin diňe Isanyň tutýan ornuny tutar diýip pikir etmek gerek däl. Eger men bu ýalňyşy goýberip, olara halasgäriň roluny bersem, onda olar meni lapykeç edýärler, sebäbi meniň özüm olara juda ýokary plankany goýupdym.

Görşüňiz ýaly, mesele olaryň özlerinde we kemçiliklerinde däl-de, meniň ýokarlandyrylan, ýalan tamalarymda eken.

Adamlardan uly zatlara garaşanyňyzda, olar muny başaryp bilmeseler, siziňem tamaňyz çykmaýar. Ýöne adamdan has gowy zady etjegine ynananyňyzda, onuň güýji ýetmedik ýagdaýynda, munuň entek soňy däldigine, ol adamyň entek hemme zadynyň öňdedigine düşünýärsiňiz.

Her gezek Hudaýyň öz durmuşyňyza ýerleşdiren adamlaryny ýazgarma we olara atanak goýma islegini duýanyňyzda, gorag mehanizmi işleýär. Hawa, aramyzda ylalaşyk bolmandygy üçin ýanyndan gitmesi gerek bolan adamlaram bolýar. Olardan başga-da, sizden ýüz öwürjek başga adamlar hem bar. Ýöne adamlar köplenç, özlerine agyryly zatlar edileninden soň, ýene goragsyz we ejiz bolmak islemeýändikleri sebäpli gidýärler

Hudaý men barada, özümden-de, gowy pikirde. Meniň geçmişim Ony azajyk hem çekindirmeýär, sebäbi geljegim Onuň elinde. Mende bar bolan gowy zatlaryň hemmesiniň üstüni açmak üçin Ol meni gorkynyň hem perwaýsyzlygyň boýuntyrygyndan çykarýar. Pawlus Korintos ýygnagyndan uly tamalary edende, ol meselelere duş gelmeli boldy.

> «Boýun alýaryn, mende baranymda siz meni lapykeç edersiňiz, menem sizi lapykeç ederin, şol ikitaraplaýyn lapykeçlik hem, hemme zadyň kül bolmagyna alyp barar diýip howatyr edýärin. Sizde dawa, içigaralyk, gahar, jenjel, töhmet, hapa gybat, şugul,

tekepbirlik we tertipsizlik tapaýmaýyn» (2 Kor. 12:20, häzirki zaman terjime

Lapykeçligiň başyňyzdan inerine garaşmaň, sebäbi garaşan zadymyzy alýandyrys. Adamlara ýokarlandyrylan talaplary bildirenimizde, olary görýänçäk, ol bolýança, tamalarymyzy ödeýänçäler öwgä gysyk bolsak, onda bu edil öz arzuwymyzdan el çekenimizdäki ýaly, umydymyzy ýitirenimizdäki ýaly, gutulgysyz ýagdaýda güýçsüz gaharda ýeke galmagymyza alyp barar. Geliň, adamlaryň özümiz hakda nähili pikir etmeklerini islesek, olar hakda hem şonuň ýaly pikir edeliň. Biziň iň gowy zatlarymyz entek öňde. Olaryň eden ýalňyşlyklary bary-ýogy atdanlyk, säwlik, gynandyryjy düşünişmezlik. Ýalňyşlaryňyz siziň ykbalyňyzy kesgitlemeli däldir.

Siz Isa jogap berip ýa-da geçmiş bilen ýaşamagy dowam etdirip bilersiňiz. Saýlawy özüňiz ediň. Siziň ýeriňize saýlawy hiç kim etmeýär.

Özümizde rehim aýanlygy bolmadyk wagtynda rehim edilenini unudyp, biz adamlara elimizi salgamaga we olara gap-gara atanak çekmäge howlugýarys.

## Gorky ýoly

Gorky – bu gymmat lezzetdir. Ol sizi sogan soýan ýaly edýär. Ol siziň güýjüňizi, arzuwyňyzy, ýakynlaryňyzy, dostlaryňyzy, söýýänleriňizi, maddy ýagdaýyňyzy, imanyňyzy we umydyňyzy ogurlar. Gorky sizi çym-pytrak edip, sizi söýgini sahylyk bilen berýän zatlaryň hemmesinden mahrum etmek isleýär. Gorky size arakesme bermeýär, ol yzyny üzmän hüjüm edýär, her gezegem basyşyny güýçlendirýär.

Gorky ýadawlyga eglişik etmeýär we siziň dynç almagyňyz üçin mümkinçilik bermeýär. Ol siziň düýşüňize edepsizlik bilen okdurylyp girýär-de, ukyňyzy wagşylyk bilen bozýar. Gorky – bu ruhy garşydaşlykly güýç bolup, Mukaddes Ruhuň güýjüniň, söýgüsiniň we sagdyn pikirliliginiň doly garşydaşydyr. Mukaddes Ruhuň sizi azat etmek üçin gelşi ýaly, gorky sizi ysmaz etmek maksady bilen gelýär.

Gorkynyň maksady diňe bir sizi ösme mümkinçilikleriniň köpüsinden mahrum etmek däl-de, eýsem, siziň geljege bolan obýektiw düşünjäňizi ogurlamak, ýoýmak hem bolup durýar. Gorkuda bolşy ýaly, söýgüde-de, siz we durmuşyňyz babatda özüniň maksady bar.

## Söýgi ýoly

Tersine, söýgi ýagşylykdan we sahylykdan doly. Söýginiň ýüregi giň. Ol siziň ikitaraplaýyn gatnaşyklaryňyzy, arzuwlaryňyzy we umytlaryňyzy dikeltmäge çalyşýar. Atanyň bize wada beren söýgüsiniň bu görnüşi her birimiz üçin açykdyr. Ýöne täze söýgi wadalary gorkynyň köne topragynda ösüp çykar diýip pikir etmek uly ýalňyşlyk bolýandyr. Hudaý täzäni *täzelenen zat* bilen utgaşdyrmak isleýär.

> «Şonuň ýaly, täze şerap-da köne meşiklere guýulmaz. Şeýle edilse, meşikler ýarylyp, şerap döküler, meşikler hem zaýalanar. Täze şerap täze meşiklere guýulýandyr, şeýlelikde, ikisi hem aýawly saklanýandyr» (Matta 9:17).

Siziň içiňizde gorkynyň basyp ýatyrmak isleýän täze bir zady bar. Onuň beýle etmegine ýol bermäň. Batyr söýgi diňe doly derejede täze bolan şertlerde, täze gapda saklanylyp bilner. Söýginiň täze şerabyny bir gezek dadanyňyzdan soň, siz zatlara başgaça seredip başlarsyňyz. Öňki özüňiziň borç, köne işler diýip düşünen zatlaryňyz mundan beýläk gulluk etme mümkinçiligi bolýar. Siz zat ýygnamak bilen meşgullanmagyň deregine, sahylygy görkezmegiň täzeden täze ýollaryny gözlärsiňiz. Söýgi gorkyny ýeňýär.

## Batyr aýal

Öten ýyl meniň ýakyn joram doglan günüme otkrytka sowgat berdi. Men ol otkrytkany diýseň haladym, şonuň üçin ony aýnanyň ýüzüne asyp goýdum. Otkrytkada dürli reňkli matalardan tikilen gözenekli balakly bir ýaş gyz şekillendirilendi, suratyň aşagynda bolsa, aşaky manydaky sözler owadan bolup durdy: «Gep eşikde

däl-de, gatnaşykdadyr». Başga sözler bilen aýtsak, gep siziň näme geýendigiňizde däl-de, ony nähili geýýändigiňizdedir. Söýgini batyrlyk bilen götermek has gowudyr. Söýgi – bu siziň üstünde işleýän zadyňyzdyr.

Men size göze görnüp duran hakykaty aýdýaryn: batyr aýaldan gowy özüne çekiji zat ýokdur.

**Batyr aýaldan gowy özüne çekiji zat ýokdur.**

Perwaýsyz däl-de, hut batyr aýal. Hudaýyň wadalaryny geýnen, iman bilen berkidilen gaýduwsyz gyzlar. Biziň özümize seretmegimiz tebigy zatdyr, bize özümize Hudaýyň Sözüniň prizmasy arkaly seretmeklik buýrulandyr. Emma özümize ýokardan, ýigrenç bilen, öz gymmatymyzy peseldip seretsek, mundan bize hiç hili peýda ýokdur.

Gorky bilen herekete gelenimizde, özümize öz ejizligimiziň prizmasy arkaly seredýäris we diňe özümiziň görmäge ukyply bolan zadymyzy görýäris. Emma bizi söýgi – şol gaýduwsyz söýgi – herekete getireninde, biz Hudaýyň adatdan daşary ukyplarynyň çeşmesine çatylýarys.

Gorky itekleýär, söýgi çekýär.

Özüne çekiji bolmaklyk nämäni aňladýar?

Ynanaýyň, bu meniň daşky görnüşimden has uly bir zatdyr. Eýmenç awtomobil heläkçilikleri uly gyzyklanma döredýär we ünsi özüne çekýär. Bu sözüň manysyna düşünmek üçin, geliň, «özüne çekiji» sözüniň köküne, has takygy, «özüne çekmek» sözüniň nämäni aňladýanyna seredip geçeliň. Bu söz «çekmek, gyzyklanma döretmek, kimdir birinde nähilidir bir duýgy döretmek ýa-da oýandyrmak, magnit ýaly çekmek» manyny aňladýar.

Siziň durmuşyňyz, magnit ýaly, özüne ýa-ha ak patalary çekýär, ýa-da gargyşlary. Şonuň üçin özüňizden soraň:

«Men nämeden gorkýaryn?»

Söýgi maňa nähili nägilelikleri bildirýär?

Men kimi, şol adam düzelýänçä, bagyşlamakdan ýüz öwürýärin? Men adamlara söýgi paýlanymda, seresap seredýän we muny diýseň çäkli görnüşde edýän adamym barmy?

Özümi gorky sözlerine dolap, duzaga düşen bolsam näme?

Ýagdaýlary öz bähbidimize öwürmegiň wagty geldi. Muny etmek örän aňsatdyr. Diňe öz durmuşyňyzy Hudaý bilen ylalaşyga getiriň we Onuň siziň durmuşyňyzda görkezmek isleýän deňi-taýy bolmadyk gudratlarynyň hemmesini kabul ediň. Size başlamaga kömek etmek üçin men size Pawlusyň Timoteosa aýdan sözlerine esaslanan dileg etme nusgasyny berjek.

Meniň söýgüli gyzym, Hudaýyň seniň durmuşyňa merhemet bereketini, söýgi guýmagy we Ata Hudaýdan hem-de Rebbimiz Isa Mesihden gowy günleri sahylyk bilen eçilmegi üçin doga edýärin! Men seni ýene Hudaýyň özüňde ýerleşdiren ruhy sylagynyň ýalnyny tutaşdyrmaklyga ruhlandyrýaryn. Sebäbi Hudaý saňa hiç haçan gorkak we ürkek ruhy bermeýär, gaýtam, Mukaddes Ruh saňa ägirt güýç, söýgi we sagdyn pikir sowgat berýär!

Şonuň üçin hiç haçan Rebbimiziň şaýatlygyndan utanma-da, Hudaýyň güýji baradaky aýanlyklardan ýaraglanyp, ýamanlygy ýeňiň. Ol Mesih bilen bizi direldip, täze ýaşaýşy sowgat berdi we durmuşymyza ýerleşdiren mukaddes çagyryşy bilen bizi çagyrdy. Bu zatlar özümiziň eden gowy işlerimiz sebäpli edilmedi-de, Onuň hudaýlyk isleginiň we döwürler başlanmazyndan ozal biziň mesh edilen Isa bilen birligimize şaýatlyk eden şol täsin merhemetiň kömegi bilen boldy! (2 Tim. 1:2, 6–9-a seret).

Muny amala aşan hakykat hökmünde kabul ediň. Bu sözleri öz durmuşyňyza niýetlenilen Hudaýyň islegi hökmünde kabul ediň. Geliň, doga-dileg edeliň.

*Gökdäki Atam!*

*Men Seniň öz durmuşyma beren merhemetiň, söýgiň we abadançylygyň guýulmasyny kabul edýärin. Men ýene Seniň öz*

*dumuşymda ýerleşdiren ruhy sylagyňy täzeden gyzdyrýaryn. Rebbim, Seniň maňa gorky ruhuny bermändigiňi bilýärin, şonuň üçin men gorka gulak asmakdan we maslahatlaryna eýermekden ýüz öwürýärin. Atam, şol duşmanyň menden ogurlan zatlarynyň hemmesini dikeltjegiň we gaýtaryp berjegiň üçin Saňa minnetdar.*

*Sen maňa güýç, ygtyýar, söýgi hem sagdyn garaýyşlardan doly sagdyn pikirleri berýän Mukaddes Ruhy peşgeş berdiň. Şu günden başlap, men söýgini saýlaýaryn. Men Hoş Habardan utanmaýaryn, gorkudan titremeýärin we gaýduwsyzlyk bilen söýerin.*

## Pikirlenmek üçin soraglar

1. Adamlary has gaýduwsyzlyk bilen söýmek üçin siz nähili usuly ädimleri ädip bilýärsiňiz?
2. Maşgalaňyzda «biziň» meselämiz diýmegiň deregine, «äriň» ýa-da «aýalyň» meselesi diýilýän mesele barmy?
3. Siziň durmuşyňyzda gowşaklygyň ýetmezçilik etmesiniň, açyklygyň sizi söýgi ýetmezçiligine alyp baran ulgamy barmy? Muny üýtgetmek üçin siz näme edip bilersiňiz?
4. Siziň durmuşyňyzda *edilen* ýalňyşyň sizi *özüňizi* ýalňyş ýaly duýmaga mejbur edýän ulgamlary barmy? Bu nirede siz üçin şuňa meňzeş boldy?
5. Sizde özüňiziň büdrän (günä eden) we ýeriňizden galmakdan gorkan ýeriňiz boldumy? Belki, şu wagt şeýle bolýandyr. Muny öz dostuňyza ýa-da gowy görýän adamyňyza açmaga we gürrüň bermäge çalşyň.
6. Batyr aýal bilen perwaýsyz aýalyň arasynda nähili tapawudyň bardygyny aýdyp bilýärsiňizmi?

# 8

# Çuň guýular we isleg guýulary

«Synaglar we kynçylyklar bize aslynda özümiziň kimdigimize düşünmäge kömek edýär. Olar biziň tebigatymyzy görkezip, özümiziň nämeden ýaradylandygymyzy görmäge mümkinçilik berýär».

ÇERLZ SPERJEN

Siz çuňlugyň gyzy bolmak isleýärsiňiz diýip çak etmäge het edip biljek. Ýöne siz öz durmuşyňyzda çuňlugyň bolmagyny isleýän bolsaňyz, onda eliňize pil alyp gazmaly bolýarsyňyz.

Çarlz Sperjen bilen ylalaşman bilmeýärin: synaglar – bu dogrudanam beýik açyşdyr. Iň bolmanda meniňkiler. Olar biziň mugallymlarymyz bolmaklyga çagyrylandyr, ýöne ahyr netijede, biziň nähili okuwçylar boljakdygymyz özümize baglydyr. Meniň ikilik alan günlerimem bolýardy. Şeýle bolan wagtynda, men bahamy düzetmäge dyrjaşýardym. Dogrymy aýtsam, men beýle bir kemçiliksiz bolmasam-da, barybir bu durmuşymy abraýly ýaşamaga jan edýärin. Bu synaglara nähili garamalydygy babatda mende saýlaw bar. Men olara ilçiler hökmünde serederinmi ýa-da özümi hakyky gözgyny zat

ýaly görkezip, özüme nebsimi agyrdyp başlarynmy?

Biz özümizde bolup geçýän zatlaryň hemmesine, edil özümiz hakda gürrüň edendäkileri ýaly, doly derejede gözegçilik edip bilmesek-de, jogaply hereketler, haýsydyr bir ýagdaýda özümizi nähili alyp barjagymyz barada gürrüň gidende, beýle bir ejiz däldiris.

Bizde saýlaw etme hukugymyz bar, bu bolsa bize öz garaýyşlarymyza doly gözegçilik etmäni berýär. Biz Sperjeniň sözlerini getirýän bolsak, onda, geliň, onuň pikiriçe synaglara nähili garaýşymyzyň bolmalydygyna seredeliň.

«Men özümi Bakyýetiň Gaýasyna oklap goýberýän tolkuny ogşamagy öwrendim».

Ine, bu başymyza duýdansyzlykda inýän zatlara bolan standart bolmadyk, garaşylmadyk garaýyş. Öňräk agtyjagym Sofiýanyň suwuň içinde oýnaýşyny synlamak maňa miýesser etdi. Ol ylgap baryp, suwuň içine özüni oklap, tolkunlara tarap şatlykly okduryldy. Tolkunlaryň ony näçe gezek ýykanynyň we başy bilen suwuň astyna gideniniň tapawudy ýok... Bu bary-ýogy oýun ahyry. Ol gülüp, aýagy bilen suwuň aşagyny barlady, gözlerini süpürdi we täze tolkunlara tarap okdurylyp, suwuň ýüzüne çykdy.

Gaýa hakda gürrüň edende Sperjen, baryp urlanyňda ýaralanmagyň mümkin bolan, daşly kenary göz öňünde tutanok-da, biziň halas bolmamyzyň Gaýasy hökmünde Mesihi göz öňünde tutýar. Her gün ykbalyň urgularyna nähili garamalydygymyzy kesgitlemäge bize täze mümkinçilik berilýär. Eger dik durup, goranyş pozisiýasyny eýelesek, onda ýüze gaýyp çykýan hapa galyndylar mesele bolmagynda galýar. Ýöne tabyn bolsak, onda şol kynçylyklar Mukaddes Ruha biziň durmuşymyzy çuňlukdan doldurmaga we bizi hakykatdan takwa adamlar etmäge mümkinçilik berýär. Durmuşdaky kynçylyklar şahsyýetimizi peseltmän, biziň içimizi, kimdigimizi açyp görkezýär. Biziň tebigatymyz özümiziň geçmişdäki we häzirki eden zatlarymyza däl-de, Mesihe, Onuň eden zatlaryna daýanýar. Synaglarda biz mizemez, yranmaz bolup, Mesihe meňzeş bolýarys. Hakykatdan hem, Mesih, hemme zatda menden ýokarda bolan, şol

berk Gaýadyr. Ol meniň durmuşymyň merkezi we ünsi jemleýän ýeridir. Ol gijelerine rahatlyk tapýan Gaýamdyr we ir ertirden daýanç nokadyny tapýan Kişimdir. Biziň umydymyz hem daýanjymyz diňe Ondadyr.

## Topragy taýýarlap

Indi bolsa, geliň, deňizden gaty ýere geçeliň. Men Kolorado ştatynyň täzeje ýaşyl otlar bilen gözüňi seýrek begendirýän, köplenç gurak hem hasylsyz bolýan iň owadan ýerinde ýaşaýaryn. Şonuň üçin öz durmuşymy guran kesek bilen deňeşdirmek maňa kyn bolmaýar. Biziň töweregimizdäki toprak, örän kyn howa şertleri sebäpli, örän gaty. Ýöne bagymdaky topragyň gurandygyna garamazdan, öz ýüregimiň ýumşak bolup galmagyny isleýärin. Her gezek, biderek zada ýa-da howply masştaba eýe bolýan nämedir bir zada gynananymda, men öz territoriýama çozup girendikleri we kalbymyň ellenmedik tarp ýerini bimaza edendikleri baradaky pikirden el çekip bilmeýärin. Agdarylan ýeriň keseklerini arasynda yzyna, ýeriň aşagyna gitmäge synanyşýan zyýanly mör-möjekleri görýärin. Men olaryň haýaljakdan dürli taraplara dagaýandykalryny görýärin. Şonda edil şol ýerde meniň habarsyzlygymdan peýdalanyp, şol zyýanly mör-möjekler meniň nikamyň köklerini gemrip, dostluk ösüntgilerini gowşadýar we ösüş prosesini haýalladýar. Şeýle bolanda (bu bolsa meniň isleýşimden has ýygy-ýygydan bolýar), Atam bilen gürleşigim takmynan şeýle bolýar:

«Waý, ýok! Bu diýseň eýmenç! Bu nädip beýle bolup bildikä? Gökdäki Atam, Sen muny görýäňmi? Meniň şu wagtjyk aýdan ýa-da pikir eden zadymy Sen eşitdiňmi?» Ol hem şeýle jogap berýär: «Liza, bu Meniň üçin däl-de, seniň üçin açylyş boldy. Bu gurçuklar seniň kalbyňda bireýýäm ýerleşipdi. Edil şu wagt seniň özüňe jogap bermegiň wagty geldi; öz geljekki hasylyňy howp astyna salyp, olaryň şol ýerde mundan beýläk-de galmagyny sen isleýärsiňmi?»

Iň golaý aralykdan men entek ele düşmedik tohumlaryň bardygyny görmän bilmeýärin. Olar wagt talap edýän tohumlardyr. Olar Hudaýyň

entek meniň durmuşymda amala aşmadyk çuň wadalarydyr. Men hatda olaryň haçan hem bolsa bir wagt ösjegine-de şübhelenip başlaýaryn. Atam maňa sabyrlylyk bilen düşündirýär:

«Bu nejis zat örän basym ýaýraýar. Saýlawy özüň et, bahanalaryň hapasyny üstüne sepip, olaryň işlerini ýene örtüp bolýar. Ýöne olar galýarlar. Eger nejislikden saplanmak isleýän bolsaň, onda ony sözde we işde inkär edip, Maňa olary ýok etmäge rugsat bermelisiň».

Olaryň aslynda näme ekendigini görenimde, men toba edýärin we göripçiligiň, şübheleriň hem-de adamdan gorkynyň nejis gurçuklaryny inkär edýärin.

«Berekella! Biz bärdekäk, sen haşal otlary görýärsiňmi? Gel, olary-da goparaly. Toprak nemlikä, goparmak aňsat bolýar. Indi bolsa, olaryň ýerine Meniň Sözümiň tohumyny ekeli».

Ýekeje minut! Bu hakyky söweş ahyry. Göze görünmeýän gurçuklar – bu bir zat, ýöne göze görünýän ýaşyl ota edilýän her bir kakdyrmany goparmak, şol wagtda hem, wadanyň ýerine ýetmegine garaşmak – bu düýbünden başga zat. Men haşal otlary ýene bir azrak wagtlyk galdyraýsammykam diýen bolgusyz pikir üçin arakesme edýärin. Iň bolmanda, täze ösüntgi ösüp çykýança? Şolarsyz men bir bölek ýalaňaç ýer ýaly bolup görnerin. Men garşy çykyp başlaýaryn:

> «Reb, beýle bolsa meniň topragym hor hem boş bolup görner ahyry».
>
> «Liza, sen hasylly ýaly bolup görünmek isleýärsiňmi ýa-da hasylly bolmak?»

Bu häzirki zaman nesline berlen soragdyr. Eýsem, daşky görnüşimiz tebigatymyzdan wajypmy? Eger diňe hasylly ýaly bolup görünmäge dyrjaşsak, onda ösüşiň dört etapynda ylalaşyk edýäris. Gizlinlikde ekilýän zat, günleriň birinde aýan bolar. Men agyr dem alýaryn.

> «Bolýar, sag bol».
>
> «Gürleşdik».

Ine-de men, edil ýalaňaç ýer ýaly bolup durun, ýöne utanmaýaryn, sebäbi indi men içimdäki wadalaryň päsgelçiliksiz ösjegini men bilýärin. Synaglar bilen hasratlar ýeri arassalaýar we geljekki ösüşe päsgel berýän zatlaryň hemmesini goparýar. Bu duşuşyklar bizi arassalamak we geljekki güýje taýýarlamak üçin gerek. Ine, «synagyň» ýerine goýup bolýan ýene birnäçe söz: synanyşyk, hasrat, baha, agyry we görgüler, eksperimentler, synaglar ýa-da ýöne bir testler.

Ýokarda agzalyp geçilen duýgulardan gelen oňaýsyzlyklary duýanymyzda, biz özümiziň ejiz we güýçli taraplarymyzy bilýäris. Bu ejir çekmeler bilelikde we aýratynlykda biziň kalbymyzdaky gury hasylsyz ýerleri nemlendirmäge we ony geljekki täze etapa taýýarlamaga ýardam edýär. Çynlakaý taýýarlyk işi bolmasa, Hudaýyň Sözüniň çygynyň uly bölegi biziň durmuşymyza siňmeýär. Biziň ýüregimiz gurakçylykdan ýaňa suwy özüne siňdirmäge ukyply bolmadyk gatan ýer ýaly bolýar. Eger gury topragy taýýarlamasak, onda hatda sil gelende-de, barybir bolçulygyň içinde gurakçylyk duýarys.

Synaglar bize öz Hudaýymyzyň nähilidigini görkezýär.

Synaglaryň maksady babatda siziň bilen doly ylalaşan wagtymam bolupdy. Şonda men size, eger Hudaýyň Sözi boýunça ýaşaýan bolsaňyz, onda sizde hiç hili erbet zadyň bolmajakdygyny aýdardym. Men ýaşdym, akmakdym we wagtyň barlagyndan geçip bilmedik taglymatlardan doludym. Men bu çuň taglymatdyr diýip pikir edýärdim, ýöne aslynda şonuň günäsi bilen men durmuşyň ýüzleý derejesinde ýaşapdyryn.

Durmuş we päk ahlaklylyk üçin maňa gerek zatlaryň hemmesi, hakykatdan hem, Hudaýyň Sözünde gizlenendir, ýöne hakykat durmuşymyza aralaşyp, öz işini eder ýaly, ýaşaýyş külpetleri bizi dyza çökerýär. Şu nukdaýnazardan, Hudaýyň Sözi – bu durmuşyň hilini gowulaşdyrmak üçin edilýän teklipler toplumy däl-de, hakyky ýaşaýyş sözleridir.

## Durmuşyňy depip agdarmak

Meniň durmuşymda bir gysga we bulaşyk döwür bolup geçdi. Ol, esasan hem, meniň jögüsiremegi we käbir zatlary gizlemegi ileri tutanym üçin boldy. Men ýaş, imana täze gelen mesihidim, ýaňy-ýakynda durmuşa çykypdym, şonuň üçin men indi ýeri nemlendirip başlamalydym. Ýüzde diňe birnäçe çyzyjaklar bildirip durdy. Ýöne hemme zadyň duýdansyz üýtgäni ýadyma düşýär. Men özümi unudyp doga-dileg edýärdim we Hudaýa tagzym edýärdim. Ruhy çopanyň ýaňy imana gelen aýaly bolanym üçin durmuşymdaky zatlara düşünip bolmaz diýip sadalyk bilen çak edýärdim. Men doly rahatlyk bilen Hudaýy öz durmuşymy *depip agdarmaga* çagyrdym. Bir gije-gündiz geçmänkä, men şol sözleri aýdanyma ökündim.

*Gadyrly Gökdäki Atam!*

*Eýsem, men depip agdarmagyňy soradymmy? Öz sözlerimi yzyna alsam bolýarmy? Emosiýalar tolkunynda men aýtmaly däl zatlary ýaňrapdyryn. Men Senden durmuşymyň peýzažly dizaýny bilen meşgullanmagyňy soramak isläpdim.*

Ol maňa öz sözlerimden boýun towlamaga rugsat bermedi. Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasy bilen men «depip agdarmak» sözüni aýtdym. Başga-da köp mesihilerde bolşy ýaly, meniň durmuşym çuň isleglerden we ýüzleý dileglerden doludy. Howply pursata çenli sežde etmeler wagtyndaky dogalarym meni boş galdyrdy. Meniň aýdan sözlerim durmuşymda hiç zady-da öndürmedi, şonuň üçin men bagyş edilme bilen däl-de, borç boýunça doga-dileg etdim. Men başgalaryň doga edişlerini eşidýärdim we edil şonuň ýaly doga edýärdim. Hawa, maňa doga etmegiň Hudaý bilen gepleşikdigini aýdypdylar, ýöne men özümi hiç zadam edip bilmeýärdim. Men özümi tagtly zalda duran, perişdeler daşymy gurşap durup, meni diňleýän we men nähili bolgusyz zat aýdýan diýip pikir edýän ýaly göz öňüne getirýärdim.

Bu pikirler meniň ýüregimde möwç urýan umytsyzlyk tupanyny saklap biljek dogalarymy söze geçirmäge ýol bermeýärdi. Men

ýüregiňi gysdyrýan, haýsydyr bir uly zada bolan açlyk duýgusyny näme etjegimi bilmeýärdim.

Indi men öz dogalaryma çuňluk bermek üçin Hudaýyň synaglary ulanýanyny bilýärdim. Men entek Hudaýa öz durmuşymy depip agdarmaga rugsat bermändim, özümiň içimiň çuň ýerinde işlemäge Oňa nädip rugsat etmelidigini bilmeýärdim. Men islendik kynçylygy ýa-da synagy derrew daňýardym! Kynçylyklary aýgytly ýeňip geçmegiň deregine, men olary köne endiklerim we baglarym bilen baglaýardym. Eger olar meni ýeňip başlasalar, onda gaçýardym. Eger gaçmak başa barmasa, onda olaryň özleri bir ýol bilen giderler diýen umyt bilen gizlenýärdim.

Durmuş kynçylyklary meni gorkuzýardy we gaharlandyrýardy. Men başgalara bolan gatnaşyklarymda has gazaply boldum, özüme bolsa, ondan-da beter gazaply boldum. Gymmatlym, eger siz hem edil şunuň ýaly edýän bolsaňyz, onda biliň, siziň durmuşyňyz özüňizi gynardan juda agyrdyr. Birnäçe on ýyllyklar mundan ozal men Sperjeniň mamladygyna düşündim. Wagt geçenden soň yzyma nazar aýlanymda, biziň Kimiňkidigimizi we kynçylyklara bolan garaýşymyz bilen nämeden ýasalandygymyzy görkezýänimizi Hudaýyň Sözüniň bize aýdýanyny indi görýärin. Durmuş azaplarynda bizi üýtgedip, häzirki bolşumyzdan, kim bolmagy ýürekden isleýän bolsak, şol adama hem öwürmäge güýç bardyr. Ýöne ýoluň ugrunda nirededir bir ýerde biz söweşe gatnaşmazdan gahryman bolup biljekdigimiz baradaky ýalana ynandyk.

## Çuň guýular

Çuň guýy diýilýän adam bilen duşuşmak maňa diýseň ýaraýar. Bu ol adamyň ýüzleý görünýän zatdan has uly bir zat bolup durýandygyny aňladýar. Çuň guýularda syr bar, olarda aýdara zady bolýar, men bolsa, taryhy gowy görýärin. Şonuň ýaly adamlar şeýle agyr synaglardan geçen adam bolýarlar. Eger şonuň ýaly kynçylyklary başga guýular gören bolsa, onda olar bireýýäm bulanyk hem hapa bolardy, emma synagdan geçen adamlar welin, suwunyň arassalygyny saklaýarlar. Çuň guýular töweregine serginlik berýän çüwdürimler bolýarlar.

Çuň guýuda şöhlelenmäge ummasyz ukyp bolýar. Çuň guýy bilen gürleşeniňizde, siz ol barada bilenden, özüňiz hakda köpräk bilýärsiňiz.

Men şonuň ýaly aýallaryň birnäçesini bilýärin. Olary mydama köpräk tanamak isleýärin. Olaryň ýanlarynda men çekinýärin, sebäbi meniň olara entegem köp soraglarym bar. Olaryň ýanlarynda bolanymda, gürlänimden diňlänimi gowy görýärin. Men olaryň her bir sözüni gapyp almak isleýärin. Meniň özüm çuň guýy bolmak isleýärin, şeýle-de bolsa, durmuşymda toplanyp duran suwa meňzeş bolýan ulgamlarynyň we pursatlarynyň bolýan wagtlary hem bolýar.

Käwagt çuň guýyny tanamak üçin maňa öz ýüregimiň üstünde işlemek gerek bolýar. Meniň nähili kitaplary ýazanym we haýsy konferensiýalarda ders berenim olara onçakly gyzykly däl. Olaryň köpüsi şeýle zatlar bilen özleri öwünip bilýärler. Olar ýollaryny dowam etdirýärler. Olara meniň nämäni dökýänimi bilmek gerek däl, olara özümi näme bilen doldurýanymy bilmek gyzykly. Olar menden adamym, çagalarym, agtyklarym we ýüregim barada soraýarlar. Olar nirä çalaja dürtmelidigini we nirede synanyşyp görmelidigini bilýärler. Men özüme gelip ýetişmänkäm, haýatlarymyň baryny ýykyp, gulplarymyň hemmesini açýaryn we olara hemme zady gürrüň berýärin. (Bu adamyma ýaramaýar).

Men sapançanyň niliniň öňünde däl-de, mähirliligiň täsiri astynda içimi durşuna dökýärin.

Men şol çuň guýylar bilen duşuşanymda, köp zada düşünýärin. Şonuň ýaly adam bolmak üçin durmuşa bolan sagdyn garaýyş zerurdyr. Çuňlugy satyn alyp bolmaýar, oňa tarap ymtylmak gerek. Biz dogruçyl bolmak üçin ýeterlik derejede batyr bolanymyzda, onuň özi gelýär. Şu manyda çuňluk, ýygy-ýygydan edilýän türgenleşikler sebäpli ösýän myşsalara köpräk meňzeşdir.

## Arzuwlar guýusy

Eslije wagt mundan ozal Jon ikimize işçi saýlamak boýunça agentlikden ýüz tutdular. Göwün açyjy teleýaýlymlaryň birinde,

häzirki zaman dünýädäki adamlary gyzyklandyrýan käbir çuň durmuşy soraglara bolan ruhy garaýşa seredilmelidi. Şonuň ýaly haýyş bilen bize birinji gezek ýüzlenmeýärdiler. Bize şonuň ýaly oýunlara gatnaşmagy öňem teklip edipdiler, ýöne munuň ýaly gepleşikleriň gahrymany bolmak islemeýändigimi anyk bilýärdim. Men öz işdeşlerime şol gepleşiklere barmagyň manysynyň ýokdugyny aýtdym. Ýöne agent bu gezek gepleşigiň düýbünden başgaça boljakdygyna ynandyrypdyr. Prodýuserler özleriniň tomaşaçylaryny adamlaryň jogap gözläp, ýerli ybadathanalara gatnan günleriniň ýatlamalaryna alyp gidýän maşyny döretmek isläpdirler. Biz uly höwessiz synanyşyp görmäge razy bolduk.

Jon bir şäherdedi, men başga bir şäherdedim, şonuň üçin biz konferens – jaň etdik. Bize birnäçe soraglar berdiler, bizem olara dogruçyllyk bilen hem göni jogap berdik. Dogrymy aýtsam, bize ikinji gezek jaň ederler diýip garaşmandym, ýöne jaň etdiler. Prodýuser biziň ruhubelentligimiziň özlerine ýarandygyny hem-de biziň bilen ýene bir sorag-jogap alyp barmak isleýändiklerini aýtdy. Bu gezek biz skaýpyň üsti bilen ýazgy edip, bir sagat gürleşdik. Olar gepleşikde beriljek soraglaryň sanawyny bize iberdiler. Birinji sorag şeýledi:

> «Meniň on alty ýaşly gyzym özüniň ýigidi bilen jyns gatnaşykda bolup ýör, oglan meniň gyzymdan uly we onda jyns gatnaşygyny etmek boýunça tejribe bar. Ol gyzymyň durmuşyndaky ilkinji erkek. Men ene hökmünde gyzyma lukmanyň barlagyndan geçmelidigini we göwrelilikden goraýan serişdeleri ulanmalydygyny aýtmalymy?»

Maňa uzak pikirlenip oturmak gerek bolmady, kellämde şobada «ýok» diýen söz peýda boldy. Kämillik ýaşyna ýetmedik gyz öýünde ene-atasy bilen ýaşap ýör. Men ikirjiňlenip durman, Mukaddes Kitabyň bizi zynany goldamaga däl-de, ondan gaça durmaklyga çagyrýanyny düşündirmek bilen jogap berdim. Men bu maşgala hemmesiniň bir ýere jemlenip gürleşmegi, gyza we onuň ýigidine indiden beýläk näme sebäpden duşuşyp bilmejekdiklerini düşündirmegi maslahat berdim...

Men jogabymy gutaryp ýetişmänkäm, agent sözümi böldi-de, düşündirip başlady, a) olaryň seksual gatnaşyklary barybir dowam eder, b) olar biziň Mukaddes Kitabyň sözlerini getirmegimizi islemeýärler. Olar diňe ruhy maslahatlary isleýärdiler. Soň ol agentlikde soraglaryň sanawyny düzendiklerini, olaryň biriniň öz soragydygyny aýtdy. Ol aýalyň uýasy bir erkek bilen jyns gatnaşykda bolup ýören eken, ejesi bolsa, näme etmelidigi baradaky maslahata mätäç eken. Şol pursatda men gepleşigi dowam etdirmegiň gerek däldigine düşündim.

Agentlikde biziň Mukaddes Kitap mugallymlarydyklarymyzy bilýärdiler, ýöne şeýle-de bolsa, biziň Mukaddes Ýazgydan aýatlary getirmegimizi islemeýärdiler. Olar bizden çuň ruhy jogaplary isleýärdiler, ýöne Mukaddes Ýazgynyň aýatlary bolmaly däldi. Bu nädip mümkin bolup biler? Hudaýyň maslahatyndan daşarda hakyky akyldarlyk bolarmy? Eger men «täze asyryň» haýsydyr bir ekspertiniň aýdanlaryny aýdyp başlan bolsam, olar garşy çykarmydykalar diýip pikir etdim. Olar bizden eşideniňde çuň ýaly bolup eşidilýän ýüzleý jogaplary eşitmek isleýärdiler – bu islegler guýusydy.

Olar jedele girmek we gadagan etmeler baradaky maslahatlar bilen duýdansyzlykda kimdir biriniň göwnüne degmek islemeýärdiler. Olar biziň nädogry işleri edýän adamlara ak pata bermegimizi we olaryň edýän erbet zatlarynyň aslynda gowy zatlardygyny aýtmagymyzy isleýärdiler. Olar: «Bar zat bar zat bolýar, şonuň üçin, adamlara özleriniň dogry zat etmeýändiklerini aýtmazlyk üçin edilýän zady aýdarys» diýip, öňünden pikir edipdirler. Olar eglişik edenini gowy görýärdiler, şol bir wagtyň özünde-de, hakykata ýakyn bir zat eşitmek isleýärdiler. Olar mesihilik garaýyşlarynyň açyk aýdylmagyny islemän, gizlin aýdylmagyny isleýärdiler. Hawa, olar Hudaýyň beýikdigi bilen ylalaşýardylar, ýöne, geliň, Isa bilen Mukaddes Kitaby gapynyň aňyrsynda goýalyň diýen ýaly edýärdiler.

Başga sözler bilen aýtsak, olar menden aşaky ýaly zatlary eşidenine şat boljakdyklaryna men ynanýardym: «Hawa, enelik söýgüsini görkeziň, gyzyňyzdan haýal etmän kesele analizlerini tabşyrmagyny

haýyş ediň. Islenilmedik göwrelilikden goranmak üçin oňa öňünden goranmagy öwrediň. Indiki gezek onuň ýigidi gelende, adamyňyz ikiňiz gyzyňyzy hazyna ýaly gymmat görýändigiňizi oňa aýdyň. Onuň uly ýaşlydygyna we jyns gatnaşygynda tejribeliräkdigine hormat goýýanyňyzy oňa aýdyň. Ondan, gaýrat edip, siziň maşgalaňyzdan bir guty prezerwatiwi kabul edip biljekmidigini soraň. Şeýle etmek bilen siz onuň gyzyňyza kesel ýokuşdyrmajakdygyna ynamly bolmak üçin eliňizden gelen zadyň hemmesini edersiňiz».

Munuň näderejede bolgusyz jogapdygyny siz görýärsiňizmi? Men düşünemok. Prodýuserler Mukaddes Kitap hakykatyny eşitmek islemediler, olar islegler guýusyny islediler. Olar Jon ikimize: “Biz sizi ugrukdyrarys, siz bolsa, adamlaryň isleglerini kanagatlandyryň, haýyş edýäris. Olaryň günälerine ak pata beriň, goý, olar özlerini gowy duýsunlar” diýýän ýaly etdiler.

Köp mesihiler özlerine çuň guýyny ösdürmegiň gerekdigini diňlemegiň deregine, islegler guýusy bilen oňýandyrlar diýip gorkýaryn. Örän köp aýallarda çuň islegler, ýöne ýüzleý ýaşaýyş bar. Olar özleriniň eýerýän dünýewi maslahatlarynyň, bary-ýogy, öz sesiniň boş ýaňy bolup durýanyny bilýärler, ýöne şol bir wagtyň özünde-de, başga ses ýok ýaly hereket edýärler... Şonuň üçin olar boş islegleriň guýusy bilen oňýarlar. Özleriniň durmuşy hakda pikir edenlerinde, olar şuny isleýärler:

Muny aýtmaly däl.
Muny etmeli däl.
Oňa durmuşa çykmaly däl.
Oňa durmuşa çykmaly.
Mekdebi gutarmaly.
Köpräk dost tutunmaly.
Oňa meňzeş bolmaly.
Muny satyn almaly däl.
Muny satyn almaly.

Köpräk doga-dileg etmeli.

Mukaddes Kitaby köpräk okamaly.

Tertiplräk bolmaly.

Sabyrlyrak bolmaly.

Eger diňe islemek bilen hemme zady alyp bolýan bolsa, onda hemmämizem owadan, ajaýyp, güýçli we batyr bolardyk. Uolt Disneý: «Arzuw – bu uka gidenimizde, ýüregimizde döreýän islegdir» diýipdir. Men munuň bilen ylalaşýaryn, ýöne oýananymyzdan soň, şol arzuw üçin bir zat eden ýagdaýymyzda, arzuwam, islegem hakykata öwrülýär. Isleg arzuwy herekete getirýär, biz işi herekete getirýäris. Hemme zadyň gowy bolmagyny islemek ýeterlik däl, gowy hereket etmek gerek. Ine, çuňluk haçan ýaýbaňlanýan eken.

## Aldawyň howpy

> *«Goý, hiç kim özüni aldamasyn*! Eger sizden biriňiz *bu dünýäde özüni akyldar* diýip hyýal edýän bolsa, goý, ol akyldar bolmak üçin akmak bolsun. Çünki *bu dünýäniň akyldarlygy* Hudaýyň öňünde *akmaklykdyr*, Mukaddes Ýazgyda: "Ol akyldarlary özleriniň toruna düşürýär" diýilýär. Ýene: "Rebbe akyldarlaryň pikirleri aýandyr. Ol olaryň pikirleriniň duman ýaly hyýalydygyny bilýär" diýilýändir» (1 Kor. 3:18–20, häzirki zaman terjime).

Hawa, bu ýerde: «Goý, hiç kim özüni aldamasyn» diýlip ýazylypdyr, ýöne aýalyň özüni aňsatlyk bilen aldap bilýänini biziň hemmämizem bilýäris. Näme üçin adam, erkek bolsun, aýal bolsun, öz gözüne özi çöp atyp, özüni aldaýar? Aslynda hiç kim özüni bilgeşleýin aldamak islemeýär. Ýöne meniň adamymyň ýygy-ýygydan aýdyşy ýaly: «Aldawyň meselesi onuň aldawçylygyndadyr».

Aldaw zatlary, adamlary, ýagdaýlary we maslahatlary aslynda bolşundan başgaça görner ýaly edýär. Aldaw Hudaýa tabyn bolmany kanunylygyň baglaryna meňzeş edip bilýär. Aldaw janymyzyň duşmanyny dostumyzyň sesi bilen gürlär ýaly edip

bilýär. Aldaw erbetlik gowulyga, gowulyk erbetlige meňzär ýaly derejede uzaga gidip bilýär. Ýalanyň güýji, siz nämä ynanmalydygyny tapawutlandyrmagy bes edýänçäňiz, suwy hapalaýandygyndadyr. Hudaý biziň öňümizde şonuň ýaly howpuň peýda boljakdygyny bilýärdi, şonuň üçin Ol wagtyň geçmegi bilen üýtgemejek we medeniýetdäki we adam duýgularyndaky özgerişlere duçar bolmajak standarty berdi. Biziň standartymyz – bu Hudaýyň Sözüdir, päk ahlakly adamlar bolsa, ony göterip ýöreýänlerdir.

Saýlawy biz etmeli. Biz näme isleýäris: bu dünýäniň akyldarlygynymy ýa-da ebedi akyldarlygy? Her gezek ýaradylyş özüni Ýaradandan akyllyrak saýanda, ol öz aldawyna batýar. Ýagdaýlar suwy hapalanda, bize aýdyňlygy bermäge diňe Hudaýyň Sözüniň güýji ýetýändir. Eger siz Mukaddes Ýazga içgin girişmeseňiz, onda ýalňyşlyk bilen akmaklyk size akyldarlyk ýaly bolup görner. Siz ýalana ynanyp, mekirlik bilen ýaşyrynlygy açyklyk hem dogruçyllyk diýip kabul edersiňiz.

**Biz näme isleýäris: bu dünýäniň akyldarlygynymy ýa-da ebedi akyldarlygy?**

Ýylanyň akyldarlygynyň hilä hem mekirlige dolangy bolanyny ýada salyň. Mekirlik aslynda başga maksada eýe bolsa-da, öz pidasyny nämedir bir zatda bähbit görmäge mejbur edýär. Ýylan dostsyran bolup, içki maksat bilen Adam bilen Howuň ýanyna geldi. Ol kömek etme isleginden doly bolan hakyky dost ýaly boldy we Adam bilen Howa Hudaýa meňzeş bolmanyň, ýagşylygy hem ýamanlygy tapawutlandyryp bilmek üçin bilim almanyň serişdesini teklip etdi. Hatda Hudaýyň akyldarlygyna gulak asmasalar-da, olaryň şol derejä galyp biljekdiklerine ol söz bedi. Adam bilen How aldanmak islemediler-de, özlerine ýylanyň söz beren zadyny almak islediler. Olar ýylanyň sözüne ynanmakdan ýüz öwürmäniň deregine, özlerini Hudaýyň aldandygyna ynanma kararyna geldiler. Ýylan olaryň hudaýlar ýaly boljakdyklaryna söz beripdi, emma hakykat ýüzünde olar hudaýsyz bolupdylar. Mukaddes Ýazgyda bize şeýle duýduryş berilýär:

> «Eger, hatda, adamlaryň hemmesi ýalançy bolsalar-da, Hudaý Öz sözüne mydama wepaly bolýar» (Riml. 3:4, häzirki zaman terjime).

Aldawdan çykalga, öz akyldarlygymyzy «akmaklyk» diýip atlandyryp, özümizi Ebediniň we Akyldaryň öňünde tabyn edip toba gelenimizde bolýar. Ýalandan ýüz öwrüp, hakykata tarap öwrülenimizde, toba gelýär.

Şeýtanyň mekir wadalary bu gün bütin ýer ýüzünde ýaň bolup ýaňlanýar. Bir wagtlar onuň teklibi, Hudaýyň tabşyrygyndan, ýumşagrak, gowrak we has bähbitliräk ýaly bolup görnüpdi. Ahyrsoňunda size näme gowrak bolup göründi? Iýip ölmekmi ýa-da iýip, akyldarlyk almak? Ýylan biziň özümize garşy adam tekepbirligini hem akmaklygyny ulanýar. Biziň aslynda bolşumyzdan akyllyrakdygymyza ynanmakdan kim ýüz öwürýär? Şonuň üçin ol bizi aldaýar. Hakykat Mesihden daşarda akyldarlygyň ýoklugyndadyr. Mesihden daşarda diňe wagtda we ýerde hereket etmede çäkli bolan bilim bar.

> «Mukaddes Ruh ahyrky günlerde käbir adamlaryň imandan dänip, azdyryjy ruhlara we jynlaryň taglymatlaryna eýerjekdiklerini aýdyň aýdýar» (1 Tim. 4:1).

Aldawçy ruh Hudaýyň Sözünden daşarda bilimiň bardygyny mydama aýdar. Ol biziň häzirki zaman dünýäsinde ýaşaýandygymyza, Hudaýyň bir wagtlar aýdan zatlaryny ýadyndan çykaranyna bizi ynandyrar. Bu ruhlar ýylanyň: «Hudaýa gulak asma, öz-özüňe hudaý bol» diýen sözlerini ýaň edip gaýtalaýarlar. Köp adamlar muny duýmaýarlar, sebäbi olar diňe jady we iblise sežde etmek bilen meşgullanýanlar aldanýarlar diýip pikir edýärler. Ýöne aldawçy ruhlar we jynlar bize bir zady görkezýärler, emma olaryň maksady başga bolýar. Eger siz mesihi zenan bolsaňyz, onda olar siziň janyňyzy alyp bilmeýär, şonuň üçin sizdäki ygtyýary eliňizden alyp, guýyňyzy hapalamak üçin elinden gelen zatlaryň hemmesini

ederler. Hudaýsyzlygyň köp zatlary biziň döwrümizde umumy kabul edilen zatlar boldy. Mukaddes Ýazgy bize aýdyň duýduryş berýär:

> «Ýaramazlaryň we kempirleriň ertekilerinden ýüz öwrüp, *özüňi takwalykda türgenleşdir*, sebäbi beden maşkynyň peýdasy azdyr, ýöne häzirki we geljekki ýaşaýşyň wadasyna eýe bolan *takwalyk her ugurdan peýdalydyr*» (1 Tim. 4:7, 8).

Ertekilerde diňe ýaramazlaryň hem kempirleriň ertekileri diýleni sebäpli, hiç hili zyýan ýok diýip ýalňyşlyk goýbermäň. Bu beýle däl. Bu bize haýsydyr bir hakykaty öwretmek üçin jadygöýlüge gurşalan ertekiler däl, olar jynlaryň öldürmäge, ogurlamaga we heläk etmäge niýetlenilen taglymatydyr.

Hudaýyň maslahatynyň çäklerinden daşarda hakyky akyldarlyk ýokdur. Isa hiç haçan biziň eşitmek isleýän zadymyzyň üstünde saklanmaýar-da has çuň gürrüň edip, bize eşitmesi gerek bolan zady aýdýar.

## Öz guýyňdan almaly

Biziň her birimiziň içimizde örän çynlakaý guýy bar. Bu biziň kalbymyz bolup, biz ol ýerden suw alýarys. Ýermeýa pygamber ony howdan diýip atlandyrýar.

> «Çünki Meniň halkym iki sany pis iş etdi:
> Akar suwlaryň gözbaşy bolan Meni terk etdiler,
> özlerine howdanlar, gyrasy çat açan,
> suw saklamaýan howuzlar gazdylar» (Ýermeýa 2:13).

Biziň guýy-kalbymyz örän saýdan başlap, örän çuňa çenli bolup biler, suwuň derejesi, öz ukyplarymyza laýyklykda, ýokary galyp ýa-da aşak düşüp biler. Guýynyň näderejede çuňlugynyň tapawudy ýok... Eger howdanda jaýryk bar bolsa, onda ol suwy saklap bilmeýär. Wagtyň geçmegi bilen guýyny çuňlaşdyryp we berkidip

bolýar. Biziň kalbymyz hem, edil guýy ýaly gapdyr. Onda biz özümiziň iň çuň isleglerimizi, gorkularymyzy we arzuwlarymyzy saklaýarys.

Käwagt kalbymdaky guýynyň suwy ýata bolýar. Käwagt men onuň edil akym ýaly bolýanyny duýýaryn. Her neneň ýagdaý bolanda-da, guýy hatda ýalpak ýa-da diňe ýarysyna çenli suwly bolsa-da, ýa-da aşa doly bolsa-da, onda suw hemişe bolýar. Gadymda duşmanlar guýulara çäge guýupdyrlar ýa-da olara hapa taşlapdyrlar, sebäbi suwuň ýaşaýyş çeşmesidigini hemmeler bilýär. Edil şonuň ýaly zatlar durmuşda gödek torlanan ýaralary döredip bilýär.

Öz guýymyzyň daşýanyny duýanymyzda, kalbymyzyň çuň gussalaryna we isleglerine öz sesini edinmäge rugsat bermek bilen, ony açyp bileris. Guýymyň hapalanandygy sebäpli özümi erbet duýanymda, käwagt maňa etmesi gerek bolýan ýekeje zat – bu aýdym bolýar, ol ony açýar we kalbymy serginleşdirýär. Gülki hem-de maşgalaň we takwa dostlaryň bilen geçirýän wagtyň howzy suwdan doldurýar. Sözi okamaklyk, gündelik ýöretmeklik we doga-dileg etmeklik meni, edil yssy günde çüwdürimiň ýanyndaky sowujak suw ýaly serginleýär.

## Geçmişi bolan aýallar

Biziň hemmämiziň geçmişimiz bar. Käbirlerinde ol ýagtylyrak, beýlekilerde solgunrak bolýar. Käbirlerimiziň geçmişimiz gowy bolýar, käbirlerimiziňki eýmenç bolýar. Gep biziň geçmişimiziň nähili – gowy ýa gazaply bolandygynda däl, ulurak howp bir wagt geçip giden zatda ýaşamakda gizlenip ýatandyr. Biz şöhratyň ýa-da utanjyň kölegesinde ýaşamak üçin dogulmadyk. Biz ýagty nurdan doldurylan geljegе seredip, häzirki gün bilen ýaşamalydyrys. Dogry adamlaryň ýoly şeýledir.

Hudaý öňe seredip, biziň geljegimizi yglan edýärkä, adam tebigatynyň yza göz aýlamaga we geçmiş hakda gürrüň etmäge ymtylýandygyna men düşündim. Adamlaryň taryhyny diňlemek – bu gowy zat, ýöne öňe süýşmek üçin bize olaryň arzuwlaryny bilmek has wajypdyr.

Aýlanyp, köp wagyz edýändigim sebäpli, mende müňlerçe aýallara umydy yglan etme artykmaçlygy bar. Men batyrlyk bilen yglan edenimde, olaryň ýüzleriniň nähili ýagtylanýanyny siz bir görsediňiz:

> «Siziň durmuşyňyza hüjüm edilýäniniň sebäbi, sizde geçmişdäkiňize seredende, geljekde eýe bolan güýjüňiziň bardygy bilen düşündirilýär».

Birden olar özleriniň taryhynyň gutarmandygyna düşünýärler. Olar özleriniň durmuşynyň nämedir bir zada niýetlenendigine, şonuň üçin duşmanyň olary metodiki we bilgeşleýin nyşana alýandygyna  düşünýärler. Şol pursatda olar siziň hem düşünmeli bolan zadyňyza akyl ýetirýärler. Gep geçmişde däl-de, mydama diňe geljekdedir. Hawa, bize saýlawymyzyň netijesi garaşýar. Men muňa düşünýärin. Şeýle-de bolsa, siz näme eden bolsaňyz-da, Hudaý eýýäm siziň öňüňizden barýar-da, göwnüňize ýol ýok ýaly bolan ýerde, ýol ýasaýar.

Siz yza nazar aýlanyňyzda, öz eden hereketleriňiz bilen, öňüňizde bir wagt açylan gapyny ýapandygyňyza düşünýärsiňiz. Bilýärsiňizmi, näme? Bu ýalan. Hawa, bu gapy ýapyk, ýöne, eger siz yza öwrülseňiz, özüňiz üçin açylan başga bir gapyny görersiňiz. Ol başgaça görnüp biler, oňa girmegiň kynrak bolmagy mümkin, ýöne siz Hudaýda hereket etseňiz, Ol hemişe sizi özüňiziň barmaly ýeriňize alyp barar. Çuň hem berk guýy gazmagyňyz we ondan suw almagyňyz üçin Ol mydama size zerur bolan gurallary berer

Mesele biziň köpimiziň jaýryk atan we az suwly islegler guýusynyň ýanynda aglap oturmagymyzdadyr: «Wah şuny etmedik bolsadym! Men hemme zady bulaşdyrdym!»

Bu mümkin däl! Siz, meniň gadyrly joram, beýle güýçli däl. Geçmişli aýal bolmak geljegiň bolmazlygyny aňlatmaýar. Geçmişli aýal bolmaklyk öz geljegiňize gözegçilik etme hukugyny başga adamlara bermelidigiňizi aňlatmaýar. Siziň geljegiňize Hudaý

gözegçilik edýär. Öz guýularymyzy nädip çuňlaşdyryp başlamalydygy barada Bagtly Awgustin bize gowy maslahat berýär: «Siz ýokary galmak isleýärsiňizmi? Aşak düşmäge başlaň. Siz göge ýetip duran minara gurmak isleýärsiňizmi? Ilki tabynlyk fundamentini guýuň».

Isa biziň bilen iň aşaky nokatda, bir gezek däl-de, eýsem birnäçe gezek duşuşmaga teşne. Köplenç özümize Onuň bilen halas bolmanyň başlangyç pursatynda duşuşmaly ekendigimize düşünýäris, soň hem, Ol näme üçin bizi ykbalyň akymyna taşladyka diýip pikir edýäris. Aslynda bu dogry däl. Ilki biz onuň bilen gutulyş Rebbi hökmünde duşuşýarys, soň hem, gaýta-gaýta Onuň bilen kalbymyzy dikeldýän we ýüreklerimiziň howzundaky jaýryklary bejerýän Biri hökmünde duşuşýarys.

## Saý suwda gark bolýanlar

Men halas edijiler kursunda okaýarkam, her ýyl adamlaryň köpüsiniň howpsuz ýeriň golaýynda gark bolýandyklaryny bildim. Töwekgelçiligiň iň uly toparlary – bu örän kiçiler (bäş ýaşa çenli), ýaş hem perwaýsyzlar (ýigrimiden ýigrimi bäş ýaşa çenli erkekler) we gartaşan ýaşdaky adamlardyr (altmyşdan aňry). Gark bolýanlaryň ýarysynyň diýen ýaly, howpsuz ýerden iki metr aralykda ölýändikleri gyzykly zat. Olar dowla düşüp başlaýarlar-da, nädip halas bolmalydygyna düşünmegi bes edýärler. Hut şonuň üçin adamlaryň köp bölegi bir metrden çuň bolmadyk saý ýerlerde gark bolýarlar. Eger olar sagdyn pikirliligi saklasalar, onda aýaklaryny suwuň düýbüne degrip, kömek gelýänçä durup bilerdiler ýa-da suwuň ýüzünde yraň atyp durardylar. Çuňluk hemişe heläk edip durmaýar-da, köplenç garaşylmadyk zadyň gelmesinden ýaňa düşülýän dowul heläk edýär. Perwaýsyz adamlar suwuň howpludygyna düşünmeýärler we özleri el degrilmesizdir diýip pikir edýärler.

Geliň, saý ýerde gark bolýan aýallar nesli bolmalyň. Geliň, Mukaddes Ruha çuň gazmaga rugsat edeliň.

## Diri guýy

Ýerdäki ýolumyzyň ahyrynda biziň hemmämiz: «Gowy» diýen sözi eşitmek isleýäris. «Gowy» sözi özümiziň etmäge çagyrylan işimizi nähili edendigimizi suratlandyrýar. Adam durmuşy we söýgüsi babatda «birkemsiz gowy edilen» diýen düşünje ýok. Diňe gowy zähmet çekýän kämil däl adamlar bar. «Gowy» sözi – bu biziň hemmämize berlen sowgatdyr. Bu söz «sagdynlygy we dogryny» aňladýar. Ol ýalňyşýan we ýykylýan, ýöne her gezegem ýene ýerinden turýan adamlary suratlandyrýar. Biz mydama ýykylanymyzdan bir gezek köp ýerimizden galmalydyrys.

Eger özümizi berk saklajak çuňlugyň bolmagyny isleýän bolsak, onda özümizde şunuň ýaly garaýşy ösdürmelidiris. Geliň, Süleýmanyň pähimlerinde (24:16), «The Passion» terjimesinde, näme ýazylanyna seredeliň:

> «Hudaýy söýýänler betbagtlyga uçrap we ýedi gezek ýykylyp biler, emma olar her gezegem ýerlerinden galarlar».

Betbagtlyk – bu durmuşyň mekdebidir. Her synpdaky sapagyň bahasyny, ýeriňizden ýene bir gezek galmak üçin, sizden nämäniň talap edilýändigi bilen ölçäp bolar. Eger size gymmat düşýänem bolsa, ýeriňizden galyp, aýna seredip, ýalňyşanyňyzy boýun almalydyr. Emma takwa däller üçin ýykylyş ölümli bolýar.

> «Takwa däller bir beladan ýykylýarlar, emma bir ömür ýerinden galyp bilmeýär».

Iki sany ruhy çopan meniň ýadyma düşýär, olaryň ikisem ýiti hem zehinli adamlardylar, ýöne olaryň ikisem birmeňzeş büdrediler-de ýykyldylar, emma olar dikelmäniň dürli ýollaryny saýladylar.

Bir ruhy çopan öz ýygnagynyň we ruhy taýdan goldaw berýän toparynyň teklip eden maslahatyna eýerdi. Ol adama, aýalyna we bütin maşgalasyna beýik talaplar bildirildi. Olar hemme zady terk

edip, öňki dostlaryndan we şeýle köp wagt ýaşan gurşawyndan uzakda bolmak üçin başga şähere göçmeli we esaslandyran ýygnagyny goýup gitmeli boldular. Olar täze ruhy öý tapdylar, ol ýerde olara şypa alma prosesini geçmäge kömek etdiler. Bu maşgala şunuň ýaly düýpli özgerişleriň özlerine täzeden dikelmäge kömek etjekdigine bolan berk ynam bilen düýbünden täze durmuşa başlady.

Olaryň göwünlerine özlerine adalatsyz daralan we juda ýokary bahany tölemäge mejbur edilen ýaly bolýandygyna men ynanýaryn. Özleriniň birwagtlar dost hasap eden adamlarynyň ýigrenjiniň olary ýaralanyny men bilýärin. Biz adamlar bilen iş salşanymyzda, mydama ýalňyşlygam bolýar. Ýöne bu maşgala öz ýüregini öýkeden gorady, olar geçmişe nazar aýlaman, geljege seredip ýaşama kararyna geldi.

Bir gezek Jon şol lider bilen, eýýäm onuň gullugynyň, okuwynyň we şypa almasynyň asuda wagtynda, nahar başynda duşuşdy. Wagt geçdi, olar öňe gitmegi dowam etdirdiler. Häzir bu jübüt doly bahasyndaky durmuşda ýaşaýar, olaryň nikasy berk, çagalary üstünlikli adam bolup ýetişip gelýärler. Olar Amerikada ýygnak esaslandyrýan ullakan gurama bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýärler. Şol gatnaşygyň kömegi bilen olar durmuşdan alan sapaklary barada açyk gürrüň berip, başga liderlere şypa almaga kömek berip we özlerini durmuşynda bolup geçen ýykylmadan gorap bilýärler. Olar gaýta-gaýta ýerlerinden galyp bildiler. Kynçylyk boldy, emma olar oňa hötde geldiler.

Beýleki lider bilen aýaly başga ýoldan gitdiler. Jonuň şol lider bilen hat ýazyşma arkaly gürrüň edeni ýadyma düşýär. Meniň adamym ony hiç zada seretmezden, berk durmaga çagyrdy. Ol ylalaşdy. Ýöne betbagtçylyk boldy-da, olar başgaça hereket etdiler. Olar özlerine dikeltme prosesi üçin teklip edilen zatdan boýun towlama kararyna geldiler. Olaryň göwünlerine ýygnak liderleri özlerinden akla sygmajak zady teklip edýän ýaly we adalatsyz hereket edýän ýaly bolup göründi.

Belki, käbir zatlarda şeýle hem bolandyr... diňe Hudaý bilýär.

Iň erbedi-de, özleriniň öýkeleri sebäpli, olaryň öňki günäsine çenli pese düşendikleridi. Olar özlerine edilen adalatsyzlyk boýunça ekspert boldular. Gynansak-da, olar özlerine hiç hili sapak almadylar.

Eger özüne durmuş sapagy däl-de, höküm ýaly seretsek, onda ýykylma bizi ikinji gezek garaşmaga mejbur etmeýär. Eger siz bir gezek ýykylsaňyz, bu siziň şowsuz adamdygyňyzy aňlatmaýar. Siz ýaşap ýörkäňiz, ajy ýagdaýlara duş gelersiňiz. Bu kadadan çykma bardyr diýip pikir etmäň. Käbir adamlar külpetlere we agyr ýagdaýlara abraý bilen hötde gelýärler, başga birleri bolsa ýok. Men mundan gaça durup bolmaýandygyny biler ýaly derejede köp zat gördüm. Adamlar sizi ýaralarlar we lapykeç ederler; käbirleri bilgeşleýin, käbirleri-de bilmezlikden. Durmuş käwagt size aladalary, iň bolmanda, oňaýsyzlyklary getirer. Hemmelerde-de, haýsy hem bolsa bir görnüşde, betbagtçylyklar bolup bilýär. Ýöne ajaýyp hakykat bar. Meniň durmuşymda käwagt şeýle bir betbagtçylyklar bolýardy welin, göwnüme men olary hiç haçan ýatdan çykaryp bilmejek ýaly bolýardy. Şeýle-de bolsa, olaryň köpüsi ýadyma-da düşmeýär. Näme üçin? Men ýerimden turup, ýöremegi dowam etdirdim. Men gidip barýarkam, başyma başga belalar indi. Ondan bäri aýlar aýlanyp, ýyllar geçdi. Otuz ýaşlarymda ýeňip bilerin diýip umyt hem etmedik pajygalyklarym elli ýaşymda maňa magistr derejesini getirdi.

Her bir büdreme bize nämedir bir zat öwrenmäge mümkinçilik berýär. Biz päsgelçilik bilen kynçylygy tanap başlaýarys. Biz kemerleriň berkligini bilmek üçin howpsuzlyk kemerlerimizi barlaýarys. Ýolumyzy ýagtyltmagy üçin biz Mukaddes Sözi okaýarys. Her gezek ýerimizden galanymyzda, ukyplarymyz gowulaşýar. Guýy çuňlaşýar-da Mukaddes Ruhuň dirilik suwuna ýer berýär.

## Pellehana dogry hem wepaly gelmek

Iňlis dilinde «gowy» hem «guýy» sözleri doly derejede meňzeş aýdylýar. Guýy bize suwuň suratyny çeşme ýa-da çüwdürim

hökmünde şekillendirýär. Dirilik suwunyň çeşmesinden ýaşaýyş hem berklik alanymyzda, başga adamlara täzelenme sowgat berýän güýçden dolýarys. Dirilik suwunyň çuň guýylary öz çeşmesiniň tükeniksizdigini bilýärler. Şonda adamlar bize seredenlerinde, saý çeşmäniň düýbünde pytrap ýatan teňňeleri däl-de, Hudaýyň akyl ýetirip bolmajak wepalylygyny görýärler.

«Berekella, gowy hem wepaly gul» diýen sözleri eşitmek işiň gowy ýerine ýetirilendigine tassyklama almagy aňladýar. Mukaddes Kitap gowy ýa-da erbet soňy bilen gutarýan zatlar hakda gürrüň berýän taryhlardan we tymsallardan doly. Nuh köp ýyllaryň dowamynda gämi gurdy. Şawul doly kördügine garamazdan, öz ýoluny Hudaýyň güýjüni haýran galdyryjy derejede görkezmek bilen tamamlady. Mesihden ýüz öwren Petrus, Mesihi yzarlan Pawlus ahyr soňunda öz gullugynyň güýjünde täsin ýoly geçdiler. Ýöne öňünden çykdajysyny hasaplaman, öý gurup başlan başga bir adam hem bar. Ol işini gowy başlaýar, ýöne ony doly tamamlap bilmän, üstünden güldürýär (Luka 14:27-29-a seret). Hojaýynyndan bir talant alyp, hojaýyn gaýdyp gelýänçä, ony ýere gömüp goýan başga-da bir hyzmatkär bar. Teňňeler ýerden ösüp çykmaýarlar, şonuň üçin ol ýeri gazanda, eline azam däl, köpem, şol başdaky talanty geldi. Ol başlan ýerinde işini tamamlamak bilen erbet adamyň derejesini hem-de tümlükden ýer aldy (Matta 25:14-30-a seret).

Taryhlaryň üçüsi-de, durmuşda iň esasy zadyň temp däl-de, ylgawyň gowy tamamlanmagyndadygy hakda gürrüň berýär. Tutanýerli, dogry, üýtgewsiz tabynlyk mydama ruhubelentligiň we işjeňligiň ýokarlanmasynyň tötänden dörän uçgunlarynyň fonunda, mydama ýeňer. Ýöne ýolda nirededir bir ýerde büdresek ýa-da hatda ýykylsak hem, ýerimizden galyp, dogry ugurda ýolumyzy dowam etdirsek, Hudaý bizi öýümize alyp geler.

**Iň esasy zat temp-de däl-de, ylgawyň gowy tamamlan-magyndadyr.**

Durmuşda üstünlikli gitmek üçin çuň berk guýulary gazmak gerek, ýöne munuň üçin başlan zadymyzy dogry tamamlamaga bagyş edilme talap edilýär. Islendik adam islegler guýusyny döredip biler, ýöne biziň wezipämiz – Hudaýyň Sözi bilen berkidilen we Mukaddes Ruhuň çeşmesiniň serginligi bilen täzelenen çuň guýulary, durmuşy howuzlary gazmakdyr. Munda Rebden gelen beýik sylagy – deňi-taýy bolmadyk durmuşy we wadany görüp bolar.

## Pikirlenmek üçin soraglar

1. Şu wagt Hudaý siziň durmuşyňyzyň haýsy ulgamyny “gazýar”?
2. Siz çuň guýy bolup durýan zenany nähili suratlandyrardyňyz?
3. Mukaddes Kitaby okamasaň-da, ruhy adam bolmak mümkinmi?
4. Siz öz guýyňyzyň aladasyny nädip yhlasly edip bilerdiňiz?

9

# Bäsdeşsiz gyz

«Zalym ölende onuň kuwwaty gutarýar, ejir çeken ölende, onuň kuwwaty başlanýar».

SÝOREN KERKEGOR

**Bu aýal**

- Dünýädäki iň kuwwatly hem gazaply hökümdara tabyn bolmazlygyny açyk görkezdi.
- Hoş Habary hemmelerden-de batyr bolup wagyz etdi.
- Urgulara, synaglara we göz öňüne getirip boljak gynamalaryň hemmesine döz geldi, şeýle-de bolsa, Hoş Habara, dostlaryna we öz Rebbine wepaly bolup galdy.
- Türmä basyldy, ýöne bu ony döwüp bilmedi.
- Nikasyzdy, ýöne o diýen ýalňyz däldi.
- Resullaryň hataryna goşdular, irki ýygnagyň taryhçylary, gudratlarynyň hem alamatlarynyň sany boýunça, onuň gullugynyň deňi-taýy ýok diýip hasap etdiler.

Olar Mesih baradaky Hoş Habary Karfagende ýaýradyp we täsin hasyl öndürmek bilen Afrikada dogry zähmet çekdiler. Olar imperator Neronyň imperiýanyň ähli ýerlerindäki mesihileri zalymlyk bilen yzarlaýandygyny we olary türmelere salýandygyny bilenlerinde, Fotina Hudaýyň akyldarlygyny gözläp başlady. Isa onuň düýşüne girip, oňa Rime gitmegi we hökümdaryň öňüne barmagy tabşyrdy. Şonuň üçin imperatoryň gazabyndan gizlenmegiň deregine Fotina, onuň ogly we uýasy, Karfagenden bolan köp sanly mesihileriň ýoldaşlyk etmeginde, gämide Rime ýüzüp gitdiler.

Olar özleriniň Mesihe bolan imany hakda aç-açan gürrüň etseler, onda munuň netijesiniň nähili boljakdygy hakdaky duýduryşlary eşitdiler. Adamlar olary özleriniň Hudaýyna gizlinlikde sežde etmeklige yrjak boldular. Onuň rim goşunynda ofiser bolup işläp ýören ogly Wiktor bilen onuň Sebastian atly başlygynyň arasynda, ine, nähili gürrüňdeňşlik boldy.

> «Wiktor, men seniň, ejeň we iniň Mesihiň yzyna eýerýändigiňizi bilýärin. Dost hökmünde men senden imperatoryň emrine tabyn bolmagy haýyş edýärin. Eger sen mesihiler baradaky maglumatlary getirseň, onda olaryň emläkleriniň hemmesini alýarsyň. Men seniň ejeňe we iniňe hat ýazaryn-da, Mesihi köpçüligiň öňünde wagyz etmezlige çagyraryn. Goý, olar ynamyny gizlin wagyz etsinler”. Wiktor oňa şeýle jogap berýär: “Men inim hem ejem ýaly, mesihiligiň wagyzçysy bolmak isleýärin”. Sebastian: “Wah, Wiktor, saňa, ejeňe we iniňe nähili hasratyň garaşýanyny ikimizem bilýäris ahyry” diýýär».

Eger gelen kararymyzyň betbagtçylygy kepil geçýänini bilen bolsa, onda biziň haýsymyz açyk wagyz etmegi dowam etdirerdik? Soňrak Wiktor öz ejesiniň, inisiniň we daýzasynyň düşen gününe düşýär. Şol dokumentde onuň ejesiniň imperator Neron bilen bolan ilkinji duşuşygy hakda, ine, näme diýilýär:

> «Fotinanyň gelmegi we edýän işi şäherde bilesigelijilik döretdi. Adamlar: “Bu aýal kim?” – diýip soradylar. “Ol bir topar Mesihiň

yzyna eýerijiler bilen gelip, Ony uly batyrlyk bilen wagyz edýär". Esgerlere ony imperatoryň ýanyna alyp gelmek buýruk berildi, ýöne Fotina olara garaşdy. Olar ony ogly Iosif we mesihi dostlary bilen Neronyň ýanyna alyp geldiler. Imperator olary görende olardan näme üçin gelendiklerini sorady. Fotina: "Biz size Mesiihe nädip iman etmelidigini öwretmäge geldik" diýip jogap berýär. Ol Rimiň ýarym däli imperatoryndan gorkmady. Fotina ony imana getirmek isledi!»

Neronyň onuň wagzyny kabul etmek islemändigi geň zat däldi. Ol özleriniň Isanyň elindediklerini aýdýan adamlaryň ellerine demir taýaklar bilen urmagy buýurdy. Garawullar Fotinany we onuň ýanyndakylaryň hemmesini imanlary sebäpli urmaga alyp gitdiler. Garawullar ýesirleriň ellerine demir taýaklar bilen üç sagadyň dowamynda urýarlar, emma mesihiler agyry duýmaýarlar-da, jellatlarynyň güýji gutarýança, Rebbe öwgi aýdymlaryny aýdýarlar.

Olary urmagyň hiç hili netije bermändigini görende, Neron olary türmä saldy we Fotinany we onuň aýal doganlaryny imandan nädip ýüz öwürmä yrmalydygynyň meýilnamasyny oýlap tapdy. Bu gezek ol olary ýagşylygyň üsti bilen öz erkine tabyn etmegi maksat edindi. Onuň buýrugy boýunça uly meýlis zalynda alty sany tagt goýdular we olaryň hersiniň öňünde Rim imperiýasynda tapylan baýlyklaryň dürli görnüşlerini goýdular. Imperator aýallaryň hijisiniň ýüz öwrüp bilmejek gymmatlyklaryny ýygnamak üçin serişdesini gaýgyrmady. Her aýalyň öňünde altyn kümüşden başga-da, gymmat şaý-sepleri we ajaýyp eşikleri goýdular. Mesihilik imanyndan dänip, rim hudaýlaryna tagzym etseler, onda olara bu baýlyklary, şeýle hem, ajaýyp durmuşdaky asuda ýaşaýşy teklip etdiler. Olary munuň ýaly teklibe boýun etmek üçin imperator işe öz gyzy Domninany hem goşýar.

Domnina zala girende, ol Fotina bilen gyzgyn salamlaşýar we özüniň onuň bilen eden gürrüňinde Mesihiň adyny hem agzaýar. Fotina ýalňyşyp, ony özüniň Rebdäki doganydyr öýdýär. Ol ony berk gujaklap, oňa, imandaky uýasy hökmünde, Mesihiň özgerdiji söýgüsi we beýikligi hakda gürrüň berip başlaýar. Domnina özi baradaky

hakykaty gizläp bilmeýär-de, imana garşy çykmagyň deregine, mesihilige tarap öwrülýär. Olar gürleşen wagtynda imperatoryň gyzynyň ýanynda kenizleri-de bolýar, olar hem mesihi uýalaryň dillerinden Hoş Habaryň batyrlyk bilen edilen wagzyny eşidýärler-de imana gelýärler. Soň Fotina Domninadan we onuň kenizlerinden zaldaky gymmatlyklaryň hemmesini aýryp, olary Rimiň köçelerinde tapylan garyplara paýlamagy haýyş edýär. Domnina suwa çümdürilýär we täze at alýar.

Neron gazap donuny geýýär. Ol Fotinany aýal doganlary we ogullary bilen oda ýakyp öldürmäge äkidilmegini buýurýar. Munuň üçin ullakan peç ýasalýar, ýöne olary oňa oklanlarynda, ot olara hiç hili zyýan ýetirmeýär. Neron olary zäherläp öldürmegi buýruk berýär. Jellat gelen wagtynda, Fotina öldüriji zäheri ilki bolup içmäge meýletin seslenýär, ýöne zäher onuň özüne-de, maşgalasyna-da täsir etmeýär. Şonda Neronyň ýesirlere zäher bermek üçin iberen adamlarynyň biri-de Mesihe iman edýär. Olary ýene üç ýyllap türmeden goýbermeýärler. Şol wagtyň dowamynda olar özleriniň imany zerarly, gazaplanan imperatoryň kellesine gelen her hili gynamalara duçar edilýärler.

Ýöne Neron olary mynjyratmaga näçe köp synanyşdygyça, olar baradaky gürrüňler şonça-da güýçli ýaýraýar. Olaryň imanynyň we güýjüniň Sözi bütin imperiýa ýaýraýar, olaryň türme kamerasy bolsa, sežde edilýän öýe öwrülýär. Rimiň ýaşaýjylary dileg etdirmek we Hoş Habary diňlemek üçin mesihileriň kameralarynyň ýanyna gelýärdiler. Üç ýylyň dowamynda Mesih baradaky habar türme kameralaryndan ýaýrap, Rimi doldurmagy dowam etdirdi, şeýdip, köpler iman etdiler.

Neron özüniň türmä salan öňki hyzmatkärleriniň biriniň yzyndan adam goýberýär, şol adam hem, ol ýerde bolýan ýagdaýlar hakda oňa gürrüň berýär. Şonda imperator türmede saklap oturan mesihileriniň, Fotinadan başga, hemmesiniň kellelerini almagy buýurýar. Ol hasrat we ýekelik arkaly onuň berkligini syndyraryn diýip umyt edýär, şol sebäpden hem, ony türmeden äkidip, çuň, garaňky hem gury guýa oklamagy buýruk berýär. Käbir çeşmeler onuň başda örän sustupes bolanyny aýdýar. Ony birnäçe hepdäniň dowamynda, doly ýekelikde,

açyk gabryň içinde goýýarlar. Bu günler Fotina üçin gaýgyly günler bolupdy, ol hasrat çekipdi, ýöne özüniň ýakynlaryny ýitireni üçin däldi. Ol olaryň ýerdäki türmeden azat bolup, eýýäm gökde jaý edinendiklerini bilýärdi. Ol özüne, öz ogullary we aýal doganlary ýaly, ejir çeken bolmanyň artykmaçlygyny bermändikleri, şeýle etmek bilen hem, özüni ejir çekip öleniň täjinden mahrum edendikleri üçin hasrat çekýärdi. Okan zatlarymdan ýaňa mende şol döwür onuň üçin iň agyr wagt bolandyr diýen pikir döreýär.

Bu pursat her bir taryhy çeşmede ýatlanylyp geçilýär. Aýdylan pikirleriň birine görä, ol guýynyň düýbünde ölýär, ýöne sustupeslikden däl-de, öz saýlawy boýunça. Stefanus ýaly, ol hem düýşünde Halasgäri görýär-de, ruhuny Oňa berýär. Başga bir çeşmelerde ýazylyşyna görä, ony uzak wagtlap saklanlaryndan soň, guýudan çykarýarlar, Isa düýşünde özüne görneninden soň ol türmedäki ýaşaýşyň süteminden azat bolýar.

Her neneň ýagdaý bolanda-da, bu zenanyň durmuşy, başga köp adamlary iýmitlendiren we serginlendiren dirilik suwunyň çuň guýusy bolupdy.

## Häzirki zaman ejir çekenleri

Fotina özüni gowy görýänleri we muşdaklary emele getirmedi, onuň durmuşy şaýatlary hem ejir çekenleri döretdi. Ol aýalda meniň edinmek isleýän zadym bar. Onuň häsiýeti – yranmaz aýgytlylyk – geljek günlerde biziň hemmämize gerek bolar. Dünýä mesihilige gowy garaýyşda bolanda, ýygnaklar ösýär. Ýöne bagyş edilen şägirtler synaglar döwründe döreýärler. Meşhur katolik taryhçysy Kristofer Genri Douson şeýle ýazýar:

> «Ybadathana jellatlaryň taýaklarynyň we paltalarynyň kölegesi astynda ösdi, her bir mesihi fiziki taýdan gynama we ölüme duçar edilip ýaşady. Ejir çeken adam baradaky pikir irki mesihiligiň bütin taryhyny bezedi. Onda-da gorky bilen däl-de, abraý hem umyt bilen. Ejir çekeni kämil mesihi, çempion we täze jemgyýetiň

> gahrymany hem onuň köne dünýä bilen çarpyşmasy hasap edipdirler. Hatda synaglara döz gelip bilmän, imandan çykanlaram ejir çekenlere özleriniň halasgärleri hem goragçylary hökmünde seredipdirler».

Biz azgyn biabraýçylykdan we zorlukdan doly asyrda ýaşaýarys. Her gezek men mundan erbet zat bolup bilmez diýip pikir edýärin. Mesihiler entegem ejir çekeniň ölümi bilen wepat bolýarlar, ýöne ýigrenç tolkunyny döretmegiň deregine, dünýä perwaýsyz görnüşe girýär. Meniň ýüregim agyrýar, ýöne ýekeje-de haýran galmaýar. Öňräk amerikan ýurdunda, bir ýaragly adam hüjüm eden wagtynda, Mesihe ynanýandygyny aýdanlaryň kellesine, ynamyndan el çekenleriň aýaklaryna sowuk ganlylyk bilen atanda imany sebäpli mesihi okuwçylar wepat boldular. Muny ýigrenç esasynda edilen jenaýat diýip atlandyrmagyň deregine, biziň habar beriş serişdelerimiz ýaraga gözegçilik etme meselesiniň gürrüňini etdiler.

Eger Mukaddes Kitaba dogry düşündiriş berseň, onda ýeňillik hem azat bolma dünýewi liderleriň üsti bilen gelmeýär. Ýöne bu biziň garaňkylygyň öňünde dymyp oturmalydygymyzy aňlatmaýar. Ýohannanyň birinji hatynda (4:4) ýazylyşy ýaly, biz diri hem dem alýan açylyş bolmalydyrys:

> «Eý balalar, siz Hudaýdansyňyz, ýalan pygamberleri ýeňensiňiz, çünki sizde Bolýan dünýäde bolýandan uludyr».

Dünýäniň dürli ýurtlarynda mesihileriň kellelerini kesýärler-de, özüni haçyň adamy hökmünde atlandyrmaga het etjekleriň hemmesine global duýduryş hökmünde, bu wagşyçylykly adam öldürmeler ýazylan wideorolikleri hemme ýere ýaýradýarlar. Bolup geçýän zatlar esasynda men jenaýatçylar biziň kimdigimizi ýatda saklaýarlar, biz bolsa ýatdan çykardyk diýip pikir edýärin.

Eslije wagt mundan ozal harby musulmanlar Keniýadaky kollejleriň biriniň binasyna, ýagny mesihileriň ertirki dogany etmek üçin ýygnanan ýerine okdurylyp girip, ýygnananlaryň hemmesini atýarlar.

Soňra ýaragly jenaýatçylar golaýdaky umumy ýaşaýyş jaýyndaky talyplaryň ýanlaryna baryp, ýaragyň nili astynda olardan haýsy ynanja ynanýandyklaryny sorapdyrlar. Ýene özüni mesihi diýip atlandyrmaga batyrlyk edenler atylýarlar. 150-ä golaý adam wepat boldy, köpüsi ýaralandy. Bu ganhorluk üçin jogapkärçiligi öz üstüne alan gurama köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen öwünip, munuň diňe başlangyjydygyny aýtdy we haçyň adamlaryna jenaýatlaryň mundan-da köp boljakdygyna söz berdi.

Mesih ugrundaky görgülere taýýarlanmanyň wagty geldi. Üstüňi gürpbasdy etdirip, Mesihden ýüz öwreniňden, jogap bermäge taýýar ýürekli bolmaly we görgülere taýýar bolmaly. Bize, şeýle hem, görgülere şägirtler ýaly garamak zerurdyr.

> «Resullar mejlisiň öňünden şadyýan gitdiler, çünki *Reb Isanyň ady üçin masgaraçylyk çekmäge mynasyp bolupdylar*. Olar her gün ybadathanada we öýden-öýe baryp sapak bermegiň, Isa Mesihiň Hoş Habaryny wagyz etmegiň yzyny üzmediler» (Res. iş. 5:41, 42).

Siz haçan hem bolsa bir wagt Mesihe bolan imany sebäpli urulmalara çydam eden adamy gördüňizmi? *At* üçin biabraýçylygy kabul edenine begenen adam bilen gürleşmek size miýesser edipdimi? Maňa – hawa. Şol mukaddes adamlaryň durmuşy özlerini urandyklary üçin däl-de, eýsem özleriniň Mesih ugrundaky görgülerinde diri Isa bilen duşuşandyklary sebäpli öwşün atyp duran arassalykdan doly. Olar meniň diňe ymtylyp ýören merhemet täjimi aldylar. Men Mesihe bolan imanyň janyň üçin töwekgelçilikli bolan meýdanlarynda zähmet çekip ýörenler bilen duşuşyp gördüm. Ol adamlar her gün howp astynda bolýarlar. Meniň şol gymmatly erkek hem aýal doganlarym biziň kitaplarymyzyň terjimesiniň üstünde işleýärler. Meniň howpsuzlykda ýazýan zatlarymy olar howp astynda terjime edýärler. Köp ýagdaýlarda olaryň ýanlarynda zähmet çekmäge özümi mynasyp görmeýärin. Olaryň durmuşy Pawlusyň 1-nji Korintoslylarda ýazan sözlerini ýatladýar:

«Biz näme üçin özümizi sagatsaýyn howp astyna salýarkak? Rebbimiz Isa Mesihiň huzurynda size bolan buýsanjymdan ant içýärin: men her gün ölüm bilen ýüzbe-ýüz bolýaryn» (15:30, 31).

## Günbataryň ejizligi

Size açyk aýtsam bolýarmy? Günbatar ýygnagynyň ýagdaýy meni gorkuzýar. Gynansak-da, biz häzir Onuň adyna ysnat getirýän adamlara, elbetde, ýygy-ýygydan duş gelýäris. Käwagt özümiň parhsyzlygym we egoizmim meni gorkuzýar.

Öňräk Jon ikimiz ruhy çopanlar bilen nahar başynda gürrüň etdik. Olar ýygnakda Isa Mesihi Reb hökmünde yglan edýän adamlara zyna günäsi babatda mydama duýduryş berýändiklerini gürrüň berdiler. Muňa jogap edip, olar düşünmezlik bilen seredilmäni we ýerliksiz özüni aklamany alýarlar. Nikada bolmadyk erkekler bilen aýallar bile ýaşaýarlar, olar muny barybir haçan hem bolsa bir wagt durmuş gurjakdyklaryny aýtmak bilen düşündirýärler, şu wagt jyns gatnaşygynda bolmada näme erbet zadyň bardygyny soraýarlar.

Başga bir gullukçy, Mukaddes Kitapda aýdylýan sebäpleriň hiç biri bolmasa-da, bir belli mesihi lideriniň öz aýalyndan aýrylyşmagy meýilleşdirýänini howsala bilen paýlaşdy. Ol muny aýrylyşma sebäpli wagyz etme mümkinçiligini takmynan bir ýyl ýitirmeginiň mümkindigi, soň hemme zadyň öz ýerine geljekdigi bilen düşündirýär. Gynansak-da, ol mamla bolsa gerek. Adamdan gorkmaklyk indi bizi günäden saklamaýar. Diňe Rebden gorkma bizi erbetlikden saklanmaga mejbur edip biler.

Mukaddes Ruh güýçli täsir edip, ýüzlerçe aýallara özleriniň haçlaryny alyp, Isanyň yzyna eýermegi tabşyran üýtgeşik bir ýygnanyşygyndan soň şol lider sahna çykyp, aýallaryň hemmesine olaryň basyş duýmaly däldiklerini, Hudaýa olaryň bir zat etmekleriniň gerek däldigini, Oňa diňe olaryň bar bolmagynyň gerekdigini aýdýar. Nädip?

Özüniň Hudaýyň Ogly bolmagynda saklanyp galman, eýsem biziň ugrumyzda guluň işini etmek üçin, Özüniň hudaýlyk tebigatyny we artykmaçlyklaryny goýup geleni üçin men Isa şeýle minnetdardyryn. Men ýygnaga seredenimde, onuň bu dünýä näderejede garyşandygyny we oňa çuň batandygyny gorky bilen synlaýaryn.

## Geçmişli aýal

Fotinanyň taryhynda hemme zat başgaça boldy. Onuň çuň günäde ýaşan wagtlary-da bolupdyr, ony jemgyýetiň ýigrentgisi hasap edipdirler. Ol geljege hiç hili umyt galdyrmaýan, höküm etme hukukly kanunyň astynda ýaşan geçmişli aýaldy.

Mukaddes Ýazgy bize bu aýalyň geçmişine tarap penjire açýar. Biz oňa ilki duş gelenimizde, onuň ady ýokdy, ol ärinden aýrylyşan aýaldy we jemgyýetdäki ähli abadançylyklardan mahrumdy. Onuň durmuşy ähli ulgamlarda ýeňlişe sezewar bolupdy, ol haçan hem bolsa bir wagt gullukçy bolar diýip, hiç kim pikir hem etmeýärdi. Onuň özi muňa düşünýärdi, şonuň üçin Hoş Habary soraglar we çaklamalar görnüşinde gürrüň berýärdi. Belki, biziň joramyz hökmünde, sizem özüňizi adamlaryň ýazgaryşlaryny şeýle güýçli duýýanyňyz sebäpli, garaýyşlaryňyzyň hemmesi kakdyrma we soraglar görnüşinde eşdilýändir.

Olary bagyşlaň.

Sizi özüňiziň geçmişiňiz bilen baglanyşdyrýan adamlar entek Hudaýyň rehimi we ýokardan dogulmanyň güýji hakyndaky açylyşy duýup gören däldirler.

Belki, siz öz-özüňize sorag berýänsiňiz. Geçmişim meniň öňümde köp soraglary goýupdy. Ol meniň durmuşymdaky iň gaýgyly hem hapa ýerler bolan bolsa-da, soňrak halas bolmanyň kömegi bilen olar meniň iň çuň guýularyma öwrüldi. Imana täze gelenleri derrew liderlik pozisiýasyna goýmazlyk bu dogrudyr, ýöne şeýle-de bolsa, mesihileriň hemmesini halas ediji güýjüň şaýatlary bolmaga

çagyrmaklyk zerurdyr. Isanyň gymmatly merhemetini hyýanatçylykly ulanmak ýa-da ony öz günäli ýaşaýyş ýörelgäňi aklamak üçin ulanmak bolmaýar (Rimliler 6:1, 2-ä seret). Tersine, durmuşymyz dogrulygyň köpelýänini görkezer ýaly we täze atlara şaýatlyk eder ýaly, merhemet bizi özgermäge we üýtgemäge ruhlandyrmalydyr.

Fotina özüne täze «joşgunly» adyny almazyndan öň biz ony diňe etniki degişliligi boýunça tanaýardyk. Biz onuň bilen Isa ikisiniň arasyndaky şahsy gürrüňini diňlänimizde tanyşdyk. Ol biziň joramyz, samariýaly aýal. Bir wagtlar bäş sany äri bolan bu aýalyň soňunda bäş sany aýal dogany bilen zähmet çekeni haýran galdyryjy zat! Maňa bu diýseň ýaraýar, sebäbi Mukaddes Kitapda bäş san merhemeti alamatlandyrýar. Ol merhemet üstüne merhemet aldy.

Maňa bu aýal hemişe ýaraýardy. Men köp ýyllardan bäri bu aýala beýik güýji bolan aýal hökmünde garaýaryn. Ol çuň guýy bolupdy, ýöne ol durmuşyň saý suwly ýerinde ýaşapdy. Öz saýlawynyň synaglary we hakykaty onuň içinde çuň, garaňky we gury çukury gazypdy. Ol mydama hemmelerden aýratynlykda galyp, arzuwlaryny gabra jaýlar ýaly, janynyň duşmany onuň durmuşyndaky bu ýeriň mydamalyk bozuklygyna galmagyny isläpdi.

Ýohannanyň Hoş Habarynyň dördünji babynda Isanyň bu aýal bilen eden gürrüňini okanymda, özümi mydama onuň ýerine goýýaryn. Şägirtleriň ýadaw Isany guýynyň başynda ýeke goýup gitsek gowy bolar diýip pikir edişlerini men göz öňüne getirýärin. Entek çopanlaryňam sürülerini suwa ýakmaga alyp gelmeli wagty däl, ol ýerdäki aýallaram öz öýlerine suwy eýýäm ir ertirden alyp gidipdiler.

> «...Ýol ýöräp ýadan Isa guýynyň başynda oturdy. Bu sagat alty töweregidi. Guýynyň boýuna bir samariýaly aýal suw almaga geldi. “Maňa içer ýaly suw beräý-dä” – diýip, Isa ondan haýyş etdi, Onuň şägirtleri bu wagt şähere iýmit satyn almaga gidipdiler» (Ýohanna 4:6–8, häzirki zaman terjime.)

Isa uzak ýoldan we fariseýleriň ýüregedüşgünçliginden ýadapdy. Onuň Ýakybyň gadymky guýusynyň gyrasynda oturşyny göz öňüne getirýärin. Ýakyn gündogaryň günortanky güni rehimsizlik bilen ýakyp barýar, ýöne Ol çuň guýudan gelýän serginligi duýýar. Isa onuň çuňlugyna seredýär we onuň taryhy hakda, ony Öz günlerindäki wakalar bilen deňeşdirip pikir edýär. Olaryň Ýahuda gitmegi duýdansyz tamamlandy, ýol uzakdy hem tozanlydy. Ýahýada we Onda näçe şägirdiň bardygyny hasaplamak bilen bu ýeri dini liderleriň ýaryş meýdany edenini bilende, Ol suwa çümdirmesini bes etdi (Ýohanna 1-nji baba seret).

Olar näme üçin aslynda bar bolan zady görmeýärlerkä? Olar bilelikde bir bolup işlediler. Hawa, adamlaryň mähelleleri geldi. Adamlar köp ýyllyk gurakçylykdan soň juda açdylar. Indi pygamberlik bilen wadalar olara kömek etdi. Toba we suwa çümdürmeler wagtyndaky suwuň akymlary olaryň durmuşlaryny täzeden dikeltdi.

Hemme zat mukaddes hem umytdan doludy, ýöne olar muny oýna öwrüp başladylar. Şonuň üçin Ol, bu çöl üçin Iordanyň suwuny terk etmeli boldy.

Ol tozandan we gözüňi gapdyryp barýan Günden ýaňa gözlerini bir pursatlyk ýumýar. Ol dynç alýar we bu gadymky guýynyň başynda Öz şägirtleriniň gaýdyp gelerine garaşýar. Onuň agyr dem almasy ýaňlanýar. Birden Onuň ýüregi garaşmadan dolýar, Ol Mukaddes Ruhuň pyşyrdysyny eşidýär: «Bu hasylsyz Samariýa meýdanynda Meniň maksadym bar». Isa bir – hasyl – sözi eşidýär. Ol gözlerini açanda, Samariýanyň suwa gelýän ýalňyzlykdaky gyzyny görýär.

Ol agyr gaby göterip gelýär. Ol gap ir ertir bilen suwa gelenlerinde, hemme aýallaryň alyp gelýän gabyna meňzeşdi. Onuň gaby, edil özleriniň ýürekleri ýaly boşdy. Bu gyz şeýle pese düşüpdi welin, hatda aýallara duş gelmekden hem gaçýardy. Mukaddes Kitaby öwreniji alymlar, bu aýal şol wagt guýynyň

boýunda adam az bolýany sebäpli, Günüň jöwzaly wagtynda suwa gelipdir diýip çaklaýarlar.

Isa ony synlaýar. Onuň Özüne seredip, şobada gözlerini beýlä sowanyny Isa görýär. Isanyň geýminden aýal öz öňünde duranyň ýewreýdigine düşünýär. Ýewreýler samariýalylyar bilen gürleşmeýärler, olar olary ýigrenýärler. Bu aýal eýýäm kynçylyklara duş gelipdi, şonuň üçin indi ýene olara duş gelmek islemeýärdi.

Ätiýaçdan ol guýynyň ýanyna beýleki tarapdan gelýär, soň hem gabyny egip, suw almaga taýýarlanýar. Isa oňa ýüzlenýär. Ol haýran galyp, başyny galdyrýar-da, doňup galýar. Onuň sesiniň tony we äheňi ony maýyl edýär. Isa ondan talap edip däl-de, edil bir ýere çagyrýan ýaly edip, suw soraýar. Aýal ynamsyzlyk bilen jogap berýär:

> «Eýsem, ýehuda samariýaly aýaldan suw soramak bolýarmy? Ýehudylar samariýalylar bilen, hatda, bir gaby hem ulanmaýarlar!» (Ýohanna 4:9, häzirki zaman terjime).

Siz göz öňüne getirip bilýärsiňizmi, ters pikirler şeýle güýçli bolany üçin, eger ýehudy samariýalynyň içen käsesinde suw içse, onda ol hem şol samariýaly ýaly haram bolýar diýlip hasap edilipdir. Ol bolsa, diňe bir Samariýadan bolman, eýsem aýal hem bolup durýar. Ýöne Isa onuň bilen käsesini alyşmakdan gorkmaýar... Ol aýalyň deregine onuň gazap käsesindäkini içmäge taýýar. Isa onuň tanaýan beýleki erkekleri ýaly, ony ulanmak islemeýär. Ol onuň bilen tanyşmak isleýär. Belki-de, Ol onuň bilen gürleşmek isleýändir. Belki-de, Isa Özüne düşünmeýän dini liderleriň tekepbirliginden örän ýadandyr. Belki, edil biziň köpimiz ýaly, Öz ýüregini nätanyş adama açma mümkinçiligi Oňa teselli berendir.

> «Isa oňa: “Eger sen Hudaýyň sowgady barada we özüňden Kimiň suw soraýandygy barada bilen bolsaň, onda özüň Ondan dilärdiň, Ol hem saňa dirilik suwuny bererdi” diýdi» (10-njy aýat, häzirki zaman terjime).

Aýal haýran galýar. Sowgat berýän Hudaý hakda gürleýän bu adam kimkä? Aýal Oňa golaýrak baryp, munuň ýaly täsin zatlary aýtmaga Oňa ygtyýar berýän nämäniň bardygyny görmek üçin, guýynyň daşyndan aýlanyp barýar. Belki, Onuň aýaklarynyň ýanynda nähilidir bir gap bardyr? Aýal Onuň ýanynda Öz teklibini düşündirip biljek hiç zadyň ýokdugyny görýär. Bu Adamyň wadasynyň hem, oňa tanyş bolan beýleki adamlaryň hemmesiniňki ýaly boş bolmagy mümkinmikä? Gyzyklandyrylan bu aýal Onuň dirilik suwuny alyp bilme ukyby hakda soraýar.

> «Jenap, Sende suw çeker ýaly hiç zadyňam-a ýok, guýy bolsa çuň. Sende dirilik suwy nireden bolsun?» (11-nji aýat, häzirki zaman terjime).

Aýal serginlik beriji suwuň guýynyň çuň ýerinden çykmalydygyny belleýär. Belki, bu ýewreý Ýakubyň guýusynyň üstünden gülýändir? Guýynyň baý taryhy bar hem-de ol beýleki guýularyň köpüsinden çuňrak. Ol Isa bilen gürrüňi dowam edýär:

> «Eýsem, Sen özem suw içen, ogullary-da, mal-garasy-da suw içen, bize bu guýyny galdyran atamyz Ýakupdan hem beýikmi?» (12-nji aýat, häzirki zaman terjime)

Bu guýyny asyrlar boýy Ýakubyňky diýip atlandyrmaklary gyzykly zat. Ýakup adynyň özi «aldaýan, ýersiz goýýan, ökjeden ýapyşýan» diýmegi aňladýar. Hudaý aýalyň nesli bilen ýylanyň nesliniň arasyndaky duşmançylyk barada pygamberlik edende, ýylanyň onuň nesliniň ökjesinden çakjakdygyny aýdýar. Soňrak Hudaý Ýakubyň adyny Ysraýyl ady bilen çalyşýar, bu «Hudaýyň şazadasy» diýmegi aňladýar.

Bu ýerde oýlanara zat bar: köp gezek erkekler tarapyndan aldanan, olaryň özüniň esasy mätäçligini kanagatlandyryp biljegine ynanan aýalyň özi indi Ýakubyň guýusynyň başynda Ysraýyldan çykan dünýäniň Patyşasy bilen gürleşip dur. Aýalyň özi ýalňyşýan bolsa-da, Özüniň näme diýjek bolýanyny Isa anyk bilýärdi.

Bu gürrüňdeşligiň esasy maksady guýynyň ýagdaýy däldi-de, aýalyň lapykeçligidi. Isa iň gowy edip bilýän zadyny edýär... Ol aýalyň soraglaryna üns bermeýär-de, onuň iň çuň islegleri hakda gönümel gürleýär.

> «Bu suwdan içen her bir adam ýene-de suwsar. Ýöne Meniň berjek suwumdan içen ömrüne suwsamaz, gaýtam, Meniň oňa berjek suwum onuň içinde ebedi ýaşaýşa akýan suw çeşmesi bolar» (Ýohanna 4:13, 14).

«Her bir» diýen sözde Isa, bu ýeriň berýän zadyndan köpräk zada teşne bolanlaryň hemmesini birikdirýär. Ol ýehudylar bilen samariýalylary we häzir ýa-da geljekde islendik döwürde bu çeşmä geljekleriň hemmesini garyşdyrýar. Ine, «The Passion» terjimede nähili ýazylypdyr:

> «Eger Ýakubyň guýusyndan içseň, gaýta-gaýta suwsarsyň» (Ýohanna 4:13).

**Ýerdäki islendik guýy biziň ynsanlyk durmuşymyzyň alaçsyz keşbi bolup gulluk edýär.**

Köne guýular biziň teşneligimizi hemişelik gandyryp bilmeýär. Muny diňe Hudaý edip bilýär. Ol gadymy guýular adamlara doly kömek edip bilmedi, sebäbi olaryň çeşmesi ýerdäki şertler bilen baglanyşykly bolupdy. Duşman islendik pursatda gelip, guýa zäher ýa-da hapa oklap bilýär ýa-da dowamly gurakçylyk ony guradyp bilýärdi.

Edil köne guýy ýaly, kanuny adam görkezmeleri bilen aňsat zäherläp ýa-da adam tarapyndan döredilen däpleriň hem düzgünleriň ýerinde jaýlap bolýar. Samariýalylar diňe Töwradyň bäş kitabyny ykrar edýärdiler we özleriniň dagynda seždе edýärdiler. Ýewreýler hatda kanunyň hem, biziň teşne bolan durmuşymyzy doly derejede berip bilmeýändigini subut eden bolsalar-da, olar

kanunyň kölegesi astynda ýaşaýardylar. Şol gadymky kanunlar we nesilbaşylar bize özümiziň Mukaddes Ruhuň dirilik suwuna aňry ýany bilen mätäçdigimizi görkezmek üçin berlendir. Kanun sežde edilýän ýeri talap edýär. Kanun Hudaýy elýetmez edýär. Hudaýa tagzym etmeklik düzgüni ýerine ýetirmeklige syrygýar-da, ýaşaýyş çeşmesi bolmagyny bes edýär. Kanun astynda edýän seždelerimiz mydamalyk bolmaýar-da, yzygiderli bolýar. Kanunyň şertlerinde Hudaýy uzakdan görüp bolýar, ýöne Oňa eliňi ýetirmek bolmaýar. Kanun bize üstünde durup Hudaýy görer ýaly, Sinaý dagyny berýär, emma Onuň gujagyna düşmekligi bermeýär.

Hudaýa sežde etmeklige niýetlenilen mukaddes ýerimiz nirededir golaý bir ýerde bolýar, emma biz topardan daşarda bolmaklyga töwekgelçilik edýäris. Isanyň samariýaly aýal bilen bolan duşuşygy kanunyň köp çarçuwalaryny ýok etdi. Bu aýal kanuny bozup, bir erkek bilen ýaşap ýördi. Hatda häzirem ortaça liberal bolan ýygnaklarda ol barada «günäde ýaşaýar» diýlerdi. Ýöne Isa onuň utançlarynyň arasyndan seredip, göni onuň perişan ýüregine gürledi.

Kanun sizden özüniň bermäge ukyply bolan zadyndan köp zady talap edýär. Dirilik suwuny haýsydyr bir gaba salyp ýa-da ölçäp bolmaýar, sebäbi ol suwuk nurdur. Öli suw hakda bu zatlary aýdyp bolmaýar. Eger siz Ýakubyň guýusyndan ýöne bir suw içmän, eýsem ony ýanyňyz bilen alyp gitmekçi bolsaňyz, onda size gap gerek bolýar. Şeýdip, siz öýüňize şol gaba sygan suwy äkidip bilýärsiňiz. Öli suw öwşün atmaýar, ol agyr bolýar. Eger her gün teklip edilýän iki litr suwy içseňiz, onda agramy boýunça ol adamda iki kg. bolar. Eger suwy, dört adamdan ybarat bolan maşgalany göz öňünde tutup, nahar bişirmek, arassaçylyk, kir ýuwmak, suwa düşünmek üçin göterseňiz, onda agram eýýäm dokuz kg-dan gowrak bolýar. Gabyň özüniň hem agramynyň bardygyny aýtmanda-da, suwy getirmek üçin belli bir aralygy hem geçmek zerur bolýar.

Suwa gidilýän ýoly her gün gaýta-gaýta geçmeli bolýar. Isa

mydamalyk we gandyryp bolmaýan suwsuzlyk hakda gürrüň edýär. Bu aýal, Ýakyn Gündogaryň gyzy, gury çöllük ýerde ulalýar, ol bütin ömrüne suwsuzlygyň nämedigini bilýärdi. Her neneň sowuk bolanda-da, onuň söýgä, alada we gatnaşyga bolan talabyny gandyryp biljek hiç hili guýam, suwam ýok. Onuň kalby doly tapdan düşendi. Ol öz islegini kanagatlandyryp, kalbyny täzeläp biljek zady tapmaga umyt baglaýardy, emma gaýta-gaýta aldawa duş geldi. Bu aýalyň islegleri kadaly zatdy, ýöne biziň köpimiz ýaly, ol jogaby gözlemeli däl ýerlerden gözledi.

Söýgi islemekde hiç hili erbet zat ýok.

Öz durmuşyňy başga adam bilen jynsy taýdan ýakynlykda bolmak üçin gurmak islemekde hiç hili erbet zat ýok.

Gowuja ýaşamak islemekde hiç hili erbet zat ýok.

Maksada okgunly bolup ýaşamagy islemekde hiç hili erbet zat ýok.

Dost tutunmak islemekde hiç hili erbet zat ýok.

Sežde edip ýaşamagy islemekde hiç hili erbet zat ýok.

Isa aýalyň itleglerininiň üstünden gülmeýär we munuň üçin ony ýigrenmeýär. Teşneligini gandyrmagy söz berende Isa onuň teşneliginiň esaslanandygyny tassyklaýar. Isa çykgynsyzlygyň deregine, oňa ebedi ýaşaýşy teklip edýär. Ol kalbynyň ummanyndan we ruhdan düşmesinden Oňa ýürekden ýalbarýar.

> «Jenap! Gaýdyp suwsamazym we bu ýere suw almaga gelmezim ýaly, maňa şol suwy bersene» (Ýohanna 4:15).

Bu çykgynsyz nalada men umyt eşidýärin. Ol aýalda men özümi görýärin. Isa, ýalbarýaryn, gaýdyp bu ýere gelmek gerek bolmaz ýaly et, sebäbi bu ýer maňa özümiň ýykylanymy mydama ýatladýar. Ol aýal ýaly, men hem ýaşlygymyň kanunyny berjaý edip bilmedim. Ol özüniň bu sowgady gazanmandygyny we oňa mynasyp bolmandygyny bilýärdi, ol ony diňe mugt alyp bildi. Aýal bar emlägini özüniň garaşlylygyna sarp etdi, teşneligi ony gul etdi.

Isa oňa dirilik suwuny bermezinden öňürti, onuň özüni boşatmaga taýýardygyny görmelidi. Aýal, hakykatdan hem, bar zady yzda galdyrdymy? Isa onuň şeýle köp wagtlap guýudan alan akman duran öli suwy – erkekler – barada gürrüň etdi.

> «Isa oňa: “Bar, git-de, äriňi çagyryp gel” diýdi» (16-njy aýat).

Şu sözleri aýtmak üçin Isa onuň üstünden ygtyýarynyň bardygyny görkezmek ýa-da onuň günäliligini bellemek isländir diýip pikir etmäň. Has takygy, Ol oňa ärini ýatlatmagyň özüne öz agyrysynyň çeşmesini görkezmegini isländir. Biziň batyr aýal doganymyz, şeýle hakykaty aýtmak bilen özüni, rawwiniň (dini mugallymyň) teklip edýän dirilik suwundan mahrum etmeginiň mümkindigini bilýändigine garamazdan, hakykaty aýtdy.

> «Meniň ärim ýok» (17-nji aýat).

Bu hakykatyň onuň ýüregine agyr ýük bolup batan bolmagy mümkin. Bäş gezek şowsuz äre barmak. Şeýle-de bolsa, ol günä duýgusynyň ýa-da öz hereketini aklajak bolmanyň kölegesinem görkezmeýär, diňe ýalaňaç ýigrenji hakykat. Meniň ärim ýok...

> «Isa oňa: “Ärim ýok diýip, dogryňy aýtdyň. Seniň bäş äriň bardy, häzirki bile ýaşap ýöreniň hem, öz äriň däl, muny dogry aýtdyň” diýdi» (17-nji, 18-nji aýat).

Isa hakykaty aýdýanlar we bagtlylyk bilen ýüregini dökýänler bilen işleşip bilýär. Aýal hemme zady bolşy ýaly aýtdy, Isa hem onuň geçmişiniň jikme-jikliklerini ýetirdi. Bäş sany erkek, soňunda taşlamak üçin, ony aýalym diýip atlandyrypdyrlar. Käwagt näme üçin onuň günälerini ýazgarýandyklary hakda pikir edýärin. Meniň mamam üç erkege dört gezek durmuşa çykypdyr. Ol biriniň pidasy bolmandyr; onuň saýlawy hem günäsi şeýle bolupdyr. Ýöne bu aýalyň durmuşdaky ýagdaýlar başgaça bolandyr. Ýöne onuň

hakykatdan mamla däl bolandygyny biz bilmeýäris. Ol kanun astynda ýaşaýardy, bu bolsa, oňa öýlenen erkegiň onuň bilen nikalaşmagyny ýalňyşlyk boldy diýip karara gelip we ony gynanyp galanyny tassyklaýan kagyz bilen goýup gidip bilendigini aňladýar. Kanuna laýyklykda ol öz başlangyjy boýunça ärini çalşyp bilmeýärdi. Indiki nika aýrylyşmanyň tassyklanylmasyny talap edýärdi. Bäş gezek şowsuzlyk bolanyny siz göz öňüne getirip bilýärsiňizmi? Bu aýal şeýle ýaralanan bolany üçin düşegi bir bolsa-da, atlary dürli bolan erkekler bilen ýaşamaga taýýar bolupdyr. Onuň durmuşy doýmakdan boýun towlaýan işdälerden doludy. Onuň ruhy perişandy, emma entek umyt ýylap durdy.

> Aýal Oňa: "Jenap, görýän welin, Sen pygamber ýaly-la" diýdi (19-njy aýat).

Ýaňy-ýakyna çenli men bu ykrar etmäniň gymmatyna düşünmändirin. Aýal özi üçin näbelli bolan dünýä gadam basdy, sebäbi samariýalylar diňe ýekeje pygamber – Musa – bar diýip ynanýardylar. Bu aýal Isada pygamberi görende: «Kim pygamberi pygamberdigi üçin kabul etse» (Matta 10:41, häzirki zaman terjime) – diýip ýazylyşy ýaly, pygamberiň sylagy üçin açyldy.

Pygamberiň sylagy nämede? Bu sylagyň dürli usulda ýüze çykyp bilýändigine men ynanýaryn, ýöne janly hakykatyň açylmasyndan we oňa akyl ýetirmeden gymmat zat ýokdur. Pygamberlere "öňden görüjiler" hem diýilýär. Isa baran ýerleriniň hemmesinde akyl gözlerini açdy. Aýal Isany pygamber hökmünde kabul etmekçi bolanda, ol öz geljegine seredip, Ondan özüne nirede sežde etmegiň gerekdigini sorady. Aýalyň özüniň köne durmuşyndan we köne ýollaryndan näderejede ýadandygyny men göz öňüne getirip bilýärin. Ol öz durmuşynda täze döwür geler, onda iň esasy zat sežde edilýän ýer däl-de, eýsem seždäniň obýekti bolar diýip pikir hem etmändi.

> Isa oňa şeýle diýdi: «Maňa ynanaý, Ata bu dagda-da, Iýerusalimde-de sežde etmejek wagtyňyz geler» (2-nji aýat).

Arameý dilinden terjime edilen «The Passion» terjimede bu aýat has-da giňden açylýar:

> «Gadyrly zenan, Maňa ynanaý, Ata bu dagda-da, Iýerusalimde-de sežde etmän, öz ýüregiňizde sežde etjek wagtyňyz geler»..

Aýal Isany, hakykatdan bolşy ýaly, pygamber hökmünde sylaýar, Isa hem muňa jogap edip, oňa «gadyrly» diýýär, sebäbi ol hakykatdan şeýledi. Bu söz «söýgüli, gymmatly, islenilýän, bahasyna ýetip bolmaýan, gymmatynyň çägi ýok, eziz» diýmegi aňladýar. Ýogsa-da, ony soňky gezek haçan şeýle sözler bilen atlandyrdykalar? Isa içinde aýalyň öňden niýetlenilmesi saklanylýan sözleri aýtmak bilen onuň synyk ýüregine we ýaraly ruhuna şypa berdi.

Men Isanyň Özüniň her bir gyzyny: «Maňa ynanaý, Meniň gymmatlym, bahasyna ýetip bolmaýan we söýen gyzym, seniň wagtyň geldi...» - diýip çagyrýanyny öňkim ýaly, häzirem eşidýärin. Bir sekuntlyk saklanyň. Ol siziň ruhuňyza näme diýip pyşyrdaýar?

Hudaýymyz bize dagyň üstünde-de, şäherde-de, hatda ýygnakda-da hemmesinden ýakyn däldir. Ýekeje adam hem sizi Onuň barlygyndan saklap bilmez. Bagtymyza, hiç hili ýalňyşlyk sizi içiňizde Bolýandan aýra salyp bilmeýär. Isa siziň seždäňize öz ýüregiňiziň guýusynyň içinde garaşýar. Mukaddes Ýazgy Hudaýymyzyň bize ses ýaly ýakyndygyny ýatladýar.

> «Ýöne Mukaddes Ýazgy näme diýýär? “Hudaýyň sözi saňa ýakyndyr, ol seniň agzyňda, seniň ýüregiňdedir”» (Rimliler 10:8).

Aýal durmuşyndaky iň pes derejä baryp ýetende, Isa oňa düýbünden täze garaýyş berdi. Kimdir biri haýsydyr bir ýer bilen çäklendirilmedik Hudaý hakda eşidip gördümi? Özi bilen nirede gezip ýören bolsa-da duşuşmaga teşne bolan Hudaý hakda eşidip

gördümi? Bu täzeligiň aýal üçin nähili eziz bolanyny göz öňüne getirip bir görüň. Aýal öz halkynyň arasynda we ýewreýleriň arasynda ýigrenilýärdi, emma Hudaý onuň ýüreginiň mukaddes ýerinde Özüne ýer edindi. Ol özi hakda Hudaýa açyk hem gönümel aýdypdy, şonuň üçin Hudaýyň Ogly hem oňa Özüni açdy. Aýalyň eden saýlawy ony öz durmuşynyň çäklerinden çykmaga mejbur etdi. Isa ony içeri girmäge çagyrýar.

> «Siz nämä sežde edýäniňizi bilmeýärsiňiz, biz nämä sežde edýänimizi bilýäris, sebäbi halas bolma ýahudylardan gelýär. Emma hakyky sežde edijileriň Ata ruhda we hakykatda sežde etjek wagtlary geler, eýýäm geldi hem, çünki Ata Özüne şeýle sežde edýänleri agtarýar. Hudaý Ruhdur, Oňa sežde edýänler ruhda, hakykatda sežde etmelidir» (Ýohanna 4:22–24).

Isa onuň çäklerini yrandyrdy. Eger bu rawwiniň sözleri dogry bolsa, diýmek, Ata bu aýalyň özi ýaly sežde edýänleri – ruhda we hakykatda sežde etmäge teşneleri gözleýär.

Biz ýaňsy görmeýäris, sebäbi biz Isanyň düşnükli hakykat hökmünde açýan zatlarynyň hemmesini bilýäris we kabul edýäris, ýöne Onuň sözleri şol bir wagtyň özünde doly derejede täze sözler bolupdy. Has takygy aýal ozal Ata Hudaý hakda hiç haçan eşitmändi. Bu barada «Passion» terjimesinde, ine, näme ýazylypdyr:

> «Mundan beýläk Ata sežde etme meselesi dogry ýeri saýlama däl-de, ýürek meselesi bolar. Hudaý Ruh bolandygy sebäpli, Ol Özüne Ruh hem hakykat ulgamynda sežde edýän we Özüni ýürekden gowy görýän hakyky sežde edýänleri edinmäge teşne» (Ýohanna 4:22, 23).

Aýal özüne teşne Hudaý bilen gatnaşykda bolup bilýär. Şol pursatda ol agalyk ediji din bilen öz arasynda bolan oňşuksyzlyklardan dynmaga ajaýyp umydyň bardygyna akyl ýetirýär. Ol özüniň nämä ynanmalydygyny anyk bilmeýärdi, onuň ýüregi

umytdan, aljyramadan we gudratdan ýaňa tolgundy, ýöne ol özüne tanyş bolan zady batyrlyk bilen beýan etdi.

> Aýal Oňa: "Men Mesihiň geljegini bilýärin. Ol gelende bize hemme zady düşündirer" diýdi (25-nji aýat).

Meniň pikirimçe, Isa onuň çaganyňky ýaly sada imanynyň öňünde durup bilen däldir. Ol hakykat baradaky Hoş Habary mundan artyk gizläp bilen däl bolsa gerek. Isa ýuwaşjadan pyşyrdap:

> «Seniň bilen gürleşip duran Men Şolduryn» (26-njy aýat) diýende, oňa ünsli seredenini göz öňüne getirýärin.

Isa aýalyň Mesihden garaşýan zadyny takyk etdi... Ol aýala özi hakda aýtdy. Käwagt Hudaýymyz bize hemme zat hakda gürrüň etmezden, hemme zady açýar. Gadyrly zenan, arkaýyn bol. Mesh edilen Mesihimiz bize özümiz baradaky hakykaty aýtmak bilen, köplenç soraglarymyzyň hemmesine jogap berýär. Ol bir gerimde, Özüniň hakykat gylyjy bilen, bolgusyz däpleri paş edýär we adam pikirlerini kesýär. Kim özüniň suwly küýzesini taşlap, Onuň yzyndan ylgamaýar? Biziň Isamyz şeýledir. Ol utandyrylanlardan utanmaýar. Ol olary Öz ganaty astyna alýar-da, olara fariseýleriň (käwagt, hatda şägitleriňem) diňlemekden ýüz öwren wajyp hakykatlaryny açýar.

Bu pursat geçdi. Şägirtler gaýdyp gelenlerinde, Isanyň diňe ýigrenje mynasyp bolan, bir aýal bilen gürleşip duranyny görüp, howsala düşýärler. Ýöne aýal eýýäm olaryň özüne bolan garaýyşlaryna üns bermeýär. Özüňiziň Hudaý tarapyndan kabul edileniňizi duýanyňyzda... adamyň inkär etmesiniň özüňiz üçin nähili ähmiýeti bolýar? Geň göräýmeli, şägirtleriň hijisi samariýalylary Isany görmäge çagyrmandy. Ýöne bu gorkunç zat däldi, sebäbi Isa eýýäm Özüniň habarçysyny iberipdi. Isa ol hakda köpden bäri pikir edip ýördi.

> «Onsoň aýal küýzesini goýup, şähere gitdi we baryp, adamlara: "Ýörüň, meniň ähli eden işlerimi aýdyp beren Adamy görüň,

> Ol Mesih dälmikä?” diýdi. Olar şäherden çykyp, Onuň ýanyna gitdiler» (28-30-njy aýatlar).

Eger gowuja synlasak, onda aýalyň sözleri gaty ýerlikli saýlanyny görýäris. Aýal Isany pygamber diýibem atlandyrmady, Onuň ýewreýdiginem aýtmady, sebäbi bu sözleriň ikisiniňem onuň watandaşlaryny Isadan daşlaşdyrmagynyň mümkindigini bilýärdi. Ol adamlara Mesihe barýan ýoly açmak üçin öz şaýatlygyny paýlaşýar. Biziň joramyzyň olary baryp, Isany diňlemäge çagyrmagyň deregine, Ony baryp görmäge çagyrmasy maňa diýseň ýaraýar. Görmeklik ynanmagy aňladyp hem biler, gözlerimiz açyk wagtynda, biz başgalaryň hem görmegini isleýäris.

Başga adamlaryň nazarynda adaty, ýoldan çykan we haram bolan aýala Isanyň nämedir bir gymmat, wajyp hem mukaddes zady açmasy maňa örän ýaraýar. Hemme kişiniň erbetleriň erbedi hasap eden adamyna Hudaýyň syrlary hakynda gürrüň bermek bilen Isa biziň hemmämize gapy açýar. Ine, näme üçin men bu aýalyň taryhyny kitaplarymyň köpüsinde ýatlap geçýän ekenim. Men hemişe olaryň gürrüňiniň täze bir tarapyny tapýaryn we hiç haçan oňa perwaýsyz galmaýaryn.

Men eýýäm köp ýyllardan bäri bu içgin gürrüňi örän gowy görýärin. Bu gürrüň doly derejede şowsuz bolan aýaly ähmiýetli, Hudaýa bagyş edilen adama öwürdi. Hatda Mukaddes Kitapda onuň adynyň ýazylmandygy-da maňa ýaraýardy, sebäbi bu taryha men öň adymy arkaýyn goýup bilýärdim. Bu onuň adynyň Fotina, «joşgunly» ekendigini bilmezimden öň bolupdy. Ol şol günüň özünde Samariýada Hoş Habary wagyz edip başlady, ýöne onuň çäkleriniň diňe bu sebit bilen çäklenmändigini siz bilýärsiňiz.

Onuň taryhy biziň her birimiz, saý durmuşda ýaşaýan çuň guýy üçin ruhlanma bolmalydyr. Ýoldan çykan aýalyň pygamber bilen sežde etme hakda gürrüň edenini başga nädip düşündirip bolýar? Aýalyň guýusy ýöne bir çuň bolman... eýsem ol üstesine gurudam.

Onuň bäş äri bilen iki ogly bardy, ýöne isleg geçip gitmedi. Gaty köp gaýraty bolan bu aýal özüni kalbynyň jümmüşine çenli berdi.

Birden hemme zat üýtgedi. Aýal sowgat hakda bildi. Isa ony çagyrdy, ol hem Ondan dirilik suwuny batyrlyk bilen sorady. Bu täsin Mesih ony durky bilen tanaýardy we çäksiz söýdi. Şonuň üçin deňitaýy bolmadyk gyz Onuň çakylygyna jogap edip, dirilik suwundan datdy, soň hem gidip, Fotina, hoşhabarçy we howpa tarap yranmaz aýgytlylyk bilen giden resul boldy.

Geçmişi bolan zenan, sen onuň göreldesine eýerermiň?

## Pikirlenmek üçin soraglar

1. Siziň durmuşyňyzda Hudaýyň güýjüne bolan açlyk barmy?
2. Fotinanyň taryhy size nähili täsir etdi?
3. Onuň guýynyň başyndaky aýal bolany size ýaraýarmy? Munda siz üçin nähili wada bar?
4. Siziň durmuşyňyzda çuň guýy bolsaňyz-da, saý durmuşda ýaşaýan ulgamyňyz barmy?

10

# Bäsdeşsiz durmuş

«Siz hiç haçan öňüňizde täze maksady goýardan ýa-da täze bir zat hakda arzuw ederden juda garry bolmaýarsyňyz».

K. S. LÝUIS

Men siziň bilen mertlik we bagyş edilme baradaky ýene-de bir gadymky taryhy paýlaşmak isleýärin. Fekla atly ýaş, owadan, durmuşa çykmadyk bir gyz ýaşaýardy. Ol bir gezek goňşy öýde Pawlusyň Hoş Habary wagyz edenini eşidýär. Ol Pawlusyň ýaş erkekleri we zenanlary özleriniň päk ahlaklylygy hem gowy işleri bilen Mesihi şöhratlandyrmaga çagyryşyny güýçli tolgunma bilen diňläp oturdy. Fekla adaglanandy, ýöne Pawlusyň sözlerinden soň, durmuşa çykmakdan ýüz öwrüp, ömrüniň galan günlerini Hudaýy şöhratlandyrmak üçin ýaşama kararyna gelýär. Pawlus özüniň Fekla nähili täsir edeninem bilmeýär. Emma gyzyň ejesi bilen ýigidi onuň gelen kararyny şowly hasap etmeýärler. Olar gazaba münen halky Pawlusa garşy öjükdirmek üçin tanyşlarynyň hemmesini aýaga galdyrýarlar. Netijede resuly Ikoniýanyň hökümdarlarynyň biriniň ýanyna alyp gelýärler, ol hem ony şobada türmä salýar.

Hasrata batan Fekla gymmat şaý-sepleriniň hemmesini ýygnap, türmede Pawlus bilen duşuşmak we ondan Isa baradaky Hoş Habary öz gulagy bilen eşitmek üçin, olary garawullara berýär. Gyzyň ýakynlary ýiten gyzyny Pawlusyň kamerasyndan tapanlarynda, olar olaryň ikisinem şäher häkiminiň ýanyna alyp barar ýaly edýärler. Pawlusy gamçylap, şäherden kowup goýberýärler. Feklany bolsa öz ejesi suda berýär, soň gyzy ölüme höküm edýärler. Şunuň ýaly gozgalaň turuzmaga het edip biljek gyzlaryň hemmesine sapak bolar ýaly, ony oda ýakmalydylar.

Fekla jeza ýerine barýarka, Pawlus bilen beýleki mesihiler şäheriň daşyndaky ýerzeminlerde üýşüp, güýçli doga-dileg edýärler. Feklany sütüne daňýarlar, ýöne ot ýakanlarynda bolsa, ot oňa degmeýär. Soň görlüp-eşdilmedik tupan turýar. Sil gyzyň aýagynyň astyndaky ody söndürýär, şeýdip, ol ölümden halas bolýar. Bu grek hudaýlary tarapyndan ýokardan gelen alamatdyr diýip gorkan häkimiýet işgärleri gyzy boşadyp, şäherden kowup goýberýärler. Ret edilen Fekla beýleki kowlan mesihilere goşulýar, soň olar Pawlus bilen bile Antakiýa gitme kararyna gelýärler.

Olar şähere giren batlaryna, uly atly-abraýly we ygtyýarly bolan bir Aleksandr atly adam Feklanyň gözelliginiň ýesiri bolýar-da, Pawlusdan ony satyn almaga synanyşýar. Ýöne berilmäninden soň, ol ony güýç bilen almaga synanyşýar. Ýöne Fekla öz abraýy üçin gazaply söweşýär we söweş wagtynda, Aleksandryň başyndaky lawr täjini gaçyrýar hem-de hemmeleriň gözleriniň öňünde ony ýigrenç bilen itekleýär we Hudaýyň ýaradanyna elini degirmezligi buýruk berýär.

Gazaba münen Aleksandr ony Antakiýanyň hökümdarynyň ýanyna alyp gelýär. Sorag edilen wagtynda Fekla onuň elinden sypyp, gaçmaga synanyşanda, Aleksandryň geýmini ýyrtanyny boýun alýar. Şeýdip, ol ýene ölüme höküm edilýär. Jezany ertesi güne bellediler. Bu gezek ony ýabany haýwanlara tike-tike etmeklige bermelidiler.

Antakiýanyň aýallary juda gaharlanýarlar. Feklanyň sud edilmegi olara adalatsyz bolup göründi. Meşhur gelip çykyşy bolan bir aýal, jeza wagtyna çenli, Feklany türmede däl-de, onuň öýünde bolmaga rugsat

etmeklerini talap edýär, şeýdip, ol ýaş mesihi gyzyň namysyny gorady. Bir gijede zenanlar ýakyn joralar bolýarlar.

Ertesi gün irden Feklany zynjyrlar bilen daňyp, wagşy ene ýolbarsyň öňündäki arena alyp çykanlarynda, gartaşan meşhur aýal zaryn aglaýar. Eşigi çykarylan gyzy parçalamaklary üçin ýolbarslaryň we aýylaryň öňlerine iteklänlerinde, mähelle içini çekdi. Ilki bolup ene ýolbars hüjüm edip başlady. Ol Feklanyň ýanyna ylgap baryp, hüjüm etmäniň deregine, öwrülip, onuň aýaklarynyň ýanynda goragçy pozada durdy.

Aýy ylgap, hüjüme girýär, ýöne ol gyza degip ýetişmänkä, ene ýolbars ony öldürýär. Indiki bolup, ýolbars hüjüm edýär, ýöne ene ýolbars ýene öz goraýanynyň tarapyny alýar. Göreş ýolbarslaryň ikisiniň hem ölümi bilen tamamlanýar, olaryň maslyklary biri-birine çolaşyp, Feklanyň aýaklarynyň öňüne düşýär. Oýny gurnaýjylar beýleki haýwanlary pidanyň üstüne küşgürýärler, ýöne ýyrtyjy haýwanlar garaşylmadyk ýagdaýda biri-biriniň yzyndan yza çekilip, hüjüm etmekden boýun towlaýarlar. Hudaýyň gorkusy ýaňyja-da möwç alyp duran tribunany dolduranynda, mähelle ümsüm bolýar. Şol wagt Fekla sesini gataldyp, gaýrat bilen doga-dileg edip başlaýar.

Häkim ýerinden galyp, oýny saklaýar. Ol bu gyzyň kimdigi we onuň güýjüniň çeşmesiniň nämededigini bilmek isleýär. Fekla oňa jogap berip: «Men diri Hudaýyň gyrnagy... Men Hudaýyň söýgüsi siňen Şol Ynsan Ogluna iman etdim. Sebäbi Ol gutulyşa barýan ýeke-täk ýoldur we ebedi ýaşaýşyň çeşmesidir... Kim Oňa iman etmese ýaşamaz... » - diýip jogap berýär.

Hökümdar oňa geýmini getirip bermegi we goýbermegi buýurýar. Ýüzlerçe, belki-de, müňlerçe adamlar şol gün Mesihi kabul edýärler. Ilkinji Ýygnagyň ýazgylary Antakiýadaky aýallaryň, şäheriň diwarlary gaty öwgi seslerindan ýaňa titreýänçä, bir bolup, Hudaýy şöhratlandyrandyklaryny habar berýär.

Fekla uzak, manydan doly durmuşda ýaşaýar we togsan ýaşynda ölýänçä, Hoş Habary wagyz edýär.

## Erjel batyrlykdaky durmuş

Fekla atly bu gyzy näme beýle güýçli etdikä? Ol ýalaňaçdy, emma utanmady, sebäbi Isa Mesihdäki aýanlyk boýunça özüniň hakykatdan kimdigini tanapdy. Şeýle ýaş imanly gyz bolan bolsa-da, ol Hudaýyň Patyşalygynyň ynamdar ilçisi boldy. Ol ýerde, arenada, sesini gataldyp doga-dileg edende, ölümiň öňünde batyrlyk görkezdi. Bu batyr gyz doly derejede bolmalysy ýaly geýnen bolsa-da, oňa münberde durup wagyz etmegi gadagan ederdiler, emma ol şol gana ýugrulan amfiteatryň içinde ýabany haýwanlaryň arasynda ýalaňaç duranda, Reb üçin halas bolan janlaryň köpüsini gazanýar. Şunuň ýaly wakalary okanymda, men Howuň ýylgyrýanyny (Saranyňam ýylgyrýanyna men ynanýaryn!) göz öňüne getirmegi gowy görýärin. Howuň Erem bagynyň alada ediji we howpsuz sallançagynda bolan wagtynda ýeňlen söweşini, soňrak Hudaýyň ýokardan doglan gyzlary aç-açan duşmançylykly arenalarda ençeme gezek ýeňdiler.

Mähelle hökümiň ýerine ýetirilişini görmäge gelýär, ýöne munuň deregine olar doly aklanmanyň şaýady bolýarlar. Goý, biziň durmuşymyz şol mirasy dowam etdirsin. Her gün öz gutulyşymyzyň we bütin tebigatymyzyň diňe Mesihdedigini yglan edenimizde, özümiziň Hudaýdan dolma ukybymyzy artdyrýarys we Isanyň gaýdyp gelmesini ýakynlaşdyrýarys.

Bu gün bize Mukaddes Kitap barada adamzat taryhynyň islendik döwründäkisinden has köp zat bellidir. Ýöne bu bilim bizi nirä alyp bardy? Bizde bol maglumat bar, ýöne şonuň bilen birlikde, üýtgeşmeleriň güýçli ýetmezçiligi bar. Köp ýagdaýlarda, durmuşuň ençeme ulgamlarynda, intellekt bilen zehin bu gün Hudaýyň Sözünden we Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasyndan wajypdyr diýip gorkýaryn.

Ýöne men ulurak zady isleýärin. Meniň öz ruhumda duýýan zadym – bu Mukaddes Ruhuň inmesidir we hiç zat bilen deňeşdirip bolmajak hasyldyr.

Bu weýran bolan dünýä Hudaýyň güýjüni görmäge mätäç. Belki, irki Ýygnakda bolşy ýaly, doga-dileg etmäniň wagty gelendir.

> «Ýa Reb, indi olaryň howp salyşlaryna seret, gullaryňa batyrlyk bilen Öz sözüňi sözlemäge gaýrat ber. Öz mukaddes Guluň Isanyň ady bilen şypalaryň, alamatlaryň we gudratlaryň döremegi üçin eliňi uzat!» (Res. iş 4:29, 30).

Şol dogalar nämäniň başyny başlady?

> «Doga-dileg edip bolanlarynda, olaryň üýşüp duran ýerleri titredi, hemmeler Mukaddes Ruhdan dolup, batyrgaýlyk bilen Hudaýyň sözüni gaýratly sözlemäge başladylar» (31-nji aýat).

Hudaýyň bu Sözi gaýratly batyrlyk bilen yglan edilmelidi. Feklanyň öz döwründe gabat gelen garşylyklary biziň häzirki duş gelýän garşylyklarymyzdan beýle bir tapawutlanmaýar. Fekla özünden hiç kimiň garaşmadyk saýlawyny edende, Hudaýa doly bagyş edilen durmuşda ýaşama kararyna gelende, nägilelikler tupany turdy. Maşgala agzalary ony saklamaga synanyşdylar, döwlet ony öz imanyndan el çekmäge mejbur etmäge çalyşdy, erkekler ony güýç bilen aljak boldular we onuň garşylyklaryny basyp ýatyrmaga synanyşdylar we şol garşy çykmalarda olar gozgalaňçylyk görüpdiler. Ýöne bu zatlaryň hemmesine garamazdan, Fekla hakykatdan azatdy. Ýaşaýyşmy ýa-da ölüm, munuň Fekla üçin tapawudy ýokdy, ol özüniň kimdigini – Gudratygüýçli Rebbiň gyrnagydygyny bilýärdi.

## Deňi-taýy bolmadyk ýaşaýyş

Biz hemme ýerlerde harasatlaryň turýan gününde we asyrynda ýaşaýarys. Eger siz özüňiziň kimdigiňizi we kimiňkidigiňizi bilseňiz... onda berk durarsyňyz. Biz deňi-taýy bolmadyk ýaşaýşy, diňe Mukaddes Ruhuň ýaradyp bilýän durmuşyny saýlandyrys.

> «Ruha görä ýaşaýan bolsak, onda Ruha görä-de gezeliň. Biri-birimizi gaharlandyryp, bir-birimize içigaraçylyk edip, şöhratparaz bolmalyň» (Galatýalylar 5:25, 26).

Biz başlan zadymyz bilen hem tamamlaýarys. Özüňiziň özboluşlylygyňyza akyl ýetirip, ruha görä ýaşaň. Siz kimdir biriniň nusgasy bolmaly dälsiňiz. Siz Hudaýyň Ogluna niýetlenensiňiz. Gökdäki Ataňyz, siz entek birinji demiňizi-de almankaňyz, durmuşyňyzyň iň pynhan jikme-jikliklerini-de ýazypdy. Ol siziň durmuşyňyzy diri harplar bilen ýazdy. Siziň durmuşyňyzy deregiňize hiç kimem ýaşap bilmeýär. Kitabyňyzyň harplaryny janlandyrmanyň wagty geldi. Başgalaryň ykbalyny ýaşamak bilen siz Mukaddes Ruhuň özüňiz üçin taýýarlan zadyny ýerine ýetirmän galdyrýarsyňyz. Hemmelerde we her birimizde özüniň aýratyn ýoly we ykbaly bardyr. Eger deňi-taýy bolmadyk durmuşda ýaşamak isleýän bolsaňyz, onda Mukaddes Ruhdan dolmaklyk aňry ýany bilen wajypdyr. Mukaddes Ruhuň ugrukdyrýan durmuşy ýöne bir baş maksat ýa-da romantiki arzuw däldir. Bu ruhy düzgün bilen şahsy seždäniň durmuşa ornaşmasydyr. Göwün açma däl-de, bagyş edilen ýaşaýyşdyr. Şahsy bolşy ýaly, jemgyýetçilik ulgamda hem, Hudaý siziň durmuşyňyz babatdaky maksadyny takyklar, Onuň sesi bolsa, siziň üçin gitdigiçe aýdyňlaşar.

**Siz kimdir biriniň nusgasy bolmak üçin ýaradylmadyňyz. Siz Hudaýyň Ogluna niýetlenensiňiz.**

Siziň durmuşyňyz we onuň güýji – bu Hudaý tarapyndan berlen guraldyr. Eger sizdäki gymmatlyklar hem zehinler ýaly zatlaryň hemmesi beýleki adamlaryň pikirleriniň we tamalarynyň tümmegi astynda jaýlanylan bolsa, onda bu gynandyryjy zat bolardy. Size ýer ýüzünde tomaşaçynyň roly berilmedi. Sizde öz durmuşyňyzda edip biljek has wajyp hem gyzyklandyryjy zatlar köpdür. Siziň muny bilmeli wagtyňyz geldi.

Şu wagtyňyz siziň geljegiňizdir.

Sizde wagtyň şu nokady bar. Biziň hijimize-de ertire kepil geçilen däldir. Ýöne şu pursat, şu ýerde we häzir – bilip goýuň, siziňkidir, ony hiç kim siziň eliňizden alyp bilmeýär.

Size wadalardan doly ajaýyp ykbal berlendir. Ýöne siziň durmuş

kitabyňyzyň açylman galmagy mümkin. Ýa-da siz ony açyp we sahypa yzyna sahypa agdaryp bilersiňiz. Seredeliň, Pawlus Galatýalylara hatda näme ýazýar:

> «Goý, her kim öz işlerine paýhasly baha bersin, şonda ol öz üstünliklerine guwanyp biler we olary başgalaryňky bilen deňeşdirmez, her kimiň öz ýüki bar ahyry» (Galatýalylar 6:4, 5, häzirki zaman terjime).

Eger başga kişi boljak bolmak bilen aşa başagaý bolsaňyz, onda özüňizi tapmak örän kyn bolar. Eger gitmek we gowşamak islemeýän bolsaňyz, siz «Durmuş» atly bu syýahatda özüňizde nähili roluň bardygyny bilmelisiňiz.

> «Şeýlelikde, serediň, akylsyzlar ýaly däl-de, akyldarlar ýaly, seresap hereket ediň. Wagtyň gymmatyny biliň, sebäbi bu günler erbet zatlar köpdür» (Efesliler 5:15, 16, häzirki zaman terjime).

Eger wagtyňy öňünden meýilleşdirmeseň, onda günler, edil bir pursat kimin bolup geçip gider, siz bolsa, talaplar bilen unutmalaryň arasynda kenardan kenara urlup ýörersiňiz. Bu kitaby bir gyra goýup, eliňize ruçka bilen kagyz alyň. Wagty ulanmaklyga paýhasly we ýeňilkellelik bilen seredilme usullaryny kesgitläp görüň, soň günleriňiziň nämeden doludygyna serediň we ýene arzuw etmek üçin, özüňize wagty gaýtaryp getiriň.

Maksatlaryňyz bilen arzuwlaryňyzy ymykly gabat getiriň. Şeýlelikde, taýsyz gyzlarym, siz nämäni arzuw edýärsiňiz? Birden siz öz durmuşyňyzyň içgysgynç ýa-da pese düşendigini görmegiňiz mümkin. Ýöne onuň şu wagt nähili ýagdaýdadygynyň tapawudy ýok. Siz nämä yhlas edýärsiňiz? Eger siz ony ýitiren bolsaňyz, onda Hudaýyň barlygyna gaýdyp geliň-de, yhlasyňyzy ýene tapýançaňyz, şol ýerde boluň. Aklyňyzy hem ýüregiňizi arassalaň. Gezelenje çykyň, mesihilik sazlaryny, aýdymlaryny diňläň, öz janyňyzyň çeşmesi bilen gatnaşygyňyzy dikeldiň.

Siz maksat tutunardan we arzuw ederden hiç haçan juda garry, juda garyp, juda baý, juda bilimli ýa-da juda sowatsyz bolmaýarsyňyz. Şeýle hem, muny ederden hiç haçan juda ýaş hem bolup bilmeýärsiňiz.

Birgiden mesihi zenanlara gözümi aýlanymda, olaryň köpüsiniň özleriniň durmuş tansyny we gullugyny şeýle ajaýyp ýerine ýetirýänini görüp, meniň aňk bolýan wagtlarymyň bolýandygyny boýun alýaryn. Häzirki döwürde öň hatarda barýan owadan, batyr, päk ahlakly ýaş zenanlar şeýle köp welin, meniň ýüregim umytdan dolýar. Men, belki, ýokary dyrmaşmagy bes etmelidirin, belki-de, aşak typmaga çen bolandyr diýip pikir edip başlaýaryn. Öňräk men bu barada pikir edenimde, Mukaddes Ruhuň özüme düzediş berýän sesini eşitdim. «Olaryň peýda bolmagy seniň yza çekilmelidigiňi aňlatmaýar. Sen tutanýerlilik bilen öňe gitmegi dowam etdirmelisiň. Olaryň seni yza iteklemegini Men meýilleşdirmedim, goý, olar seni öňe itsinler».

Meniň ýokary galmamyň traýekturasynyň dürli bolmagy mümkin, ýöne men hiç haçan Hudaýyň maňa: «Aşak seret, elleriňi goýber» diýenini eşitmedim. Ol: «Ýokary gal. Ruhlan!» diýýär. Hudaýyň gyzlary birlikdekäler, men Rebbiň şöhratyny görýärin.

Şeýlelikde, söýgüli zenanlar, men öz yhlasymy siziň bilen paýlaşýaryn. Bu siz! Mesh Edileniň, Mesihiň sizde aýan bolmagy üçin men doga-dileg edýärin we zähmet çekerin. Başda diňe siziň özüňize ynanylan zady tapyp bileriňiz ýaly, men siziň Onda ýaraglanmagyňyza we kök urmagyňyza sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn. Iň wajyp gözlegiňizde – Rebbiňizi gözlemekde – size kömek etmäge men teşne. Bu kitaby ýazyp otyrkam, özümiň juda giň tema geçip gidenime düşündim, sebäbi biz özümiziň mähribanlygymyz ugrunda söweşýän bäsdeşlerden doly günlerde ýaşaýarys. Pawlus başga döwürde ýaşapdy, şeýle-de bolsa, onuň söýýän ýygnagy hem edil şunuň ýaly söweşleri başdan geçirdi.

> «Men sizi Hudaýyň gabanjaňlygy bilen gabanýaryn. Onuň öňünde päk gelinlik hökmünde durmagyňyz üçin, men sizi ýeke-täk Ýigide

> – Mesihe – adagladym. Ýöne Howuň mekir ýylandan aldanyşy ýaly, siziň hem aklyňyz Mesihe päk hem arassa bagyş edilmeden gyşaraýmasyn diýip gorkýaryn. Eger kimdir biri ýanyňyza gelip, size biziň wagyz eden Isamyzdan başgasyny wagyz etse ýa-da eýýäm alan Ruhuňyzdan başgasyny alsaňyz ýa-da eýýäm kabul edeniňizden başga hoş habary kabul etseňiz hem, siz bu zatlara örän gowy çydam edýärsiňiz» (2 Kor. 11:2–4, häzirki zaman terjime).

Ýa-da Mukaddes Kitabyň «The Message» terjimesinde ýazylyşy ýaly:

> «Meni gaýgylandyrýan zat, siziň ugruňyzda näme sebäpden beýle ýanýandygyma sebäp bolýan zat – bu içimde alawlaýan Hudaýyň yhlasydyr! Öz ýigidine päk hem arassa hödürlenilýän gelinlik hökmünde, men siziň eliňizi we ýüregiňizi Mesihe wada berdim. Indi bolsa men, özüniň ýumşak sözleri bilen Howy aldan ýylan sizi-de özüne çeker, siz hem özüňiziň Mesihe bolan ýönekeý arassa söýgiňizden ýüz öwrersiňiz diýip gorkýaryn. Kimdir biri biziň açanymyzdan başga Mesihi – başga ruhly başga habary – size wagyz edýän ýaly, sizem onuň bilen ylalaşýan ýalysyňyz».

Maňa ene hökmünde gulak asyň – mama hökmünde bolsa-da bolýar: siz ylalaşyk üçin, meňzemek üçin ýaradylmadyňyz. Ýaradan siziň aýratynlygyňyzy DNK-ňyza ýerleşdirdi. Onuň söýgüsini we şöhratyny gaýtalanmajak tärde beýan etmäňizi dünýä diňe siz sowgat edip bilersiňiz, muny edişiňiziň miwesi we munuň üçin berilýän sylag size bakyýetde hemralyk eder.

## Ebedi täçler

Bu kitabyň iň başynda siziň kimdigiňizi we Hudaýyň Kim bolup durýandygyny hem-de özümize berlen gurallary ulanyp, Onuň bilen has ýakyn gatnaşyklary nädip tapmalydygyny men jikme-jik aýtdym. Bizi Hudaýyň tebigatyna dahylly edýän çäksiz hem gymmat wadalardan başga-da, ygtyýary alamatlandyrýan bezegler hem bar.

Men şaý-sepleri gowy görýärin, ýöne hemmesini däl-de,

taryhy bolan şaý-sepleri gowy görýärin. Özümiň adaglanma we toý ýüzüklerim, biziň nikamyzyň taryhyny möhürledi. Mende her oglumyň doglan günüme sowgat beren ýüzükleri bar. Mende gylyjy alamatlandyrýan monjuk, ok görnüşindäki bilezik we ýene bir sany, gyz hökmünde söweşmäniň nämedigini aňladýan bilezik bar. Mende dostlarymyzyň sowgat beren we durmuşymdaky ähmiýetli wakalar ýa-da özgerişler bilen baglanyşykly bolan şaý-sepler bar. Sowgadyň aňyrsynda duran ähmiýet we wagt, onuň bezegmidigini ýa-da ýöne bir ikinji derejeli zatmydygyny kesgitlemäge maňa kömek edýär.

Men Hanna Harnardyň ýazan «Seniň belentlikleriňe tarap ýol» atly mesihilik nowellasyny diýseň gowy görýärin. Men bu eseri ýigrimi ýaşdan ulurak wagtym birinji gezek okapdym, ýöne ol şu güne çenli-de meniň ýanymda bolup gelýär. Men ony çagalaryma ýetginjekkäler okap berdim, özümem ony mätäçlik ýüze çykanda, häzire çenli-de okaýaryn. Bu allagoriýaly eserde gorkudan doly bir ýaş aýal öýünden belentliklere, daglara, kämil söýginiň gorkyny kowýan ýerine gidýär. Ýoluň dowamynda oňa köp aýlawlar, öwrümler we synaglar duş gelýär, şonuň ýaly ýerleriň her birinde Waý-Gorkýan atly gahryman aýal sypa gurýar-da, ondan bir bölejik ýadygärlik daşyny alyp, ony torbasynda göterip ýörýär. Belli bir wagtda ol şeýle göwnüçökgünlige düşýär, şonda wadalar oňa şeýle uzakda ýaly bolup görünýär, şol sebäpden ol, diňe lapykeçlikleri ýatladýan bir zat hökmünde, ýadygärlik daşlaryny peýdasyz bir zat ýaly edip zyňma islegini duýýar. Ýöne birazrajyk pikirlenenden soň, ol barybir daşlary yzyna ýygnap alýar. Olar peýdasyz bolup çykmaýar, sebäbi soňrak olaryň her biri onuň täjindäki bir bezege öwrülýär.

Ylahyýetçiler Mukaddes Ýazgyda bäş sany takyk täç ýatlanylyp geçilýär diýip hasap edýärler. Dogrulyk täji öz günälerimizi we utanjymyzy Mesihiň dogrulygyna öwrenimizde, Ol bize Özüniň gutulyş täjini geýdireninde alýan täjimizdir. Şatlyk täji, ýagdaýlara garamazdan, Hudaýa sežde edýän we Ony şöhratlandyrýan adamlar üçin niýetlenendir. Şöhrat täji – Onuň gaýdyp gelmegine sabyrsyzlyk bilen garaşýanlar üçindir. Kitabyň galan soňky birnäçe sahypalarynda galan iki täç hakda gürrüň etmek isleýärin.

## *Solmaýan täç*

Ol barada 1 Korintoslylarda (9:24–27) gürrüň edilýär:

> «Siz näme, stadionda ylgaýanlaryň hemmesiniň ylgaýanyny, ýöne baýragy biriniň alýanyny bilmeýärsiňizmi? Ony almak üçin sizem ylgaň-da. Ylgawçylaryň hemmesi tutanýerlilik bilen türgenleşýärler, ýöne olar solýan täji almak üçin şeýle edýärler, biz bolsa, solmaýan täji almak üçin edýäris. Edil şonuň ýaly, menem maksatsyz ylgamaýaryn! Men ýumruk bilen söweşýän adam ýaly, howany biderek ýere ýumruklamaýaryn! Ýok, Habary başgalara yglan edenimde, ýaryşa özüm goýberilmän galmaz ýaly, men bedenimi berkidýärin we ony öz islegime tabyn edýärin» (häzirki zaman terjime).

Bu täji ylgawyň baýragy hökmünde alýarlar, biziň türgenleşigimiz bolsa, özümiziň ylgaýşymyza täsir edýär. Türgenleşme beýle bir hezil iş däl, şeýle-de bolsa, bu kämilleşmeden mahrum etme we ýeňliş däldir. Köp ýagdaýlarda Mukaddes Ruh biziň türgenleşdirijimizdir.

> «Rebbi gynandyrmaň. Onuň ýüregini paralamaň. Onuň sizde hereket edýän we dem alýan Mukaddes Ruhy durmuşymyzyň iň mukaddes bölegi bolup, Ol bizi Oňa ýaramly edýär. Bu sowgady bolaýmaly zat ýaly hasap etmäň» (Ef. 4:30, «The Message»).

Hemme zada rugsat edilendir, ýöne hemme zadyň ylgawy gowy ylgap geçmäge kömek etmeýşi ýaly, hemme zat takwa bolmaklyga ýardam etmeýär. Ýöne munuň üçin nämäniň gerekdigini Hudaý bilýär. Bize haçan çaltlaşmagyň gerekdigini, haçan ylgawy haýallatmalydygyny Ol bilýär. Kimi aýratynlykda türgenleşdirmelidigini, kimi-de köpräk saklamalydygyny Ol bilýär. Onuň tekliplerine eýersek, biz ýeňeris. Biz çüýrejek zatlar üçin ylgamaýarys-da, bakyýete tarap ymtylýarys.

> «Ýerde özüňize hazyna ýygnamaň, bu ýerde ony çüýreme we pos zaýalaýandyr we ogrular girip ogurlaýandyr. Gowusy özüňize Gökde hazyna ýygnaň, ol ýerde hiç zat – çüýreme-de, posam – olary ýok etmeýär we ol ýere ogrularam girip, ogurlap bilmeýär. Çünki hazynaňyz nirede bolsa, ýüregiňiz hem şol ýerde bolar» (Matta 6:19–21, häzirki zaman terjime).

Ýüregiňiz gökde bolanda, siz göge barýan ýoly-da tapyp bilýärsiňiz. Siziň hazynaňyz ýüregiňizde gizlenen we söýgi bilen goralýar. Biz sözden, pikirlerden, kitaplardan, düşünjelerden, gözellikden, döredijilikden we akyldarlykdan doly dünýäde ýaşaýarys. Bu sanawdakylaryň köpüsi örän ajaýyp zatlardyr. Ýöne onda howply bolan bir zat, sizi çekmäge hökman synanyşjak, ezjek bir zat bar, şonuň üçin siziň ýoldan doly çykjak pursatyňyzyň bolmagam mümkin. Hudaýyň Sözi bize duýduryş berýär:

> «Bu dünýäni-de, dünýädäki zatlary-da söýmäň. Kim dünýäni söýýän bolsa, onda Ata bolan söýgi ýokdur, sebäbi dünýäde bolan ähli zatlary - ten höwesleri, göz höwesi we ýaşaýyş tekepbirligi – Atadan däl-de, dünýädendir. Dünýä we dünýäniň höwesleri geçip gider, ýöne kim Hudaýyň islegini ýerine ýetirse, baky ýaşar» (1 Ýohanna 2:15–17, häzirki zaman terjime).

Bu zatlaryň hemmesi özüniň ýerdäki zatlara bolan ysnyşygy bilen bizi daňýar we duşaklaýar.

Bu dünýäniň höwesleri üç derejä bölünýär:

1. Ten höwesi ýa-da hemme zadyň biziň isleýşimiz ýaly bolmagyny islemek.
2. Göz höwesi ýa-da gözüňize ilen zatlaryň hemmesini almagy islemegiňiz.
3. Ýaşaýyş tekepbirligi ýa-da wajyp adam bolup görünme islegi.

Biziň her birimize şu «bäsdeşleriň», üçüsi bilen bolmasa-da, az bolanda, biri bilen söweşmeklik garaşýar. Olar sansyz-sajaksyz

mukdardaky usul bilen ýüze çykyp biler we olaryň her biri durmuşyň dürli döwürlerinde, dürli keşpde bolup biler. Adamym bilen ýaňy durmuş guran wagtlarymyz, entek çagalarymyz ýokka, men juda egoistdim. Eger hemme zadyň meniň isleýşim ýaly bolmagyny isländigimi we dükanda gören zatlarymyň hemmesini satyn almaga taýýar bolandygymy aýtsam, ýalan sözlemerin diýip pikir edýärin. Hudaýa şükür, meniň bu ýigrenji hereketlerimi kanagatlandyrar ýaly, biziň pulumyz ýokdy, ýöne bu meniň ol zatlary görmändigimi we islendik usul bilen ony almagy islemändigimi aňlatmaýar. Soňra bäş ýylyň dowamynda, meniň üç çagam boldy, şonuň üçin indi meniň bar isleýän zadym, azajyk irkilmekdi! Wajyp adam bolup görünme islegim barada aýtsam, ýaşym ulaldygyça, maşgalam, dostlarym we birnäçe ruhy gyzlarym üçin, gymmatymyň bardygyna düşünmegiň doly ýeterlikdigini köpräk duýýaryn.

Köplenç biziň hereketlerimizi kesgitleýän bu höwesler bakylygyň agramy astynda çym-pytrak bolmaga duçar edilen dünýä baglanylandyr.

Hemme zat: köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, aýdymlar, mahabatlar we göwün açmalar – ten höwesini iýmitlendirmäge gönükdirilendir. Adamzat taryhynda biz hiç haçan hem, özümize hiç hili dahyly bolmadyk adamlara şeýle içgin ýakynlaşma duş gelmändik. Özleriniň görýän adamlary (dostlary, garyndaşlary) bilen gatnaşyklary ýola goýmak adamlara kyn bolanda, görmeýän Hudaýymyz bilen gatnaşmagyň olar üçin ullakan kynçylykdygy geň zat däldir.

> «... kim Hudaýyň islegini ýerine ýetirse, baky ýaşar»
> (1 Ýohanna 2:17).

Dünýäden aýrylmak üçin biz öz islegimizi ýatyryp, Hudaýyň islegini kabul edýäris. Onda biz howply gatnaşyklardan saplanma tapýarys.

> «Hudaýyň Rebbi bütin kalbyň, bütin janyň, bütin güýjüň we bütin düşünjäň bilen söý, goňşyňy özüňi söýşüň ýaly söý» (Luka 10:27).

Durmuşyňyzda Hudaýyň söýgüsi bol bolanda, bu dünýäniň dartyşy azalýar. Hudaý hakda pikir edenimde we Oňa özümi söýmäge rugsat berenimde, özüme ýönekeýräk seredýändigimi duýýaryn. Özüme ýönekeýräk seredenimde bolsa, töweregimdäkileri köpräk söýýärin. Hudaýda ünsümi jemlänimde, başgalara söýgi görkezenimde, boş zatlaryň yzyndan ylgamaga esli derejede meýlim azalýar, sebäbi meniň garaýyşlarym şol ummany doldurýar.

> «Imansyz adamlar, eýsem, siz bu dünýä bagly bolmagyň Hudaýa duşmançylykdygyny bilmeýärsiňizmi? Kim dünýäniň dosty bolmak isleýän bolsa, şol Hudaýyň duşmany bolar» (Ýakup 4:4, häzirki zaman terjime).

Käwagt men özümden Mukaddes Ýazga çynlakaý seredýänmidigimizi ýa-da onuň indi biziň «merhemet gurluşygymyzda» ulanylmaýanmydygyny soraýaryn. Öz Ýaradyjysyna garşy çykmagy akyl ýetirip saýlaýan birini göz öňüne getirmek kyn. Pawlus bir wagtyň özünde kanun astynda hem-de merhemet astynda ýaşamak islän zynahorlar bilen işleşdi. Ýakup ebedi ähti bolanlara ýüzlenýär, ýöne kimdir biri, Lutuň aýaly ýaly, bu dünýäniň täsiri bilen söweşýär.

Bellige alyň, bu gozganma bary-ýogy dünýä bilen dostluk söýüjilikli bolmakdan, has takygy, ähli dünýewi zatlara çydam etmekden başlanýar. Bu ýerde Ýakup takyk näme diýýär? Bu dünýede dost tutunmak, hatda dünýewi dostlary hem tutunmak, dünýä bilen dostlaşmak bilen bir zat däldir. Biz dünýäde dostly bolmalydyrys, ýöne dünýä dost bolmaly däldiris. Birinjini ýerdäki ilata bolan gatnaşykdyr, ikinjisi, bu dünýäniň gymmatlyklary bilen dost bolmagy göz öňünde tutýar. Siz hiç haçan özüňiz kimiň ygtyýary astynda bolsaňyz, şonuň üstünden hökümdarlyk edip bilmeýärsiňiz. Biz öz dünýämize duýgudaşlyk görkezmeklige çagyrylandyrys, ýöne onuň işlerini höwes etmeli däldiris.

Bu şuny aňladýar:

- Bu dünýä bilen bilelikde çykarynmak däl-de, dünýädäki ýalaňaçlary geýindirmek.

- Dünýewi zatlara aç bolmaly däl-de, bu dünýädäki açlary naharlamak.
- Biz dünýä bilen bir düşekde bolmaga däl-de, ejir çekýän dünýäniň düşeginiň ýanynda oturmaga çagyrylan şypa beriji ilçilerdiris.
- Hatda adamlar bilen şahsy derejede gatnaşykda bolanymyzda-da, özümizi Patyşalygyň, Patyşanyň tabşyryklaryna hormat bilen garalýan ýeriň ilçileri hökmünde alyp barmalydyrys. Bu şol gatnaşyklara garşy çykyljak günüň geljekdigini aňladýar.

Solmaýan täji almak üçin biz bäsdeşligimizi taşlap, Hudaýyň Özüni söýme, başgalary söýme we özümizi söýme çagyryşyny kabul etmelidiris.

## *Ýaşaýyş täji*

Iň soňunda, soňky täç – ýaşaýyş täjidir. Hemme zatdan çen tutsaň, ony ejir çekenleriň täji diýip atlandyrmak hem bolar. Ýewreýlere hatda «iman atalary» hökmünde sanalyp geçilen Mukaddes Kitap gahrymanlaryň köpüsi  - Stefanus, Petrus Mesihiň başga-da köp şägirtleri – bu täji aldylar, biz bakyýetiň bu tarapyndakak olaryň köpüsiniň atlaryny bilmeris. Olar hemme zatlaryny beren adamlardyrlar. Ýaşaýyş täji deňi-taýy bolmadyk baha bilen alynýar.

> «Ölýänçäň, sadyk gal, Men saňa ýaşaýyş täjini bererin. Gulagy bar adam Ruhuň ýygnaklara näme diýýänini eşitsin. Ýeňen ikinji ölümden zyýan görmez» (Aýanlyk 2:10, 11).

Mukaddes Kitabyň «The Message» terjimesinde bu aýadyň açylyşy maňa diýseň ýaraýar: «Mende ýörite seniň üçin, seniň ölçegiňde ýasalan ýaşaýyş täji bar, ol eýýäm saňa garaşýar».

Biz köp adamlaryň ýürekleriniň we köp adamlaryň gorkudan eräp gutaryp barýan döwründe ýaşaýarys. Zalymlyk, keseller, açlyk we uruş ölümden gorkmany emele getirýär. Töhmet, aýyplama we yzarlamalar

adamlardan gorkmany emele getirýär. Şeýtanyň bizi hereketsizligiň girdabynda gark etmek we mydama özümizi goramaga mejbur etmek isleýäni göze görnüp dur. Edil Neron ýaly, bir tarapdan ol bizi zalymlyk hem eýmençlik bilen söndürmek, başga bir tarapdan hem, baýlyk we azgynçylyk bilen aldamak isleýär. Biziň ömrümize çüwdürimiň ýanynda teňňe ýygnap we arzuw edip, onuň içine teňňeleri oklap durmagymyzy duşman hemme zatdan-da köp isleýär. Ýöne ol täji almak üçin, çuň ýere çümmek gerek.

**Bu täji almak üçin, çuň ýere çümmek gerek.**

Öňräk bir günüň içinde maňa üç sany erbet waka duş geldi. Olaryň ikisini men iki gyzymyň biriniň torlarynda okadym. Ol maşgalasy bilen Ysraýylda seksual gulçulygy bilen göreşme guramasyna ýolbaşçylyk edýär. Birinji makalada men ýüz elli sany ýaş gyzyň we aýalyň öz janlaryna kast edendikleri barada okadym. Olaryň hemmesi IGIL terrorçylyk guramasynyň esgerleri tarapyndan ele salnypdyrlar-da, seks gyrnaklar hökmünde saklanylypdyrlar. Şeýle-de çekerden agyr gelýän üstden gülmeleriň (ruhy hem fiziki) ýaralarynyň üstüni ýetirmäge çalyşýan ýaly, terroristler olaryň tenlerini itlere iýmit edip beripdirler. Öz gözlerime ynanman, men bu habary köp gezek gaýtalap okadym. Eýsem, munuň ýaly utançsyz zalymlyk hakykat bolup bilermi?! Şu wagta çenli, bu setirleri ýazyp oturan wagtyma çenli-de, gözümiň öňünde itleriň şol gyzlaryň bedenlerini böleklere bölüşleri dur. Öz pikirlerimiň şekillendirýän şekilinden ýaňa tisginip gidenimde, Aýanlyk kitabyndaky sözler ýadyma düşýär:

> «Aždarha aýal sebäpli gaharlanyp, onuň galan çagalarynyň – Hudaýyň buýruklaryny berjaý edýänleriň we Isa baradaky şaýatlygy adamlara ýetirýänleriň – üstlerine uruşmaga gitdi» (Aýanlyk 12:17, häzirki zaman terjime).

Munuň ýaly etmişler adam het ederden juda gazaply... Munuň ýaly zada diňe wagşy aždarha ukyplydyr. Munuň ýaly gazap aýala

we Rebbiň tabşyryklaryny saklaýan we Isa hakdaky şaýatlyga berk ýapyşýan çagalara gönükdirilendir (Aýanlyk 12:17, «The Message» seret). Soňky on günüň içinde bu şekil meniň üçin gitdigiçe gaýgyly bolup, akla sygmajak masştablara baryp ýetdi.

Indiki makalada Gurhany ýat tutan erkekleriň seksual gyrnaklar bilen sylaglanýandygy hakda gürrüň berilýärdi. Kapyrlary zorlamaklyk sežde etme işi bilen deň hasaplanylýardy. Muňa düşünmek kyn, ýöne bu kitap çap edilmäge giden wagtynda, mundan-da beter wagşyçylykly jenaýatlar tolkuny öz aşagynda bu eýmençlikleri jaýlap ýetişer diýip gorkýaryn.

Üçünji waka meniň iş poçtama uçup geldi. Bizde bir esasy işgär bolup, ol yzarlamalaryň ýa-da garyplygyň adamlara mesihilik maglumatlaryny almagy çäklendirýän ýurtlaryna media-resurslaryň we edebiýatlaryň paýlanylmagyna gözegçilik edýär. Biziň Ýakyn Gündogarda işlän, gaýduwsyz dostlarymyzyň biri Siriýada mesihiler atylan wagtynda öldürilýär. Bu adamyň wepat boluş ýagdaýyny düşündirenlerinde, bize şeýle ýazypdylar: «Käbirleri köp zadyny bermäge, kimdir biri-de hemme zadyny bermäge çagyrylandyr».

Men bu täzelige aňk bolup galdym. Duşuşyga barýarkam ýolda men onuň duýdansyzlykda dul galan aýalyna hatda ýazjak zadymy pikirimde düzmäge synanyşdym. Näme ýazsam-da, onuň aýalynyň durmuşyny we düşen ýagdaýlaryny kemsitme ýaly bolaýjak ýaly duýdum. «Gynanýaryn» — juda ýüzleý boljakdy, «sag bol» — bu ýagdaýda ýerliksiz ýaly bolup göründi. Hiç haçan ejir çekip ölmäni bilmedik men, öýümde doly howpsuzlykda oturyp, oňa hat ýazjakdygymy bilýärdim. Mydama elimiň astynda mesihilik aýdymlary, senalary bar, mende okajagymdan-da köp Mukaddes Kitaplar we mesihilik kitaplarym bar. Meniň ammarlarym iýmitden, şkaflarym geýimden doly, ýöne bu gün agtyklaryma seredenimde, olar biziň Mesihdäki erkek hem aýal doganlarymyz şunuň ýaly agyrylary çekýändirler diýip pikir hem etmän, gülüşýärler we oýnaýarlar.

Men utandym. Men birden özümi öz durmuşymyň üstünden gülnen ýaly, meniň janym boş balykgulakdan gymmat däl ýaly

duýdum, bilýän we özümde bar zatlaryň hemmesi birden, agtyklarymyň üfleýän sabyn köpürjikleri ýaly, ähmiýetsiz boldy. Men kimdir birine jaň etmek isledim. Men özümden ulurak we paýhaslyrak, hatda içimde ör boýuna galýan soraglaryň ýekejesine-de jogap berip bilmese-de, şu wagt nämäni başdan geçirýänime düşünip bilýän aýala jaň etmek isledim.

Mende kän «näme üçin» bardy. Näme üçin mende şeýle köp zat bar, ummanyň beýleki tarapyndaky aýallar bolsa, şeýle çykgynsyz ýagdaýlara düşüp, ýene birje pursat ýaşanyndan, öz janlaryna kast etmäge taýýar bolýarlar? Adalat nirede? Men özümiň duýýan gynaýjy kalbyň agyrysyny bir zat etmek isledim. Şonda özümi deňeşdirip başlamanyň üstünde tutdum. Munuň ýaly gapma-garşylyklary duýmakda hiç hili erbet zat ýok, ýöne deňeşdirme özbaşyna bir peýdasyz zatdyr. Bu soraglara jogap ýok. Diňe aždarha öwrülen ýylan bar, onuň täsiri astyna düşen erkekler hem aýallar biri-birlerine garşy aýylganç hereketleri edýärler. Şonda men özümde saýlawyň bardygyna düşündim. Men şol gaharly soraglary bermegi dowam etdirip bilýärdim ýa-da durmuşymdaky sorag belgileriniň ýüzlenme belgilerine öwrülmegine rugsat edip bilýärdim. Men gözýaşlarymy süpürdim we olaryň durmuşy maňa grammatika sapagy bolup hyzmat eder we durmuşymyň dogry dyngy belgilerini goýmaga kömek eder diýen karara geldim.

Yzarlamalar baradaky munuň ýaly wakalar täzelik däl, olar her asyrda-da bir gezek bolup goýmandy. Elli bäş ýaşymda men, bakyýetiň bu tarapynda bolup ýörkä, barybir hiç haçan jogap berip bilmejek soraglarynyň üstünde kelle döwmeýän aýal derejesine ösüp ýetişmelidim. Ýaş aslynda manysy bolmadyk zada öz-özünden many berip bilmeýär. Biz eýýäm pellehananyň göni ýolunda, biziň günlerimizdäki wakalar bolsa, bakyýeti has-da gözelleşdirýär. Şonuň üçin, mümkinçiligimiz barka, bize gowy zähmet çekmek gerek. Bu taryh diňe bakyýetde mana eýe bolup biler, häzirlikçe bolsa, biz bu ýerde we häzir doga-dileg edip we dogalarymyzy Hudaýyň eşitjekdigine ynamly bolup bileris, eger ýüreklerimiz bäsdeşlikden,

göripçilikden we deňeşdirmelerden azat bolsa.

> «Çagyrylanyňyzda bir umyda çagyrylyşyňyz ýaly, ten bir, Ruh bir, Reb bir, iman bir, çümdüriliş birdir. Hemme zadyň üstünde, hemme zat arkaly we hemmäňizde bolan hemmäniň Hudaýy hem Atasy birdir. Biziň her birimize Mesihiň sylagynyň ölçegine görä merhemet berildi» (Ef. 4:4–7).

## Öz durmuşyňyz bilen ýaşaň!

Bize şeýle köp zat peşgeş berildi: biziň özboluşly nukdaýnazarymyz – bu peşgeşdir, gören we başdan geçiren zatlarymyz – bu-da peşgeşdir. Bizde saýlaw bar. Biz bu zatlaryň hemmesini çym-pytrak edip, hiç zat etmän bileris. Biz şol peşgeşlere adaty bir zat hökmünde seredip, özümiziň lapykeç bolmagymyza ýol berip bileris. Ýa-da başdan geçiren pursatlarymyzyň güýjüne haýran galmagy bes etdirmän we öňe gitmek bilen ýaşap bileris.

Soňky on ýylyň dowamynda men ene ýolbarslar, gylyçly hem haçly zenanlar, aýal hökmünde nähili söweşmelidigi, kalbyň terbiýesine garanda, gözýaşly posalar barada köpräk ýazdym. Indi bolsa, ýazýaryn we siziň içiňizde öz wagtyna garaşýan zatlaryň hemmesi amala aşar diýip umyt edýärin. Sebäbi:

> Siz deňi-taýy bolmadyk gyz ýaly ýaşamaklyga çagyrylan gyzsyňyz.
> Siz deňi-taýy bolmadyk Ata tarapyndan söýülýärsiňiz.
> Siz deňi-taýy bolmadyk döwürde ýaşaýarsyňyz.
> Siz deňi-taýy bolmadyk ýurtdansyňyz.
> Siz deňi-taýy bolmadyk gurbanlygyň bahasyna satyn alyndyňyz.
> Size deňi-taýy bolmadyk at ynanylan.
> Size Onuň Ruhunyň deňi-taýy bolmadyk güýji berlen.
> Siz deňi-taýy bolmadyk dili bilýärsiňiz.
> Siz deňi-taýy bolmadyk Teniň bir bölegisiňiz.
> Size deňi-taýy bolmadyk tabşyryk berlen.
> Siz deňi-taýy bolmadyk ýarag bilen ýaraglanan.
> Siz deňi-taýy bolmadyk urşa gatnaşýarsyňyz.

Siz deňi-taýy bolmadyk dilegi etmeklige çagyrylan.
Biziň öňümizde deňi-taýy bolmadyk mümkinçilikler bar, sebäbi biz deňi-taýy bolmadyk hasyl meýdanynda goýlan.
Biziň ykbalymyz — bu deňi-taýy bolmadyk bakyýetdir.

Geliň, gözellikde, güýçde, gowy işlerde we beýiklikde deňsiz-taýsyz bolup ýaşalyň... kimdir biri köp zadyny berýär, kimdir biri-de hemme zadyny berýär.

Rebbiň öňünde umydy şöhlelendirip, Oňa wepaly gulluk edip we hemişe hem-de hemme ýerde söýüp ýaşaň. Siz meniň aýal doganym we joram, siziň deňeşdirip bolmajak ykbalyňyz bardyr. Şeýlelikde, söýgüden dörän batyrlyk bilen ýöräň, öz ykbalyňyzy gaýratly ýaşaň!

## Pikirlenmek üçin soraglar

1. Feklanyň taryhy size näme hakda gürrüň berdi?
2. Dünýä bilen dostluk we dünýäniň dosty bolmagyň arasynda näme tapawut bar?
3. Durmuşyňyzyň haýsy ulgamynda size dyngy belgileri çalyşmak gerek?
4. Özüňiziň deňeşdirip bolmajak durmuşyňyza tarap siz nähili ädimleri ädersiňiz?

# MINNETDARLYK SÖZLERI

Göz öňüne getirip görüň, eger biziň her birimiz özümiziň näderejede söýülýändigimize we gymmatdygymyza düşünsek, onda dünýä nähili bolardy. Liza Biwer özüniň «Bäsdeşsiz» atly kitabynda bizi özümiziň Hudaý tarapyndan üýtgeşik edilip ýaradylandygymyzy we söýülýändigimizi bilmeklige hem-de muňa düşünmeklige ruhlandyrýar. Hut şunuň üçin hem, biziň her birimiz Hudaýyň maksadyny berjaý etmekde aýgytly hem wajyp çagyrlyş aldyk. Bu kitap – Hudaýa we Onuň siz üçin kesgitlän wezipesine tarap okdurylmaga bolan çagyryşdyr.

- **Holli Wagner,** ruhy çopan we awtor

Biz azaşan janlardan doly bolan dünýäde ýaşaýarys. Ol janlar nädogry ýerlerden özlerine meňzeşleri gözläp ýörler. Bu kitap – erkeklere we aýallara hakyky ruhy meňzeşligiň çeşmesini görkezýän kompasdyr. Biz Hudaýa degişlidiris, Ol bizi saýlady, şoňa görä hem, biz üýtgeşik usulda söýülýändiris. Liza bu ebedi hakykatlary durmuşa diýseň gowy ornaşdyrdy. Bu kitap hökman okalmalydyr!

- **Bredi Boýd**, Koloradanyň Springs şäherindäki «Nýu Laýf Çerç» ýygnagynyň ruhy çopany we «*Işlilige garaşlylyk*» atly kitabyň awtory

Liza Biwer «Bäsdeşsiz» atly kitabynda Hudaýyň bizi kim edip ýaradandygy, Onuň her birimizi şahsy taýdan, aýratynlykda söýýändigi baradaky çuň hakykaty paýlaşýar. Bu kitaby okanyndan

soň, kimdir biriniň özüni Hudaýyň söýýändigine şübhelenjegini göz öňüne getirip bilmeýärin!

- **Kris Hojis**, «Çerç of haýlends» ýygnagynyň uly ruhy çopany we «*Arassa howa*» hem-de «*Dört käse*» atly kitaplaryň awtory

Eger sizde haçan hem bolsa bir wagt şahsy taýdan çökgünlik bolan bolsa, onda bu kitap hemme zady üýtgeder. Mesihde her birimiziň kimdigimize düşünmeklik bizi üýtgeder. Özümizi howpsuzlykda saklamaga dyrjaşmaga derek, biz Hudaýyň beýik gutulyş maksadynda öz ornumyzy eýeläris.

- **Şeýla Uolş**, «*Hudaý göwnüçökgün adamlary söýýär*» we «Imanly aýallar» konferensiýasynyň esasy çykyş edijisi

«Bäsdeşsiz» kitaby wajyp hakykatlary açyp görkezýär, şoňa görä-de, men onuň bu nesle güýçli täsir etjekdigine ynanýaryn. Liza Biwer Hudaýyň söýgüsini täzeçe, şeýle owadan hem açyk görnüşde berýär welin, ol, elbetde, her bir okyjynyň göwnünden turar. Okyjylar bu täsin kitaba çuňdan-çuň aralaşdyklaryça, Hudaýyň özlerine bolan söýgüsi, şeýle hem, Onda özlerine meňzeşligi tapmagyň nähili wajypdygy barada şonça-da köp zady bilerler.

- **Metýu Barnett**, «Drim merkezini» esaslandyryjy

«Bäsdeşsiz» kitaby – Hudaýyň hemme adamlara bolan söýgüsini ýatladýan ajaýyp kitapdyr. Liza bu tema täze açyşlar bilen çemeleşip, öz pikirlerini owadanlap hem az sözlülik bilen beýan edýär. Bu hakykatdan hem ajaýyp kitap bolup, ol her bir okyjyny ruhlandyrar.

- **Kerolaýn Barnett**, «Drim merkeziň» ruhy çopany

Bäsdeşlige we deňeşdirmelere gurşalan dünýäde bu kitaby her bir ene, gyz, lider we dost hökman okamalydyr. Özümizi biri-birimiz bilen deňeşdirmegiň deregine, el tutuşmagyň wagty geldi. Biri-

birimize çydam edip ýörmegiň deregine, biri-birimize begenmegiň wagty geldi. Bizde bäsdeşler ýok: şonuň üçin, hemmelere üstünlik gazanmaga mümkinçilik bereliň.

- **Şarlot Gambill**, «Laýf çerç» ýygnagynyň uly ruhy çopany, Bredford, Birleşen Korollyk

Eger siz özüňizi peýdasyz hasap edýän bolsaňyz ýa-da sizde maksada okgunlylyk ýok bolsa, onda “Bäsdeşsiz” kitaby – öz içiňizdäki tankytçyny dymmaga mejbur etmek üçin size gerek zatdyr. Hudaý sizi islendik ýagdaýlardan lezzet tapmaklyga we deňeşdirmesiz ýaşamaklyga öňünden belledi.

- **Ruhy çopan Stiwen we Holli Furtik**, “Eleweýşn Çerç” ýygnagy

Özüňiziň Hudaýyň ajaýyp eseridigiňize akyl ýetirmekden gelýän, Hudaýyň özüňize beren çagyryşyna girmegiňiz üçin sizde deňeşdirmesizem, bäsdeşsizem özüňize gerek zatlaryň hemmesiniň bardygyna düşünmekden gelýän azatlygy we ynamlylygy duýmaga Liza size kömek eder.

-**Wiktoriýa Ostin**, Tehas, Hýustondaky «Leýkwud çerçiň» ruhy çopany

Liza Biweriň «Bäsdeşsiz» kitaby özüňiziň Mesihe meňzeşligiňiziň täze ölçegine ymtylmaga galkyndyrar. Lizanyň kitaby ýiti düşünjeden we Hudaýyň akyldarlygyndan doly. Ol size närazylyk bildirýär, ruhlandyrýar we Rebbiň siziň durmuşyňyz üçin niýetlenen ýeke-täk çagyryşy üçin ýaraglandyrýar. Eger siz Rebbiň öz ykbalyňyz barada gürrüň edýän zadyna laýyk gelmek isleýän bolsaňyz, onda bu kitap siz üçindir! Men ony hakykatdan teklip edýärin.

- **Kris Walloton**, Kaliforniýa, Reddingdäki «Betel çerç» ýygnagynyň ruhy çopanynyň uly kömekçisi

Liza Biwer köp ýyllaryň dowamynda biziň ýakyn dostumyz boldy, şonuň üçin biz onuň «Bäsdeşsiz» kitabynda paýlaşýan akyldarlygynyň köplere azatlyk getirjekdigine ynanýarys. Bu kitabyň sahypalaryny okanyňyzda, deňeşdirmäni we bäsdeşligi ýeňip geçmekde size kömek etmegini Hudaýdan soraň hem-de Oňa sizi kim edip ýaradan bolsa, şony nädip kabul etmelidigini we şonuň gadryny nädip bilmelidigini görkezmäge rugsat ediň.

- **Jeýms Robison**, «LAÝF autriç interneýşneli» esaslandyryjy we onuň prezidenti

Men Lizany gowy görýärin. Onuň aýdýan sözi aktualdyr. Men hemmeleriň bu kitaby okamaklaryny we onuň habaryna ynanmaklaryny isleýärin. Özüňiziň kimdigiňize düşünmek we başgalara mätäçdigiňize akyl ýetirmek örän wajypdyr. Bu kitap sizi berkider; Ataňyzyň size özüňiziň hakyky, yranmaz meňzeşligiňizi görkezýänini duýarsyňyz.

- **Jenn Jonson**, sežde aýdymlarynyň lideri we “Betel Mýuzikdäki” aýdymlaryň awtory

«Bäsdeşsiz» kitaby – bu hemme ýaşdaky aýallar üçin galkynyşa bolan diýseň ajaýyp çagyryşdyr. Lizanyň biziň hemmämiziň Hudaý tarapyndan üýtgeşik tärde söýülýändigimiz we çagyrlandygymyz baradaky habary aňry ýany bilen wajypdyr. Men onuň yhlasyny we bu kitabyň her bir sahypasyny dolduryp duran gujuryny gowy görýärin.

- **Alli Uortington**, «*Işliligi çym-pytrak edip; dälirän dünýäde azatlygyň we maksadyň tapylyşy*»

Lizanyň batyr hem Ruhdan doly sözleri aýallary deňeşdirmeden, tekepbirlikden we göripçilikden azat etmäge kömek eder. Liza özüniň wagyz edişi ýaly hem ýaşaýar: siz Isa degişli bolanyňyzda, bäsdeşsizsiňiz.

- **Sara Bessi**, «*Isa – feminist*» we «*Bulaşan; Ösýän imana düşünme*» kitaplarynyň awtory

Lizanyň täze kitaby – bu ägirt uly hazynadyr! Bu kitap – Hudaýyň Öz aýalary bilen biziň ýüzümizi gujaklaýşynyň, ünsümizi Özüne gönükdirişiniň, soň hem, haýaljakdan ynam bilen: «Men seni soýýärin» diýşiniň hat ýüzüne geçrilmesidir.

- **Liza Harper,** awtor we Mukaddes Kitap mugallymy

Hudaýa degişliligiňize, Hudaýyň maşgalasyndaky aýratyn ornuňyza we Mesihiň häsiýetine düşünmeklik sagdyn ýüregiň we janyň dowamly ösmegi üçin aňry ýany bilen wajypdyr. Liza Biwerde Mukaddes Kitap hakykatyny düşündirmekde üýtgeşik ukyby, şeýle hem, bu baky ýörelgeler barada gürrüň gidende, şahsy aýanlyklaryda bar. Siz ýene diňe bir özüňiziň kimdigiňizi bilmän, eýsem Onuň hem Kimdigini – bäsdeşsiz kuwwatly Halasgärdigini bilersiňiz.

- **Braýan we Bobbi Hýustonlar**, «Hillsong» bütindünýä ýygnagyny esaslandyryjylar we uly ruhy çopanlar

Aýallara deňeşdirmeklik we bäsdeşlik mahsus bolan bu dünýäde Liza Biwer özüniň iň gowy başarýan zadyny edýär – ol: «Gyzym, sen birkemsizsiň, sebäbi üýtgeşik tärde söýülýärsiň» diýmek bilen aladaňy ediji, berkidiji we şypa beriji sözler bilen bizi özüniň zenan kalbyna ýakynlaşdyrýar. «Bäsdeşsiz» kitaby bizden bäsdeşlige mätäçligi aýyrýar, şondan soň biz Atamyzyň ýüregine sag-aman gonýarys-da, Onuň gujagynda kök urýarys. Bu kitaby has çuň gatnaşyklara, deňlige we maksada ymtylýan aýallaryň hemmesi hökman okamaly.

- **Krista Blek Glifford**, aýdymlaryň baýraklara mynasyp bolan awtory, wagyzçy we «*Hudaý owadan dälleri söýýär*» hem-de «*Şypa tapan ýürek*» kitaplarynyň awtory

Liza Biweriň «Bäsdeşsiz» atly täze kitaby – bu Hudaýyň biziň her birimize bolan aýratyn söýgüsiniň ajaýyp suratlandyrylmasydyr. Bu kitap bize özümizde bäsdeşiň ýokdugyny, sebäbi Onuň bizi Özünde üýtgeşik gymmatly hem Özüne meňzeşlikde ýaradandygyny ýatladýar. Bu kitaby biziň hemmämizem hökman okamalydyrys!

- **Jentezen Franklin**, “Fri çeýpel” ýygnagynyň uly ruhy çopany we “Nýu-Ýork Taýms” wersiýasy boýunça köp satylýan kitaplaryň awtory

Meniň gadyrly joram Liza Biwer muny ýene başardy. «Bäsdeşsiz» kitaby – bu güýçli, welilik ediji we ruhlandyryjy kitap bolup, ol özüňiziň kimdigiňizi we Hudaýyň gyzy hökmünde kime degişlidigiňizi açmakda size kömek eder. Bu kitaby tanaýan aýallaryňyzyň hemmesine sowgat beriň – meniň özüm-ä şeýle etjek.

- **Kristin Keýn**, «A21»-i we «Zenanlar üçin öňe süýşmäni» esaslandyryjy

Hudaý bizi birmeňzeş söýmeýär-de, üýtgeşik usulda söýýär. «Bäsdeşsiz» kitabynda Liza ýene täzeden güýç hem maksat edinmäge kömek etjek hakykatlary açyp görkezýär.

- **Mark Betterson**, «*Togalaklary çyzyjy*» kitabynyň – «*Nýu-Ýork Taýms*» wersiýasy boýunça köp satylýan kitaplaryň awtory hem-de “Neşnl komýuniti çerç” ýygnagynyň ruhy çopany

# BÄSDEŞSIZ




Biziň başgalary bäsdeş hökmünde görmegimiziň we deňeşdirmek we bäsdeşlik arkaly özümizi çäklendirmegimiziň bir sebäbi bar. Bizde öz-özümize we biri-birimize garşy tarapdar saýyp, umytda aňymyza, islegimize we duýgularymyza hüjüm edýän duşmanymyz bar. Ol bizi ýakyn baglanyşyklardan mahrum edýän, şahsyýetimiz hakda bulaşyklyk döredýän we çagyryşymyzda çäklendirýän nejis aýlawa alyp barýar.

Iň köp satylan kitaplaryň ýazyjysy Liza Biwer “Bäsdeşsiz” kitabynda, Hudaýyň söýgüsiniň aýan edilmeginiň bu baglanyşyklary nädip bozýandygyny paýlaşýar. Siz adamlary bäsdeş hökmünde görmegi nädip bes etmelidigi we öz arzuw edýän Ýaradyjyňyz bilen hakyky şahsyýetiň we ýakynlygyň wadasyny saklaýan çuňňur gatnaşyklary nädip gurmalydygy barada öwrenersiňiz. Liza degişme we hyjuw bilen, biziň döwrümiz üçin pygamberlik paýhasyndan doly bu sagdyn Injil taglymatyny kabul etmegiňizi talap edýär.

– Bäsdeşligi taşlaň we özüňizdäki iň gowy zatlary açyň. – Siziň hökmany gatnaşmagyňyz gerek bolan gepleşiklerden gizlenmegiňizi bes ediň. – Aýallaryň ähmiýetsizdigi, sadadygy we manysyzdygy baradaky pikirleri ret ediň. – Jynsy bäsdeşligi durmuşyňyzda ýaragsyzlandyryň we erkekler bilen bilelikde zähmet çekiň.

Bäsdeşsiz durmuşa gadam basmagyň wagty geldi.

**MessengerX.com** X -da elýeter

# GYLYÇLY GYZLAR




Hudaýyň Sözi – bu ulanylanyna garandan, öwrenileni has amatly bolan gylyçdyr. Gyzlara gylyçlary paýlap, olaryň ýeri we gögi çekişlerini synlamaga wagt boldy. Gelin-gyzlar bütin dünýä boýunça köneden galan urp-adatlaryň, seksual gulçulygyň, kemsitmeleriň we hatda gendersidiň nyşanyna öwrüldiler. Liza Biwer bu hüjümleriň aýallaryň geçmişde kim bolandygyny däl-de, olaryň gelejekde kim bolup biljekdigini habar berýändigi barada ýazýar. “Gylyçly gyzlar” atly kitabynda ol ruhy duşmanyň bu gyzlary ýaragsyzlandyrmagyň mümkinçiliklerini agtaryşy barada gürrüň berýär. Gelin-gyzlaryň gahryman bolaryna wagt gelip ýetdi, çünki Hudaý olary mert, paýhasly, saýgarmagy we bagyşlamagy başarýan edip ýaratdy. Gylyjyňy ýokary galdyryp, gahryman bolara wagt gelip ýetdi.

MessengerX.com X-da elýeter

# ENE ARSLANLARYŇ OÝANMASY

***Oýan we öz dünýäňi özgert***




Ene arslan ukudan oýanýar – kuwwatlygyň, joşgunlygyň we owadanlygyň ajaýyp keşbi. Onuň hakyky tebigaty – töwerekdäki dünýä hökümini ýöretmek, neslini goramak we erkek arslany kuwwatlandyrmak. Tutuş dünýä täsir etmekligiň hatyrasyna ene arslanlar toparda bütewi bir beden ýaly hereket edýärler.

**Siz hem arslansyňyz!**

Liza Biwer “*Ene arslanlaryň oýanmasy*” atly kitabynda ene arslanyň ýaşaýşyny we keşbini berk, şol bir wagtyň özünde-de näzik zenanyň keşbi hökmünde teklip edýär. Bu ajaýyp ýaradylan jandaryň oslagsyz häsiýetlerini açmak bilen, Liza zenanlary biri-biri barada alada etmäge, öz çagyryşynda hyzmat etmäge we dilegde güýçli bolmaga çagyrýar. Şu habar arkaly siz kämil bolmadyklary goramaga we ozal sessiz bolanlar üçin güýçlendiriji rupor bolmagyň mümkinçiliklerini ýüze çykararsyňyz.

Ýabany tebigatyň dünýäsinden alnan täsin deňeşdirmeler we Mukaddes Ýazgylaryň jümmüşinden alnan ene arslanlaryň keşbi arkaly “*Ene arslanlaryň oýanmasy*” aýallary birleşip, Ýer ýüzünde müdimilik güýji edinmäge çagyrýar.

Isa Mesih Ýahuda tiresinden bolan Arslan diýip atlandyrylýar. Biz bolsa – Onuň oýanan ene arslanlary.

**MessengerX.com** X-da elýeter

# GÜÝÇLI ZENAN

***Durmuşyň güýçden hem yhlasdan nädip doldurylyşy***




Bu biziň üçin yza çekilmeli wagt däl. Köp adamlaryň gorky bilen ylalaşýan döwründe biziň maşgalamyzyň, dostlarymyzyň we işdeşlerimiziň Güýçli bolmagy zerur.

Geliň, bilelikde GÜÝÇLI bolalyň!

**MessengerX.com** X -da elýeter

# MessengerX

*Şägirtçilik ýoly her kim we hemme ýer üçindir*




- **Dünýäniň 130-dan köpräk dilinde mugt.**
- Goşundy we onlaýn arkaly elýeterdir.
- Siziň ösüşiňiz üçin döredilen resurslar.
- Öz taryhyňyzy we şägirtçilik ýoluny yzarlaň.



«Messenjeriň» içinde şägirtçilik baradaky materiallary, şol sanda elektron kitaplary, audiokitaplary, gysga mertažly filmleri, wideosapaklary tapyp bilersiňiz. Mukaddes Kitaplary we başga zatlary bolan tutuş kitaphanasyny görmek, okamak we enjamlaryňyzyň hemmesinde diňlemek üçin alyň.




**MessengerX.com**

Ýüklemek App Store

Almak Google Play

App Store we Google Play-de elýeterdir

“Bäsdeşsiz” – biziň Mesihdäki şahsyýetimiz ugrunda tutaşýan dowamly uruş babatdaky özboluşly garaýşy açyp görkezýär.

— JOÝS MEÝER
Mukaddes Kitap mugallymy we iň köp satylýan kitaplaryň awtory

Biz ýöne ýere başga adamlarda bäsdeş görmeýäris we deňeşdirmeler hem bäsdeşlik bilen özümizi çäklendirmeýäris. Bizde aňymyza, erkimize we emosiýalarymyza howp salyp, bizi öz üstümize we töweregimizdäkileriň üstlerine hüjüm etmäge mejbur edýän gylygymyz bar. Şeýdip, biz ýakyn adamlarymyzdan daşlaşýarys, özboluşlylygymyzy hem maksadymyzy ýitirýäris.

*«Bäsdeşsiz»* kitabynda iň köp satylýan kitaplaryň awtory Liza Biwer Hudaýyň söýgüsi baradaky aýanlyklaryň şol baglary ýolup taşlaýşy barada paýlaşýar. Siz adamlarda bäsdeşligi görmegi nädip bes etmelidigini, Ýaradan bilen özüňiziň arzuw edýän gatnaşyklaryňyzy, hakyky şahsyýeti hem ýakynlygy saklamak baradaky wadany özünde saklaýan gatnaşyklary nädip ýola goýmalydygyny bilersiňiz. Biziň döwrümiz üçin aktual bolan pygamberlik akyldarlygyndan doly bolan bu Mukaddes Kitap taglymatynda Liza degişme hem yhlas bilen size närazylyk bildirýär.

- Bäsdeşligi taşlaň we özüňizdäki iň gowy zatlary açyň.
- Siziň hökmany gatnaşmagyňyz gerek bolan gepleşiklerden gizlenmegiňizi bes ediň.
- Aýallaryň ähmiýetsizdigi, sadadygy we manysyzdygy baradaky pikirleri ret ediň.
- Jynsy bäsdeşligi durmuşyňyzda ýaragsyzlandyryň we erkekler bilen bilelikde zähmet çekiň.

Öňe ädim ädip, bäsdeşsiz ýaşamagyň wagty geldi.



Liza Biweriň hakyky, yhlasly hem degişme stilindäki Mukaddes Kitap hakykatlary durmuşda ulanmaklyk bilen utgaşýar. Onuň kitaplary, şol sanda *«Aýal hökmünde söweş»*, *«Ene ýolbarsy oýarmak»* we *«Gylyçly gyzlar»* kitaplary hem, 65-den gowrak dile terjime edildi we millionlarça tirażda bütin dünýä ýaýraýar. Liza bilen onuň adamsy Jon iň köp satylýan kitaplaryň awtorlary we olar «Messenger International» gullugyny esaslandyryjylardyr.

**MessengerX.com**-dan köpräk biliň

Messenger INTERNATIONAL

Bu kitap – awtordan sowgatdyr.
Satuwa degişli däldir.

Köpräk bilmek isleýärsiňizmi? Skanirläň.